**ENEGÜL AŞYROWA**

# TÜRKMEN EDEBI TANKYDY (1940-1990)

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat**
**2010**

**Aşyrowa E.**
**Türkmen edebi tankydy (1940-1990).** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 366 sah.

Bu okuw gollanmasynda XX asyryň 40-90-njy ýyllarynda türkmen edebi tankydynyň meseleleri, onuň janly çeperçilik prosesine gatnaşygy, bu kyn žanryň professional wekilleriniň ussatlyk hem stil aýratynlyklary hakynda gürrüň edilýär. Edebi tankydyň ykbaly, onuň ýaýrawy, derejesi gös-göni häzirki zaman türkmen edebiýatynyň problemalary bilen baglylykda özgerdip gurmak döwrüniň talabyna laýyklykda açylyp görkezilýär.

Okuw gollanmasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna, talyplaryna, ylym işgärlerine we döredijilik wekillerine niýetlenilýär.

© E.Aşyrowa, 2010.

## Giriş

1991-nji ýylda berkarar Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyz, 1995-nji ýylda baky Bitarap döwlet bolmagy ýurduň raýatlarynyň aňyna, ýaşaýyş-durmuşyna, jemgyýetiň täzelenmegine, şol hasapda ylym-bilime, edebiýatyň, sungatyň, medeniýetiň milli äheňlerde ösmegine, hasam jemgyýetçilik ylymlarynyň ösmegine, kämilleşmegine diýseň, güýçli, oňaýly täsir etdi. Şol günlerden başlap Türkmenistanyň täze taryhy döwri başlandy diýip aýtmak bolar. Bir hakykat hemmämiz üçin düşnüklidir: şeýle özgerýän zamanada jemgyýetçilik aňyna ilki öz täsirini ýetirýän çeper edebiýat has hem çalt özgerişligi başdan geçirýär. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda erkinlige çykan halkyň şatlyk-begenji, özbaşdak döwletine buýsanjy , ata-babalaryň göreşip-garaşyp ýeten erkinligine buýsanjy uly hyjuw bilen beýan edildi. Çeper publisistika , watançylyk ruhuna ýugrulan täze goşgular toplumlary, poýemalar, romanlar, powestler, hekaýalar, drama, kino eserleri peýda bolup başlady.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Nargylyç Hojageldiýewiň “Gökdepe” romany, Sapargeldi Annasähedowyň “Ygrar” romany, “Gökderek ýaýlasynda”, “Bagt hakynda rowaýat” powestler we hekaýalar kitaplary, Agageldi Allanazarowyň “Ojak”, Hudaýberdi Diwangulyýewiň “Çuwal bagşy” romanlary, Hudaýberdi Durdyýewiň “Dutar dillenende” powestler ýygyndysy, Kerim Gurbannepesowyň, Gurbannazar Ezizowyň, Baýram Jütdiýewiň, Atamyrat Atabaýewiň, Gurbanýaz Daşgynowyň, Agagaeldi Allanazarowyň “Saýlanan eserler” goşgular kitaplary okyjylara ýetirildi.

Gylyçmyrat Kakabaýewiň “Gala”, Kakajan Aşyrowyň “Däli Domrul”, “Oguzhan”, “Oguz oýny” taryhy dramalary şeýle hem Gowşutgeldi Daňatarowyň, Nobatguly Rejebowyň sahnada goýlan eserleri tomaşaçylarda uly gyzyklanma döretdi.

Şonuň bilen bir hatarda edebi eserleriň aýnasy bolan edebi tankyt hem köp özgerişligi başdan geçirdi. Soňky ýyllarda Gurbandurdy Geldiýewiň, Aman Şyhnepesowyň, Jora Allakowyň, Ahmet Mämmedowyň, Şirinjemal Geldiýewanyň, Şirin Gurbanowanyň edebi eserlere tankydy bellikleri, edebi synlary çap edildi.

Soňky iki ýyl gowrak wagtyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döredijilik işgärleri bilen 2 gezek duşuşdy. Olaryň ilkinjisi 2008-nji ýylyň güýzünde, ikinjisi bolsa 2010-njy ýylyň fewralynda bolup geçdi. Hormatly Prezidentimiz bu duşuşyklaryň ikisinde-de häzirki döwür edebiýatymyzyň ýagdaýyna giňişleýin syn berdi hem-de edebi hojalygymyzda alynyp barylýan işleriň şeýle bir öwerlikli däldigini juda adalatly belläp geçdi.

Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda eden çykyşynda :
“Häzirki döwürde halkymyzyň durmuşyny giňden açyp görkezýän, durmuş hakykatyndan ugur alýan, adamyň ruhy dünýäsine oňyn täsir edýän ýokary hilli çeper ýazylan romanlar, pýesalar, powestler, nowellalar we hekaýalar döredilmeýär ” diýip, iňňän adalatly belledi.
Hormatly Prezidentimiz bar bolan edebi nogsanlyklardan dynmak üçin dogruçyl tankydyň gerekdigini nygtamak bilen:

“Edebi tankyt hem ösdürilmeli ugurlaryň biridir. Bize hakyky zehinli edebiýatçylar, sungaty öwrenijiler gerek. Hakykatdan ugur alýan, ýüz görmeýän, hoşniýetli tankyt döredijilik işiniň ösmegine oňyn täsir edýär” diýdi.

Diýmek, häzirki döwürde edebi tankydyň ösmegine giň gerim bermelidiginiň, ony hemmetaraplaýyn ösdürmegiň juda zerurlygy ýüze çykdy.

Biziň pikirimizçe, her edebi žanryň ösmegi üçin onuň ýüze çykyş taryhyny öwrenmek juda zerurdyr. Türkmen edebi tankydynyň taryhynda bolsa häzirki zamanda-da içgin öwrenilmäge mynasyp Ata Kerimow, Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew, Aman Kekilow, Abdylla Myradow, Öde Abdyllaýew, Saýlaw Myradow, Hanguly Taňryberdiýew...ýaly ençeme edebiýatçylaryň, tankytçylaryň baý edebi mirasy bardyr.

Elbetde, biziň okyjylara hödürleýän bu işimiziň edebi tankydyň tas 50 ýyllyk taryhyny öz içine alýandygy üçin onda her bir döwrüň özüne görä, has takygy, şol ýa-da beýleki bir döwürde döredilen eserlere şol döwrüň garaýyşlary bilen baha berlendigi tebigy ýagdaýdyr. Hut şuňa görä-de, şol eserlere baha berlende, taryhylygyň doly saklanandygyny aýratyn bellemek isleýäris.

Elbetde, SSSR-iň dargamagy, ýetmiş ýyllap agalyk süren totalitar düzgünin çagşamagy, ähli öňki sowet respublikalarynyň öz milli Garaşsyzlyk hukugyny gazanmagy adamzadyň aňyna, hemme jemgyýetçilik ylymlaryna uly täsir etdi. Hut şol günlerden başlap Türkmenistanyň täze taryhy döwri başlandy diýip aýtmak bolar. Bu hakykat hemmämiz üçin düşnüklidir.

Şeýle ýagdaýda jemgyýetçilik aňyna ilki öz täsirini ýetirýän çeper edebiýat has hem çalt özgerişligi başdan

geçirdi. Şonuň bilen bir hatarda onuň aýnasy bolan edebi tankyt hem köp özgerişligi başdan geçirdi. Şeýle özgerişligi biz häli-şindi görýäris. Emma, munuň sözüň doly manysynda şeýledigine garamazdan geçilen ýoly, onuň kynçylygyny, ýeňilligini,öňki taryhy sepgitleriň bize beren we bizden alan zadyny asla inkär edip bolmaz. Bolan zady bolşy ýaly görkezmek obýektiw analizlemek zerurdyr. Juda zerur ýagdaýlar ýüze çykaýmasa, şol garaýyşlary üýtgetmeklik ýa-da haýsydyr bir "täzelikleri" girizmezlik bolsa ylmyň birinji borjudyr.

Şu jähtden alanyňda, türkmen çeper edebiýatynyň hem, onuň kömekçisi edebi tankydyň hem 1940-1990-njy ýyllar aralygynda tas ýarym asyrlap geçen ýoluny dogry beýan etmek ylmyň mukaddes wezipesidir.

Biz şu işde juda zerur ýerinde oňa öz pikirimizi aýtmak, mümkin boldugyça obýektiwligi saklamak şerti bilen hut taryhyň öz emrine gol ýapmagy niýet edindik. Biziň şu prinsipi saýlap almagymyzyň dört sany düýpli sebabi bar.

Birinjiden, biziň derňew obýekti edinýän döwrümiz gowgaly XX asyryň ikinji ýarymyna düşýär. Bu döwürde ähli öňki sowet halky bilen birlikde, türkmen halky hem örän uly özgerişlikleri başdan geçirdi. Ozaly bilen biziň türkmen halkymyz, hususan hem, onuň çeper edebiýaty 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gatnaşdy. Ol umumy "SSSR", umumy "Watan"diýen beýik düşünjeleri, şol uly ideallary jan-tenden goramaga gatnaşdy,on müňlerçe ogullaryny gurban berdi. Beýik Watançylyk urşy 1945-nji ýylda ýeňiş bilen tamamlanandan soň hem, bilini

guşap, täze durmuşa başlady. Biz bu uly taryhy hakykaty ýoýup bilmeris.

Ikinjiden, hut urşyň tamamlanan ýyly 1945-nji ýylyň tomusynda Moskwada türkmen edebiýatynyň on günligi dabaraly geçirildi. Munda hemme edebi güýçlerimiz jemlendi. Heniz türkmen edebiýatynyň 1945-nji ýyldaky on günligi ýaly şeýle uly alada bilen beýleki edebiýatlara üns berilmändi. Ine, şol alada bilen gurşalan türkmen ýazyjylary B.Kerbabaýew, A.Kekilow, A.Gowşudow, Ç.Aşyrow, N.Pomma, R.Alyýew ýaly professional ýazyjylar şol döwürlerden soň öz meşhur eserlerini döretdiler, hat-da şeýle aldym-berdimli ýylarda döredip ýören uly eserlerini tamamlapdylar.

Üçünjiden, uruşdan soň biziň ozalky ümmülmez Watanymyz SSSR-iň ýokary partiýa we hökümet ierarhiýasynda, ýagny çür başynda nähili agyr, nähili zamun düzgin dowam edenem bolsa / ony welin ýönekeý halk köpçiligi 1956-njy we 1985-nji ýylyň apreline çenli bilmeýärdi./,çeper edebiýat kadaly ösüş ýoluna düşüp ugrapdy. Faşizimden dynylan soň, başga kiçi kynçylyklar hasaba-da alynmaýardy,ony ýeňmek ugrunda göreş alnyp barylýardy.Şonuň üçin biziň edebi güýçlerimiz kem-kemden jebisleşýärdi. Beýle jebisleşik bolsa 50-70-nji ýyllar aralygynda köp faktlarda özüni görkezdi. Meselem, 1954-nji ýylda Türkmenistan ýazyjylarynyň III gurultaýy, 1959-njy ýylda IV gurultaýy, 1966- njy ýylda V gurultaýy, 1971- nji ýylda VI gurultaýy, 1976- njy ýylda VII gurultaýy, geçip olarda türkmeniň çeper pähiminiň iň naýbaşylary B.Kerbabaýewiň, H.Derýaýewiň, B.Seýtäkowyň, G.Seýitliýewiň, A.Kekilowyň, T.Esenowanyň,

N.Pommanyň, G.Kulyýewiň, M.Seýidowyň, K.Gurbannepesowyň, A.Atajanowyň, R.Alyýewiň, G.Gurbansahedowyň, A.Myradowyň, Ö.Abdyllaýewiň, A.Köpek Mergeniň, Ata Salyhyň, R.Seýidowyň, G.Ezizowyň, T.Gurbanowyň , H.Taňyrberdiýewiň, S.Myradowyň döredijiligi hakynda gurultaýdan-gurultaýa giňden söhbet edilipdi. Bu uly şahslar, biri-birinden ýaş tapawudyna garamazdan,döreden eserlerini, işleriniň ululy-kiçiligine seretmezden, hut 50-80-nji ýyllarda türkmen edebiýatyna wepaly hyzmat edipdiler. Olaryň köpüsi Türkmenistanyň Halk ýazyjylarydy, Döwlet baýraklarynyň eýeleridir. Ine,şeýle belent-belent faktorlaryň hem üstüni göre-bile basyp geçip bolmasa gerek. Bularyň hijisem häzir aýatda ýok.

Dördünjiden,çeper tankydyň özi, onuň ululy-kiçili professional wekilleri barada aýdylanda-da, munuň agramy şol döwur aralygyna düşýär. 50- nji ýyllaryň ortalaryndan başlap, 70-nji ýyllaryň ortalaryna çenli “gyzgyn sehde” A.Kekilow, R.Alyýew, A.Kerimow, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, H.Taňyrberdiýew, S.Myradow, S.Gurbanow ýaly indi aramyzda ýok tankytçylar otuz-kyrk ýyllap edebi tankydymyzy ösdürmäge sabyrsyz goşant goşupdylar. Bu gün olaryň şägirtleri: J.Allakow, D.Nuralyýew, N.Hojageldiýew, K.Jumaýew, A.Garaýew, A.Mämmedow, Ş.Halmuhammedow, G.Geldiýew, B.Ussaýew, A.Orazow dagy bu kyn işi dowam etdirýärler. Häzir bularyň hem aramyzda bary bar, ýogy bar. Söziň dogrusyny aýdanymyzda, şu soňky atlaryny agzan professionallarymyz hem 60-80-nji ýyllarda bu žanra gelen zehinlerdir.

Şu dördinji sebäbe ýene iki sany fakty goşasymyz gelýär.

Bularyň biri SSKP MK-nyň 1972- nji ýyllarda kabul eden "Edebi-çeper tankyt hakynda" diýen kararydyr. Bu karar çykandan soň, türkmen tankytçylarynyň makalalar ýygyndylary özbaşdak kitap bolup çykdy. "Özbaşdak kitap" diýenimizde, biz asla edebiýaty öwreniş ylmy bilen bagly, şoňa hut dahylly monografiýalary nazarda tutýarys. Olar sanardan kän bolup, türkmen tankydynyň indiwidual stil aýratynlyklaryny doly ýüze çykarmaga hyzmat etdiler. Häzir ýeri tygşytlamak maksady bilen biz olary şu ýerde, çykgytda getirmän, işiň ahyryndaky doly ylmy apparatda görkezmek bilen çäklendik.

Ikinji sebäbi bolsa tankydymyzyň çekişme žanry, 50-80- nji ýyllarda giň gerim aldy. Munda goşgy düzüliş formalary, tankydy realizim, hekaýalar, powestler, romanlar,döwür-şahsyýet we poeziýa, şahyr bolçulygy we şygyr gytçylygy, çagalar edebiýaty barada giden çekişmeleri mysal alsa bolar. Şeýle jygba-jygly döwür hem 1972- nji ýylyň tankyt baradaky belli kararynyň ruhunda bolup geçipdi. Tankyt, şeýdip kämilleşýärdi.

Şeýlelikde, biz öz derňewimiziň maksady, metodologik prinsipleri, täzeligi, işlenýän baplary bilen tanyşmaklyga geçýäris.

Iş girişden, bäş bapdan, netijeden, peýdalanylan edebiýatdan ybarat.

Girişde, ýokarda aýdyp geçilişi ýaly, derňewiň dowamynda nähili prinsiplerden ugur alynjaklygy barada söz açylýar, Şunuň bilen bir hatarda ýene-de

käbir aýratynlyklar barada söz açmak maksada laýykdyr.

Bu çeper tankydyň problematikasy we tematikasy hakda taryhy-filologik planda ýazylýan iş. Şonuň üçin muňa hemme çeper eserlere her bir awtor tarapyndan ýazylan birlän-ikilän synlar, seslenmeler alynman ýa-da metbugatda tötänden bir ýa-da iki sapar çykyş eden, emma tankytda, edebiýatda yz galdyrmadyk adamyň makalalary alynman,diňe tankyt žanryna degişli, şoňa belli derejede goşant goşan adamlaryň we açykdan-açyk professional wekilleriňiň işleri, çykyşlary, makalalary alyndy we analzlendi. Mundan daşary-da arassa edebiýaty öwreniş ylmyna, folklora degişli monografiýalara, kitaplara synlar hasaba alynmady. Sebäbi edebiýaty öwrenişe, folklora degişli seslenmeleriň, synlaryň, çykyşlaryň makalalaryň özine degişli spesifik aýratynlyklary bolup, olar çeper tankyda söziň doly manysynda girmeýärler. Onsaňam, beýle etmeklik, ýagny hem edebiýaty öwrenişi,hem folklory şu işe goşmaklyk metodologik bulaşyklyga alyp barardy. Çünki biziň işimiz asla çeper tankydyň letopisi däl-de, onuň hususy problemalarydyr. Bu her bir edebi taýdan sowatly adama düşnükli bolsa-da, ýekeje aýdyň mysal getireliň.

Türkmen edebiýatyny öwreniş hem folklor ylmynda akademik B.Garryýewiň, professorlar H.Aşyrowyň, S.Garryýewiň, M.Kösäýewiň, halk döredijiligini öwrenişiň belli halypasy H.Hanowyň atlary, halk içinde aýdylşy ýaly “ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa” çenli gaty meşgurdyr. Bularyň hyzmatlary-da şu ugurda aşa uludyr. Emma şu kişiler tankytçy hökmünde tanalmaýardy,

munuň asla olara geregi hem ýokdy. Şonuň üçin olaryň, hakykatdan-da, 50-80-nji ýylar aralygynda bitiren işlerini analizläp oturmak artykmaçlykdyr we şu işiň logikasyna laýyk gelenok.

Emma, bularyň tersine, akademik A.Kekilowyň, professorlar R.Alyýewiň, Ö.Abdyllaýewiň, halypa edebiýatçylar A.Myradowyň, H.Taňryberdiýewiň, işleri barada beýle diýmek ýalňyşdyr. Olar edebiýaty öwreniş ylym bilen çeper tankydy utgaşdyran, bu iki ugura köpri bolan alym tankytçylardyr. Soňky ýyllaryň barlaglary bularyň ömrüniň üçden iki böleginiň tankyt meýdanynda geçendigine şaýatlyk edýär. Hatda şu adamlar söziň doly manysynda professional tankytçylardyr. Şonuň üçin işiň bütin dowamynda olaryň ylmy işlerine-de, gazet-žurnallardaky çykyş-laryna-da mydama salgylanyljakdyr.

Girişde gürrüň edilmeli ýene bir zady ýatladalyň.

Mälim bolşy ýaly, türkmen edebiýaty ýerden ýeke çykan edebiýat däl. Ol asyrlar dowamynda Gündogar edebiýaty, türki halklaryň ýazuw ýadygärlikleri bilen baglylykda ýaşady we ösdi. Öňki SSSR-iň ýetmiş ýyllyk ömründe bolsa “Köpmilletli sowet edebiýaty” diýilýän uly maşgalanyň agzasy bolup, ondan öwrenen hem ideýa-çeperçilik birliginde ýaşady. Şonuň üçin biz öz işimizde rus, özbek, gazak, azerbeýjan edebi tankydy bilen baglylykda, degşirme planda türkmen tankydyna göz gezdirmekligi maksat edindik. Şonuň taryhy taýdan-da, durmuşyň talaby taýdan-da, dogrudygyny görkezýän köp sanly çeşmeler işiň ylmy apparatynda berlen spisokda görkezildi.

“50-80-nji ýylaryň edebi-çeperçilik sredasy we tankydynyň derejesi” diýen birinji bapda, adyndan belli boluşy ýaly, ýokarda görkezilen döwüriň tankydyna, edebi prosesine bitewülikde baha berildi. Muňa birnäçe faktorlaryň sebäp bolandygyny ýörite bellemek mümkin.

Ozaly bilen, türkmen tankydy pikiri öz gözbaşyny klassyky döwürden, beýik Magtymgulynyň döredijiliginden bäri alyp gaýtsa-da, asyl žanrlyk häsiýetine XX asyrda eýe boldy. Bu döwürde proza, dramaturgiýa,oçerk, publisistika ýaly täze žanrlaryň döremegi bilen bir hatarda, edebi tankyt hem söziň doly manysynda, öz üstünligi-kemçiligi bilen bilelikde XX asyryň 20-60-njy ýyllarynda sistemalaýyn halda ýüze çykdy we öz professional wekilerini orta çykardy. Munuň şeýledigini türkmen alymlarynyň tankydy baradaky işleri subut etdi.

Hakykatda-da, çeper tankyt XX asyryň 20-nji ýyllarynda yzgiderli peýda bolup ugrady. Onuň O.Täçnazarow, G.Sähedow, H.Çaryýew ýaly irki wekileri orta çykdy. Olar barada A.Kekilowyň, P.Rejepowyň, K.Jumaýewiň,ýokarda ýatlanan kollektiw işinde, has beteri-de K.Baýramyradowyň “Söweşjeň edebiýat ugrunda” diýen kitabynda gürrüň berilýär[1].

40-njy ýyllardan tä biziň günlerimize çenli bolan döwürde häzirki zaman türkmen edebiyatynyň örän uly wekileri terbiýelenip ýetişdi[2]. Diňe meşhur “Aýgytly ädim” roman-epopeýasyny, şygyr bilen ýazylan “Söýgi”

---

[1] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Okuw gollanmasy. Aşgabat:“Magaryf“, 1988, -304 s.

[2] Aşyrowa E. Türkmen edebi tankydy 1950-1955-nji ýyllarda. Aşgabat: Golýazma, 1980. -138 s.

romanyny agzamagyň özi-de şuňa mysal bolup biler. Şol iki eseriň birinjisi – B.Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” onuň birinji kitaby 1940-njy ýylda çykandygyna garamazdan, ol roman-epopeýa halyna 1949-njy ýylda etipdi. “Söýgi” romany bolsa 1945-nji ýylda žurnalarda çykyp başlap, umumy üç kitapdan ybarat görünişde 1961-nji ýylda okyja ýetirilipdi. Diňe bular däl, şu az wagytda örän uly eserler ýazyldy.

Türkmen edebi tankydy ellinji ýyllardan bäri gol ýaýradyp ugranlygy ýeke-täk mysal däldir. Edil şeýle ýol rus, özbek, gazak, gyrgyz, azerbeýjan tankydy hem geçdi.[1]

Biz şol edebi-tankydy hataryň arasyndadyk. Muny bolsa inkär edip bolanok, terisine, şol edebiýatlaryň deňinde garalyp,baha berlende,ol özüniň obýektiw analizini tapýar.Çünki edebi tankyt hususy spesifikasyna ýetmezden öňürti öz edebi materialyna eýe bolmaly, ony analiz etmegiň kriterilerini işläp düzmeli, diňe žanr höküminde şoňa gulluk edýän professional wekilerini taýýarlap ýetişdirmeli. Muňa bolsa B.Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim”, “Nebitdag”, “Gaýgysyz Atabaý”, A.Gowşudowuň “Mähri-Wepa”, “Köpetdagyň eteginde”romanlary ,H.Ysmaýylowyň “Iki atynyň atynyň ogly” “Mugallymyň gyzy”, “Öküz gödek”, “Bäsdeşler”, B.Seýtäkowyň “Başa-baş söweş”, “Ynjalyksyz adamlar” powesteri,G.Seýitliýewiň, G.Muhtarowyň pýessalary, A.Kekilowyň, Ç.Aşyrowyň, poemalary, A.Salyhyň, N.Pommanyň, D.Haldurdynyň, T.Esenowanyň, A.Kowusowyň, A.Atajanowyň, K.Gurbanepesowyň,

---

[1] Русская советская литературная критика /1935-1955/ М: «Просвещение» 1983. -271 с.

M.Seýidowyň, B.Hudaýnazarowyň we olardan soň altmyşynjy ýyllarda edebiýata gelen zehinli şahyrlar G.Ezizowyň, H.Kulyewiň, A.Agabaýewiň, I.Nuryýewiň, B.Jütdiýewiň döredijilikleri, hut şunuň ýaly-da tankytçylardan A.Kerimowyň, A.Myradowyň Ö.Abdyllaýewiň, H.Taňyrberdiýewiň, S.Myradowyň, J.Allakowyň. N.Hojageldiýewiň, D.Nuralyýewiň, G.Geldiýewiň, A.Garaýewiň kitaplaryň yzgiderli metbugada çykyşlary sebäp boldy. Ýa-da has doly esasda aýdylanda, biziň işimiziň birinji babynyň düýp materialyny “Türkmen edebiýatynyň taryhynyň” V tomunuň 2-nji kitabynyň we VI tomunuň I-nji kitabynyň içinde 1945-1967-nji ýyllar aralygynda döredilen çeper eserler we edebiýat meýdanyna gelen wekiller tutýar.

Bu ýöne ýerden däl. Onuň uly durmuş sebäpleri bar. Ösüşiň şeýle kanuna-laýyklygy hemme doganlyk edebiýatlarda, ozaly bilen öňki Soýuz edebiýatynda aýratyn nygtaldy. Işiň birinji uly bapyny şol kanunalaýyklykda durşuna almak mümkin däl. Tersine, tutuş bap şol umumy ösüş kadasyna laýyklykda alynyp baryldy.

Ikinji bap “70-nji ýyllar edebi tankydyň ýokary göteriliş döwrüdir” diýip atlandyrylýar, bapyň şeýle atlandyrylmagynyň birnäçe düýpli sebäpleri bar. Ozaly bilen, bu döwürde türkmen roman žanry ymykly özgerişligi başdan geçirdi. Ony gysga sözlerde düşündirmek hem mümkin däl. Şeýle-de bolsa, bu bapda durulyp geçiljek edebi pursatlary az-kem häsiýetlendireliň.

Belli bolşy ýaly, altmyşynjy ýylaryň ahyry, ýetmişinji ýyllaryň başy ähli çeper žanrlarda inkär edip

bolmajak ösüşlere eýe boldy. Ony " Türkmen edebiýatynyň taryhynda" adalatly belläp, şeýle ýazyldy: "Döwrüň dowamynda /60-njy ýyllaryň ahyry, 70- nji ýyllaryň başy. –E.A./ türkmen prozasynyň ähli görnişleri baýlaşdy.

Türkmen alymlarynyň bellemegine görä, mysal üçin, romanyň taryhy, taryhy- rewolýusion, häzirki zaman görnüşlerinden başga-da, roman-ýatlama, roma--hronika, dokumental roman ýaly görnüşleri şu döwüriň içinde ýüze çykdy we ösdi. Romanyň içki häsiýeti hem öňkilerden köp derejede ösdi we özgerdi. Häzirki zaman türkmen romanynyň üznüksiz biri-birine meňzeş wakalaryň deregine psihologik sahnalar bezeýär[1].

Dogrudan-da, "Aýgytly ädimden" başlap, S.Annasähedowyň "Ygrar" /1991/ romanyna çenli ýüze golaý roman okyja gowuşdy. Diňe 1947-1980-nji ýyllar aralygynda 55 sany roman çapdan çykdy[2]. Soňky on üç ýylyň /1980-1992/ önümi entek ona girenok.

Umuman, diňe roman žanry däl,türkmen poeziýasy-da, oçerk bilen çeper publisistika hem ýokary göterilişi başdan geçirdi diýen pikir, uly alymlaryň güwä geçmeklerine görä, hakykatdyr[3].

Aslynda, poeziýa agzalanda, onuň liriki we epiki görnüşleriniň şu döwür içinde gülländigi hem ylym taýdan takyklanypdy. Şol sebäbe görä "Türkmen edebiýatynyň taryhynyň" VI tomunyň 2-nji kitabynda çeper tankyt barada ýörite bölim berilmegi adalatlydy.

---

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. VI tom. 2-nji kitap. 1968-1979. Aşgabat:Ylym, 1984. 15 s.
[2] Şol ýerde. 20 s.
[3] Türkmenskiý roman. Bibliografiýa. Sprawoçnik. Aşgabat: 1981. 22 s.

Eger şol tomuň giriş bölüminde jemleýji häsiýetde ýazylan şu setirlere üns berilse, ol praktikada-da şeýledi:

“Edebi tankydyň professionallyk derejesi hem ösdi. Edebi prosese gatyşmak işini has aktiwleşdirdi, görnükli alymlaryň birnäçesiniň ünsüni özüne çekdi. Şonuň bilen birlikde ol häzirki edebiýatymyzyň çylşyrymly meselelerine öz sesini goşdy.

Respublikanyň “Edebiýat we sungat” gazetinde we “Sowet edebiýaty”, žurnalynda edebiýatymyzyň roman, powest hem-de ownyk žanrlary barada edebi çekişmeler geçirildi. Şonuň ýaly çekişme edebiýatyň graždanlyk pafosy barasynda hem bolup geçdi. Şol çekişmelere uçdan tutma görnükli ýazyjylar, şahyrlar, edebi tankytçylar we edebiýatçy alymlar gatnaşdylar[1].

Bu pikir bapyň bütin dowamynda edebi faktlar bilen degşirilýär.

Biz her näme diýsek-de, öňki SSKP MK-nyň “Edebi - çeper tankyt hakynda”/1972,21-nji ýanwar/ diýen karary Soýuz we milli tankydyň ilerlemegine aýgytly täsir etdi. Şonuň üçin ýetmişinji ýyllar tankyt žanryň ýokary göterilişi hökminde taryha girdi. Şol kararda aýdylan örän dogry bir kesgitlemäni şu ýerde getirmek amatlydyr:

“Tankydyň borjy – häzirki zaman çeperçilik prosesiniň hadysalaryna, tendensiýalaryna we kanunalaýyklaryna çuňňur analiz bermek... halkylygyň... prinspleriniň pugtalandyrylmagyna hemme çäreler

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. VI tom. 2-nji kitap. 1968-1979. Aşgabat:Ylym, 1984. 14 s.

arkaly ýardam etmek, sowet sungatynyň ýokary ideýa-estetik derejesi ugrunda göreşmekdir”[1]

Bu pikirlerden sähel wagyt geçensoň, türkmen tankytçylaryndan Ö.Abdyllaýewiň, A.Garaýewiň, S.Myradowyň, D.Nuralyýewiň, H.Taňyrberdiýewiň, özbaşdak edebi tankydy makalalar ýygyndylary çapdan çykdy. Biz bu professional tankytçylaryň 1972-1980- nji ýyllar aralygynda çykan kitaplaryny göz öňünde tutýarys. Ähtimal, şonuň üçin bolsa gerek, türkmen ýazyjylarynyň VII gurultaýynda /1976/ J.Allakow , şeýle diýdi:

“Soňky döwürde edebi-çeper tankydymyzyň professional ussatlygy, estetik derejesi-de kämilleşýär. Eger mundan 10-15 ýyl öň ýazylan makalalardyr synlarda eseriň ideýa-mazmunyny gürrüň bermeklige, onuň obrazlaryny kommentirlemeklige köp orun berilýän bolsa, häzirki döwürde peýda bolýan makaladyr synlaryň birnäçesinde eserleri çeperçilik-estetik taýdan analizlemäge edebi prosese, ýazyjylarymyzyň döredijilik ussahanalaryna aralaşmaga bolan meýil güçlenýär”[2]

“Türkmen edebiýatynyň taryhynyň” VI tomunyň 2-nji kitabynda “Edebiýaty öwreniş ylmy we edebi tankyt” diýen bölümde ýörite professional tankytçylaryň 60-70-nji ýyllarynda ösip ýetişendikleri nygtalyp, olaryň esasy tankydy kitaplaryna analiz berilip “tankytçylaryň aktiw işländiklerine, her bir meselä çuňňur nazar

---

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. VI tom. 2-nji kitap. 17 s.

[2] Şol ýerde. 20 s.

aýlaýandyklaryna, öz tankytçylyk stillerini ýüze çykarandyklaryna göz ýetirýäris”[1] diýilip bellendi.

Ol iş ýüzinde şeýledi. Ýetmişinji ýyllar Ö.Abdyllaýew, S. Myradow, ýaly Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň laurýatlary: A.Myradow, G.Geldiýew kimin Türkmenistanyň Lenin komsomoly baýragynyň laurýatlary, D.Nuralyýew, ýaly Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgärini berdi. Bular professional tankyda edilen hormatdy. Ine, ikinji bapda şol meseleler hakda giňden söz açylýar.

“Türkmen edebi - çeper tankydynyň žanr we stil aýratynlyklary” biziň işimiziň üçinji bapydyr.

Tankydynyň ýyl geçdigiçe kämilleşmegi, onuň çeperçiliginiň artmagy bu ýyl žanryň ýaýrawynyň giňemegine we stil tapawutlarynyň ýüze çykmagyna alyp geldi. Bu prozanyň, poeziýanyň, çagalar edebiýatynyň, klassyky mirasyň tankydy hakda söz açmaga mümkinçilik berdi. Hatda edebi aragatnaşyklar babatynda hem stil taýyndan saýlanýan tankytçylarymyz ýüze çykdy. Galyberse-de, tankydyň syn, çekişme, problemalaýyn syn häsietindäki žanrlarynda öz wekileri bar diýsek, ýalňyş bolmasa gerek. Öziniň teoretiki çemeleşişi jähtinden birneme beýleki baplardan professional tankytçylaryň, olaryň hem özbaşdak kitaplary telim gezek çykanlarynyň haýsy žanra ýykgyn edendikleri we nähili stilleriniň barlygy hakynda durup geçmekçidiris.Şeýle çemeleşme babyň öz adyndan, maksadyndan gelip çykýar. Has anygyny aýtsak, prozada M.Annagurdowyň,

[1] Sowet Türkmenistany. 1972. 26 ýanwar

A.Kerimowyň, Ö.Abdyllaýewiň, H.Taňyrberdiýewiň, J.Allakowyň,örän uly hyzmatlar bitirendiklerini okyja ýatlatmak bilen, biz olary proza tankytçylary diýip atlandyrasymyz gelýär. Şol bäş professional proza tankytçylary özbaşdak kitaplaryny hem proza boýunça hödürlediler. Ine,olaryň žanr aýratynlygy. Ýöne stil babatda bular asla biri-birine meňzeş däl. Indiwidiual stil şu bapda anyk mysallaryň üsti bilen ýüze çykarylmaga synanşyk edildi.

Poeziýa žanrynyň tankydynda D.Nuralyýew, A.Garaýew,G.Geldiýew, S. Myradow, B.Ussaýew dagy yzgiderli çykyş etdiler hem ýörite makalalar ýygyndysyny neşir etdirdiler. Olar poeziýa žanrnyň goragynda durmak bilen bir hatarda,lirika çemeleşmekde indiwidual stilerini ýüze çykaran professional tankytçylardyr. Olar hem mukdar hasabyndan bäş.

Emma iki žanrda-da tas gyradeňlikde iş salyşan professional tankytçyny şu ýerde agzamagy ýerlikli hasap edýäris. Bular A.Myradow, we N.Hojageldiýew, dagydyr. Bütin tankytçylyk işlerinde olar prozada, poeziýada gyradeň nazar aýlamaga ýetişdiler. Ýöne stilleri düýpgöter aýrydyr.

Ýörite ady agzalmasa-da, az ömründe Saparmyrat Gurbanow diýen çagalar edebiýatynyň tankytçysy diýen düşünje bilen okyjylaryň kalbynda galdy. Şeýlelikde, şu bapda on üç sany professional tankytçynyň žanr hem stil aýratynlygyny açmak bilen çäklenmegi dogry tapdyk.

Işiň dördinji bapy “Türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň we çeper tankydynyň arabaglanşygy” diýlip

atlandyrylýar. Munuň şeýle atlandyrylmagynyň ýeterlik sebäpleri bar. Olaryň esasy üçisini agzamak zerur.

Birinjiden, altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda, has takygy, 1959-1960-njy ýyllarda beýik Magtymgulynyň 225 ýyllyk ýubileýine taýýarlyk görülýän döwürlerde birdenkä edebi tankyt ýüzüni klassiki mirasa öwürdi. Dogrusy, "Türkmen klassyky edebiýatynda tankydy realizm barmy ýa-da ýokmy?" diýen örän kyn, emma juda gerek sowal orta atyldy. Ine,şu ýerde türkmen edebiýatynyň iň belli wekilleri A.Kerimow, P.Rejepow, R.Alyýew, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, K.Jumaýew, H.Taňyrberdiýew, B.Garryýew, ýaly alym edebiýatçylary, professional tankydçylary, bar güýçlerini orta goýup, tapgyr- tapgyr makala ýazdylar. Tankydy realizm "bar", ýa-da "ýok" diýen toparlar belli netijä gelmeseler hem, türkmen tankydy güýjiniň kämilleşýänligi,onuň ylyma ýakynlaşýanlygy göründi. Özem olaryň aglaba köpüsi edebiýatçy alymlardy.

Ikinjiden, 60-70-nji ýyllarda Magtymgulynyň - 225, Seýdiniň - 250, Zeliliniň - 200, Mollanepesiň, Mätäjiniň - 150, segseniji ýyllarda bolsa B.Kerbabaýewiň, 90 ýylyk ýubileýine makalalar ýygyndysynyň çap edilmegi edebiýaty öwreniş ylymy bilen çeper tankydyň oňat sintezini görkezdi. Bir tarapdan, çeper tankydyň ylmylygyny, subut edijiligi artsa, ikinji tarapdan, edebiýaty öwreniş ylymynyň publistiki äheňi, çekişme ruhy, belletristik, graždanlyk pafosy güçlendi. Şol ýubileý ýygyndylary arassa ylym ýa-da arassa tankyt bolman, bu iki žanryň goşundysydy, sazlaşygydy, raýdaşlygydy. Üçinjiden, analiz edilýän bu döwürde aýry-aýry tankytçylaryň şol iki ugry-ylym hem tankydy

deň tutup ýazan işleri peýda boldy. Biz S.Myradowyň – “Asyrlaryň jümmüşinden”, ”Zelili”, “Taryh. Edebiýatyň taryhylygy”, G.Geldiýewiň - “Poeziýamyzyň häzirki zaman keşbi”, “Taryh. Edebi ykballar”, A. Bekmuradowyň “Göroglynyň yzlary”, “Magtymgulynyň poeziýasynda şahyrana däp hem täzeçilik gözlegleri” kitaplaryny nazarda tutýarys. Galyberse-de, Ö.Abdyllaýew, K.Jumaýew, A.Allakow, M.Gurbansähedow, K.Salyh, A.Garaýew, A.Orazow, Ş.Gandymow ýaly edebiýatçy alymlar hem ylym bilen tankydyň birligine goltgy berýän işleri neşir etdirdiler. Olary analizlemek çeper tankydyň täze mümkünçiliklerini açmakda köp teoretiki sapaklary berýär.

Iň soňky bäşinji bap “Özgerdiş döwüriniň çeper tankydy” diýilip, ýönelige atlandyrylmady. Ol söziň doly manysynda segseniji ýyllaryň ortalarynda, togsanynjy ýyllaryň başlarynda ýüze çykyp, hut häzirki günlerde görilip-eşidilmedik depgin bilen ileri barýar. Ol täzelik ýene-de öňki SSKP MK-nyň 1985-nji ýylyň aprel plenumyndan baş alyp gaýtdy. Eger şeýle batyrgaý ädimiň sakasynda ýene öňki kommunistik partiýa durmadyk bolsady, başga hiç hili güýç beýle özgerişligi getirip bilmezdi diýip aýtsa bolar.Taryhy hakykat şeýledir. 1924-nji ýylyň 27 -nji oktýabrynda Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy döredilen hem bolsa, ol 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryna çenli öňki SSSR-iň režimindedi. Biz 1990-nji ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygy hakynda jarnama kabul etdik. 1991-nji ýylyň 22-nji awgustynda türkmen dili döwlet dili diýen kanun kabul edildi. Ine-

de,1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry - Türkmenistan Garaşsyzlyk gününi milli baýram diýip yglan etdi[1]. Bu seneler meseläniň taryhy tarapy.Indi meseläniň edebi, taryhy, medeni,ylmy tarapyna seretsek,ýagdaý 1985-nji ýylyň aprelinden bäri düýpgöter üýtgedi. Ony ilki bolup edebiýata, çeper tankyda degişli işler görkezdi. Türkmen ýazyžylary, taryhçylary,dilçi – edebiýatçy alymlary hem tankytçylar işeňňirlik görkezdiler. Belli boluşy ýaly, G.Kulyewiň “Gijigen ökünç” romany baryp-ha etmişinji ýyllaryň başlarynda taýyn bolsa-da, ol ýokary partiýa-hökümet ýolbaşçylaryna gönükdirilen tankydy häsietdeligi üçin köp wagyt çykman, togsanynjy ýyllaryň başlarynda çykdy. Soň P.Esenowyň “Çüýremek” powesti, O.Ýagmyrowyň –“Duman daganda”, H.Meläýewiň –“Melgun”, A.Janmuradowyň – “Ak ýoluň azaby” A.Nurmämedowyň “Nuhuň tupany” romanlary çykdy. Edil şeýle hem edebi tankyt has batyrlandy. J.Allakowyň, D.Nuralyýewiň, A.Bekmuradowyň,Ý.Annagurbanowyň,A.Nurmamedowy, D.Gurbanowyň, S.Hydyrowyň täzeçe pikirlenýän makalalary yzly-yzyna çykyp başlady. Olarda özgerdiş ruhy agdyklyk etdi. Şol täze tankydy gözlegleri indi analiz eleginden geçirmegiň wagty geldi. Bu proses barha güýçlenýär we ýaýraýar.

Işiň ahyrynda umumy derňewden gelip çykýan anyk netijeler çykarylýar hem-de ylym-barlag prosesine çekilen ylmy çeşmeleriň sanawy berilýär.

---

[1] Myradow G. Türkmenistanyň täze taryhy. „Nesil“, 1992, 4-nji iýun

# BIRINJI BAP

## 50-60-njy ýyllaryň edebi-çeperçilik gory we tankydyň derejesi

Ellinji ýyllaryň başlary we altmyşynjy ýyllaryň aýaklary türkmen çeper edebiýatynyň we edebi tankydynyň iň görnükli wekilleriniň öndümli işlän döwrüdir. Onuň sebäpleri barada eýýäm girişde bellenilip geçilmegine garamazdan, gös-göni şol taryhy aralyga giren döwürde Beýik Watançylyk urşundan sag-aman gaýdyp gelen we ondan öň tylda galan, ýöne ady Türkmenistanyň çäklerinden uzakda tanalýan uly şahyrdyr ýazyjylaryň hem eserleriniň girýänligini aýtman geçmek bolmaz. Emma biz olaryň atlaryny ýa-da eserlerini agzamak meýlinden uzakdadygymyzy aýratyn nygtamak bilen, 50-60-njy ýyllaryň edebiýatynyň we tankydynyň tematik hem problematik çägine nazar aýlamagy maksat edinýäris.Şonuň üçin bu erde,bir tarapdan, taryha, ikinji tarapdan, edebi-çeper paýhasa ähmiýet bermek logika dogry gelýär.

Beýik Watançylyk urşy ýeňiş bilen tamamlanandan soň, biziň edebiýatymyzyň ösüşinde täze etap başlandy. Bu etap çeper edebiýatyň mundan beýläk hem has pajarlap ösmegine ýardam etdi. Muňa B.Kerbabaýewiň, A.Gowşudowyň, H.Ysmaýylowyň, B.Seýtäkowyň, proza eserlerini, A.Kekilowyň, Ç.Aşyrowyň, G.Seýitiýewiň, D.Haldurdynyň, A.Atajanowyň, M.Seýidowyň, liriki ýygyndylaryny mysal getirmek bolar. Uruşdan soňky döwürde

B.Kerbabaýew we G.Muhtarow ajaýyp eserleri üçin SSSR-iň Döwlet baýraklaryna mynasyp boldular .

Ylaýta-da 1945-nji ýylyň sentýabrynda türkmen edebiýatynyň Moskwada geçen birinji ongünligi ýörite agzalmaga mynasypdyr. Bu wakalar biziň edebi durmuşymyzyň ösüşiniň şaýadydyr. Bu döwürde roman žanry özüni görkezdi. B.Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romany 1949-njy ýylda doly çap edildi. 1948-1949-njy ýyllarda "Sowet edebiýaty" žurnaly A.Gowşudowyň, "Bahar-Hoşgeldi" romanyny okyjylara hödürledi. Aman Kekilowyň "Söýgi" romanynyň birinji kitaby 1947-nji ýylda özbaşdak kitap bolup çykdy. 1948-nji ýylda Ç.Aşyrow, "Ganly saka" trilogiýasyny ýazyp başlady. B.Kerbabaýewiň "Aýsoltan" powesti uruşdan soňky metbugatda peýda bolup,ol 1951-nji ýylda aýratyn kitap bolup çykdy.

Uruşdan soň Durdy Gylyç, Ata Salyh, Nury Annagylyç, Ata Köpek ýaly halk şahyrlarynyň sesi has belentden çykdy.Durdy Gylyç respublikanyň zähmet prosesini görkezýän "Demir ýol", "Pagta", "Sendedir" ýaly hyjuwly goşgularyny ýazdy. Ata Salyh 1949-njy ýylda "Agzybirlik hemme zatdan güýçlüdir" atly belli syýasy lirikasyny döretdi.

Uruşdan soňky türkmen edebiýatynyň esasy temasy dikeldiş we parahatçylyk boldy. Parahatçylyk problemasyny döwür öňe sürdi. Bu temadan A.Kekilowyň, R.Alyýewiň, G.Seýitliýewiň, R.Seýidowyň, otlukly syýasy goşgulary peýda boldy. Bularyň bary birleşip, türkmen edebiýaty öwreniş ylmyna, edebi tankydyna, onuň ileri gitmegine uly goldaw etdi. Ellinji ýyllarda edebi tankyt ugrundan

Aman Kekilow, M.Annagurdow, A.Kerimow, A.Aborskiý dagy has köp çykyş edipdiler.Ýöne olaryň esasy ünsüniň “Aýgytly ädim” romany bolandygy hem dogrudy.

Uruşdan soňky ýyllarda türkmen edebiýatynyň taplanyşy, ösüşi ýaly türkmen edebi tankydy, edebiýaty öwreniş ylmy-da ösýär. Uruşdan öňki we uruş döwrüniň tankyt obýekti esasan klassiki edebiýatdy.

Bulardan başga-da, täze dörän edebi eserler barada-da içgin gyzyklanyp ugraldy. Ýazyjylaryň aýry-aýry eserlerine, şahyrlaryň ýygyndylaryna syn ýazmak bilen olaryň döredijiliginiň gowşak ýerleri hakda netijeli gürrüň edildi.

Şeýle makalalar bilen birlikde, kiçi hem bolsa, edebiýatymyzyň belli döwürindäki ýagdaýyny kesgitleýän möhüm meseleleri ylmy taýdan analizleýän işleriň hem ýazylandygyny aýtmalydyrys. Olardan: N.Aşyrowyň “Häzirki döwür türkmen edebiýaty”,Aman Kekilowyň “Edebiýat teoriýasy”, A.Ýazkulyewiň “Edebiýat teoriýasyna giriş”, S.Garaýewiň, “Tworçestwo narodnogo şahyra Ata Saliha” atly monografiýalaryny agzamak bolar.Bular bolsa edebi tankydyň pajarlap ösmeginiň şaýadydyr.Şeýlede bolsa, entek bu döwürde tankytçy derňeýän problemasyna ýa-da eserine dogry hem-de taýýarlykly çemeleşip, oňa çuň, hemme taraplaýyn obýektiw baha berýär. Eseriň gowşaklygynyň sebäplerini doly açyp, derňewinden degişli teoretiki netije çykarýar diýip aýdyp bolmaz. Sebäbi entek ylmda-da, edebi tankytda-da professional ýokary baha berijilik ýetmezçilik edýärdi. Bu ýetmezçilik ellinji ýyllaryň tutuş dowamynda, hatda altmyşynjy ýyllaryň

başynda hem saklandy. Ýurtda umumy ýagdaý nähili bolsa,onuň Türkmenistan ýaly çetki ýerlerinde hem şoňa göräräk proses gidýärdi. Çeper edebiýat hem şoňa golaý ýagdaýy başdan geçirýärdi.

Köplenç halatda çeper eserlere, esasan hem şahyrlaryň ýygyndylaryna baha berlende, syn ýazylanda, shematizimiň çäklerinden çykyp bilmezlik, üstünliklerine, ýetmezçiliklerine obýektiw baha bermezlik ýaly kemterlik duýulýar. Çeper eserleriň obrazlar sistemasy ideýa sagdynlygy, tema aktuallygy, olaryň her biriniň özlerine has bolan çeperçilik aýratynlyklary bu döwriň edebiýat tankytçylarynyň üns merkezinde durmaýar.Ýazylan makalalarda ilki eserleriň oňat taraplary hakynda gürrüň edilip, “eser şowly çykypdyr”, “çeper ýazylypdyr” “şahyryň tejiribeligi duýulýar” ýaly pikirler hemmesinde gaýtalanýar. Soňra yzyndan az-kem kemçiligi barada gürrüň edilýär,ýazyjynyň niýeti kesgitlenilýär, maksady aýdynlaşdyrylýar. Çeperçiligiň kadalaryny berjaý etmändikleri üçin igenilýär. Döwriň, hatda häzirki döwriň-de oňat eserleriniň biriligine garaman, “Aýgytly ädim”, “Mugallymyň gyzy” we ş.m. birnäçe eserlere bilmersiň näme üçindir obýektiw baha berilmän,ýetmez ýerleri barada gaty gödek tankytlanýar,oňat ýerleri hakda az durulýar. Käbir eserler ýa-da şahyrlaryň ýygyndylary aşa çişirilip, “gowy-gowy” diýmek bilen, arşa çykarylýar. 1946-njy ýylyň 14-nji iýulnda. “Sowet Türkmenistany” gazetinde G.Wladykin,E. Kowalçuk, B.Suçkow “Edebiýat tankydy hakynda” atly makala bilen çykyş edip, şonda döwriň tankydy barada şeýle pikir ýöredýärler: “Häzirki zaman tankydynyň iň uly

kemçiligi, onuň özüniň aýry-aýry edaralara we ýazyjylara hyzmatkär edilenliginden,şol ýazyjylaryň öwerliksiz eserlerini onuň öwýänliginden hem-de başga ýazyjylaryň gymmatly eserlerini alpetinden alýan mahalynyň-da seýrek bolmaýanlygyndan ybaratdyr”[1]. Bu pikir türkmen tankydy barada aýdanyňda-da jebis gelýär. Obýektiw tankydyň taplanýandygy, öwginiň ýazyjy üçin-de, okyjy üçin-de, peýdasyzdygyny,oňat eseri okyjynyň saýlaýandygyny hemmeler bilýän bolsa gerek.

Elbetde, şu döwürde metbugat sahypalarynda çap edilen makalalaryň sany az däl.Ýöne olaryň operatiwligi,originallygy, çeperçilik derejesi okyjylaryň isleglerinden pesde durýar.Käbir awtorlaryň makalalarynda ozal aýdylan bir pikir olaryň beýleki makalalarynda gaýtalanyp durýar. Käte biri beýlekisiniň pikirini gaýtalaýan ýerine hem duşmak bolýar.Öňki ýatlanylan makalada döwrüň tankydy barada aýdylan şu pikir bilen doly ylalaşmak bolar: “Edebiýatyň halk öňünde öz borjuny berjaý edip bilmegi, durmuşyň çylşyrymly köp taraplygyndan baş çykaryp bilmegi, biziň ýurdumuzda bolýan jemgyýetçilik işleriniň düýp manysyna akyl ýetirip bilmegi üçin prinsipli, abraýly edebi tankydy oňa kömek bermelidir...

Emma heniz bizde beýle tankyt ýok.Biziň tankydymyzyň ýagdaýy kanagatlanarlykly däl, onuň jemgyýet içinde abraýy ýokary däl. Tankyt sowet edebiýatynyň kemala gelmegine zerur täsiri salmaýar, durmuşda we sungatda bolan täzeliklere ýaramaz halda

[1] Sowet Türkmenistany gazeti. 1946-njy ýyl 14-nji iýul

gulak salýar hem-de biziň jemgyýetimiziň ýüregini gopdurýan örän möhüm ideýa meselelerini edebiýatyň öňünde goýmaýar.Tankyt eserleriň çeper formasy barada juda talap edijiliksiz halda, pikir we jemlemek barada garyp halda durýar”[1]

Soňra makalada döwrüň tankydynyň kemçilikleriniň sebäplerini görkezilip şeýle diýilýär:

“Häzirki zaman tankydynyň durmuşdan üzňeligi, sowet edebiýatynyň örän uly eserlerine edebiýat tankydynyň dogry baha berip bilmezligine we olaryň analizläp bilmezkligine, onuň ösüş meýlini kesgitläp bilmezligine, öňde baryjy zady, sungatda täze gözýetimleri açýan netijeli zady götergiläp bilmezligine we yza galak ýekeme-ýekeleýinçi daşary zady pisläp bilmezligine eltýär. Şu sebäpli tankytçylar tekrarlanan hakykatlary gaýtalaýarlar, ahwalatlaryň ýüzünde çawýarlar we şonluk bilen işiň düýpli,hemme taraplaýyn özleşdirilmegini, durmuşa işeňňirlikli täsir edilmegini talap edýän sosialistik realizim usulyndan dänýärler”[2].

Umuman alanyňda, ýokarda agzalan ýetmezçilikleri hasaba almasaň, edebiýaty öwreniş ylmynda, edebiýat tankydyna işleriň belli-külli aýaga galandygyny aýtmalydyrys. Ýazylan işler mukdar taýdan köpeldi, edebiýat älemine täze adamlar aralaşdy, ylmy işler ýazyldy, edebi tankydy makalalaryň tematikasy giňeldi. Respublikan gazet-žurnal makalalary yzygiderli çykyp başlady. Bu döwür edebiýaty öwreniş ylmynyň we edbiýaty tankydynyň kämilleşiş ýoluna düşendigini,

---

[1] Sowet Türkmenistany gazeti, 1946-njy ýyl, 14-nji iýul
[2] Şol ýerde

ugrugyp gidendigini aýdyp bileris.Şu döwürde edebi tankydy makalalar bilen gündelik metbugatda G.Gurbansähedowyň, B.Jütdiýewiň, R.Alyýewiň, A.Mämmetgulyýewiň, A.Aborskiniň, O.Abdalowyň, , A.Kekilowyň, Ata Gowşudowyň, B.Kerbabaýewiň, D.Haldurdynyň, B.Annagurdowyň, G.Seýitliýewiň, B.Hudaýnazarowyň, B.Seýtäkowyň, B.Welmyradowyň, N.Esenmyradowyň, G.Weselkowyň, A.Atajanowyň, K.Işanowyň, H. Ysmaýylowyň, Hasymguly Gurbanowyň, Ç.Aşyrowyň, M.Söýünowyň, H.Şahberdiýewiň atlaryny ýygy-ýygydan görmek bolýar. Ýokarda atlary agzalan awtorlaryň birnäçeleri edebiýatymyza köpden bäri hyzmat edip gelýän professional edebiýatyçylardyr, tankytçylardyr.Meselem, A.Kekilow, H.Şahberdiew, R.Alyýew. Bulardan soňky awtorlar hem biziň derňeýän döwrümizde aktiw çykyş etdiler.Emma hemmesine häsiýetli bir zady hem aýtmaly bolýarys. Şol tankydy çykyşlaryň problemalaýyn bolman,synçylyk ruhy güýçlüdi. Synlar dürli-dürli bolup, biri-birine dogry we nädogry gelýän garşylykly pikirler hem bardy.Şeýle-de bolmaly, çünki tankydyň özi şol ýol bilen ösýän žanrdyr.

Uruşdan soňky döwür türkmen edebiýatynyň bir bölegi bolan edebi tankyt hem täze ýagdaýa uýgunlaşýardy, ol edebiýatyň beýleki žanrlary bilen ugurdaş gidýärdi.Bu ýyllarda edebi - tankyda makalalar bilen köplenç ýazyjylar çykyş edýärdiler.Tankytçylar şol döwürde täze çykan ýygyndy hakda, edebi terjime hakda, tanymal ýazyjylardyr tankytçylaryň ýubileý seneleri mynasybetli, edebiýaty ösdürmegiň çäreleri hakda, edebi konkurslar we olaryň netijesi hakda, täze

çykan powestlerdir romanlaryň hili hakda seslenýärdiler.

Gürrüň tankydyň romanlar hakdaky pikiri barada gidýän ýerinde biz (Aýgytly ädim) romanyna aýratyn orun berilýänligini aýtmalydyrys. Bu roman sozüň doly manysynda taryhy rewolision romanlaryň birisidi we doly gutarylandy.Şonuň üçin Muny A. Aborskiý "Perwyý romanist Türkmenistana" atly çykyşykda / "Literaturnaýa gazeta",1947-nji ýyl, 25-nji ýanwar/ dogry belledi.Roman tankytda obýektiw baha aldy. Aman Kekilow "Taryhy roman"/ "Sowet edebiýaty", 1948-nji ýyl,№8/, B.Morozow "Reşaýuşi şag" Berdi Kerbabaewa / "Turkmenskaýa iskra" 1949-nji ýyl,15-nji maý / ýaly makalalarynda oňa giňden baha berdiler. Şol synlarda esere söýgi, roman žanrynyň çen alada duýulýar. Emma M.Annagurdowyň , "Aýgytly ädim " romany"/" Sowet edebiýaty", 1951-nji ýyl, № 4/ diýen makalasynda birtaraplylyk açyk duýulýar.

Bu döwürde şahyr we ýazyjylarymyzyň aýry-aýry eserlerine bagyşlanan, olary her taraplaýyn analiz edýän makalalar bilen aktiw çykyş edýän tankytçylar peýda bolup ugrady.Şolardan O.Abdalowyň, "Keýmir kör"[1] ady bilen çykan, G.Burunow we B.Amanow tarapyndan ýazylan "Keýmir kör" dramasy hakyndaky makalasyny ýatlamak ýeterlik. Bu makalada awtor "Keýmir kör" dramasynyň uly terbiýeleýjilik ähmiýeti hakda giňden durup,onuň ideýa taýdan sagdynlygy, halky eserligi barada gürrüň edýär. Şol pýesanyň ýetmezçiligi barada: "Edebiýat we sungat işgärleri köne

[1] Sowet Türkmenistany gazeti. 1947-nji ýyl 31-nji ýanwar

zaman hakynda ýazan wagtlarynda şol wagtda bolan wakalara täzeçe göz bilen garamagy gazanmalydyr...ikinji tarapdan, pýesada hereket edýän gahrymanlar hiç haçan özleriniň ýaşan sosial ýagdaýlaryndan aýaklaryny üzmeli däldirler. Nedir şany/ umuman öz duşmanlarymyzy/ näçe gowşak, ejiz edip görkezsek, biz şonça-da öz güýjümizi, halkyň gudratyny, onuň azatlyga bolan joşgunly göreşiniň derejesini peseldýäris”[1] diýip aýdan setirleri awtoryň aýytjak pikiriniň jemlemesi ýaly duýulýar. Soňra Keýmiriň şanyň öňünde has aşa gönümel, gödek gürledilmegi, Aýly batyryň obrazynyň hem has gönümel çykanlygy hakdaky bellikleri makullamaga laýyk. Bu makalada“Keýmir kör” pýesasynyň çeperçilik taraplary-da, ýetmezçilikleri-de, gaty dogry kesgitlenilýär. O.Abdalowyň, awtorlaryň geljekde has oňat işlemeklerine itergi berjek sowatly, düşünjeli maslahatlary maňzyňa batýar.

Uruşdan soňky döwürde dramaturgiýanyň ösmeginde G.Seýitliýewiň, G.Muhtarowyň hyzmaty uly boldy. Olar bilelikde we aýry-aýrylkda köp pýesalar döretdiler.Pýesalaryň käbiriniň içki gurluşynda gowşaklyk bolsa-da, temasy aktualdy, täzäni ündeýärdi. G.Seýitliýewiň A.Garaýew bilen ýazan “Bagt derýasy” pýesasy 1950-nji ýylda “Sowet edebiýaty” žurnalynyň 2-nji sanynda çap edildi. Ol ýumaristik äheňde bolsa-da, tema zerurdy.Eýsem-de bolsa,onda konfliktiň ýoklugy pýesanyň esasy kemçiligidi. Emma tankyt muňa üns bermedi.Şol döwürde “konfiliktsizlik teoriasynyň”

---

[1] Sowet Türkmenistany gazeti. 1947-nji ýyl 31-nji ýanwar

dramaturgiýanyň ösmegine päsgel berşi hakda tankyt seslenmedi.

Tankytçylar O.Abdalow we Mämmetgulyýew Gara Seýitliýewiň “Jahan”[1] pýesasyna bagyşlap, “Jahan” hem-de “Jahan pýesasy hakynda”[2] diýen tankydy makala bilen çykyş edýärler.Olar öz çykyşynda pýesanyň temasynyň aktualygy, türkmen intelligensiýasy hakda ýazylan ilkinji synanşykdygy,emma eseriň zamananyň okyjysyny kanagatlandyrardan juda pesligi barada giňden gürrüň gozgap, şeýle diýýär: “...Häzirki zaman türkmen teatrynda oturan türkmen ýigidi 1924-nji ýyldan ozalky türkmen däl. Ol ösdi, onuň dramaturgdan, teatrdan edýän talaby biçak artdy. Ol ýigit Köpetdaglarynyň eteginden çykyp, Karpat daglarynyň jülgelerini sökip geçdi. Ol Ỳewropanyň gadymy şäherleriniň ýaş bilen suwarylan köçelerinden ýeňijilik bilen geçip, söweşler gurap, Berline bardy. ...Şu zatlaryň hemmesi onuň ruhuny Kapdagyna çykardy, onuň gözýetimini has giňeltdi. Ol indi şol geçen gahrymançylyklardan, edermenlikli işlerden doly ýoluna mynasyp pýesa görmek isleýär”[3].

Tankytçylaryň ikisi-de, pýesanyň kemçiliklerini ýekän-ýekän yzarlap, degerli pikirleri ýöredip,ony ylmy esasda delillendirýärler. O.Abdalowyň makalasynda “Jahanyň” awtory Gara Seýitliýewi türkmen durmuşynyň bir bölegi- aýallar meselesi gyzyklandyrypdyr, emma nebsimiz agyrsa-da Gara Seýitliýew bu meseläniň içine giripdir-de, çykyp

---

[1] “Sowet edebiýaty”-Aşgabat, 1947-nji ýyl, №7. 69 s.
[2] Sowet Türkmenistany gazeti. 1947-nji ýyl 18-nji maý
[3] Sowet Türkmenistany gazeti. 1947-nji ýyl 18-nji maý

bilmändir. Çünki awtor durmuşa, onuň örän çylşyrymly proseslerine ýüzleý garaýar, batyrgaý çözülmeli meseleleriň duşundan geçýär"[1] diýip, pikir ýöredýär.

Emma bu ýerde tankyt pýesadaky esasy zady görkezmändir. Intelligensiýanyň ajaýyp obrazyny döreden eserleriň hatarynda G.Seýitliýewiň, "Jahan" pýesasy hem giryär. Ol türkmen we rus sahnalarynda üstünlikli geçdi. Ol uly ahlak meselesini gozgaýar. Adamyň jemgyýetdäki orny hakda gürrüň edyär. Pýesada türkmen aýalynyň ýokary hünäri, medeniýeti real suratlandyrylýar.Tankytçy,şol üstünligi görmän, ony açman, umumy gürrüň bilen çäklenýär. Onda kemçilik bardy. Ol hem ýene konflikte syrygýar. Ine, şuny dramaturga ýetirmekde tankyt kemterlik edýär.Sebäbi tankydyň öz derejesi, synyň professionallygy kemterlik edýärdi.

BK /b/ P MK-nyň "Drama teatrlarynyň repertuary we ony gowulandyrmak çäreleri barada" çykaran kararyndan soň Gara Seýitliýewiň oňa jogap hökmünde, ilkinji bolup, intelligensiýanyň durmuşyny suratlandyryp ýazan pýesasy bolany üçin, goýberen kemçiliklerini ýuwmarlajak bolup synanşyk edenleri-de bolanlygy barada gürrüň edilýär.Emma A.Mämmetgulyewiň, makalasynda isleg her näçe gowy bolsa-da, Gara Seýitliýewiň eden oňat isleginiň ol heniz edilen iş bolan, islegligine galýanlygy,onuň bilen beýle ýalňyşlygyň, kemçiligiň üstüni perdelemegiň mümkin däldigi dogry bellenilýär.

[1] "Sowet edebiýaty"-Aşgabat, 1947-nji ýyl, №7. 69 s.

Tankytçylar, pýesa barada adalatly, ýerlikli bellikler edip, netijeli pikirler bilen öz pikirlerini delillendirýärler.Edebi tankytda şonuň ýaly ýüz görmezlik bilen eseriň kemçiligini açýan makalanyň gymmatynyň uludygy ikuçsyzdyr.

Şol ýylaryň edebi tankydyna ýazyjy G.Gurbansähedowyň hem adyna ýygy-ýygydan duşmak bolýar. Tankytçy D.Haldurdynyň, "Meniň ýaragym" diýen goşgular ýygyndysy hakda /Aşgabat, TDN,1947./ "Meniň ýaragym" atly makala bilen çykyş edýär. Bu makalada şahyryň söweşjeň syýasy lirikanyň wekilidigi,harby poeziýany döretmegiň ussadydygy, onda duşmana ýigrenç,dosta wepalylyk ýaly häsiýetleriň suratlandyrylandygy hakda giňden gürrüň edilip,soňra ýygyndynyň kemçiliginiň üstünde adalatly durulýar.Tankytçy ýygynda girizilen goşgularyň akgynsyzdygy, gowşakdygy,olarda köp sözlülige ýol berlenligi mysallar bilen subut edilýär[1].

Hasymguly Gurbanow hem D.Haldurdynyň, ýokarda agzalan ýygyndysy hakda "Ýaş kommunist" gazetiniň 1948-nji ýylyň 12-nji fewralyndaky sanynda "Şahyryň ýaragy" atly makala bilen çykyş edýär.Ol ýygyndyny has dabaraly sözler bilen öwýär. Yzyndan bolsa sypaýçylyk bilen G.D.Gurbansähedowyň bellikleri ýaly ýygyndynyň ýetmezçiligini tankytlaýar. Onuň kä goşgularyndaky pikiriň okyjylara asla düşnüksiz bolup galýandygy, meňzetmeleriniň şowsuzlygy,setirleriniň agyr okalýanlygy, asla çeperçilik taýdan gowşaklygy ýerlikli bellenilýär.Umuman, tankytçylaryň ikisi-de

---

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl. 11-nji fewral.

ýygyndynyň kemçiligi barada obýektiw bellikleri aýytýarlar.

G.Gurbansähedow Hajy Ysmaýylowyň "Öküz gödek" powesti hakda "Öküz gödek"[1] ady bilen makala ýazýar. Tankytçy bu makalada awtory turuwbaşdan tankytlap ugraýar. Asla "Öküz gödek" sowet jemgyýetinde bolup bilmejek tip, beýle obraza sowet adamlaryny masgaralaýar" diýen ýaly gürrüň edýär. Şonuň kimin jümleler şol döwriň tankydynda häli-şindi gabat gelýär.

Hajy Ysmaýylowyň "Öküz gödek" powesti, elbetde, kemçilikden halas däl, şeýle-de bolsa, tankytçynyň aýdyşy ýaly,ony püçege çykarmak bolmaz. Zehinli söz ussady jemgyýetimizde ahlak tarapdan-azgyn, döwletiň emlägine göz gyzdyryp ýaşaýan adamlaryň obrazyny gaty synçylyk bilen suratlandyrypdyr.Durmuşdaky ýaramaz ýagdaýlaryň, pis häsiýetli adamlaryň zyýanly taraplaryny açyp görkezipdir.Merhum tankytçy A.Kerimow bu eseriň položitel hem-de otrisatel taraplary hakda we tankytçynyň aýdan tankydy bellikleri babatda ýerlikli gürrüň edip şeyle diýýär: "Dogry, bu satiriki eser kemçilikden-de halas däldi. Emma ol kemçilik, G.Gurbansähedowyň görkezişi ýaly, hamala, eserde beýan edilýän otrisatel wakanyň we satiriki tipiň biziň jemgyýetimizde bolup bilmeginde-bilmezliginde däl-de, eýsem başga meselededi. Ýazyjy Öküz gödegiň pozgakçylyklaryny durmuş hakykatyna laýyklykda çeper we ynandyryjy suratlandyrsa-da, eseriň položitel gahrymanlaryny juda passiw,görünip

[1] "Sowet Türkmenistany" 1945-nji ýyl, 6-njy awgust

duran kemçilikler bilen-de ylalaşýan ýagdaýda görkezipdir. Hekaýanyň bir gahrymany Öküz gödegiň azgynlygyny we ýykgynçylygyny oňat bilse-de,oňa garşy çykmagyň,oňy paş etmegiň deregine: “etse edibersin, uruş gutarandan soň göreris” diýen pikiri aýdyp, hiç bir esaslandyrylmadyk ýerden ony jezalandyrmaklygyň wagty däl diýen netijä gelýär.Ine, hekaýanyň düýp kemçiligi, biziň pikirimizçe, şundady”[1].Soňra awtor,öz pikirini ösdürip,şeýle ýazýar: “Ýazyjynyň uruş döwründäki we uruşdan soňky ençeme feletonlaryna mahsus ýiti synçylygy, durmuşdaky otrisatel ýagdaýlary we pis häsiýetli adamlaryň iň zyýanlylaryny saýlap alyp, olary tipleşdirip, rehimsiz näletlemegi onuň“Öküz gödeginde” jemlenipdi. Hekaýanyň bu tarapy onuň şeksiz üstünligidir.[2]

G.Gurbansähedow öz makalasynda Gotjagyň maşgalasy Gülälegiň, öz öýini taşlap, hatda ejesiniň öýüne-de barman, Öküz gödegiň öýüne barandygyny ýazgaryp, adalatly bellik edýär. Umuman alanyňda, bu powest barada tankytçynyň pikiri has gödek bolup eseriň ähmiýetli tarapy ünüsden düşirilýär.Haçanda tankytçy tankyt edýän obýektine aşa gödek çemeleşse,eseriň awtory-da, okyjy-da nägile bolýar. Beýle diýdigimiz eseriň ýetmezçiliginiň üstüni örtmeli diýdigimiz däl. Her bir eseriň hem özine ýetesi kemçiligi bolup biler, onuň tankyt obýekti bolmagy - eseriň köpçülik tarapyndan okalýanlygynyň alamaty.

[1] Ata Kerimow. Türkmen sowet edebiýaty ösüş ýolunda. Aşgabat.TDN, 1957, 110 s.
[2] Şol ýerde.

Eger ol okalýan bolsa, okyjylar tarapyndan söýülýändir, beýik rus ýazyjysy L.N. Tolstoýyň dili bilen aýdylanda. “Ode net lýubwi k iokustwu i kratika ,, .

G.Gurbansähedow we B.Jürmenek bilelikde ýazyjy Hajy Ysmaýylowyň “Iki atanyň bir ogly ”eseri barada “Sowet Türkmenistany ”gazetiniň 1947-nji ýylyň 8-nji we 9-njy ýanwardaky sanlarynda çykyş edýärler. Bu eseriň türkmen sowet çagadar edebiýatynda ideýa taýdan sagdyn, çeperçiligi taýdan ussatlyk bilen ýazylandygy, respublikan konkursda 50-den gowrak eseriň içinde baýraga mynasyp bolandygy bellenilýär .

Uruşdan soňky döwür Hajy Ysmaýylowyň döredijilik belentligine galkynan döwrüdir.Ol çagalar edebiýatynyň düýbüni tutujy hökmünde 1946-1948-nji ýyllarda ajaýyp eserler döretdi. Okyjylara hödürlän “Mugallymyň gyzy”ady bilen ýazan belli eseri hem şol döwrüň önümi bolup durýar. Onda oba oglany Rejep Keçjalyň hünärli işçi bolup ýetişişi, Dursun bilen arasyndaky inçe duýgusy çeper suratlandyrylýar. Hajy Ysmailow, Türkmen ýazyjylarynyň arasynda ikinji bolup, oba ýaşlaryny senagat merkezlerine çykmaga, mähir durmuşy bilen tanyşdyrmagy, şäheriň şöhrat gazanan işçileri we şol sanyň wekilleri bilen gatnaşygyny real beýan etdi.Onuň “Iki atanyň bir ogly” powesti hem, Beýik watançylyk urşy ýylarynda ene-atasyndan galan ýetim çagalaryň terbiýelenşi olara adamlaryň hossar çykyşy hakda bolup, juda tolgundyryjy ýazylypdyr.Ol eser hem yazyjynyň söýgüli temasy bolan çagalar edebiýatynyň dowamy,onuň ösüşi boldy diýsek ýalňyşmarys.Ýöne esere baha beren tankytçylar ony ýagty aýdyňlaşdyryp

bilmändirler. Diňe eseriň şowly çykandygyny aýtmak bilen kanagatlanypdyrlar.

Hakykatdanda, Hajy Ysmaýylowyň "Iki atanyň bir ogly" eseri öwgüsine mynasyp. Bu uruş döwri bilen baglanşykly bolan waka barada bolup,munda halkyň dostlugy, doganlygy biri-birine bolan asylly söýgüsi örän çeperçilik we reallyk bilen ynandyryjy açylyp görkezilýär. Sada formada gyzykly ýazylan bu eseriň öz döwründe hatda häzirki döwürde-de çeperçilik ähmiýeti örän ulydyr. Bu çagalar edebiýatynda görnükli orny eýeledi çagalaryň söýgüli kitabyna öwrüldi we häzir hem şeýleligine galýar. Ýazyjy, öz zamanasynyň ýagdaýyna oňat düşünip halkyň göwnünden turjak temany saýlap bilipdir .

A.Aborskiniň "Otworçestwo Hadjy Ismaýylowa"[1] atly makalasynda ,"Bäsdeşler","Öküz gödek "powestlerine analiz berilmek bilen, bu hekaýanyň üstünde giňden durulýar onuň şowly çykanlygy hakynda gürrüň edilýär.

Tankytçylar G . Gurbansähedow we B.Jürmenek Rahmed Seýidowyň "Bahar geldi" ýygyndysyna "Şahyryň raporty"[2] ady bilen ýazan synlarynda ýöreden pikirleri bilen hem ylalaşmak bolar. Bu makalada eseriň üstünlikli tarypyda bolşy ýaly adalatly açylypdyr. Şahyryň döredijiligine mynasyp baha berilipdir.

Şol döwürde ýazyjy Ruhy Alyýew, edebiýatyň dürli meseleleri bilen gyzyklanyp, metbugatda aktiw çykyş edýär.

R.Alyýew-biziň edebiýat ylmymyzyň we tankydymyzyň köne soldaty. Ol ýigriminji ýylardan bäri şu meýdanyň aktiw wekili bolup gelýär.

[1] "Туркменская искра" gazeti, 1947-nji ýyl, 6-njy iýun.
[2] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1947-nji ýyl. 26-njy fewral.

R.Alyýewiň tankydy çykyşlarynda hem alymlyk, hem tankytçylyk we şahyrçylyk ruhy duýulýar. Ol meselelere töwerekleýin garamagy, oňa taryhylyk prinsipinde baha bermegi, umuman gozgaýan temasyny dowam edýän edebi proses bilen baglamagy unutmaýar. Galyberse-de, ol beýleki birnäçe awtorlar ýaly metbugatda gabat gelşine görä däl-de, mydama,yzygiderli çykyş edýär. Ýylda birnäçe gezek çykyşlarynda ol köplenç syn žanryna ýykgyn edýär. Emma şonuň bilen birlikde edebiýaty öwrenişiň problemalaryna-da seslenýär.

Metbugatda onuň "Gorkiý we biziň edebiýatymyz"[1], "Beýik arzuw we umytlar şahyry"[2], "Poeziýamyzyň täze soldaty"[3]. "Çagalar edebiyatynyň käbir meseleleri hakynda"[4], "Perwyý sbornik molodoga poeta"[5], "Biziň ýazyjylarymyz talaba laýyk düýpli eserler döretmelidirler" we ş.m. makalalar bilen çykyş edýär. Tankytçynyň "Gorkiý we biziň edebiýatymyz" diýen makalasy M.Gorkiniň türkmen ýazyjylaryna eden oňaýly täsiri, ondan görelde alandyklary, proletar ýazyjysynyň eserleriniň çeper terjimesinden soň türkmen edebiýatynyň realistik ugur bilen ösüp başlandygy barada gürrüň gozgalýar. Ol "Beýik arzuw we umytlar şahyry"diýen makalasynda, Gara Seýitliýewiň döredijiligi barada söz açyp,onuň lirizime ýugrulan setirlerinde ruhy belentlik çäksiz söýgi,

---

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti 1946-njy ýyl. 18-nji iýun.
[2] "Sowet Türkmenistany" gazeti 1947-nji ýyl. 2-nji fewral.
[3] "Sowet edebiýaty" žurnaly, 1947-nji ýyl, №2
[4] "Sowet edebiýaty" žurnaly, 1950-nji ýyl, №11
[5] "Turkmenskaýa iskra" gazeti, 1947-nji ýyl, 12-nji oktýabr

watançylyk, dostluk ýaly asylly häsiýetleriň wasp edilýänligi barada maglumat berilýär.

Tankytçy “Poeziýamyzyň täze soldaty” atly makalasynda G.Gurbansähedowyň “Soldat gaýdyp geldi” diýen ýygyndysyny analizleýär. Ruhy Alyýew, bu ýygyndyny, turuwbaşdan öwüp,arşa çykarýar. Elbetde, şahyryň ýygynda giren eserleriniň ideýasynyň sagdynlygyna, watançylygynyň belentligine, niýetiniň gowylygyna söz diýen ýaly däl. Şeýle-de bolsa, beýle öwginiň ýazyjy üçin ol diýen ähmiýetiniň ýoklugy bolsa mälimdir. Makalanyň ahyrynda, adaty bolşy ýaly, “Zoýa” poemasynyň çeperçilik babatda çig işlenendigine hem-de uruş wakalar barada gürrüň gozgap, “şahyryň öz gahrymanlaryny Görogly, Keýmir kör ýaly halk gahrymanlaryna meňzedendigini, Gurbandurdy,Gostella, Matrosow ýaly gahrymanlara meňzetmändigini” aýdyp, şahyra igenýär. “Şahyryň oz gahrymanlaryny”halk gahrymanyna ýa-da Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlaryna meňzedendiginiň tapawudy ýok, olaryň hemesi-de halkyň söýgüli gahrymanlary, halk ogullary. Onuň üçin agyz dolduryp, kemçilik höküminde ýatlap durmagyň geregi ýok bolsa gerek.Kemçilik höküminde poemanyň gowşak işlenişi, käbir gahrymanlaryň häsiýetiniň açylman galyşy, akgynsyzlygy barada-da aýdara zat kän. Tankytçy makalasynda ýygyndynyň edebiýat meýdanynda tutýan ornuny aýdyňlaşdyrmagy maksat edinýär,ýöne ol maksadyna doly ýetip bilmeyär. “Çagalar edebiýatynyň käbir meseleleri hakynda” atly makalasynda R.Alyýew çagalar barada ýazylan çeper edebiýaty ýeke-ýekeden yzarlaýar. Onda çagalar edebiýatynyň sowet döwründe

kemala gelendigini, rus edebiýatynyň oňaýly täsir edişini açyp görkezýär. Olaryň üstünlikli tarapyny we kemçiliklerini dogry kesgitleýär.

Ýene-de R.Alyýew "Biziň yazyjylarymyz talaba layyk düýpli eserler döretmelidirler" diýen makala bilen çykyş edyär.Bu makala, möçber taýyndan uly bolmak bilen, onda edebiýatyň birnäçe meseleleriniň üstünde durulýar. Makalanyň awtory, edebiýatyň roly, ony ösdürmekde partiýanyň kararlary, ýazyjylaryň bilim derejesiniň ýokarlanmagynyň zerurlygy, zamana laýyk eser döretmek hem-de häzirki zaman okyjysynyň talabynyň güýçlidigi we ş.m. barada umumy gürrüň gozgap, şeýle diýýär: Tankytçy örän dykgatly, duýgur we paýhasly bolmalydyr. Ol bir ýazyjynyň umumy döredijiligine ýa-da aýratyn eserine baha bereniňde, meselä obýektiw suratda, partiýa prinsipiallygy bilen garamalydyr. Tankytçynyň makalasy ýazyjynyň döredijiligini ýa-da eseriň esasy häsiýetlerini öňe goýmagy bilen onuň halkyň durmuşynda we terbiýesinde oýnap biljek roluny anyklamalydyr. Ol ýazyjynyň üstünliklerini görkezmek bilen birlikde, kemçiliklerini-de görkezmelidir"[1].

Bu gaty dogry we ýerlikli bellik, ýöne Ruhy Alyýewiň özi tankyda şeýle çemeleşipmi ýa-da ýok? Şu pikirlendirýär. Tankytçynyň edebiýaty öwreniş we edebiýat tankydy barada bäş ýylyň dowamynda eden işlerini ýokarda derňäp geçdik.Olardan görnüşi ýaly, awtoryň tankydy pikirleri umumy,käbir ýöntemje

[1] "Bolşewik". Aşgabat, 1948-nji ýyl. №2

belliklerden ybarat bolup, dabaraly sözler bilen taryplamadyr.

Esere baha berende, ol çeper analiz däl-de, tematik analiz bilen oňýar.Beýle garamak ýazyjylar üçin –peýdasyz, okyjylar üçin bolsa düşnüksiz bolup galýar.

Türkmen edebi tankydynyň taryhyny derňän ýoldaşlar Ruhy Alyýewiň edebi-tankydy makalalaryna /Uruş döwründäki we ondan-da öňki makalalary göz öňünde tutulýar./ şeýle baha berýärler: “Tankytçy şol döwürde jemleýji makalalar bilen hem çykyş edýär, täze ýygyndylar hakynda-da söz açýar. Poeziýa bilen birlikde dramaturigiýany-da ýatdan çykarmaýar. Edebiýatda aýal-gyzlaryň tutýan orny barada hem giňden gürrüň edýär.Rus edebiýaty we onuň beýik wekili M.Gorkiý barada-da söz gozgaýar.Munuň özi kanunydy.

Beýle meseleleri tankytçynyň öňünde uruş döwrüniň gyzgalaňly gündelik durmuşy goýupdy. R.Alyýewiň makalalary öz ýazylan wagtynda belli bir derejede ähmiýetlidi.Emma san taýyndan köp bolan bu makalalar hili taýyndan onçakly güýçli däldi, olarda edebi we teoretiki çuňlyk ýokdy, belli-belli pikirler häli- şindi gaýtalanyp durýardy.

Mysal üçin, eger ol “Uruş we edebiýat” diýen makalasynyň birinji bölüminde türkmen klassiki edebiýaty hakynda gürrüň edýän bolsa, şondan soňky “Söweş günlerimiziň poeziýasy” diýen makalasynyň giriş bölüminde hem klassiki edebiýat hakyndaky şol gürrüňi gaýtalaýar. Bu iki makalanyň soňy bolsa uruş döwrüniň poeziýasyna bagyşlanypdyr. Soňky makalada

hem hut öňki gürrüň edilen şahyrlaryň- B.Kerbabaýewiň, Ata Salyhyň, Durdy Gylyjyň, Beki Seýtäkowyň, N.Pommanyň, K.Işanowyň, G.Seýitliýewiň, A.Çarygulyýewiň uruş hakynda döreden täze şygyrlarynyň atlary ýekän -ýekän agzalýar. Bu ýerde eseriň çeperçilik tarapyna hut öňki makaladaky ýaly, "bar güýjini goýup, hakykatda hem gowy setirler döredipdir", "mazmuny kuwwatdyr", "Beýik bir optimizim bilen beripdir", "Uly çeperçilik bilen berýär", "Çuň mazmunda we uly çeperçilikde beripdir" diýen jümleleri goýmak bilen,öňden düzülip goýulan resept boýunça, umumylaýyk baha berýär"[1]

Şu ýokarda getirilen setirleri tankytçynyň uruşdan soňky döwürde döreden makalalary barada söz açanyňda hem getirseň ýalňyşmasa bolar.

Umuman alanyňda, Ruhy Alyýew uruşdan soňky döwürdäki edebiýat tankydynda we edebiýaty öwreniş ylmynda uly orunlaryň birini tutýar. Onuň dürli temalardaky ýazan makalalary okyjylar köpçüligine ýetirilip durupdyr. Ol klassiki edebiýaty barada-da, rus klassikalarynyň döredijiligi barada-da, doganlyk halklarynyň we dünýä edebiýatynyň genileri hakda-da, türkmen sowet edebiýaty we onuň problemalaýyn meseleleri hakda-da seslenýär.

Şol döwrüň edebi tankydynda A.Mämmetgulyewiň ady-da ýygy-ýygydan gabat gelýär. Esere ýa-da haýsy hem bolsa, bir ýygynda syn ýazanda,onuň kemçiligi we çeperçiligi tankydynyň ýiti gözinden sypmaýar. Ol

---

[1] Türkmenistanda tankydy we pikiriň döreýşi we ösüşi. "Ylym" neşirýaty,Aşgabat, 1969. 117 s.

öz derňeýän eseriniň ýetmezçiligini açyp görkezmekde, ýüz görmezden, meselä obýektiw çemeleşýär.

A.Mämmetgulyýew uruşdan soňky döwürde bir giden makalalar bilen çykyş edipdir. Ol “Çopan ogly”[1], “Ösüş ýolunda”[2], “Harsal işiň ýaramaz hasyly”[3], “Ýaşlar ýädigär”[4], “Kolhoz obasy” hakynda powesti”[5], “Hakykat hakynda hekaýa”[6] ýaly makalalaryň awtorydyr.

A.Mämmetgulyýew Gara Seýitliýew bilen Güseýin Muhtarowyň “Çopan ogly” pýesasy hakynda syn ýazýar. Tankytçy bu pýesanyň şowly taraplary hakda giňden durýar.Halkyň uly höwes bilen bu pýesany garşylandygyny, köne bilen täzäniň göreşini, täzäniň köneden üstün çykyşyny ussatlyk bilen açandygyny belleýär.Ýöne tankytçy, pýesanyň kemter ýeri barada gürrüň edende, ownukçylyk bilen kemçiligini tekrarlaýar.

Onuň “Ösüş ýolunda” atly tankydy makalasy Anna Kowusowyň “Güneşli ülkäm” diýen ýygyndysy hakda bolup,ýygynda girizilýän goşgular, adat bolşy ýaly, temalara bölünip derňelýär. Emma ýygyndyda ýerleşdirilen goşgularyň düýpli ylmy-çeper analiz edilmändigini,ülňä öwrülen stilde olaryň ilki öwüp, soňra düzetmesi aňsat bolan az-kem kemçiliginiň bardygynyň ýaňzylýandygyny belläp geçmelidiris.

---

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti. 1950-nji ýyl. 24-nji mart
[2] “Sowet Türkmenistany” gazeti. 1950-nji ýyl. 27-nji dekabr
[3] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1948-nji ýyl, №10
[4] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1950-nji ýyl, №7
[5] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1950-nji ýyl, №9
[6] “Ýaş kommunist” gazeti, 1948-nji ýyl, 22-nji aprel

Tankytçynyň “Ýaşlara ýadygär” diýen makalasy şahyr Rehmet Seýidowyň“Ýaşlara ýadygär” (Aşgabat, TDN 1949.) diýen ýygyndysy barada bolup, bu hem edil ýokarda derňän makalamyzyň stilinde ýazylypdyr. Munda şahyryň Watan hakynda, pasyllar hakynda ýazan şygyrlary temalara bölünip derňelýär we şahyryň watançylygy wasp edilýär.Ahyrynda tankytçy, ýygynda ideýasy aýdyň bolmadyk goşgularyň girizilendigini biri-birine meňzeş gaýtalanýan setirleriň-de bardygyny subut edip, mysallar arkaly öz pikirini delillendirýär. Kä sözleriň ýerli-ýerinde ulanylmandygy barada-da örän ýerlikli bellikler aýdýar. Makalada, şahyryň ussatlygy hakynda gürrüň edilip, onuň kemçiligi dogrusynda hem, ýüz görmezden, adalatly obýektiw baha berilipdir.

Bu ýygyndy barada B.Hudaýnazarow hem “Ýaşlara ýadygär”[1] atly makala bilen çykyş edýär. Makalada, şahyryň döredijiligi barada-da gysgajyk gürrüň ediliýär.Ýygynda girizilen Sowet konstitusiýasy we Lenin-Stalin baradaky eserleriň,ýene-de peýzaž lirikasynyň aýratyn ussatlyk bilen ýazylandygy öwgüli setirler bilen taryplanýar. Soňra, ýygyndynyň kemçiliklierine geçilip,oňa girizilen şygyrlarda edebi diliniň ýoýlandygy, kitapda eserleriň ýerleşdirilşiniň tertipsizligi barada adalatly bellikler edilýär. Bu makala, ýygyndy baradaky Mämmetgulyýewiň çykaran makalasy bilen jebis gelýär, olaryň ýygyndy baradaky pikirleri ugurdaş.

[1] “Ýaş kommunist“ gazeti, 1950-nji ýyl, 5-nji sentýabr.

A.Mämmetgulyýewiň edebi tankydyna, B.Seýtäkowyň “Gyzgyn günler” diýen powesti barasynda “Kolhoz obasy hakda powest” atly makalasy özüniň obýektiwligi bilen tapawutlanýar.Onda eseriň temasynyň aktuallygy, ýazyjynyň häzirki günüň mehanizasiýalaşdyrylan oba hojalygyny suratlandyrmagy, agzybirlikde jan aýaman zähmet çekýän sowet adamlaryň asylly häsiýetlerini açmaklygy maksat edinenligi bellenýär.Yzyndan awtoryň şol maksadyny ussatlyk bilen açmagy başarmandygyny, powestiň harsal işlenendigini aýdyp, şeýle pikir ýöredipdir: “Birinjiden, awtor kolhoz durmuşyny- öz saýlap alan temasyny gowy öwrenmändir.Şonuň üçin ol käbir owunjak belliklerinde däl, hatda öz powestine esasy konflikt edip alan meselesinde hem amatsyz ýagdaýa düşüpdir”[1]

Tankytçynyň bu belligi gaty jaýdar aýdylypdyr, ol öz aýdan pikirini esaslandyrypdyr. Eseriň obrazlarynyň ýetmezçiligi barada tankytçy oňat pikir ýöredýär. Makalada: “Ýoldaş Beki Seýtäkowy öz gahrymanlarynyň ýazgydyna käte perwaýsyz garaýar, olaryň obrazlarynda özbaşdaklyk ýok – diýilýär. – Aslynda, her adamda bir häsiýet bar.Her adamyň bir sözleýşi, gylygy bar.Şol dogry görkezilse,oňat obrozlar döreýär.Awtor şol tipleri döredip bilmändir”[2]

Gahrymanlaryň obrazyny döretmekde awtoryň öz pikirine özüniň garşy gelýän ýerlerine hem duş gelinýändigi hakdaky bellik bilen ylalaşmak bolar, tankytçy ony mysalar bilen hem subut edýär. Mundan

[1] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1950-nji ýyl №9. 74 s.
[2] Şol ýerde, 75 s.

başga-da eseriň kemçilikleri barada gürrüň edip, pikirini ylmy esasda mysallar arkaly delillendirýär.

Bu eser barada D.Esenowyň “Gyzgyn günler” ady bilen “Sowet Türkmenistany” gazetiniň 1950- nji ýylyň 29-njy oktýabrynda tankydy makalasy çap edilýär. Bu makalada hem adamlaryň zähmete bolan garaýyşlary onuň oňaýly tarapy hökmünde görkezilipdir. Gahrymanlaryň häsiýetlendirlşi hakdaky kemçiligi barada gürrüň edende, bu eser barada çap edilen öňki makaladaky pikir bilen dogry gelýär.Ýöne şunda Täzegüliň ejesi Senemiň obrazy barada” ...durmuşa dogry gelmeýän, toslama, düşünjeli sowet graždanyna laýyk bolmajak obrazdyr.Senem ejäni awtor dine ýugrulan, molla we işana ynanýan, köne urp-adatyň ýesiri bolan adam hökmünde görkezipdir” diýenleri bilen ylalaşmak bolmaz. Sebäbi eseriň ýazylan döwründe, umuman garrylaryň häsiýetinde ol bolaýanda-da ynanylmaz ýaly däl, ikinjiden hem,Senem eje ylymly-sowatly aýal däl. Şonuň üçin onuň obrazy, tankytçynyň aýdanynyň tersine, ynandyryjy çykypdyr. Käbir ene-atalar, öz diýenini etdirjek bolup,her ýoldan goýup görýärler ahbetin. Umuman alanyňda, şeýle säwliklere seretmezden, bu tankydy makalada obýektiw seredilýär.

Tankytçynyň “Gyzgyn günler” powesti hakdaky, umuman, onuň döredijiligi hakdaky pikirini makul bilip, makalanyň jemlemesinde aýdan sözlerini getirmegi dogry tapdyk.Ýazyjy Beki Seýtäkow, “Gyzgyn günler” powestini okyjylara hödürlemek bilen, özüniň düýpli eserler döretmäge ukybynyň bardygyny görkezdi. Edil şonuň ýaly-da powestde uly

kemçilikleriň we bulaşyklyklaryň bolmagy eseriň üstünde awtoryň harsal işleýändigini-de görkezdi”[1]

Tankytçylaryň bu eser barada aýdan tankydy pikirleri netijeli hem-de biri-birine jebis gelýär. A.Mämmetgulyýewiň “Hakykat hakynda hekaýa” ady bilen B.Seýtäkowyň “Başa-baş söweş” hekaýasy barada syn ýazýar. Bu makalada täze kolhoz adamlarynyň iň oňat sypatlarynyň ökdelik bilen açylandygy, kynçylyklardan gorkmaýan, ruhdan düşmeýän sowet adamlarynyň belent mertebeleriniň suratlandyrylýanlygy hakda giňden gürrüň edilipdir. Hiç hili tankydy bellik aýdylmaýar.

Onuň “Harsal işiň ýaramaz hasyly” atly makalasynda bolsa Ý.Nasyrlynyň “Kim güýçli?” ady bilen çykan kitapçasy tankyt edilýär. Ýazyjy –şahyrlaryň üstünlikli taraplary bilen kemçilikleri-de bar. Döwrüniň gözi bilen seredeniňde bu ýygyndyny juda püçege çykaraýmak adalatly bolmasa gerek. Tankytçy şahyryň eserlerini “ideýa taýdan gowşak”diýip belleýär. Emma onuň aýdyşy ýaly däl-de, awtoryň ýagşy niýeti duýulýar, şygyrlar sada ýazylypdyr. Nädogry düzülen jümleleriň, şowuna düşmedik meňzetmeleriň bardygy, çeperçilik babatda gowşaklygy, türkmen dilini ýoýup ulanýandygy hakdaky bellikleri göwnejaý.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, A.Mämmetgulyýewi edebiýatyň tankydy we edebiýaty öwreniş ylmynda aktiw hem-de obýektiw çykyş edenleriň hataryna goşmak bolar.

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1950-nji ýyl, 29-njy oktýabr

Şol döwrüň edebiýaty öwreniş ylmy we edebiýat tankydy barada gürrüň edilende, merhum A.Kerimowyň adyny guwanç bilen tutmak bolar.Ol, şahyrçylygynyň daşyndan edebiýaty öwreniji görnükli alym bolmak bilen,edebiýatyň taryhyna, teoriýasyna degişli işleri, edebi-tankydy makalalary we edebi teoriýasy baradaky gollanmasy bilen özüni tanatdy.

Tankytçy "Çeper sözüň ussady"[1], "Türkmen sowet edebiýatynyň ajaýyp üstünligi"[2] atlary bilen iki makala ýazýar. Birinjisinde, B.Kerbabaýewiň bütin döredijiligi derňelýär. Onuň ussat şahyrlygy bellenilmek bilen, ýeke-ýekeden poemalary analizleýär. Soňra prozanyň ussadydygy hakda gürrüň açylýar, ýazyjynyň ýazan powestleri, "Aýgytly ädim " romany hakda, ýazyjynyň dramaturgiýadan-da başy çykýanlygy, ökde terjimeçidigi hakda durlup, umuman ýazyjynyň döredijilik ýüzi açylyp görkezilýär.

Ikinji makalada hem, şahyryň döredijilik ýoly yzarlanyp, esasan hem "Aýgytly ädim " romanynyň türkmen sowet edebiýatyna getiren üstünlikleri barada gürrüň edilýär, onuň ýokary baýraga mynasyp bolandygy nygtalýar. Bu makalada ýazyjynyň döredijiligi barada maglumat berilip, onuň eserleriniň reallygy, obrazlaryny indiwiduallaşdyryşynyň özboluşlylygy we gaýrylar barada giňden gürrüň edilýär.

Aman Kekilow "Soldat gaýdyp geldi" atly makalasyny Gurbandurdy Gurbansähedowyň 1947-nji ýylda neşir edilen "Soldat gaýdyp geldi" ýygyndysyna bagyşlap ýazýar. Ol, bu ýygynda oňat ýazylan

---

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti. 1947-nji ýyl, 4-nji fewral

[2] "Sowet Türkmenistany" gazeti. 1947-nji ýyl, 4-nji aprel

goşgularyň girizilendigini,şahyryň öz eserlerini uly joşgun bilen ýazandygyny nygtamak bilen, yzyndan tankydy belliklere geçip, ýygynda girizilen “Zoýa” poemasynyň çeperçilik babatda gowşakdygyny, wakalarynyň ynandyryjy däldigini, şowsyz eserdigini tankytlapdyr. Zoýanyň obrazynyň ynandyryjy däldigi nygtalýar. Poemada Zoýanyň ejesi urşuň boljakdygyny öňünden bilen şekilde gyzyny terbiýeleýär, “watansöýüji bol, Watana wepaly bol” diýen ýaly gönümel nesihatlar ejesiniň dilinden aýtdyrylýar diýilip, göwne makul gürrüň edilýär.Beýle gönimel sözleri awtor gahrymanynyň agzyna salyp bermän, Zoýany akylly, edepli, medeniýetli,düşünjeli, mert bolmak ýaly gowy häsiýetleri öwredýän şekilde suratlandyran bolsa, oňat bolardy diýilip adalatly bellenýär. Onuň “Gyr atly gaýduwsyz”, “Akmak hökümdar” dessanlarynyň forma we mazmun taýdan beýleki eserlere sepleşmeýändigi hakdaky belligi bilen ylalaşmak bolar. Tankytçynyň goşgularyň çeperçilik taýdan gowşaklygyny, käbiriniň ideýa taýdan agsaýanlygyny aýdyp, olary degerli mysallar getirip analizleýşi göwnüňden turýar.Şahyryň umumy döredijiligi barada gürrüň edip, tankytçynyň ýöreden pikiri göwnejaý bolany üçin, şondan birnäçe setirini getirmegi ýerlikli hasaplaýarys: “...şahyryň döredijilik fantaziýasy şindi ýeterlik däl”. Ol bu pikirini dowam etdirip: “Ol özüniň köp goşgularynda durmuş wakalaryny okyjysyna düşündirmäge, belli bir meseläni subut etmäge çalyşýar.Emma şahyr durmuş wakalaryny özüniň ideýa nukdaý nazaryndan görkeziji bolmalydyr. Şol görkezijiligiň başarnykly bolmagy düşündirmegiň,

ýagny konkret obrazlar üsti bilen öz ideýaňy okyjyňa bermegiň iň ýokary derejesidir. Düşündirmek ylmyň işi,görkezmek sungatyň işi ...Gurbansähedowyň poeziýasynda “subut edijilik”, “düşündirijilik” häsiýeti bar. Şonuň üçin hem onuň birnäçe goşgulary “agitasion” häsiýetli bolup çykypdyr”[1] diýýär.

Bu ýygyndy hakda “Perwyý sbornik molodogo poeta”[2] ady bilen Ruhy Alyýewiň hem bir makalasy çykýar.Bu makalada şahyryň ýygyndysyna girizilen goşgular temalara bölünip analiz edilýär. Makala durşuna diýen ýaly öwgüden ybarat bolup,ýöne onuň shemalaýyn goşgularynyň hem gabat gelýändigi az-kem ýaňzydylýar.

A.Kekilow “Alma ýene gülleýär”[3] ady bilen ýene-de bir makala ýazýar.Ol bolsa, Ata Atajanowyň, “Alma ýene gülleýär” diýen ýygyndysy hakda bolup, kitapça girizilen eserleri derňeýär.Makalada şahyryň gün saýyn ösýänligi, kämmileşýänligi eseriň çeperçilik derejesiniň ýokarlanýanlygy, tema baýlygynyň artýanlygy mysallar bilen delillendirilýär. “Ölmejek Zoýa” poemasynyň şowly çykandygy, tema taýdan aktuallygy, ýöne real durmuşdan üzňeligi nähilidir sypaýyçylyk bilen tankytnalynjak bolunýar. Şahyryň çeper diliniň ýeterlik syngylantly-lanmandygy, howul-hara ýazylan goşgularyň kitapçanyň gmmatyna zeper ýetirýänligi barada degerli bellik edilýär.

Tankytçy özüniň “Lebap nagmalary”[4] atly makalasyny Rahmet Seýidowyň 1949-njy ýylda çykan

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1945-nji ýyl, 11-nji iýul.
[2] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1947-nji ýyl, 11-nji sentýabr.
[3] “Sowet Türkmenistany” gazeti. 1948-nji ýyl, 11-nji iýul.
[4] Sowet edebiýaty žurnaly, 1949 –njy ýyl. N8.

ýygyndysyna bagyşlap ýazýar. Bu ýygynda girizilen goşgularyň iň oňatlary hökmünde şahyryň peýzaž lirikasydygyny adalatly belläpdir. Şu siklde ýazan goşgularynyň çeperçiliginiň oňatlygyny we ony suratlandyrmagyň janly ýagdaýda çykanlygyny belleýär.Yzyndan eserlerine analiz berip, olaryň kemçiligi barada gürrüň etmek bilen, şahyryň diliniň harsallygy, goşgynyň tehnikasy we formasynyň üstünde ýeterlik işlemändigini, aýtjak bolýan pikirini bulaşyk beýan edýänligi barada dogry bellikleri aýdyp, şeýle diýýär: "Setirleriň manysyna çuňňur pikir bermän, olaryň soňlarynyň sazlaşygyna gyzyklanmaklyk ine şunuň ýaly garynjaňlygy, taryhy wakalaryň kanuny hereketlerini ýoýmaklyga, sosialistik realizm usulyndan daşlaşmaklyga alyp barýar". Tankytçynyň dili bilen aýdylanda: "Halk sowet ýazyjylaryndan uly ussatlyk bilen ýazylan ýokary ideýaly eseri isleýär. Howul-hara, ýüzleý ýazylan eser medeni taýdan has ösen sowet alymlarynyň talabyny ödäp bilmeýär.[1]

Ellinji ýyllarda türkmen edebiýatynda dramaturgiýa janlanyp başlady. Bu žanrdan aktiw çykyş eden G.Seýitliýew, G.Muhtarow "Kümüş gapyrjak", "Çopan ogly", "Bagbanyň gyzy" ýaly pýesalary ýazdylar. Bu pýesalar soňra "Kümüş gapyrjak" ady bilen özbaşdak ýygyndy bolup çykdy.

Başda aýdyşymyz ýaly, uruşdan soňky edebi durmuş we tankyt hakda pikir ýöredilende, esasan edebi prosesdäki özgerişlige ünsi çekmeli bolýar. Eger "Aýgytly ädim" prozada roman žanrynda uly öňe gidişlik bolan

---

[1] Sowet edebiýaty žurnaly, 1949 –njy ýyl. N8. 64 s.

bolsa, H.Ysmaýylowyň “Iki atanyň bir ogly”, “Mugallymanyň gyzy” diýen eserleri çagalar edebiýatynda ajaýyp yz galdyran bolsa, G.Seýitliýewiň, G.Muhtarowyň “Çopan ogly” diýen pýesasy hem şeýle baha mynasyp drama eseridir. G.Seýitliýewiň, G.Muhtarowyň ol pýesalarynda sowatly, medeniýetli intelligentiň obrazy, türkmen aýalynyň täzeçil keşbi suratlandyrylýar. Awtorlar köplenç herekete üns berselerem, gahrymanlaryň monologlarynda olaryň içki dünýäsini, garaýyşlaryny, dil aýratynlyklaryny açmagy-da ussatlarça başarýarlar. Halypa edebiýatçy we tankytçy A.Kekilow bu alamatlary öz çykyşynda dogry belleýär.

Tankytçynyň “Kümüş guty”[1], makalasy Gara Seýitliýew bilen birlikde Güseýin Muhtarowyň “Kümüş guty” dramasy barada bolup, dramanyň üstünlikli tarapy barada giňden gürrüň edilýär. Dramanyň gahrymanlary Aman hem-de mugallym Pyllygyň obrazlarynyň gowşak çykandygy barada tankydy pikirleri orta atylýar. Aman Kekilowyň tankydy synlaryny umumylykda seredeniňde, onuň ylmy tarapyna köp üns berlip, tankyda gezek gelende, sypaýy stil duýulýar.

Şol döwrüň tankydy barada gürrüň edilende, B.Annanurowyň adyny agzaman geçmek bolmaz. Ol edebi-tankydy makalalar bilen metbugatda aktiw çykyş edenleriň biri bolup durýar.

Onuň “Söýgi” poemasy hakynda[2] tankyt we bibliografiýasy ýazyjy Aman Kekilowyň “Söýgi” romany hakdadyr. Tankytçy ilki romanyň mazmuny bilen tanyşdyryp, soňra analize geçýär. Yzyndan meşhur

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti. 1949-nji ýyl, 3-nji sentýabr.
[2] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1947-nji ýyl, 13-nji fewral.

ýazyjynyň, bu romany ýazyp, edebiýat meýdanynda görnükli orunlaryň birini eýeländigi barada, Ogulnabat, Begenç, Akmyrat ýaly sagdyn, häzirki zaman, gözümiziň görüp duran adamlarynyň obrazyny ussatlyk bilen berip bilendigi hakda belleýär. Eseriň kemçiligi barada söz açyp, uruş wakalary bilen bagly bolan epizodlaryň ynandyryjy däldigi, gaty ýöntem gelýänligi, beýlediginiň sebäbi ýazyjynyň özüniň uruş meýdanyndaky gowgalar bilen doly tanyş bolmanlygy üçinligini adalatly belleýär. Ol, tankydyny dowam etdirip:“şahyr sowet gyzlarynyň ýaňagyny nara, tenini ak pamyga we ş.m köne däp bolup gelýän meňzetmelerden peýdalanypdyr“ diýlip nähak igenýär. Elbet-de, bu tankytlap oturar ýaly düýpli kemçilik däl, onuň çeperçiligi babatda gürrüň eden bolsa gowy bolardy. Tankydyň dowamynda:“...adyndan belli bolşy ýaly, bu eserde söýgi barada kän gürrüň edilýär, dabalandyrylýar. Emma olaryň işleri duşmana bolan ýigrençleri şonuň ýaly söhlelenmeýär” diýilýär. Hakykatda bu eserde, Söýgi-de, söýgüniň üsti bilen gahrymanlaryň duşmana bolan ýigrançleri-de, işleride özboluşly, aýdyň şöhlelenýär. Olaryň dabaraly söýgüsi, başdan geçiren muşakgatlyklary, duşmana uly ýigrenç döredýär. Bu makalada “Ogulnabadyň Begençe bolan söýgüsini makullan, oňa guwanan mähriban enesiniň Begenç maýyp bolandan soň, olaryň durmuş gurmagyna üzül-kesil garşy durmagy garry ene barasynda ýaramaz duýgy döredýär... sowet eneleriniň wekilini şeýle suratlandyrmak dürs däldir”[1] diýen ýaly jümleleri, gabat gelmek bolýar. Eger awtor, Enebaýy maýyp bolup galan

[1] “Sowet Türkmenistany”, gazeti, 1947-nji ýyl, 13-nji fewral.

Begenje gyzynyň barjak bolşyny hiç bir garşylyksyz makullaýan edip suratlandyran bolsa, ynandyryjy çykmazdy. Ol enelere mahsus häsiýeti açypdyr, ene, öz çagasyna gezek gelende, hiç bir zada üns bermeýär, bagtly edesi gelýär, jany durmaýar. Bu zatlar durmuşda bolup eneleriň häsiýeti bolsa tipli berlipdir.

Umuman, tankytçy eseriň kemçiligini has çintgäpdir, ownuk, ýönekeý ýetmezçiliginiň üstünde-de döwnäpdir. Tankytçynyň makalalaryna syn salanyňda, eseriň gowşaklygyna, ýetmezçiligine gezek gelende, ýapydan inen ýaly, ýeke-ýekeden derňeýär. Bu bolsa öwgüli tankytdan täsirlidir. B. Annanurowyň beýleki tankydy makalalaryna geçmezden öň, ozal getirşimiz ýaly, deňeşdirme usuly bilen "Söýgi" romany hakdaky synlaryň ýene-de birini derňemekçi.

Bu roman hakda N.Aşyrow "Sowet intelligensiýasy hakynda täze eser "[1] ady bilen metbugatda çykyş edýär.

Makala, "Söýgi" poemasynyň birinji kitabyna ýazylan syn bolmak bilen, munda poemanyň sýužet ýordumy başdan-aýak analizlenýär. Romanyň tema taýdan aktuallygy, ideýa taýdan sagdynlygy, real durmuşdan alnandygy, gahrymanlaryň hereketleri, işleri, durmuşlary jikme-jikligi bilen eserde öz beýanyny tapýanlygy täsirli aýdylýar. Türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinji real, poetik romanlygy tekrarlanýar. Şunuň bilen birlikde tankytçy, bu romanyň ýetmezçiligi barada söz açyp, Akmyradyň söweş meýdanyndaky hereketiniň emosional görkezilmeýändigini belleýär. Elbetde, bu dogry, B.Annanurowyň makalasynda hem bu barada ýerlikli

[1] Sowet edebiýaty gazeti, 1947-nji ýyl.

gürrüň edilýär. Diňe bir Akmyradyň däl, Begenjiň hem söweş meýdanyndaky hereketi suratlandyrylman galýar, ýöne şahyryň dilinden beýan edilýär. Bu bolsa ýazyjynyň söweş wakalaryna näbelet bolandygyna güwä geçýär. Ýene-de makalada Akmyradyň terjime halyna köp orun berilendigini tankytçy belleýär, bu juda artykmaçlyk durmaýar, sebäbi ol –romanyň esasy gahrymanlarynyň biri. N.Aşyrowyň bu makalasyna baha berlende, onuň özboluşly, obýektiw ýazylandygyny aýdyp bileris, tankytçy esere oňat baha berýär.

Bu poemanyň käbir ýetmezçiligine garamazdan, türkmen edebiýatyny original obrazlar bilen baýlaşdyran şahyrana formada ýazylan uly göwrümli, terbiýeleýjilik häsiýetli eserdir.

Diňe bular hem däl, umuman lirika-epiki poeziýada A.Kekilowyň “Söýgüsi” türkmen edebiýaty möçberinde hadysadyr. muny uruşdan soňky döwrüň tankydy dogruçyl görkezmegiň hötdesinden gelip bilmedi. Poemanyň ähmiýeti, onuň şygyr bilen ýazylan romandygy, giň möçberliligi, kompozisiýa gurluşyndaky aýratynlyklary, ýazyjynyň ussatlygy hiç bir tarapdan açylman galdy. Bu eser uruşdan soňky türkmen edebi durmuşynyň uly wakasy bolupdy. Ilkinji bolyp, A.Kekilow Beýik Watançylyk urşy ýyllaryndaky /poemanyň aýry-aýry bölekleri 1945-nji ýylda metbugatda çykyp başlady/ türkmen zenanynyň obrazyna, onuň durmuşyndaky özgerişlige täzeçe çemeleşdi we onuň obrazyny, anyk-taryhy ýagdaý, döwür nukdaý nazaryndan açmagy başardy. Poemanyň içki ruhy, dili we beýleki taraplary şol döwrüň edebi tankydy tarapyndan ýeterlik analizlenmedi. Awtorlar diň onuň gahrymanlarynyň hereketlerini

yzarlamak bilen çäklendiler. Birnäçe ownuk kemçilikler adalatly bellense-de, onuň düýpli üstünligi aýdylmady. Ýöne N.Aşyrow bu özgerişligi azda –kände belledi.

Tankytçy "Şowuna düşmedik ýygyndy"[1] ady bilen Ruhy Alyýewiň "Göwnümiň sesi" /Aşgabat, TDN, 1947 ý./ ýygyndysyna bagyşlap makala ýazýar. Bu makalada ýygynda girizilen birlän-ikilän goşgy bolaýmasa, galanlarynyň iňňän ýaramazlygy mysallar arkaly subut edilýär, adalatly tankytlanylýar. Käbir üstünliklerine garamazdan, bu ýygyndy şowsyz çykan ýygyndylaryň hatarynda goýulýar. Tankytçy kitapçada ýerleşdirilen eserleriň köpüsiniň esasan jemgyýetçilik-syýasy taýdan ähmiýeti uly meselelere degişlidigini belläp, ýagşy niýet bilen çykarylandygyny aýdyp, şeýle diýýär:" Eger-de ol meseleleri temalary ýokary çeperçilik, şahyrçylyk dili bilen we serişdeleri bilen beýan etmek awtora başardan bolsa, onda eseriň ähmiýeti biçak uly bolardy. Emma şahyr bu wezipäniň hötdesinden gelip bilmändir. Onuň köplenç goşgulary gury öwüt-nesihat formasynda bolyp, özi hem dil, ritm,kapiýa taýyndan her ädimde büdüreýär.

Şol ýyllaryň metbugatynda ýazyjy Ata Atajanow hem, edebi tankyt bilen gyzyklanyp, özüniň birnäçe makalasyny çap etdiripdir. Ol "Bagtymyzyň ýaş aýdymçysy"[2], "Mugallymanyň gyzy"[3], "Halk şahyrynyň joşguny"[4], "Hasymguly Gurbanow"[5] atly makalalaryň awtorydyr.

---

[1] Sowet Türkmenistany gazeti, 1948-nji ýyl, 10-njy ýanwar.
[2] "Sowet edebiýaty" žurnaly, 1948-nji ýyl. N1.
[3] "Ýaş kommunist" gazeti, 1948-nji ýyl. 11-nji mart.
[4] "Bolşewik" žurnaly, Aşgabat, 1948-nji ýyl. N1
[5] "Sowet edebiýaty" žurnaly, 1949-njy ýyl. N4.

Onuň “Bagtymyzyň ýaş aýdymçysy” diýen syny Juma Ilmyradowyň “Goşgular ýygyndysyna“ / Aşgabat, TDN, 1947-nji ýyl./ bagyşlanýar. Mundan tankytçy şahyryň eserlerine tematika taýdan analizleýär, onuň watançylygyny, ahlak päkligini taryplaýar. Şahyryň ýygynda girizilen goşgularynyň birnäçesinden mysal getirilip, onuň “milli guwanjy, watan söýüjiligi, Lenin-Staline söýgüsi” barada giňden gürrüň edilýär. Ol sözüniň arasynda: “Görüp geçen setirlerimiz ýaş şahyryň çeper, original we ýürek gopduryjy ençeme goşgular döredendigini ýene-de bir gezek tassyklaýar”[1] diýmek bilen, şahyryň gurak, shemalaýyn, çeperçiligi taýdan hem belent bolmadyk goşgularyna diýseň ýokary baha berýär. Kitabyň ýetmezçiligi barada eden belliginde şahyryň döredijiliginde entek umumylygyň bardygyny, goşgularynyň çeperçiliginiň gowşaklygy, mazmun taýdan bulaşyklygyny, kapiýasynyň näsazlygyny belleýär we yzyndan, ol günäni şahyryň boýnundan aýryp, şeýle diýýär: “Şu kitapçanyň üsti bilen Juma lmyradowyň döredijiligine doly baha bermek örän kyn, çünki bu kitapda onuň zehinli döredijiligi örän garyp we birtaraplaýyn görkezilipdir. Emma, bu kitap ýaş şahyryň ilkinji ýygyndysy bolany üçin, okyjylary onuň döredijiligi bilen has gowy tanyş etmeli. Bu ýerde esasy günä, biziň pikirimizçe, awtorda däl-de, ýygyndysy bolany üçin, okyjylary onuň döredijiligi bilen has gowy tanyş etmeli. Bu ýerde esasy günä, biziň pikirmizçe, awtorda däl-de, ýygyndynyň redaktory ýoldaş Hajy Ysmaýylowda-dyr”[2] diýip kineli gürrüň edýär.

[1] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1949-njy ýyl. N4
[2] Şol ýerde.

Umuman, bu makala ýygyndynyň ähmiýeti barada, onuň çeperçiligi, kemçiligi barada, terbiýeleýjilik häsiýeti barada doly manyly düşünje bermeýär.

Ata Atajanowyň “Halk şäheriň joşguny” atly makalasy Ata Salyhyň “Joşgun” / Aşgabat, TDN, 1947-nji ýyl./ goşgular ýygyndysy barada bolmak bilen, munda ilki onuň derejeligi hakda gürrüň edilýär. Ýygynda girizilen goşgular başdan aýak taryplanýar, şahyryň ussatltygy onuň çeperçiligi, tematika aýratynlygy, terbiýeleýjilik ähmiýeti nygtalmak bilen, soňra onuň az-kem kemçiliginiň üstünde durulýar.

Onuň “Hasymguly Gurbanow” atly makalasy merhum şahyr barada ýagşy ýatlama bolup, onda onuň terjimehaly berilýär, okyjylary döredijiligi bilen tanyşdyrýar. Doganlyk-dostlugy wasp eden düşünjeli, sowatly şahyr bolanlygy barada gürrüň edilýär. Şahyryň proza žanry boýunça hem öz güýjüni synap görenligi, onuň bary-ýogy iki hekaýasynyň çykandygy, ýöne öz ussatlygyny bu žanrda berip bilmänligi barada söz açyp, tankytçy şeýle diýýär: “Emma bu iki hekaýanyň hem çeperçiligi, hem obrazlary barada-da gowşakdygyny bilýäris. Hasymguly biziň möwç urup joşýan durmuşymyzyň aktual temasyny saýlap bilmändir. Şonuň üçin-de hekaýalaryň ikisinde-de gahrymanlary shematik, jansyz portret bolup galýarlar. Elbet-de, bu ýaş şahyryň öz temalaryny gowy öwrenmändiginden gelip çykýan zatdyr”[1].

Makalanyň awtory Hasymguly Gurbanowyň bary-ýogy 23 ýaşandygy, şojagaz ömründe-de özüni şahyr

---

[1] “Turkmenskaýa iskra” gazeti, 1948-nji ýyl, 3-nji iýul.

hökmünde tanadandygy barada okyjylara maglumat berýär.

Ata Atajonow Hajy Ysmaýylowyň “Mugallymyň gyzy” powesti hakynda bibliografiýalaýyn syn ýazýar. Onda ilki kitabyň mazmuny bilen tanyşdyrylýar. Awtoryň real hakykaty açyp görkezýändigi, ýöne eseriň kemçiliklerden halas däldigi aýdylyp, onuň kemçilikleri analizlenýär. Dursunyň obadan gaýdanyndan soňky durmuşy, Rejebiň senetçilik uçilişşesinde okan pursatlary ynandyryjy suratlandyrylmaýar diýlip, aýdylýan adalatly bellikleri bar. Şonuň ýaly az-owlak ownuk kemçilikleri barada gürrüň edilip, çagalar barada ýazylan eserleriň iň gowularynyň hatarlaryna goşulandygy aýdylýar.

Hajy Ysmaýylowyň “Mugallymyň gyzy” powesti döwrüň edebiýaty bilen gyzyklanan okyşjysynyňda tankytçysynyňda ünsüni çekipdir. Bu onuň ürç edip okalýandygynyň, söýülýänliginiň, şöhrata eýe bolanlygynyň alamaty bolsa gerek.

Bu powest barada W. Permýakow “Powest o molodyh materýah” atly makala bilen çykyş edýär. Makalada eseriň sada dilde, çagalar üçin ýazylan, real durmuşy suratlandyrýan ajaýyp eserdigi barada gürrüň edilýär. Rejebiň obrazynyň, keçjal-da bolsa ýaşlara görelde bolarlyk häsiýetde berlendigi, tutanýerli, zähmetsöýer, etjek işini bilýän hökmünde suratlandyrandygy barada aýdylýar. Soňra çagalaryň dil aýratynlygyna üns berilmändigi, gepleşikleriň hemmesiniň birmeňzeşdigi, Rejebiň senetçilik uçilişşesindäki döwrüniň ynandyryjy suratlandyrylmandygy eseriň kemçiligi hökmünde dogry bellenýär. Şeýle-de bolsa, tema babatda-da, çeperçilik aýratynlygy babatda-da çagalar üçin ýazylan

eserleriň iň gowularynyň hataryna goşmak bolar diýlip, dogry kesgitlenilýär.

Şahyr Kemal Işanow hem bu powest barada “Mugallymyň gyzy” atly makala ýazýar. Onda, Hajy Ysmailowyň bütin döredijilik ýoly yzarlanyp, ýazyjynyň edebiýat meýdanyna girenine köp wagt geçmedik-de bolsa, original, çeper ýazylan eserleri bilen okyýjylar köpçüliginiň söýgüsini gazanandygy, “Mugallymyň gyzy” eseriniň çagalar edebiýaty üçin geçirilen konkursda 2-nji baýragy alanadygy barada gürrüň edilýär. Tankytçy eseriň položitel tarapyny umumy häsiýetde öwüp, onuň kemçiliklerine geçýär.

Powestde oba yzagalak edilip suratlandyrylýar. Çagalar-bezzat, kirli edilip görkezilýär. Rejebe, Oratdyny položitel obraz hökmünde göz öňüne getirmek kyn diýlip öwrenilýär. Hakykatda Hajy Ysmailowyň powestiniň oba durmuşynyň suratlandyrylýan bölümleriniň reallygy, çeperçiligi, her bir ownujak detalynyň-da ynandyryjy berlişi, çaga mahsus bolan ýumoristik detalynyňda häsiýetde berlişi bilen okyýjylar köpçüliginiň göwnünden turan eserdigi belli. Muny bütin edebiýatçylar-da öz belliklerinde nygtapdylar. Awtor munda zyýansyz, garagol çaganyň terbiýelenşini açyp görkezmegi maksat edinipdir. Tankytçy has öte geçip: “Çeper edebiýatda nämäniň köpe mysal bolup biljegini awtor bilýär. Emma bu ýerde awtoryň saýlan obrazlarynyň häsiýeti köpe mysal bolmaga laýyk däl“ diýip, yzyndan bu pikirini dowam etdirip: ... öz eserindäki käbir gahrymanlarynyň durmuşynda bolýan otrisatel häsiýetleri gözlemegi “Mugallymyň gyzynda” has

açyk görünýär[1] diýen ýaly gödeklige ýol beripdir. Sowet mekdebinde okaýan Gözeljigiň eliniň çorly bolmagy ylalaşar ýaly däl diýip, şeýle suratlandyrmaklygy üçin, ýazyjyny ýazgarýar. Oba ýerinde ýaşaýan çaga ejesi işe gidende, yzynda mala-gara ot ýygyp, tirt berip idi-mosuwat edýän elleriniň çorlamagy mümkin dälmika?! Ýa-da Rejep barada "Obada – garagol, şähere düşensoň, - ýygra öz güýjüne ynanmaýan ýaly" edilip suratlandyrylandygy üçin, ýazyjy tankytlanýar. Birinjidenä çaga ulaldygyça akyly kesip garagollygy aýrylyp ýuwaşaýar, ikinjidende obadan şöhere düşensoň çaganyň çekinjeň ýygry häsiýetiniň ýüze çykmagy adaty zat.

Umumylykda seredeniňde bu makala "Mugallymyň gyzy" powestiniň kemçiligini gizläp ýazylan ýaly, onuň ownujak detallaryda derňelip, kemçilik hökmünde görkezilip juda aşa çintgelinýär. Hatda "Durmuşy ýoýup görkezýär" diýlip bellenýän ýerleride bar. Edebi tankytçylaryň gazet sahypalarynda çykan söhbetlerinde, eserlere obýektiw baha bermekligiň zerurlygy barada gürrüň gozgalyp şeýle diýilýär: „Edebiýat meýdany mukaddes ýer, bu meýdana çykan adamyň ýüregi Watan goragyna çykan esgeriňki ýaly tämiz bolmaly"[2]. Bu sözler-edebiýat tankytçylaryna berlen ýerlikli maslahat.

Hakykatda Hajy Ysmaýylowyň "Mugallymyň gyzy" powesti ýazyjynyň döredijiligindäki uly üstünlik bolmak bilen birlikde çagalar edebiýatynda aýdyň yz galdyran eserleriň biridir. Bu eser okyjy köpçüliginiň göwnünden turdy. Onuň şöhrat gazanmagynyň esasy sebäbi ýazyjynyň temasynyň real durmuşdan alandygy

[1] Sowet edebiýaty žurnaly, 1948 ý № 2 59-60 s.
[2] Edebiýa we sungat gazeti 1978 ý 16-njy awgust

ideýasynyň berkligi, belent çeperçilige eýe bolanlygy bilen tapawutlanýanlygy üçündir. Beýle diýdigimiz ýazyjynyň bu powesti başbütin kemçilikden halas diýdigimiz däl. Onuň kemçiligini açyp, ýerlikli, adalatly çykyş eden tankytçylarda boldy. Onda ýazyjynyň, oba durmuşyny suratlandyranda, ussatlygy, şäher durmuşyna gezek gelende, esasan hem uçilişşe bilen baglanşykly ýerlerniň beýan edilişiniň gowşak çykanlygy hakda obýektiw gürrüň edildi.

50-60 ýyllaryň edebi pikirinde şeýle bir zat hem duýulýar. Käbir awtorlar bir ýa-da iki gezek metbugatda syn bilen çykyş edenlerinden soň, çykyş etmeklerini düýpden taşlaýarlar, beýle bolsa, onda ol bu žanra hiç hili ösüş getirmeýär. Emma birnäçe awtorlar hemişe çykyş edýärler. Täze eserlere seslenýärler. Şolaryň bir aktiw wekili hökmünde N. Esenmyradowyň adyny agzamak bolar. Ol uruşdan soňky döwürde metbugatda ýygy-ýygydan çykyş eden awtorlaryň biridir. Munuň çykyşlary köplenç proza žanryna bagyşlanypdyr. N. Esenmyradowda öz döwrüniň juwan awtorlaryna ýol görkezmek, olara problemalaýyn zatlary salgy bermek ýok däl.

Ol „Guba düýe berlip alnan kitap“[1], „Sosialistik obanyň waspy“[2], „Çagalara gerekli kitap“[3], „Başlangyç şahyrlaryň döredijiligi hakynda käbir bellikler“[4] atly makalalaryň awtorydyr.

Birinji getiren makalamyzda N. Saryhanowyň „Guba düýe berlip alnan kitap“ diýen eseri analizlenýär.

[1] Sowet Türkmenistany” gazeti, 1949-njy ýyl, 10-njy ýanwar
[2] Sowet Türkmenistany” gazeti, 1950-nji ýyl, 26-njy ýanwar
[3] Sowet Türkmenistany” žurnaly, 1950-nji ýyl № 10
[4] Ýaş kommunist gazeti, 1947-nji ýyl 25-nji sentýabr

Onda eseriň çeperçiligi tema täzeligi, diliniň akgynlylygy şowly çykan eserligi hakda giňden gürrüň edilýär.

„Çagalara gerekli kitap“ atly makalasyhda bolsa N. Pommanyň „Tapmaçalar kitapçasyna syn bolup, ol tapmaçalaryň gadymy wagtlardan bäri dowam edip gelýän žanrdygy, onuň häzirki zamanda-da ähmiýetiniň uludygy, çagalary terbiýelemekde, olaryň aňyny ösdürmekde rolunyň güýçlidigi bellenilýär. Tankytçy bi kitaby okan ýaş okyýjylaryň Türkmenistanyň haýwanat we ösümlikler dünýäsini öwrenip biljekdigini ýatladýar. Şonuň bilen birlikde kitapda ösümlikler dünýäsiniň özleşdirilişiniň görkezilişiniň ýagdaýlydygy, respublikamyzyň ýerasty baýlyklarymyzy, senagatyny, medeniýetini, ylymyny we sungatyny görkezýän tapmaçalaryň ýekejesiniňde duş gelmeýändigi hakda awtora igenilýär. Ýazyjynyň döredijiligi barada gürrüň edilende, onuň ideýa sagdynlygy, tema täzeligi, çeperçilik aýratynlygy göz öňünde tutulsa oňat bolardy. Emma oňa döretmedik zatlary barada ýazmaly eken diýlip igenilse, juda öte geçme bolsa gerek. Kitapçada meňzeş setirleri gaýtalanýandygy barada tankytçynyň eden belligi bilen ylalaşmak bolýar.

N.Esenmyradowyň “Başlangyç şahyrlaryň döredijiligi hakynda käbir bellikler” diýen makalasy edebiýat meýdanyna ýaňy aralaşan käbir ýaşlaryň örän harsal goşgylary hödürleýändigi, onuň üstünde bolsa basa işlemekligiň zerurlygy barada gürrüň edýär we mysallr bilen öz sözüni delillendirýär, olara maslahat berýär.

Tankytçy N.Esenmyradowyň “Sosialistik obanyň waspy “ diýen tankyt hem bibliografiýasy Ata Gowşudowyň “Bahar-Hoşgeldi” poemany hakynda bolup

makalada romanyň reallygy temasynyň aktuallygy täze durmuşa gadam basan kolhoz adamlaryny suratlandyryşy barada giňden gürrüň edilýär. Onda gozgolýan meseleleriň ähmiýetlidigini oba hojalygyny ösdürmek maldarçylygy ýokary götermek obany şäheriň yzyndan ýetirmek, önümçiligiň bolçulygyny döretmek adamlaryň aňynda saklanyp galan yzda galak pikirlere garşy barşylyksyz göreş alyp barmak ýaly ideýalaryň öne sürülmegi hakda hem gürrüň edilýär. Romanyň kemçiligi hökmünde gahrymanlaryň häsiýetlerinde uly adama mahsus bolmadyk öýkelekligiň köp gaýtalanmagy onuň ýaramazlygy barasyndaky belligi ýerlikli. "Mundan başga-da" adamlaryň bar ýetmezçiliginiň gylyk häsiýetleriniňde erbetliklerini goşup, awtoryň bu gahrymany položitel görkezjek bolmagy, biziň pikirimizçe ýerliksiz bolsa gerek. Meselem, Wüşi kel zyrajym gorkak, öwünjeň çypdyrma ýalançy bolansoň onuň üzüm saklaýşy, möjek tüpeňleýşi ogry tutuşy ýasama bolup çykýar"[1] diýen pikiri bilen ylalaşmak bolmaz. Durmuşda hemme adamlar birmeňzeş bolmaýar. Häsiýetleri, özlerini alyp barşy, sypatlary dürli- dürli bolýar, gyzykly ýeri-de şolaryň aýratynlyklaryny görkezmekde. Awtor Wüşi keli položitel ýa-da otrisatel etjek bolup jan çekýär, ýöne okyjy ony halaýar, onuň harakterlerinden lezzet alýar, Wüşi kel orginallygy bilen beýleki obrazeslerden tapawutlanýar, okyjynyň ýadyndan çykmaýar. Eýsem durmuşda şeýle adamlar barmyka? Gorkak bolanynda zulum saklap bilmezmi?! Elbet-de, durmuşda her hili tiplere gabat gelinýär, adam, gorkak bolanynda-da, işsiz ýatmaýar

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1950-nji ýyl, 26-njy mart.

ahyry. Wüşiniň obrazynyň şeýle görkezilmegi ýazyjynyň synçylygynyň hem-de ussatlygynyň belentligi üçindir halk ýumaryny ökde bilenligi üçindir.

Umuman, bu makala Ata Gowşudowyň, “Bahar - Hoşgeldi”romany hakynda ýazylan oňat syn bolmak bilen, käbir ylalaşyp bolmajak belliklere garamazdan, munda romana iňňän ýokary baha berlipdir. Eserde ýaşlaryň dostluga belent söýgä täze zähmet üstünliklerine gatnaşygynyň açylýandygy, janlandyrylyp jemgyýetçilik işiniň halkyň bähbidi bilen mäkäm baglanşykda berilýändigi hakynda giňden gürrüň edilýär. Bu bolsa tankytçynyň ünsünden düşmändir. Elbet-de roman kemçiliksiz däl, onuň kemçiligine soňky ýyllaryň edebiýat tankydynda obýektiw baha berildi. Biz öňde derňän eserlerimiz baradaky soňky döwürde ýazylan synlary almakdan saklandyk.

Ýazyjy B.Seýtäkow hem edebiýaty öwreniş ylmy we edebi tankyt barada makalalar bilen şol döwrüň metbugatynda çykyş edipdir.

Ol “Uzyn setirler we hakykat” ady bilen Çarygulyýew Akmyradyň “Durmuş çeşmesi”(Aşgabat TDN 1948 ý) diýen ýygyndysyna syn ýazýar. Ýazyjy bu makalasynda, şahyryň döredijiligi barada gürrüň edip,onuň şu ýygyndysynyň öňki çykan “Güneş” atly ýygyndysyça ýoklugy, guraksy tarypnama bolup, çeperçilik babatda-da iňňän gowşakdygy ýygyndydan alnan setirler bilen subut edilýär we adalatlygy tankytlaýar. Ýygyndynyň awtorynyň durmuşy aşa mahabatlandyryp: “ Eýwanla tamym bar, göwnümi açýar” (26 sah) “Işiginde bag goýny bar maly bar” (27 sah) diýen ýaly setirleri goşga salyp çyn hili şahyrana setirleri peýdalanmaýandygy, şonuň üçin onuň

şygyrlarynyň guraklygy hakda giňden gürrüň edilýär. Hatda bir goşgynyň iki at bilen gaýtalanyp ýygynda girizilişi goşgylarynyň belli bir tertipde ýerleşdirilmändigi barada diňe bir awtora däl, redaktorynada ýerlikli igenilýär.

B. Welmyradowyň "Durmuşy öwrenmezligiň netijesi"[1] diýen makalasy B. Seýtäkowyň "Bahargül" dramasy barada bolup onda ýazyjynyň kän işleýänligi, şonuň bilen-de onuň galamynyň astyndan çykan işleriň harsal, ideýa taýdan we çeperçiligi babatda gowşak çykýanlygy barada gürrün edilýär. "Bahargül" dramasy analizlenip, mysallar bilen sözlerini delillendirýär. Ýazyjynyň durmyşy içgin öwrenmezligi, materiallary özleşdirmezligi netijesinde dramanyň real durmuşdan – üzňe, wakalary- gyzyksyz, konfikti gowşak çykanlygy adalatly tanalýar.

Ýazyjy Hajy Ysmaýylow "Durmuş hekaýasy"atly makalasyny ýazyp, onda B. Seýtäkowyň "Ogul sowgady" diýen eseri barada gürrüň gozgaýar. Makalada eseriň aktuallygy ideýasynyň çeperçiliginiň hem-de gozgalýan meseleleriň çözülişiniň göwne jaýlygy real durmuşy suratlandyrýanlygy tipli obrazlary aýdyňlaşdyrmakdaky ussatlygy barada giňden durylýar. Tankytçy, onuň çalt we köp işleýänligini nygtamak bilen has harsal ýazylan eserleri-de okyjylara hödürleýändigini aýdyp, şeýle diýýär: "Hekaýanyň sýužetine kömek bermeýän, hiç bir rol oýnamaýan artykmaç, çeperçilik taýdan delillendirilmedik tötänlikler we ynandyryş, görkeziş usulynyň deregine, subut etjek bolmak, düşündirmek usuly bilen

[1] "Sowet edebiýaty" žurnaly, 1948-nji ýyl, №3

ýazylan ýerleri galyberse-de, hekaýany okap barýarkaň, Seýtäkowyň, umuman kyssalaryna degişli bolan harsallyga, häli-şindi degip duran çig-çarsylyga duş gelýärsiň”[1]. Tankytçynyň bu belligi bilen ylalaşmak bolar. Esasan hem ýazyjynyň irki döwür döredijiligi barada aýdylanda, ýokarky ýatlananlar ýerliklidir. H.Ysmaýylowyň bu çykyşynda iki ýagdaýyň barlygyny bellemekçidiris. Olaryň biri – B.Seýtäkowyň döredijiliginiň ösýänligine guwanýandygy oňa obýektiw çemeleşendigi bolsa, beýlekisi ýazyjynyň ösüşine böwet bolýan harsallygyň, jogapkärsizliginiň dogry bellenilýänligidir. Bu hili tankyt B.Seýtäkowyň ösmegine, onuň meşhur prozaçy bolup ýetişmegine ýardam edýär. H. Ysmaýylowyň özi prozaçy bolansoň, onuň tankydy çykyşlarynyň köpüsi proza eserlerine bagyşlanandyr. Şu jähtden alanyňda-da onuň pikiriniň ynandyryjylygy hem güýçlidir. Şonuň üçin bolsa-da mümkin, B. Seýtäkowyň “Oba hekaýalary” ady bilen 1948-nji ýylda çykan ýygyndysy henize bu güne çenli öz täsirliligi bilen okyjylaryň ýadynda saklanýar.

Umumylykda jemlänimizde merhum tankytçy Abdylla Myradowyň edebi tankyt barada aýdan aşaky setirleri bilen ylalaşýarys: “Biz çeper eserlere baha berenimizde, shematizmiň çäklerinden çykyp bilmeýäris. Ýokarda atlary agzalan makalalaryň haýsy barada alsaňda olarda bar bolan üstünliklere we ýetmezçiliklere sabyrly iş bilijilikli, tutanýerlikli garaýşyň ýetmezçilik edýändigini aňlaýarys. Çeper eserleriň obrazlar sistemasy, temalara täzeçe çemeleşişi, ideýalary täzeçe berişi olaryň her biriniň

[1] “Sowet edebiýaty” žurnaly, 1948-nji ýyl, №3, 50 s.

hut özlerine has bolan çeperçilik aýratynlyklary edebiýat tankytçylatrynyň nazaryndan düşüp galýar. Edebi tankydy makalalarda eserleriň oňat taraplary hakynda diňe "plan eser çeper ýazylypdyr, şowly çykypdyr, onda awtor oňat meňzetmelerden ussatlarça peýdalanypdyr diýen pikirler ol makaladan beýleki makala geçýär. Onyňam käbir makalalardan beýleki eseriň konkret analizi ýazyjynyň niýetini kesgitlenmäge syrykdyrylýar. "Yazyjy plan zady görkezjek bolupdyr" ýaly jümleler islendik makaladan, syndan tapmak bolýar "[1]

Ýokarda tekrarlanyşy ýaly ýazyjylaryň ýygyndylaryna ýazylan synlaryň köpüsi üljä öwrülen jümleler bilen tamamlanýar. Olaryň köpüsinde: "şahyryň ideýasy sagdyn, watançylygy belent, niýeti gowy" diýen ýaly jümlelere sataşmak bolýar " temasy aktual, real hakykaty açýar diýen ýaly sözler bilen öwmeklik kada öwrülýär/ eseriň çeper beýan edilişi obrazlarynyň originallygy barada örän seýrek gürrüň edilýär.

50-60-njy ýyllarda türkmen edebi prozasy haýalda bolsa öz tematik göwrümini giňeldýär. Prozada , poeziýada, dramaturgiýada täze owazlar eşidilýär. Türkmen edebiýatynda irden bäri belli şahyrlar ýazyjylar eýýäm kämillik derejesinde durýardylar. Olardan B.Kerbabaýew A.Gowşudow A. Kekilow dagy öz esasy düýpli eserlerini ýazyp gutarypdylar ýa-da ýazyp ýördiler. Biz "Söýgi" "Köpetdagyň eteginde" eserlerini we H.Ysmaýylowyň tutuş döredijiligini göz öňünde tutýarys we şonuň bilen birlikde edebiýat meýdanynda G.Seýitliýew A.Atajanow, B. Hudaýnazarow, M.Seýidow

[1] A.Myradow.Edebiýatymyz hakynda oýlanyp.Aşgabat,TDN,1962, 87 s.

ýaly özbolyşly belent owazly lirikaçylar hem gelipdi. Bu bolsa edebi durmuşymyzyň serhetiniň giňelýändigini tassyklaýardy. Ýöne edebi tankyt welin entek ownuk synlar bilen çäklenýärdi. Emma Türkmenistanda ýaşaýan rus ýazyjylary Moskwanyň belli alymlary, tankytçylary bu žanryň ösmegine kömek etdiler.

Edebi tankydyň ol diýen güýçli depgin bilen ileri gitmekligini başga bir ýagdaýa hem baglydyr. Türkmen edebiýatynyň aktiw wekilleriniň hemmesi diýen ýaly ozal çeper döredijilik bilen meşgul bolan we şeýle bolup gelýän awtorlardyr. Galyberse-de bu žanr örän köp tagalla we töwekgelçilik talap edýär. Bu ugurdan işleýän awtor derňeýän eserine, ownuk bellik etmekden başga-da näme etmelidigini hem aýtmagy başarmaly. Şu ýagdaý bolsa az duş gelýär. Tankydyň pikiriň öňki soýuz möçberinde-de şol döwürde ýagdaýlygyny hem bellemegimiz gerek. Bularyň üstünde, göz ýetim obýektiw pikirlenmegi başarmagyň gerekdigini hem goşmaly.

Türkmenistanda ýaşaýan rus ýazyjylatynyň arasynda A.Aborskiý biziň edebiýatymyzyň öňunde köp iş bitirdi. Ol, 40-njy ýýllrdan başlap tä şu günlere çenli metbugatda publisist hökmünde obýektiw çykyş edip gelýär. Ol A.Gowşudow, A.Salyh bilen ýakyn aragatnaşykda boldy. Olaryň döredijiligini içgin öwrendi we köp çykyş etdi. “Aýgytly ädim’ ýaly düýpli eserlere ilkinji obýektiw baha berenleriň biri A.Aborskidir. Bu ýazyjy edebiýat tankytçysy publisist hökmünde öz derňeýän eserleriniň ähmiýeti, aýratynlygy tiz duýýan we ony real görkezýän awtordyr. A.Aborskiniň tankydy çykyşlarynda dostlykly aladaly äheň köp bolup, ol edebi pikirleriň ruhyna ýylylyk berýär.

Bu döwrüň edebi tankydy umuman edebi prosesden uzňe bolmady. Ol edebi proses bilen organiki bitewilikde öçdi. Eger B.Kerbabaýew, A.Kekilow, A.Gowşudow, H.Ysmaýylow, ýaly ýazyjylar iri eserler döreden bolsalar N.Aşyrow S.Garryýew ýaly edebiýatşynaslar kandidatlyk dissertasiýasyny goradylar. Ol döwürde ylym dünýäsinde beýle wakalar seýrekdi. Mundan başga-da, poeziýadan täze kitaplar has köp peýda bolup başlady. Drama žanry janlanyp ugrady. Şeýle boluşy ýaly, tankyt has operatiw, işjeň ýagdaýa geçdi. Emma tankydy pikiriň entek örüsi darlyk edýärdi. Muňa uly problemalary orta atmaklyk başardyp barmaýardy. Ýöne, muňa garamazdan belli-belli awtorlar meselä töwerekleýin çemeleşmäge meýil bildirýärdiler, çynlakaýlyk bilen ýapyşýardylar. A.Aborskiý , P. Skosyrew ýaly rus ýazyjylary, alymlary ösüşi diňe ownuk kemçilikleri bilen bilelikde däl-de, şol çeper eserleriň özüni ugrukdyrmakda çeperçilik ussatlygy ýokary galdyrmakda diýip hasap edilýär. Bu poeziýa bolsa örän dogrydy. Şuňa “Aýgytly ädimiň” töwereginde giňden gyzgalaňly piker alyşma sebäp boldy. Alym we şahyr Aman Kekilowyň şol döwürde ýazan synlarynda hem uly meseleler gozgalýardy.

Başga bir tarapdan, tankyt öşüşini tutuşlaýyn ýygyndylarda däl-de gündelik metbugatda görýärdi. Ol döwürde Sowet türkmenlerini “Ýaş kommunist” “Türkmenskaýa iskra” gazetleri tankyt žanryny ýokary götermekde uly iş bitirdiler. Emma “Sowet edebiýatynda” welin beýle aktiwlik azdy. Problemalaýyn zatlar az gozgalýardy, şeýle-de bolsa tankyt ösüşdedi.

Şol wagtyň edebi tankydynda edebi çekişmeler-de bolupdy. Onda klassik şahyrlaryň eserlerinden

peýdalanmaklyk bardy,goşgy formalarynyň hilleri we gaýrylar barada her hili çekeleşmeler guralýardy.

H.Ysmaýylow uruşdan öň bary ýogy iki-üç ýylyň içinde professional çagalar ýazyjysy bolup ýetişdi. Ol talaply prozaçydy. Emma onuň tankyt žanryndan çykyş etmegi onda-da çekişme mazmunlar makalalar bilen çykyş etmegi-de gyzyklanypdyr. Ozaly bilen, ol edebi prosesiň, has beteri, poeziýanyň ösüşiniň mazmunyna forma baglydygyna dürs göz ýetiripdir. Şonuň üçin ol şahyrlara garanyňda, ilkinji bolup bu meselä üns çekdi.

Ol goşgy düzmegiň formalarynyň ulanylyşy barada "Goşgy düzmegiň formalary hakynda"[1] atly makala bilen çykyş edýär. Bu makala gaty oýlanşykly hemde sowatly ýazylan makaladyr munda, goşgy formalary barada gürrüň gozgalyp häzirki zamanda üns edilip ulanylýan formalaryň şowlulary we şowsuzlary seljerilýär. Käbir goşgy formasyny ret edýän käbir tankytçylaryň pikirlerine garşy netijeli pikirler aýdylýar. Onda şeýle diýilýär: "Edebiýat formalaryny heý-de gadagan etmek bolarmy? Gaýtam şahyrlar täze-täze formalary gözlemäge ymtylýarlar, gözleýarlerem tapýarlaram".

…Gaýtam goşgynyň owadanlygyna kowalaşyp mazmunyň kapiýalara gurban edilmegi halanmaýar" diýilip adalatly pikir ýöredýärler. Ol goşgy formasy hakyndaky gürrüňi dowam etdirip: "Eger şeýle bolsa onda has progressiw formalary gözlemegiň kapiýany setirlerdäki dogry ritm we basym-y sesleriň belli bir ölçege gaýtalanmagy bilen çalşyryp "erkin goşgy" kapiýasyz goşgy formasynada ýol arçamagyň wagty geldi

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl, 21-nji fewral.

diýip mesele goýmak gerek” diýen ýaly ýerleri-de bar. Okyjylaryň ýazyjy şahyrlardan edýän talaby güýçlenýär, häzirki zaman okyjysy çeperçilik, ideýa mazmundan belent bolan eserleri talap edýär.

Şu çekişmä G.Gurbansähedow “Eseriň ýokary çeperçiligi ugrunda”[1] atly makalasy bilen goşulýar. Bu makalada awtor başaşa kapiýalaşýan we erkin goşgylary okyjy köpçüliginiň söýmeýändigi barada kepil geçýär we boşaşa rifmalaşýan şygyr eseriň hilini peseldýär, çeperçiligini gowşadýar diýip belleýär hem-de öz sözüni tassyklajak bolup birnäçe mysallar bilen sözüni uzaldýar. Soňa baka makalanyň awtory goşgy formasy hakdaky çekişmäniň çäginden çykyp H.Ysmaýylow ýiti jedele girip çakdan aşa igeniçli sözleri getirip uly günä eden ýaly, oňa igenýär.

Umuman, tankyda perdelenip, kineli, igeniçli pikirleri orta atmaklyk nädogry, gelşiksiz ýörelge bolup ol hemme wagtda jemgyýetçilik we ylmy tarapyndan ýazgarylan zatdyr. Ol awtora-da tankyt žanrna-da hiç bir peýda bermeýär tersine, medeni pesligi, adam mertebesini kemsitmegi aňladýar. Beýle ýagdaýdan tankytçy gaça dursa ol şonça belent şahsyýet bolýar we öz wezipesine dogry düşünýär.

B.Seýtäkowyň şol ýýlyň 27-nji martyndaky sanynda “Çäklendirmegiň garşysyna” atly makalasy şu çekişmä seslenme bolup onda kapiýa başaşa bolsun, boşaşa bolsun, esasy zat eser ideýa taýdan durnukly onuň obrazlary aýdyň bolsa halk köpçüligi tarapyndan söýiljekdigi hakda gürrüň gozgalyp adalatly pikir

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1948-nji ýyl, 21-nji fewral.

ýöredilýär. Şol makalada çeper, has göni beýan edip "ol öz pikirini "başaşa" bilenmi aňladylyp bilenmi pikirini şolarynyň haýsy birinde has açyk beýan edip bilse onuň haky bar.

… Ýoldaş Gurbasähedow H.Ysmaýylowyň görkezen mysallaryny puja çykarjak bolup makalanyň başyndan tä aýagyna çenli çalşýar. Ysmaýylowyň pikirlerini yza galak pikirler diýip tassyklaýar emma ol muny başaryp bilenok. Gyssanan ýerinde "bu formany /boşaşany/ okyjy halamaýar" diýip goýberýär"[1] diýlip aýdylan setirler maňzyňa batýar. Beki Seýtäkow bu makalada obýektiw pikiri orta atýar, netijeli gürrüň edýär, onuň aýdanlary bilen doly ylalaşmak bolar, ýöne onuň hem G.Gurbansähedowa beren jogaplary has gödeksi, şondan galmajak bolýan ýaly, bu hem ownukçyllyga urýar. Ol, öz pikirini dowam etdirip, şeýle netijä gelýär: "Şygryň her bir formasyndan gaçmak we birini ýagşy görip, beýlekilerini aradan kowup çykarmak gerek däl we joşgunly sowet şahyryny belli bir galypa salmaga çalyşmagyň özi nädogry bolýar. Goý ol, islese, "a, b, ç, b" bilen, islese, "a, a, a, b " bilen, islese-de kapiýasyz erkin forma bilen ýazsyn. Ýöne weli ol şygyr örän çeper bolsun, durmuşda öz tutmaly ýerini tutsyn"[2] Awtoryň şu aýdanlary bilen ylalaşmazlyk mümkin däl. Düşünjeli, oýlanyşykly aýdylypdyr.

Bu çekişmä Berdinazar Hudaýnazarow hem goşulyp: "Okyjynyň islegi" atly makala bilen çykyş edýär. Bu hem, Beki Seýtäkow ýaly H. Ysmaýylowyň pikirini dogry tapyp: "Onuň üçin okyjylaryň şu günki ösen

---

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl, 27-nji mart.
[2] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl, 27-nji mart.

talaplaryny ödäp bilýän her bir çeper eser, onuň haýsy formada ýazylandygyna garamazdan, okyjy tarapyndan oňat kabul ediler diýip men pikir edýärin. Eger şu formada /boşaşa formasynda/okyjynyň beýik talaplaryny ödeýän oňat eserler döredilse, onda , ýoldaş Gurbansährdowyň aýdyşy ýaly, "yza çekilmek" bolmaýar, belki öňe gitmek bolar"[1] diýlen setirler göwne makul.

B.Hudaýnazarowyň çykyşynda iki sany bellemeli zat bolup, umuman, şol döwrüň tankydy üçin täzelikdir. Awtor poeziýa özüçe düşünýär. Onuň meýdanynyň giňelýändigini duýýar. Galyberse-de, ol forma standart garamaýar-da, döredijilikli çemeleşýär. Forma doňup duran zat däl, ol mazmuna, tema bagly diýen pikirden ugur alnyp ýazylan makala bu çekişmä täze many berdi we ony gyzyşdyrdy.

Soňra N.Pommanyň "Çeper eseriň mazmuny çuň we formasy berk bolmalydyr"[2] atly makalasynda G.Gurbansähedowyň pikiri goldanylýar. Onuň täze formalary halamaýanlygy awtoryň pikirini beýan edişinden düşnükli bolýar. N. Pomma , H.Ysmaýylowy bir taraplaýyn kötekleýär, gurak, esassyz setirler bilen, onuň garşysyna gidýär, ynandyrjak bolup jan çekýär.

Şol gürrüňini eden ýylymyzyň 23-nji maýynda çykan sanynda "Goşgy düzmegiň formalary hakyndaky çekişme dogrusynda" atly makalada, bu çekişmäniň jemi jemlenip, H. Ysmaýylowyň pikiri adalatly tapylyp, şeýle netije çykarylýar: "Mundan başga-da haýsy-da bolsa bir forma poeziýanyň ýeke-täk formasy bolup bilmez. Bütin şahyrlarymyz türkmen klassiki edebiýatynda peýdaly

[1] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl, 2-nji aprel
[2] "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1948-nji ýyl, 4-nji aprel

bolan bütin formalary we biziň poeziýamyza rus we başga sowet halklarynyň edebiýatyndan geçen formalary öz döredijijklerinde ulanmalydyrlar. Formanyň dürli-dürli bolmagy we onuň başarnykly ulanylyp bilinmegi mazmunyň ýeňil we aýdyň beýan edilmegine giň we aýdyň mümkinçilik döredýär. Şonuň üçin-de bir formanyň tarapyny tutmak bilen beýleki formalary inkär etmek ýa-da olary ikinji orunda goýmak bolmaz”[1]

Ine, ýokardaky dartgynly çekişmäniň jemi jemlenýar, adalatly pikir aýdylýar. Hakykatda-da ýagşy bilen ýamany okyjy seljerýär, goý, ol haýsy formada bolsa bolsun, ideýa taýyndan sagdyn, çeperçilik taýdan belent bolsa, ol öz okyjysyny tapýar.

Çekişme düýpli, çylşyrymly hem köpçülige bähbitli zady orta atmaly, ony sowukganly, oýlanşykly alyp gitmeli. Bu hili ýagdaýlarda awtorlaryň şahsyýetine, bilimine dil ýetirmeklik adalatly däldir. Goşgy formalary barada çekişme, tutuşlaýyn alanyňda, obýektiw jemlenýär. Ol redaksiýanyň tutýan pozisiýasynyň dogrylygyny, taraplaryň umumy dil tapandygyny we poeziýa ösüşiniň ugurlarynyň obýektiw kesgitlenendigini aňladýar. Şeýle aýratynlyk bu döwriň tankydynda položitel netijelere getiripdi. Tankydy we döredijі güýçler umumy maksat üçin gyzykly çekişmä goşant goşdylar.

Türkmen edebi tankydy pikiriniň öňe gitmeginde, umuman, rus awtorlarynyň ýa-da rus edebiýaty bilen baglanyşykly türkmen metbugatynda çap edilen materiallaryň hem ähmiýeti örän uludyr. Ylaýta-da şol döwürde beýik rus tankytçysy W.G. Belinskiniň “Gogola

---

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1948-nji ýyl, 2-nji maý.

hat” /”Sowet edebiýaty”, 1948-nji ýyl, N-5/. “N.W. Stankowiçe, W.P Botkine, A.I Gersene” /”Sowet edebiýaty,” 1948-nji ýyl, N-6/ ýazylan hatlaryň çap edilmegi, galyberse-se, onuň tankydy makalalarynyň ýygyndysynyň çap edilmegi bu žanryň ösmegine, onuň özboluşly aýratynltklarynyň kemala gelmegine, stiliniň subut edijilik taraplarynyň ösmegine getirdi. Soňra Blagom, Bohanowskiý, Ždanow, Rowýakin ýaly sowet alymlarynyň sene ýa-da aýry-aýry wakalar bilen baglanşykly şygyrlary biziň edebi tankydymyza uly goldaw berdi. Bu bolsa biziň “umumy medeniýetimiz, tutuş filologik ylmymyz üçin ägirt goşant boldy.

Edebiýatyň sagdynlygy üçin edebi tankyt zerur serişde bolup, ikisini aýrybaşga ulanmak mümkin däl.

Tankydyň ykbaly, belli bolşy ýaly, hemişe janly edebi prosesiň ykbaly bilen badaşandyr. Şeýle bolmazdan, çeper esersiz ýa-da haýsydyr bir ýazyjynyň döredijiligi hakyndaky yzygiderli pikir alyşylmasy bolmazdan edebi tankyt barada pikir ýöretmeklik biweçlikdir. Eger türkmen sowet edebiýatynyň döräp başlan döwürleri ýa-da urşuň yzysüre edebi prosesde bolup geçen ýagdaýlary nazara alsak, onda biziň ýokardaky tassyklamamyzyň ýerliklidigi öz-özünden belli bolar. Çünki tankydyň “jany “ metbugat bilendir... Ol mydama gündelik metbugatda özüni oňat duýup geldi. Halypa edebiýatçylardan A. Kekilowyň, R. Rejebowyň, K.Jumaýewiň gatnaşmagynda çeper tankydyň gysgaça oçerkinde-de, birinji nobatda, gündelik metbugatda peýda bolan synlar, uly-uly çekişmeler seljerildi. Ol mundan bu ýana-da şeýle bolmaly. Sebäbi tankydyň syn pudagy ilki “dil açýar” eserlere baha berýär. Ýöne şonuň bilen mesele gutarmaýar. Tankyt-sözüň doly

manysynda örän kyn, çylşyrymly hem ynjyk ugur. Munda dartgynlylyk köp bolýar.

50-60-njy ýyllarda edebiýatyň we tankydyň hilini gowulandyrmagyň we ösdürmegiň çäreleri hakda metbugatda yzygiderli çykyş edilip durulýar. Olardan:”Ýaş awtorlar bilen işlemegi gowulandyrmaly”[1], B.Welmyradowyň “Türkmen sowet edebiýatyny täze belentlige götermeli”[2], “Türkmen sowet edebiýatynyň mundan beýläk-de ösmegi ugrunda göreşmeli”[3], “Edebiýatyň ideýalylygy ugrunda göreşeliň”[4], “ Edebiýatyň çuň ideýalylygy we ýokary çeperçiligi ugrunda”[5], “За дальнейщее развитие и идейную чистоту туркменской советской литературы”[6], “Ýokary derejeli çeper eserleri döretmek ugrunda”[7], “Türkmen sowet edebiýatyny ösdürmek ugrunda”[8], N.Amanowyň :“Edebiýat we sungat işgärleriniň möhüm wezipeleri”[9], “Halkyň islegine laýyk eserleri döredeliň”[10], “Edebiýat tankydynyň möhüm meseleleri”[11], K. Berdiýewiň “Edebi tankydyň käbir meseleleri hakynda”[12], “Edebi tankydy ösdürmeli”[13], G.Gurbansähedowyň: ”Türkmen sowet

---

[1] “Ýaş kommunist” gazeti, 1951-nji ýyl, 10-njy iýun

[2] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 14-nji awgust.

[3] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 25-nji sentýabr. /Baş makala/.

[4] “Ýaş kommunist” gazeti, 1951-nji ýyl, 25-nji sentýabr. /Baş makala/

[5] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1948-nji ýyl, 27-nji mart

[6] “Туркменская искра” gazeti, 1951-nji ýyl, 29-njy sentýabr.

[7] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1952-nji ýyl, 5-nji fewral. /Baş makala/

[8] “Ýaş kommunist” gazeti, 1952-nji ýyl, 5-nji fewral.

[9] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1948-nji ýyl, 2-nji maý

[10] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1953-nji ýyl, 26-njy fewral. /Baş makala/.

[11] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 134-nji awgust

[12] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 25-nji sentýabr /Baş makala/

[13] “Ýaş kommunist” gazeti, 1951-nji ýyl, 25-nji sentýabr /Baş makala/

edebiýatynyň ýagdaýy we wezipeleri”[1], Sowet Türkmenistanyň ýazyjylarynyň söweşjeň wezipelerini”[2], “Edebi tankyda köp üns bermeli”[3], “Ýaşlar döredijiligine köp üns bermeli”[4], “ Türkmen sowet edebiýatynyň mundan bu ýana-da gülläp ösmegi ugrunda”[5] atly makalalary edebiýatyň ideýalylygyny, partiýalylygyby hem-de halkylygyny gowulan-dyrmagyň ýollary we edebi tankydyň ähmiýeti barada mesele gozgaýar. TSSR Ýazyjylar soýuzynyň III gurultaýynda we ady agzalan şol makalalarda esasan hem edebi tankydy ösdürmeklige köp üns berilýär.

Görşüňiz ýaly, bu getirilen makalalaryň köpüsi “Sowet Türkmenistany” ýaly partiýalaýyn metbugatda orun alypdyr. Şol çykyşlaryň hersiniň öz öňünde durýan maksady bar. Biz olary yzda, ýeri gelende bellemekçi. Ýöne bir hakykat häzir äşgär bolýar. Ol-talap edijilik. Edebiýata partiýanyň aladasy bilen garamak, onuň ideýa we çeperçiilik päkligini goramak meselesi öňde goýulýar. Bu ýerde haýsydyr bir awtoryň döredijiligini yzarlamak maksat edilmeýär. Diýmek, tankydyň aladasy döwre görä belende galýar. Uruşdan soň, galyberse-de, 50-nji ýyllardaky çeperçilik pese düşüşligi /Muny SSKP-äniň XX gurultaýy adalatly belledi/ tankyt ýaly kyn žanry basmarlady. Ine, şonda-da biziň edebi tankydy güýçlerimiz ösüşe ýol agtardy, ýazyjylaryň mertebesini, olaryň ideýa kuwwatyny gorady. Ol pikir ýörite baş

[1] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 14-nji awgust /Baş makala/
[2] “ Türkmenskaýa iskra” gazeti, 1951-nji ýyl, 29-njy sentýabr
[3] “Sowet Türkmenistany” gazeti, 1952-nji ýyl, 5-nji fewral
[4] “Ýaş kommunist” gazeti, 1952-nji ýyl, 5-nji fewral
[5] “Sowet edebiýaty” gazeti, 1952-nji ýyl, N-12

makalalarda has-da prinsipiallyk bilen bellendi. Belli bolşy ýaly, TSSR Ýazyjylar soýuzynyň 1940-njy ýylda geçirilen 2-nji gurultaýyndan bäri uzak wagtlaýyn arakesmeden soň, 1954-nji ýylyň 25-29-njy awgustynda ýazyjylaryň III gurultaýy geçdi. Bu uly hadysa türkmen edebiýatynyň ähli žanrlaryna syn berdi we tankyda-da giň nazar saldy. Edebiýat tankydyny mundan beýläk-de ösdürmegiň çäreleri hakdaky alada duýulýardy. Sowet edebiýatynyň 50-nji ýyllardaky ösüşinde bolan üstünligiň we kemçiiligiň esasy taraplary görkezildi. Bu bolsa edebiýatyň ösmegine, kämilleşmegine ýardam etdi.

Şu ýerde bir zat aýdylmaly-biziň türkmen sowet edebiýatymyzyň esasy eserleri diýlip, haýsylara aýdylýar? Muny G.Gurbansähedow "Türkmen sowet edebiýatynyň ýagdaýy we wezipeleri hakynda" atly makalasynda ýatlaýar. B.Kerbabaýewiň "Aýgytly ädimi", "Aýsoltany", "Syrly depe" poemasy /soň bu poemanyň esasynda meşhur "Nebitdag" romany peýda bolýar—E.A. /we Ç.Aşyrowyň, A. Kekilowyň, B. Seýtäkowyň, A.Gowşudowyň döredijiligi, A.Salyh, R. Seýidow, G.Seýitliýew, N. Pomma, R.Alyýew ýaly belli şahyrlaryň döredijiligi hakynda gürrüň edilýär.

" Biz özümiziň edebiýat tankydymyz hakynda özümiziň hemme ýygnaklarymyzda, plenumlarymyzda, we gurultaýlarymyzda gürrüň edýäris we nebsimiz agyrsa-da, tankydyň biziň edebiýatymyzyň iň yza galan uçastogydygyny hemişe belläp geçýäris Edebiýat tankydymyz bizi şu günki gün hem kanagatlandyrmaýar.

Dogry, soňky ýyllarda ýagdaý gowulyk tarapyna üýtgedi”[1]

Soňra awtor “Türkmenistan kommunisti” žurnalynyň, “Sowet Türkmenistany” gazetiniň tankyda giň gapy açandygyny dogry belleýär. Şeýlelikde, il içinde haýsy eserler meşhur bolsa, tankyt hem şolar bilen bile ýaşaýar. Ol fakty G.Gurbansähedow dogry belleýär. Çykyşlaryň aglabasy syn häsiýetindedir.

Bularyň içinde belli-belli problemalaýyn makalalar mazmuny boýunça hasda tapawutlanýarlar. Olardan A.Kekilowyň “Türkmen sowet edebiýatynda tipiklik meselesi”[2], W.Çulkowyň “Konflikt problemasy we türkmen edebiýaty”[3] atly makalalarynda sowet edebiýatyny ösdürmekde iň möhüm meseleler orta atylýar.

Ýazyjylaryň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan dissertasiýa işleri ýazylyp, olaryň döredijiligi düýpli öwrenilip başlandy.

Şol ýyllarda edebi-tankydy makalalar bilen esasan ýazyjylar çykyş edýärler. Olaryň iň aktiw çykyş edenlerinden G. Gurbandähedowyň, R.Alyýewiň, M.Seýidowyň, A.Aborskiniň, B.Seýtäkowyň we gaýrylaryň atlaryny agzamak bolar. Bulardan başga-da, ýörite edebi tankyt bilen iş salyşan professional tankytçylar Abdylla Myradow, Öde Abdyllaýew, K.Berdiýew dagy edebiýat meýdanyna aýak basdylar. Obýektiw tankytlary bilen tapawutlanan A.Mämmetgulyýew, M.Annagurdow, B.Welmyradow,

---

[1] G.Gurbansähedow.Türkmen sowet edebiýatynyň ýagdaýy we wezipeleri hakynda.“Sowet edebiýaty”,1954,N9,55 s.

[2] “Türkmenistan kommunisti” 1954-nji ýyl, N4.

[3] “Sowet edebiýaty” 1954-nji ýyl, N8.

A.Kerimow dagy bolsa şol ýyllarda edebi tankyda önjeýli goşant goşdylar. Şol makalalaryň birnäçesi bolsa, rus edebiýatyna , onuň terjimelerine, ýazyjylaryň doglan hem aradan çykan senelerine bagyşlanylyp ýazylypdyr. Bular san taýyndan köpde bolsa, ençemesiniň hili ýokary däldi. Olarda edebi-taglymat çuňlugy kemlik edýärdi, belli-belli pikirler häli-şindi gaýtalanýardy. Synlaryň, resenziýalaryň aglabasy bir galypa giren şol bir meňzeş ülňüler köp gabat gelýärdi.

Edebi tankyt edebi prosesiň möhüm problemalary barada edebi tankydyň aktiwligi, täsirliligi barada çalyşýan edebiýatçylar bilen bir hatarda, makalalarynda ýüzgörüjilik, sypaýylyk edýän, eseri ýüzleý derňeýän tankytçylar agdyklyk edýärdi. Ýöne, şu ýyllaryň tankydyny umumylykda alanyňda, öňki ýyllara garanyňda, edebi tankytdaky göz görtele birtaraplyk kemelip, edebi tankydyň usuly kadalaşyp ugraýar. Ýörite edebi tankyt bilen gyzyklanýanlaryň sany artýar.

Biz muny ýazyjylarymyzyň III gurultaýynda sanalan atlar bilen hem tassyklap bileris:Aman Kekilow, Ata Kerimow, Kakaly Berdiýew, Mämmetdurdy Annagurdow, Wasiliý Çulkow, Aleksandr Aborskiý, Pawel Karpow, Baýram Welmyradow, Ruhy Alyýew, Annaguly Mämmetgulyýew, Habyp Guseýnow. Bular, elbetde, G.Gurbansähedowyň dokladyndan alyndy. Bularyň içinde diňe E.I.Stepanowa ýok. Şonuň ýaly-da Ç.Saparow, A.Garahanow ýalylar hem çykyş edýärdiler. Ähtimal, III gurultaýda has aktiw işleýän ýoldaşlar nazarda tutulandyr.Ýazylan tankydy makalalaryň möçberini, gozgalýan meseleleriň zerurlygyny göz öňüne getirilmegi adalatlydyr.

Täze-täze ýazyjylar edebiýat meýdanyna gelýärler. Täze ýazylan eserlere seslenmeler peýda bolýar, tankydyň söweşjeňlik häsiýeti güýçlenýär.

Ýazyjylaryň Bütinsoýuz we respublikan gurultaýlarynyň, plenumlarynyň, üýşmeleňleriniň geçirilip durulmagy tankydyň ösmegi üçin uly rol oýnaýar.Şu ýyllarda yzly-yzyna çap bolan romanlaryň, powestleriň tematika çägi giňelýär, problemalaýynlyk häsiýeti artýar, halkylygy, partiýalylygy, reallygy çuňlaşýar. Ýazyjylaryň dünýä garaýşy-da giňeýär, olar ynsan kalbyna barha çuňňur aralaşýar. Şol eserler doganlyk halklaryň dillerine terjime edilýär, şonuň bilen birlikde olaryň hili hakynda tankydy pikirler-de ýüze çykýar. Bu bolsa edebiýatyň ösmegine, tankydyň rowaçlanmagyna, kämilleşmegine peýda getirýär.

Şu döwürde edebiýatyň ösüşine zyýanly täsir eden “konfliktsizlik teoriýasy” ýaýbaňlandy. Bu “teoriýa” tipli janly obraz döretmekde ýazyjylara zyýanly täsirini ýetirdi. Olaryň döreden obrazlaryna dogry baha bermegiň ölçeglerini-de belli derejede bulaşdyrdy. Şol täsir netijesinde ýazylan eserleri-de edebi-tankydy makalalary-da öwrenmek zerurlygy gelip çykýar. Uruşdan soňky döwürde käbir edebiýatçylar:”durmuşda kän gabat gelýän zat tiplidir, durmuşda seýrek duşýan otrisatel zatlary eserde getirmegiň zerurlygy ýok” diýen ýaly düşünjäni öňe sürdüler. Şunuň netijesinde bolsa edebiýatda seýrek-de bolsa, durmuşda duşýan, dowam edip gelýän otrisatel zatlaryň suratlandyrylmagy gowşady we konflikt peýda boldy.

Bu döwrüň tankydynyň häsiýetli tarapy-položitel zady görmeklige,ony goldamaklyga bolan ymtylyşdyr.

Ýöne şol gowy endik bilen bir hatarda, awtora ýerliksiz igenmek, ony aýyplamak ýaly meýiller hem duşýar. Şeýle zady nazarda tutup, A.Surkow /türkmen ýazyjylarynyň III gurultaýyna gatnaşan/ özüniň "Sowet edebiýatynyň ýokary çeperçiligi we ideýallygy ugrunda" atly makalasynda tankydyň umumysoýuz ýagdaýyndan hem mysal alyp, jemleýji pikirinde şu aşakdakylary diýdi:

"Administratiw çykuwlary bilen edebiýata kömek edip bilmersiň. Biziň asgynjaňlyklarymyzyň köpüsi, edebiýatyň ösüş prosesinde tankydyň yza galýandygyndan we şonlukda öz döredijiliklerinde haýsy zadyň mamladygyny ýa-da haýsysynyň bimamladygyny ýazyjylaryň özleriniň pikirlenip bilmeli bolýandyklaryndan gelip çykýar"[1]

Şular ýaly ýagdaý türkmen tankydynda hem duşýar:"Aýgytly ädim", "Söýgi" ýaly iri eserler, A.Gowşudowyň romanlary näçe çeper bolsa-da, näçe sagdyn ideýaly bolsa-da, şolaryň ondan bir bölegi-de tankyt tarapyndan nygtalman, ýöne guraksy, ýüzleý tassyklanmadan aňry geçmändi. Gowa-gowy diýen şekilli, ýaramaza-ýaramaz diýen şekilli çöp döwlen ýaly tankyt boý alyp bilenokdy. Aýdylmaly zadyň ýerine başga zat aýdylýan ýeride-duş gelýärdi.

Umuman, real janly obrazlar otrisatel tipleriň gapma-garşylykly göreşlerinde ýüze çykýar. Bu barada sowet ýazyjylarynyň Ikinji Bütinsoýuz gurultaýynda Samet Burgun "Sowet poeziýasy barada" eden dokladynda:"Döwrümiziň kommunizm ugrunda göreşiji položitel gahrymanlaryny taryplap, onuň garşysyna durýan

---

[1] A.Surkow. Sowet edebiýatynyň ýokary çeperçiligi we ideýalylygy ugrunda. "Sowet edebiýaty", 1954, №9, 80 s.

güýji görkezmäge gorkaklyk etmek we ony kyn görmek gerek däl. Rewolýusioner göreşijiniň doly mazmuny obrazyny döretmek üçin güýçli duşmanyň obrazyny onuň garşysynda goýmak gerek ahyryn. Duşmany güýçsiz edip görkezip, biz öz güýjimizi görkezip bilmeris”[1] diýilip, gaty ýerlikli kesgitleýär.

Konfliktsizlik “teoriýasynyň” täsiri bilen ýazylan iri eserlerde B.Kerbabaýewiň “Aýsoltan”, B.Seýtäkowyň “Moskwanyň ýalkymy”, “Ynjalyksyz adamlar” diýen eserlerinde we gaýrylarda ýitileşýän güýçli durmuş konfliktleri ýok. Ady tutulan eserlerde bütinleý položitel bolan gahrymanlaryň garşysyna häsiýetinde käbir otrisatel taraplary bar bolan položitel gahrymanlar durýar. Şonuň üçin olaryň arasynda tolgundyryjy ýiti konflikt döremeýär we eserlerdäki obrazlar sagdyn janly obraz kaddyna ýetip bilmän galýar hem-de täsirsiz bolýar.Şonuň üçin Kommunistik partiýa konfliktsizlik “teoriýasynyň” oňaýsyz netijesini tiz duýdy we ýazyjylaryň esasy ünsüni durmuş gatnaşyklaryny batyrgaý görkezmeklige çekdi.

Emma türkmen tankydy, onuň şu döwürdäki ähli önümi konfliktsizlik “teoriýasyna” syrygmaýar. Ol öz gerimini giňeltdi. Onuň tematikasy ösdi. 50-nji ýyllaryň birinji ýarymanda gowy adygan tankytçylar bilen bir hatarda , tankyda täze bir awtor geldi. Soňra meşhur tankytçy bolup ýetişen Abdylla Myradow “Sowet edebiýaty” žurnalynyň 1954-nji ýylda çykan sanynda “Türkmen sowet edebiýatynda hüşgärlik temasy” diýen ilkinji žurnal makalasyny çap edipdi. Mundan başga-da, türkmen tankydy Stalin baýragynyň /soňra ol “Döwlet

[1] “Sowet edebiýaty” gazeti, 1954-nji ýyl, N-8

baýragynyň laurýaty” diýlip ulanyldy/ laurýatlary B. Kerbabaýewiň, G.Muhtarowyň, döredijiligine aýratyn üns berdi we olaryň hyzmatlaryny dogryçyl belledi.

Edebiýatyň döwür bilen aýakdaş gitmegi üçin, ideýasynyň sagdynlygy, partiýalylygy üçin edebi tankydyň roly uludyr. Edebiýatçy L,Ýakimenkonyň dili bilen aýdylanda :”Критика-не только неотделимая часть литературы но и наука Литературоведение и литературная критика различаются не по принципом исследование в скорее по предмету. Литературоведение говорят о том что стала историей или становиться токовой . Литературная критика анализирует явления сегоднящного дня”[1].

Hakykatyna seredilende,uly edebiýatçy hem uly tankytçy L.Ýakimenkonyň bu pikiriniň arasynda “Hytaý diwary”ýok. Emma edebiýaty öwreniş ylmyny ol tankytdan aýyryp, dogry edýär. Sebäbi ol – ylym, ylmyň obýekti bolsa taryha köpräk ýykgyn etmekden ybaratdyr. Edebi tankyt, esasan, şu günüň, ýagny janly edebi prosesiň aladasy bilen ýaşaýar. Ýöne edebiýaty öwreniş we edebi tankyt biri-biriniň üstüni ýetirýär, olar köp meselelerde özara baglanyşykly hereket edýärler. Hatda tankyt ylma kömege hem gelýär. Biz ony özümiziň şu işimiziň “Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynyň we çeper tankydynyň arabaglanşygy” diýen dördünji babynda ýörite derňemekçidiris.

Galyberse-de, her bir edebiýaty öwreniji alym uzak ömründe edebi prosese goşulman durup bilmez. Ol professional tankytçy bolman, alymlygyna galyp biler, ylmy işini dowam eder, ýöne tankydy hem birýanyndan aýyrmaz. Aýdaly, ellinji ýyllarda ady giň orun alan Ata

Kerimow ylmy işiň üstünde işleýärdi, kandidatlyk dissertasiýasyny ýazýardy, emma biwagt ýogalmagy zerarly ony gorap ýetişmändi. Emma ol biziň aňymyzda tankytçy bolup galdy.

Şu döwrüň edebi tankydyny analizläniňde, A.Kerimowyň makalalarynyň ýygy-ýygydan metbugatda çap bolandygyny görmek bolýar. Onuň makalalaryny okanyňda, düşünjeli, sowatly edebiýatçylygyny duýmak kyn däl. Onuň B.Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynda halklaryň dostlugynyň görkezilişi"[1], Ata Ulugberdiýew bilen bilelikde ýazan "Rahmet Seýidowyň döredijiligi hakynda"[2], "Nurmyrat Saryhanowyň eserleriniň çeper dili hakynda"[3], "Türkmen sowet edebiýatynda SSSR halklaryň dostlugynyň waspy"[4], "Doganlyk Ukrain we Türkmen halklarynyň edebi hyzmatdaşlygy"[5], "Nurmyrat Saryhanowyň döredijiligine A.P.Çehowyň täsiri"[6], "Uruş oduny tutaşdyryjylaryň türkmen sowet edebiýatynda paş edilişi"[7], "Şahyryň döredijilik üstünligi"[8], "Sowet hakykatynyň waspy"[9], "Türkmen sowet edebiýatynyň satira žanry hakynda"[10], "Beýik halk bilen baky birlikde"[11] atly makalalary edebiýatyň dürli meselelerini gozgaýar.

---

1 "Sowet edebiýaty" 1952-nji ýyl, N-2
2 Şol ýerde, N-6
3 Şol ýerde, 1953-nji ýyl, N-5
4 "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1953-nji ýyl, 20-nji dekabr
5 "Sowet edebiýaty" 1954-nji ýyl, N-1
6 Şol ýerde, N-6
7 "Sowet edebiýaty" 1954-nji ýyl, N-4
8 " Türkmenistan kommunisti" 1954-nji ýyl, N-4
9 "Sowet Türkmenistany" gazeti, 1954-nji ýyl, 7-nji aprel
10 "Sowet edebiýaty" 1954-nji ýyl, N-2
11 Şol ýerde, N-8

Berdi Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” romanynda halklaryň dostlugynyň görkezilişi” atly möçber taýyndan göwrümli makalasynda A.Kerimow romanyň oňat taraplary hem-de kemçilikleri barada giňden gürrüň edýär. Kemçilikleri barada gürrüň edýän ýerinde Iwan Çernişow bilen Artyk Babalynyň arasyndaky intrigalaryň gurluşynyň göwnejaý däldigi, olaryň obrazyndaky ösüşi, özgerişi, görkezişi wakanyň ösmegindäki, eseriň ideýasyny aýdyňlaşdyrmakda ähmiýeti ýok diýip tankytlaýar. Artygyň ýalňyşynyň, azaşmasynyň delillendirilişi eseriň kemçiligi hökmünde ýatlanýar.

Her bir kiçijik wakalara-da, detallara-da baha berlende, öz döwrüniň gözi bilen seredilip, aňy bilen seljerilmeli. Oktýabr rewolýusiýasynyň iň dartgynly, halkyň onuň ähmiýetine biri düşünse beýlekisi gyýa göz bilen garaýan, ýokary gatlak wekilleriniň agitasiýasynyň iň güýçli döwri, häkimiýetiň bir gyzyllaryň, bir-de aklaryň eline geçip duran wagtlary, hanlyklaryň biri-birine basdaşlygy Artyk we Artyga meňzeş daýhanlaryň ýalňyşmaklary, azaşmalary geň hadysa däl.

Ata Kerimowyň “Nurymyrat Saryhanowyň eserleriniň çeper dili hakynda” diýen makalasynda bolsa ýazyjynyň türkmen diliniň baýlyklaryndan ýerlikli peýdalandygy, çeperçilik serişdelerini, nakyllary öz eserlerinde ýerlikli ulanandygy barada mysallar arkaly analizleýär. Ýazyjynyň eserleriniň okyjy köpçüligi tarapyndan söýülmeginiň esasy sebäpleri giňden düşündirilýär. Onuň döredilmegine kärdeşleriniň, edebiýatçylaryň garaýyşlary barada-da gürrüň edýär.

Onuň “Sowet hakykatymyzyň waspy” diýen makalasy Ata Gowşudowyň “Powestler we hekaýalar”

/Aşgabat, TDN, 1958/ atly ýygyndysynda ýerleşdirilen eserlerden söz açýar. Kitaba giren powestlerdir hekaýalaryň ideýa mazmuny, çeperçiligini derňeýär. Ýazyjynyň döredijiliginiň belentdigi onuň halk döredijiliginden peýdalanmagyň ussadydygy, sözleri ýerli ýerinde ulanýandygy nygtalýar. Ata Gowşudowyň iň bellemeli taraplarynyň biri ýagny, onuň öz gahrymanlarynyň dilini orginallaşdyrmakda deňine ýetip bolmajak ussatdygy hem tankytçy tarapyndan dogry bellenilýär.

Ellinji ýyllaryň ahyrynda, has takygy 1959-njy ýylyň baharynda Türkmenistanyň ýazyjylarynyň IV gurultaýy geçdi. Ol edebi prosesiň we tankydyň 50-60-njy ýyllar sepgidindäki ýagdaýynyň özboluşly gözden geçirilişidi. Ol döwürlerde her bäş ýyllyklaryň jemini saldarlap görmek SSSR-iň halk hojalygyna belleýän bäş ýyllyk planyna öýkünilip geçirilýärdi. Edebi aň, çeper proses oba-hojalykda, maldarçylykda, pagtaçylykda gazanylýan netijelere meňzeş däl bolsa-da, edebiýata şeýle formal çemeleşmek Soýuzda merkezden gelýän ýörelgedi. Onuň nädogry ekenligi häzirki günlerde, kommunistik režim dargansoň belli boldy.

Ýöne bir zat köre hasa. Her niçik bolsa-da döwürme-döwür tankydy yzarlamak 50-60, 70-80-nji ýyllaryň metbugatyna, ýazyjylar guramalarynyň plenumlaryna, gurultaýlaryna mahsusdy hem-de örän peýdalydy. 1959-njy ýylda geçen IV gurultaýynda şol wagt ýazyjylar birleşiginiň başlygy G.Seýitliýew umumy doklad bilen çykyş etse-de, her edebi žanr hakda edebiýat meýdanynyň abraýly wekilleri aýry-aýry çykyşlar edipdiler.

Türkmen prozasyny – G.Gurbansähedow, poeziýasyny K.Gurbannepesow, dramaturgiýasyny – G.Muhtarow, edebi tankydyny A.Myradow häsiýetlendiripdi.

Bu döwürde eýýäm okyjylaryň elinde iri eserlerden B.Kerbabaýewiň – “Nebitdag”, B.Seýtäkowyň “Doganlar” romanlary, B.Hudaýnazarowyň – “Gyzgyn sährasy” , K.Gurbannepesowyň “Taýmaz babasy” bardy. Iň gowusy, edebi prosesiň nähili derejä göterilendigini bilmek üçin “Türkmen edebiýatynyň taryhynyň” VI tomuna ýüzleneliň. Bu tomuň birinji kitabynda SSKP MK-nyň XX gurultaýynyň /1956/ edebi prosesi ösdürmekde položitel rol oýnandygy dogry bellenilip, 1956-njy-1967-nji ýyllar ýa-da 50-60-njy ýyllarda türkmen edebiýatynyň tematikasynda we problematikasynda prozada, poeziýada, dramaturgiýada özgerişligiň emele gelendigi nygtalýar. Hatda oçerk hem unudylman umumy akyma goşulýar. Ol pikiri doly alman, roman we powest baradaky bölegi almak bilen poeziýada has görnükli eserleriň peýda bolan ýyllaryny görkezip, edebi tankydyň şulara garaýşyny aýratyn nygtamaklyga geçmek dogry bolsa gerek. Sebäbi bu döwür ellinji ýyllaryň ahyry, altmyşynjy ýyllaryň hem başlarydy. Indi tankyt meýdanynda hereket edýän wekiller köpelip ugrapdy. Şeýlelikde, “Türkmen edebiýatynyň taryhy” biziň edebi prosesimize şu hili jemleme berýär:

“...taryhy gurultaýlaryň, ongünlükleriň, plenumlaryň oňaýly täsiri netijesinde, şeýle-de ýazyjylaryň döwrüň öňündaki wezipelerine düşünmekleri oňa çuňňur göz ýetirmekleri sebäpli, türkmen ...edebiýatynyň hazynasy mazmun taýdan baý, forma taýdan barha kämilleşýän dürli-dürli eserler bilen

baýlaşdy. Şu hili guwandyryjy ösüşiň edebiýatyň öňe gitmegine ýardam edendigine öňki döwürleriň türkmen edebiýatynyň käbir faktlaryna göz aýlanyňda duýup galýarsyň. Ozal, 1956-njy ýyla çenli bizde bary-ýogy üç sany roman, ýagny B.Kerbabaýewiň "Aýgytly adim", A.Gowşudowyň "Köpetdagyň etegindäki", "Mähri-Wepasy" bar bolan bolsa, gürrüňi edilýän döwürde romanlaryň sany ýigrimä ser urdy. Uly prozamyzyň ösüşiň, özgerşiň giň ýoluna düşendigini görkezýän, subut edýän şol romanlaryň hataryna Türkmenistanyň halk ýazyjylary B.Kerbabaýewiň "Nebitdagyny", "Gaýgysyz Atabaýyny", B.Seýtäkowyň "Doganlaryny", "Şahyryny", "Çölüň ýüregini", H.Derýaýewiň "Ykbalyny", G.Kulyýewiň "Ýowuz günlerini", N.Pommanyň "Gatakaryny", B.Soltannyýazowyň "Sumbar akýaryny", B.Pürliýewiň "Çeleken şemalyny", Ý.Mämmediýewiň "Ene topragyny" görkezmek mümkin.

Powest žanry barada aýdanyňda-da şunuň ýaly guwandyryjy sanlary, mysallary getirmek mümkkin. Şu wagta çenli /1956/ bu žanrda döredilen eserleriň sany bary-ýogy 30-dan kän bolmadyk bolsa, indi diňe bir soňky onýyllykda döredilen powestleriň mukdary 80-den hem geçýär. Olardan B.Seýtäkowyň "Gyz salgydy", "Ilkinji gün", G.Gurbansähedowyň "Çakylyk", B.Pürliýewiň "Söýgi mukamy", N.Jumaýewiň "Ak maýanyň ýoly", "Ýuwaş gelni", B.Hudaýnazarowyň "Göreş meýdany " ýaly eserleri oňat powestleriň hilindendir"[1].

Edebi hakykat bu ýerde dogry görkezilýär. Şol döwürde A.Kekilowyň "Söýgi" atly şygyr bilen ýazylan

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. VI T. 1-nji kitap, 6-7 s.

romany-da dolulygyna çapdan çykdy./1961/. B.Hudaýnazarowyň “Gyzgyn sähra” /1958/ liriki-epiki poeziýanyň dowamy hasap etsek, 1960-njy ýylda G.Seýitliýewiň “Hindistanyň gülleri” diýen liriki ýygyndysy çykdy. K.Gurbannepesowyň “Taýmaz babasyndan”/1960/ ,B.Hudaýnazarowyň “Döwrüň depesindäki adamyndan” /1964/ gaýdýan liriki-epiki poeziýada we lirikada täze eserler peýda boldy.

“Bular nähili derejede tankyda täsir etdi?” diýlende, onuň syn žanrynyň ösmegine getirdi, pikir dürliligini artdyrdy, cekişmelere ýol açdy.

Zehinli edebiýat tankytçysy A. Kerimow aradan çykanyndan soň,/1954/ styn žanryň gündelik edebitankydyň täzeden bat alyp ösüşi A.Myradowyň , Ö.Abdyllaýewiň, H.Taňryberdiýewiň atlary bilen baglydyr. Altmyşynjy ýyllaryň ortalarynda bu täze zehinler türkmen tankydynyň estafetasyny alyp göterdiler. Bular bilen deň hatarda J.Allakow, N.Hojageldiýew, S.Myradow, D.Nuralyýew, A.Garaýew, A.Mämmedow ýaly şu gün atlary tutulýan professional tankytçylaryň hem eýýäm altmyşynjy ýyllaryň aýaklarynda, ýetmişinji ýyllaryň başlarynda edebi tankyda ymykly gelendiklerini aýtmak gerek. Olaryň ady-da ýokarda agzaýşymyz ýaly, syn žanry bilen bagly ýüze çykdy.

Emma 50-60-njy ýyllarda has rowaçlanan syn žanry ýetmişinji ýyllarda-da peselmän, onuň çygry giňeldi. Ýöne tankytda problemalaýyn makalalar, tankytçylaryň edebi makalalar ýygyndylary hem altmyşynjy ýyllaryň ahyrynda, 70-nji ýyllaryň başynda çykyp başlady. Bu proses diňe bizde däl, beýleki goňşy halklarda-da şeýledir. Gyrgyz edebi tankydynda ussatlyk meseleleri: “Žanrlar,

analiz”/ 1950-1960-ý/ diýen kandidatlyk işinde şu pikir orta atylýar.

Gyrgyz edebi tankydy gysga wagtyň içinde ähmiýetli ýol geçdi. 1950-1960-njy ýyllaryň A.Saliýew, K.Asanalyýew, B.Kerimjanowa, Ş.Umetalyýew, M.Borlugulow, K.Artykbaýew, K. Ukaýew, K.Kobulow, T.Askarow, A.Sadykow, S.Jigitow, B.Malenow ýaly öňdebaryjy tankytçylary we beýlekiler edebi tankydyň žanr baýlygyna, ýaýrawyna öz tankydy barlaglarynda ylmylygy, çeperçiligi, publitistik äheňi bilen utgaşdyryp, goşant goşdular,şeýdip, tankydy paýhasyň medeniýetini, çeper-estetika duýgurlygy, analitiki çemeleşmän gyrgyz tankydynyň žanr sistemasyny täzelediler. Ilkinji gezek interwýu, sikl, edebi parallel, söhbetler, tankydy bibliografik oçerkler döretdiler ýa-da tijenip başladylar, problemalaýyn teoretiki häsiýetli ylmy-barlaglar ýüze çykdylar. Düzgün bolşy ýaly bu proses aktual durmuş talaplary, çeper praktikanyň ösüşini üpjün edýän real şertler, jemgyýetiň estetiki islegi bilen baglydyr”.

Türkmen tankydynyň iň meşhur wekilleri-de edil gyrgyzlarda, özbeklerde, azerbeýjanlarda bolşy ýaly, şu döwürde kemala geldi. Sözümiz gury bolmaz ýaly biz goňşy respublikalarymyzyň ýene biriniň çeper tankyt derejesine şol sanda edebi prosesine göz aýlalyň.

Azerbeýjan Ylymlar akademiýasynyň akademigi K. Talypzade azerbeýjan tankydynyň taryhyny bir egne işlän alymdyr. Ol “Tankyt we tankytçylar” atly işinde 60-njy ýyllary, aýratynam 70-nji ýyllary, azerbeýjan tankydynyň janlanyş döwri hasaplap, şeýle ýazýar:

70-nji ýyllaryň tankydyna bütin edebi kontekstde nazar salnanda, onuň problemalaýyn meselelere ýykgyn

edişi, edebi hadysalary umumylaşdyrmagyň güýçlenmesi gaty oňat duýulýar. Alymlarymyz az wagtyň içinde edebiýatyň milliligi, internasionallygy, realizmiň aýratynlyklary, dürli milletleriň edebi gatnaşyklary, däp we täzelikçilik , çeper metod we stil, žanr we edebi proses, durmuş ýaly onlarça meselelere dahylly işleri berdiler, edebi hadysalaryň nazary görnüşlerine çyndan üns berip, tankydy garaýyşlary seljermek, analitik çemeleşmeklige meýil şol çykan tankydy işleriň, eserleriň umumy alamatlarydyr.

Edebi tankydyň özüniň metodologik we nazaryýeti meseleleriniň işlenşine oýanan meýil hem şu döwriň ýeňşidir we bu ugurda az iş bitirilmedi. Edebi prosesde tankydyň roly , edebi tankytda çeperçilik edebi tankydyň spesifikasy, predmeti, onuň edebiýaty öwreniş ylmyna gatnaşygy, tankytda okyjy pikiri, çeper eserde ideologiýa we estetiki pursatlaryň ýüze çykyşy, tankytda stil we žanr tapawutlary , tankytçynyň şahsyýeti ýaly aktual problemalar barada köp gyzykly işler ýazyldy”.

Belli tankytçynyň bu pikirini başga bir azerbeýjan tankytçysy Mustafaýew Tähran Aklişan ogly hem “Azerbeýjan sowet edebi tankydynyň stil köplüligi /1960-1980 ýý/”diýen kandidatlyk işinde tassyklady.

Emma biz hut 80-nji ýyllaryň edebi tankydy diýenimizde, şol onýyllygyň diňe birinji ýarymyny göz öňünde tutýarys. Azerbeýjan tankytçylary K.Talypzada-da, T. Mustafaýew hem şol sepgidi nazarda tutýarlar. Soňky ady tutulan tankytçy 60-njy ýyllaryň azerbeýjan tankydynyň kämil wekilleri diýip Ý.Seýidowyň, G. Halylowyň, M.Adyoglynyň, A.Gajyýewiň, A. Efendiýewiň, Ş.Slmanowyň , A.Guseýnowyň,

A.Safiýewiň atlaryny tutýar. Bular proza , poeziýa, dramaturgiýa ýaly aýry-aýry žanrlaryň ykrar edilen professional tankytçylardyr.

Türkmen tankydy hem şu döwriň içinde A.Kekilow, R.Alyýew, M.Annagurdow, K.Jumaýew, K.Salyh, K. Berdiýew ýaly uly wekiller bilen bilelikde edebi prosesde belli-külli yz galdyran Ö.Abdyllaýew , A.Myradow, J.Allakow, H. Taňryberdiýew, D.Nuralyýew, N.Hojageldiýew, S.Myradow, A.Garaýew, Ş.Halmuhammedow, B.Ussaýew dagylaryň hasabyna baýlaşdy. Hut şonuň üçin 70-80-nji ýyllaryň edebi tankydy pikiri öz gerimini dürli stilleriň hasabyna giňeltdi.

Emma 70-80-nji ýyllaryň edebi tankydyna geçmezimizden ozal 62-nji ýyllaryň ahyrynda duran aktiwlik ýagdaýy hakda kelam agyz durup geçmek maksada laýyk bolsa gerek.Ol lkinji tankydy makalalar ýygyndysynyň çap edilmegi bilen baglydyr. Ony A.Keramowyň kitaby başlady. Özi aradan çykansoň tankytçynyň dosty hem ellinji ýyllarda edebi prosese özboluşly makalalar bilen gatnaşan N.Esenmyradow çap etdirdi.

Şol tankydy “Garlawajyň” yzy güreldi. Diýmek, A.Kerimowyň bu makalalar ýygyndysy tankydymyzyň öňinde duran “gatlany”böwüsdi. Ol öz işeňňirligi, ýiti zehinliligi bilen soňky nesle uly görelde görkezdi.Bu hakda A.Myradowyň merhum tankytça beren bahasy bilen tanyşmak gyzyklydyr:

Edebi tankydymyzyň operatiwligi , originallygy, çeperçiligi hakynda aýdylanda, merhum tankytçy A. Kerimowyň “Türkmen sowet edeiýaty ösüş ýolunda “ atly ýygyndysyny /1975/ oňat nusga hatarynda öňe sürüp

bileris. A. Kerimowyň makalalary awtoryň edebiýata , sungata söýgüsiniň çäksiz bolandygyna güwä geçýär. Ol öz şu kärine , hünärine berlen zehinli tankytçy hökmünde biziň ýazyjylarymyzyň sowet hakykatyny suratlandyrmakda aýdyň, original edebi obrazlar döretmekde gazanan üstünliklerine haýran galmagy-da ol ýa-da beýleki ýazyjynyň tutuş döredijiligine has bolan oňat taraplary we kemçilikleri prinsipial pozisiýadan görkezmegi-de başardy, döredijilik indiwiduallygy: ýazyjynyň umumy edebiýat prosesinde tutýan ornuny we ähmiýetini dogry kesgitlemek ýaly meseleleri-de unutmady. Tankytçynyň makalalary pikirleriň originallygy, hyjuwlylygy, publisistik pafosy bilen özüne çekdi. A.Kerimowyň haýsy makalasyny okasaň-da, onda çeper söze pähimli, dykgatly we aýawly baha berýän edebiýatçy bilen duşuşarsyň. A. Kerimowyň makalalarynyň problemalylygy, olarda gozgalýan meseleleriň giňligi we doly esaslylygy ýaş tankytçylaryň döredijilik praktikasy üçin uly ähmiýete eýedi. Tankytçy ".Saryhanow eserleriniň dili hakynda-da", "Türkmen sowet edebiýatynda satira žanry hakynda-da", "Ukrain we türkmen halklarynyň edebi hyzmatdaşlygy hakynda-da..." ýazdy. Soňky ýyllarda ýazylan edebi – tankydy makalalar bilen tanyş bolanyň-da olarda A.Kerimowyň makalalary üçin has bolan oňaýly taraplara gözüň düşmezligi gynandyrýar"[1]

A.Myradow ýaly biçak zehinli tankytçynyň öz halypasyna beren sähelçe bahasy J.Allakowyň ol hakda telim sahypalap ýazan işinden has ylmy, has ynandyryjy we has professionaldyr. Emma,gynansak-da, J.Allakow

[1] Myradow A. Edebiýatymyz hakynda oýlanma /Makalalar/. Aşgabat: TDN, 1962. -196 s.

A. Kerimow hakda şol bir sözlemiň özünde iki hili gepledi, ýagny özünden kän öň tankydy ýoly arçan adama obýektiw baha bermegi başarmady:

Zehinli tankytçy A.Kerimow özüniň biçak gysga ömründe edebi tankydyň ösmegine ep-esli goşant goşdy, öz döwründe edebi prosesiň öňe çykarýan möhüm meselelerine , problemalaryna aýny wagtynda seslenmäge çalyşdy”[1]

Bu sözleme pikir berilse, bir ýerde A.Kerimow “Ep-esli goşant goşan”, başga bir ýerde ondan has peselip, ýöne “aýny wagtynda seslenmäge çalşan” bolup dur. Ýok, ol “... aýny wagtynda seslenmäge çalyşmak” bilen çäklenmedi-de eýsem oňa professional ussatlyk bilen hötde gelmegi başardy, şeýle etmek bilen hem, türkmen tankydyny janlandyrdy. Ellinji ýyllarda A. Kerimow bilen M.Annagurdowdan başga metbugatda çykyş edýän güýçli tankytçy ýokdy. Bu hakykaty boýun almaly.

Dogry, şolaryň yz ýanyndan eýýäm A.Myradow örän gysga wagtda ýetişdi. Ol 60-70-nji ýyllaryň görnükli, gujurly, zehinli tankytçysy bolup ýetişdi.Üns bersek, onuň birinji makalasy “Türkmen sowet edebiýatynda hüşgärlik” diýen tema bolup, ol 1954-nji ýylyň “Sowet edebiýaty” žurnalynyň bäşinji sanynda çykypdy.Sähel wagtdan ol 1959-njy ýylda Türkmenistan ýazyjylarynyň IV gurultaýynda edebi tankytdan örän uly doklad bilen çykyş etdi. Dessine hem onuň ilkinji edebi tankydy makalalary

[1] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Gollanma. Aşgabat: “Magaryf”, 1988. 196 s.

çapdan çykdy. Bu özbaşdak kitap altmyşynjy ýyllaryň öz tankytçysyny orta çykardy.[1]

A.Myradowyň rus-türkmen edebi gatnaşyklary barada hem eýýäm altmyşynjy ýyllarda iki sany ylmy-barlag işini neşir etdirendigini belläliň.Ýöne olary biz işimiziň dördünji babynda ylym bilen edebi tankydyň arabaglanyşygy hakda söz açylan sahypalarda seljereris.

Eýsem tankytçy A.Myradowy bu žanryň haýsy taraplary gyzyklandyrýar? Ozaly bilen, bellemeli zat onuň tankydy zehininiň köpdürliligidir.Bu kitabyň özünde ol proza-da, lirika-da, halk şahyrlarynyň döredijiligine-de, klassik mirasa-da, oçerke-de, hut tankydyň özüne-de ýüzlenýär.Ýönekeý arifmetikadan ugur alynsa, A.Myradow ýedi-sekiz meselä ser salýar.Özem çynlakaý söz açýar.Bu ilkinji tankydy makalalar ýygyndysynda onuň hertaraplylygy, ýetişikliligi aç-açan duýylýar.Şol alamatlar onuň ”Hoşniýetli maslahatlar” kitabynda hem saklanypdyr.

Biz tankytçynyň “Edebi tankyt hakda oýlanyp...” diýen makalasynyň üstünde az-kem durmakçy bolýarys. Ol turuwbaşdan türkmen tankydynyň düýpli ýetmezçiliklerini syn žanryndan gözläp, dogry edýär. Şol kemçiligiň biri hem köp synlaryň, ylaýta-da özüne professional tankytçy diýip at berýän käbir ýoldaşlaryň hut öz synlarynyň “bir meňzeş” bolmagydyr. Synyň köp ýazylmagy asla onuň hilini aňlatmaýar.Şonuň üçin tankytçy, öz kärdeşlerine gaýybana sorag berip, biziň tankyt žanrymyzyň altmyşynjy ýyllarda mahsus iki kemçiligini dogry görkezýär:

---

[1] Myradow A. Edebiýatymyz hakynda oýlanma /Makalalar/. Aşgabat: TDN, 1962. -196 s.

“Ýagdaýdan peýdalanyp, men syn ýazmak üçin eline galam alýan kärdeşlerime käbir soraglar bilen ýüzlenmek isleýärin, eser bitewi, böleklere bölünýän /belki, bölünmeýän.—E.A./ çeper organizmdir.Şol organizmiň ýazyjynyň döredijiliginde tutýan orny nähili, onuň şol ýazyjynyň döreden beýleki eserleri bilen ganybir garyndaşlygy niçik? Siziň syn ýazýan eseriňiz umumy edebiýatyň ösüşine nähili täsir ýetiripdir? Ine, täze talap biziň öňümizde şeýle soraglara aýdyň , esasly jogap bermek wezipesini goýýar.”[1]

Şu setirler tankydymyzyň ellinji-altmyşynjy ýyllara mahsus birinji kemçiligini görkezýär.

Ikinji kemçilik hem A.Myradowyň şol makalasynda örän ýerlikli bellenilipdir: “Biziň edebi tankydymyzyň başga bir düýpli ýetmezçiligi hem bar: tankytçylarymyz her bir çeper esere diňe many taýyndan /kursiw biziňki. – E.A./ baha bermäge endik edipdirler. Netijede biziň edebiýatçylarymyzyň arasynda B.Kerbabaýewiň “Nebitdag” romany “nebit hakynda”, ýaş şahyr B.Hudaýnazarowyň “Gyzgyn sähra” poemasy”Garagum” kanaly hakynda, H.Derýaýewiň “Ykbal” romany “türkmen gyzy hakynda” ýazylan eserler diýen pikir kök urupdyr.Emma şeýle temalara bagyşlanan eserleri gözüňi ýumup sanap oturmaly, şeýle eserler bizde hem bar, doganlyk respublikalarda hem bar.Eýsem her bir ýazyjynyň umumy temanyň içinden saýlap tutan temasynyň indiwidual aýratynlygy nämeden ybarat? Şu soraga jogabyň örän haýal agtarylýandygy nebsiňi agyrtýar.[2]

---

[1] Myradow A. Edebiýatymyz hakynda oýlanyp. 127 s

[2] Şol ýerde. 127 s.

Zandy batyrgaý tankytçy “haýal agtarylýar” diýip, sypaýyçylyk edýär. Şol soragyň asla jogapsyz galýandygyny biz tankytçylarymyzyň stil aýratynlyklaryny yzarlaýan üçünji babymyzda görüp geçeris.

A.Myradowyň edebi tankyt meýdanyna çykan 60-70-nji ýyllarynda onuň Ö.Abdyllaýew, H.Taňryberdiýew, J.Allakow ýaly deň-duş galamdaşlary hem, aktiw işläp, eýýäm professional tankytçy hasaplanýardy.Ýöne A.Myradowyň ýokarda aýdýan çuň tankyt paýhasy, gynansak-da, olaryň hiç birinde şol wagt ýüze çykmandy.Tankydyň taryhyny näçe çuň öwrendigimizçe, biz A.Myradowyň üýtgeşik zehin ekenligine şonça göz ýetirýäris.

Şol bir wagtyň özünde “Edebi tankyt hakda oýlanyp...” diýen makalasynda ol ýene iki pikiri öňe sürmegi unutmandyr, olaryň biri tankydyň ölçegine degişli bolsa, beýlekisi onuň öňünde durýan meselelerdir. Iň gowusy, muny tankytçynyň öz sözleri bilen beýan edeliň:

“...Meniň pikirimçe, pikir takyk bir eser barasynda ýöredilende, sitatalar hiç bir tarapdan tankytça kömek etmeýär.Galyberse-de, Belinskiý, Çernyşewskiý öz ýaşan döwürlerinde döredilen eserler esasynda estetiki kriterileri öňe sürüpdiler, olar şol kriterileri dogmat hökmünde, ähli halkyň edebiýatynyň ösüşini görkezýän ýa görkezmeli barometr hökmünde öňe çykarmagy hakydalaryna-da getiren däldirler. Her bir edebiýatyň, her bir çeper eseriň özboluşly aýratynlygynyň bardygyny nygtap oturasy iş ýok”[1].

---

[1] Myradow A. Edebiýatymyz hakynda oýlanyp. 129 s.

Awtor ony haýsydyr bir anyk mysallar bilen berkitmese-de, türkmen tankydynyň tejribesinde şu hili meýil gabat gelýär.Ýöne A.Myradowyň bu aýdanlary diňe 50-60-njy ýyllara däl, şol döwre we häzirki günlerimize hem peýdaly.Türkmen tankydynyň professional derejesini artdyrmak üçin ol oňat metodologik ýol görkeziji bolup hyzmat edýär.

Aktiwliginden daşary, A.Myradow, hoşniýetli, aladaçyl tankytçy bolup, 1954-1974-nji ýyllar aralygynda türkmen tankydyna çäksiz hyzmat etdi.Şu aralygy-60-70-nji ýyllary—biz türkmen tankydy paýhasynyň has kämilleşen, goýalan döwri hasaplaýarys. Onda tankydyň A.Myradow tarapyndan öňde goýlan “Estetiki duýgulary ösdürmek, ýaş edebiýatçylaryň döredijiligini aladaly terbiýelemek, durmuşy öwrenmek, ....düýpli problemala-ry ....maslahatlaşmak” ýaly wezipeler bar.

Altmyşynjy ýyllaryň tankydy hakynda söz açylanda, Hanguly Taňryberdiýewiň adyny tutmak gerek. Ol, eýýäm ellinji ýyllaryň ahyrynda tankyt meýdanyna gelmegine garamazdan, altmyşynjy ýyllaryň başlarynda “Edebiýatymyzyň gül-gunçalary” diýen makalalar ýygyndysyny özbaşdak kitap edip çykardy.Onuň mazmuny dürli-dürli temalara bölünmeginden gelip çykýar. Şundan çen tutanyňda, H.Taňryberdiýew hem ilki başda A.Myradow ýaly tema dürliligi bilen tapawutlanýar. Ýöne ol sähel wagtdan proza tankytçysyna öwrülýär. Emma “Edebiýatymyzyň gül-gunçalary” üç temany gozgaýar. Olaryň biri-klassiki miras, “Seýdi Magtymgulynyň däplerini dowam etdirijidir” diýen makalasynda H.Taňryberdiýew Seýitnazar-Seýdiniň döredijiligi hakynda söz açýar.”Irginsiz zähmetiň miwesi”

bolsa B.Kerbabaýewiň”Aýgytly ädimine” bagyşlanypdyr, “Ykbal” romanynyň çeperçiligi hakyndaky makala hem prozanyň analizidir.”Ganly sakadan eşret”sakasyna sary” atly makalasy bolsa Ç.Aşyrowyň “Gökýaýlanyň ýigitleri” trilogiýasynyň derňewidir[1]. Mahlasy, H.Taňryberdiýew tankytçy hökmünde öz tematik we problematik gerimini giňeltmeklige az üns bermändir. Ýöne “Irginsiz zähmetiň miwesi”, kitabyň 24-92-nji sahypalar aralygyny eýeländigi üçin, onda tankytçylyk hyjuwyna seredeniňde, ylmy sowukganlylyk agdyklyk edýär.

Biz her bir döwrüň edebi tankydyny şol döwrüň çeperçilik prosesi bilen baglylykda derňeýäris.Ony işiň girişinde-de, şu birinji bapda-da nygtaýarys. Altmyşynjy ýyllar, bir sözde jemläp aýtsak, türkmen edebiýatynda romanlyk möwsümi bolupdy. H.Derýaýewiň “Ykbaly”, B.Seýtäkowyň “Doganlary” hut şol döwürde doly wariantda okyja gowşupdy. Bu bir tarapdan.Ikinji tarapdan bolsa, Ç.Aşyryň “Ganly saka”, diýen trilogiýa-romany, A.Kekilowyň “Söýgüsi” ýaly iri planly şahyrana eserleri hem köpçülige üç kitap bolup ýetirilipdi.Elbetde, tankyt bulara seslenmän durup biljek däldi. Sebäbi olar türkmen edebiýatynyň ýüze tutarlyk eserleridi, dogrusyny aýtsak, uly edebi hadysalar. Şonuň üçin H.Taňryberdiýewiň tankytçylyk tejribesinde proza ýykgyn edilmegi bütinleý kanunalaýyk ýagdaýdy. Tankytçynyň şu aýratynlygy “Türkmen sowet edebiýaty” diýen kollektiwleýin işde-de dogry bellenýär:

Tankytçy Hanguly Taňryberdiýewiň “Edebiýatymyzyň gül-gunçalary” atly ýygyndysyndaky

---

[1] Taňryberdiýew H. Edebiýatymyzyw gül-gunçalary. Makalalar ýygyndysy. Aşgabat:TDN, 1963,-125 s.

/1963/ makalalarynda Berdi Kerbabaýew, Hydyr Derýaýew ýaly görnükli ýazyjylaryň çeperçilik ussatlyklary hem-de döredijilik aýratynlyklary barada inçeden yzarlanyp gürrüň edilýär”[1]

Şeýle dogry pikir bilen bir hatarda, “Türkmen sowet edebiýaty” diýen kollektiwde işde käbir säwlükler hem gidipdir. Eýsem, şol säwlikler nämeden ybarat?

Kitabyň “Edebi tankyt we edebiýaty öwreniş ylmy” diýen gysgaça bölüminde türkmen tankytçylarynyň köpüsiniň ady tutulsa-da, onda taryhylyk, hronikal prinsip saklamandyr.Ony şu aşakda getirilýän mysal açyk görkezýär.

“...Öde Abdyllaýew, Abdylla Myradow, Jora Allakow, B.Şamyradow, K.Berdiýew, K.Jumaýew, Hanguly Taňryberdiýew ýaly edebiýatçylarymyzyň we tankytçylarymyzyň makalalarynda...türkmen edebiýatynyň ençeme derwaýys meseleleri gozgalyp, teoretiki hem-de praktiki taýdan möhüm ähmiýete eýe bolan pikirler öňe sürülýär”[2]

Şu ýerde, ozaly bilen, tankyda berilýän orun proza /366-391-nji sahypalar/, poeziýa /391-416-njy sahypalar/, drama/417-424-nji sahypalar/ berilýän orundan has az.”Edebi tankyt we edebiýaty öwreniş ylmy” diýen iki sany uly bölüm bary-ýogy 428-432-nji sahypalarda ýerleşdirilipdir.Ol, elbetde, çydamsyz ýagdaýdyr. Galyberse-de, beýleki žanrlar töwerekleýin, taryhy etaplar boýunça analiz edilse, tankyt we ylym juda ýüzleý derňelýär. Şonuň üçin ellinji ýyllaryň ortalarynda, altmyşynjy ýyllaryň başlarynda tankytda uly yz goýan Ata

---

[1] Türkmen sowet edebiýaty. Ikinji bölüm. Aşgabat. TDU. 1972, 429 s.
[2] Şol ýerde. 429 s.

Kerimow, Mämmetdurdy Annagurdow, Annaguly Mämmetgulyýew, Ruhy Alyýew ýalylaryň atlary-da şu kitapda tutulmaýar. Onsoňam, K.Berdiýew tankytçy hökmünde bir ýerde /ýokarky mysalda/ öz deň-duşlarynyň hatarynda agzalsa, yzky sahypalarda ýetmişinji ýyllarda peýda bolan ýaş nesle goşulýar:

"Ýokarda ady tutulanlardan başga-da Kakaly Berdiýew, Nargylyç Hojageldiýew, Nazar Gullaýew, D.Nuralyýew, Saýlaw Myradow ýaly tankytçylar hem edebiýatyň ösmegine ýardam edýän birnäçe makalalar hem-de synlar ýazdylar"[1]

Üns bersek, K.Berdiýew şu hatarda ýalňyş agzalýar.Ol tankydy synlar bilen ellinji ýyllarda B.Şamyradow, B.Welmyradow, N.Jumaýew dagy bilen bilelikde çykyş edipdi.Aslyýetinde, K.Berdiýew 50-nji ýyllaryň ortalaryndan bäri aktiw çykyş edýän tankytçylaryň hataryna girýär.Ony tankydyň taryhyny yzarlaýan soňky işlerde görmek bolýar.[2]

"Türkmen sowet edebiýaty" atly okuw gollanmasynda A.Myradowyň tankytçylyk hyzmatyna umuman dogry baha berilse-de, onuň "Edebiýatymyz hakynda oýlanyp" atly kitabynyň çykan ýyly "1966" diýlip, nädogry görkezilipdir. Bu kitap, ýokarda analizläp geçişimiz ýaly, 1963-nji ýylda okyja ýetirilipdi.Iň gowusy, 60-njy ýyllaryň dowamynda görnükli türkmen tankytçylary: Öde Abdyllaýew, Abdylla Myradow, Hanguly Taňryberdiýew, Jora Allakow, Saýlaw Myradow, D.Nuralyýew, Nargylyç Hojageldiýew, Allamyrat Garaýew dagy ösüp

[1] Türkmen sowet edebiýaty. Ikinji bölüm. Aşgabat. TDU. 1972, 430 s.

[2] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Okuw gollanmasy. Aşgabat: "Magaryf" 1988. 87-90 s.

ýetişdiler.Olaryň aýry-aýry kitaplary eýýäm 60-70-nji ýyllaryň sepgidinde peýda boldy. Bu bolsa eýýäm altmyşynjy ýyllaryň ahyrynda, ýetmişinji ýyllaryň başlarynda edebi tankydyň barha güýçlenendigine şaýatlyk edýär.

Edebi tankydyň janlanmagyna 60-80-nji ýyllarda, biziň pikirimizçe, dört ýagdaý sebäp boldy.

1.Ýokarda aýdylyşy ýaly, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, H.Taňryberdiýew, J.Allakow, S.Myradow, D.Nuralyýew ýaly professional tankytçylar, ýörite tankydy makalalar ýygyndysyny neşir etmeklerinden başga-da, aýry-aýry žanrlar boýunça çekişmeleri guradylar, olara aktiw gatnaşdylar.

2.Tankyt žanrynda B.Kerbabaýew[1], G.Gurbansähedow[2], K.Gurbannepesow[3] ýaly uly ýazyjylar hem çykyş etdiler.Olaryň iň gowy makalalary öz kitaplaryna girizildi.

3.Ýetmişinji ýyllaryň başynda türkmen edebiýatynda tankydy realizm, däp we täzelikçilik problemalaryndan dowamly çekişmeler guraldy.

4.60-70-nji ýyllarda tankydyň ylmy tarapyny işleýän iki sany[4] ýörite monografiýa çykdy. Bularyň hemmesi 70-80-nji ýyllaryň tankydyny aýratyn bapda işlemäge itergi berdi.

---

[1] Kerbabaýew B. Eserler toplumy. 3-nji tom. Aşgabat: TDN 1959. 643-708 s.

[2] Gurbansähedow G. Ýazyjy we döwür. Aşgabat: “Türkmenistan” 1979. 266 s.

[3] Gurbannepesow K. Edebiýat we durmuş. Aşgabat: “Türkmenistan” 1979. 201 s.

[4] Kekilow A., Rejebow R., Jumaýew K. Türkmenistanda tankydy pikirleriň döreýşi hem ösüşi.
Aşgabat: Ylym 1969 153 s.

# IKINJI BAP

## 70-80-nji ýyllar edebi tankydyň ýokary göteriliş döwrüdir

Ýetmişinji ýyllar türkmen edebi prosesiniň we çeper tankydynyň taryhynda aýratyn bir etapdyr. Wagt näçe öňe gitdigiçe, biz ony barha oňat duýýarys. Bu döwürde, bir ýandan, türkmen edebiýatynyň B.Kerbabaýew, B.Seýtäkow, A.Kekilow, H.Derýaýew, G.Seýitliýew, G.Muhtarow, K.Gurbannepesow, T.Esenowa, G.Kulyýew, G.Gurbansähedow, M.Seýidow, A.Atajanow ýaly pälwanlary janly çeperçilik prosesinde sözlerini aýdyp ýetişen bolsalar, ikinji tarapdan, edebi tankydyň A.Myradow, Ö.Abdyllaýew, H.Taňryberdiýew, S.Myradow ýaly görnükli wekilleri tankydymyzyň dürli ugurlaryny çuňlaşdyrmak, ösdürmek bilen meşguldylar, olar taryhda ýitmez yz hem goýup ýetişipdiler. Bu ýazyjylar hem tankytçylar eýýäm döwletimiz, jemgyýetimiz, okyjylarymyz tarapyndan ykrar edilen, birnäçesi”Türkmenistanyň halk ýazyjysy”,birnäçesi TSSR-iň Magtymguly adyndaky Döwlet ýa-da Türkmenistanyň Lenin komsomoly baýragynyň laureatlary adyna eýe bolan, özem şol abraýa 70-nji ýyllarda ýeten kişilerdi.

Onsoňam, SSKP MK-nyň “Edebi-çeper tankyt hakynda” diýen meşhur karary şol döwürde çap bolupdy. Şondan soň bu žanr täzeden oýanyşy başdan geçirip başlady.Galyberse-de, bu döwürde roman, powest, poeziýa, oçerk, publisistika žanrlarynyň örüsi giňedi, olara

ýörite tankydy çekişmeler bagyşlandy.Bular edebi tankydyň ýokary göterilişidi.

Emma 60-nji ýyllaryň birinji ýarymynda başlanylyp, türkmen tankydyny ylmy taýdan kämilleşdirilen çekişme hakda şu babyň başynda söz açmak amatlydyr. “Edebiýatymyzda tankydy realism bolupmy-bolmanmy?” diýen meseledir. Bu ýerde, ýagny şol çekişmelerde realism meselesi anyk çözülmese-de alymlaryň we tankytçylaryň pikir taýyndan ösendigi anyk duýulýar. Ony bellemezlik mümkin däldir. Sebäbi R.Rejebow, R.Alyýew, Ö.Abdyllaýew, A.Meredow, K.Jumaýew, A.Myradow ýaly alymlar H.Taňryberdiýew, D.Nuralyýew ýaly edebiýatçylar birnäçe okyjylar çekişmä aktiw gatnaşypdyrlar. Emma çekişme R.Rejebowyň “Tankydy realism hakynda” diýen makalasyndan gaýdýar ol maklanyň öňünde redaksiýany bu çekişme ýerine çagyryşy berilipdir. R.Rejebow XVIII-XIX asyr türkmen edebiýatynda tankydy realism ýok diýen pozisiýadan ugur alýar /ýaý içinde realism meselesine has köp üns beren alymlardan S.Garlyýewi , D.Nuralyýewi, K.Jumaýewi, Ö.Abdyllaýewi, agzalyň. Olar barada işiň dördünji babynda köpräk durulýar.

Köp orunly çekişmeleriň arasynda bu örän gyzykly çekişme bolup edebiýata köp zat berdi. Şonuň üçin bu barada giňden durmagy makul bildik.

R.Rejebow öz öňe sürýän kesgitlemesini esaslandyryp tankydy realismiň iki sany düýpli tapawudyny açyp berdi.Ol birinjidenä realizmiň gapdalynda aýdylýan “tankyt” epitetine käbir ýoldaşlaryň nädogry düşünýändiklerini belledi. Ikinjiden bu metodyň

XIX asyr rus edebiýatynda dörändigini sistemalaşandygyny subut etdi. Ol pikirini jemläp şeýle ýazdy:

Jemgyýete tankydy çemeleşme name? Jemgyýete tankydy çemeleşmek diýmek adamlaryň düşünjesi jemgyýeti analiz edip bilmäge we jemgyýete hadysalaryna özbaşdak baha berip bilmegi buržuaz sistemanyň durnuksyzdygyny sebäplerini görüp bilmäge ukyply bolmalydyr diýmekdir. XVIII asyrda türkmen zähmetkeşleriniň düşünjeleri şeýle derejede belent bolup bilmezdi. XIX asyr rus tankydy realizminiň ösüşi düşündirileninde ulanylýan jemgyýete tankydy çemeleşmegi diýen düşünjäni bu ýoldaşlar XVIII asyr türkmen durmuşy üçin hiç bir esassyz gaýtalaýarlar. Jemgyýete çemeleşmek diýen düşünje jogapkärsiz çemeleşmeli diýen realizm terminindäki “tankyt” sözünede bular nädogry düşünýärler.[1]

Awtor R.Aliyýewiň 1958-nji ýylda çap eden “türkmen sowet edebiýatynyň tankydy boýunça oçerki” hakynda käbir bellikler” atly makalasynda tassyklanan” esasy ugur tankudy realizmdir” diýmesini-de inkär edýär.

Realizm, haýsy bir halkyň edebiýatynda bolandygyna, nähili derejede bolandygyna garamazdan öz tebigaty boýunça edebiýaty öwreniş ylmynda iň bir çylşyrymly doly çözülmedik problemalaryň biridir. Şu jähetden alynanynda türkmen klassiki edebiýatynda realism bolandygy bolmanlygy onda-da tankydy realizmiň metod hökmünde kemala gelendigi ýa-da elementler hökmünde ýaşaýandygy heniz ylmy esasda anyklanmadyk meseledir. Şonuň üçin R.Rejebowyň bu

[1] P.Rejebow. Tankydy realizm hakynda. “Edebiýat we sungat”, 1960. 3-nji mart.

makalasynyň näçe ähmiýetiniň bolandygyna garamazdan onuň hut türkmen edebiýatynda haýsy ugruň bolandygyny açyk ýazýar. Rus edebiýatynda tankydy realizmiň bolandygyny açyk bellän awtor " türkmen edebiýatynda oňa derek name bolupdyr?" diýen sowaly öz öňünde goýýar. Ýöne ol iki sany möhüm hakykada jogap berýär.

Birinjiden, "sosialistik jemgyýetiň edebiýatyndan" tankydy realizm gözlemek şahsyýet bilen jemgyýet edebiýatda biri-birine garşy goýlupdyr, diýmek bilen many taýyndan bir deň bolup ol ylma we edebiýata örän jogapkärsiz çemeleşmekdir. Şunuň ýaly gödek ýalňyşmalar biziň teoretiki taýdan ýetişmändigimizden we rus rewolýusion edebiýat ylmyny ýeterlik derejede özleşdirmängimizden gelip çykýar diýse, ikinjiden, edebiýat/ şol wagt iki institute aýry aýrydy./ institutynda ýörite terjime sektoryny açmagy tekip edýär we şony dogry tapýar ."[1] Ol belli rewolýusion demokrat tankytçylaryň işleriniň terjime edilmegini iş üçin peýdaly hasaplaýar.

Edebiýatçy Ö.Abdyllaýew "Türkmen edebiýatynda tankydy realizm barada" atly makalasynda bu meseläniň düýplüdigini, çylşyrymlydygyny dogry belleýär. Şonuň bilen bir hatarda Ö.Abdyllaýew gös-göni öz pikirini açyk aýdyp, şeýle ýazýar.

"Türkmen edebiýatyny ylmy taýdan öwrenmegiň şu möhüm meselesi barada biziň her bir edebiýatçymyz öz pikirini "birden ýalňyş bolup çykaýsa nähili bolar" diýip gorkmazdan orta atsa gowy bolar. Özümä köne edebiýaty ýöriteläp öwrenäýän edebiýatçy bolmasam-da şeýle pikir

[1] "Edebiýat we sungat", 1960, 3-nji mart.

bilen” “Magtymgulynyň döredijiliginde tankydy realizm” diýen makalany ýazdym. Ol makalada magtymgulynyň döredijiliginde tankydy realizmiň peýda bolup başlandygy bellenýär. Käbir ýoldaşlar onuw tersine çykyş edip Magtymgulynyň we beýleki türkmen klassyk şahyrlarynyň döredijiliginde tankydy realizm ýok diýen pikiri öňe sürýärler[1].

Görnüşi ýaly, bu ýerde awtoryň pikiri belli. Eýsem ol nämä salgylanýar? Birinjiden, ol lirikadaky tipleşen gahryman – “men” obrazyna salgylanýar. Awtor: “Klassyk şahyrlarymyzyň liriki eserleri barada ylmy işlerde” bu fakta üns berilmeýär diýip belleýär-de, tutaryk hökmünde SSKP MK-nyň organy bolan “Kommunist” žurnalynyň 1955-nji ýylda çykan 16-njy sanyndaky “Edebiýatda we sungatda tiplilik hakyndaky mesele dogrusynda” atly makala esaslanýar. Onda tipleşdirmäniň dürli formalary ykrar edilýärdi. Awtor hem klassyk şahyrlaryň stil dürlüligine daýanýar. Başga bir ýerde welin awtor Moskwada 1957-nji ýylda geçirilen “Dünýä edebiýatynda realizm problemasy” atly diskussiýanyň materiallaryna salgylanýar. / 474,487,457,474-nji sahypalardan terjime edilen sitatalara seret/. Soňra Ö. Abdyllaýew A. Meredowyň “Türkmen edebiýatynyň taryhy düýpli öwrenmeli” atly makalasynda ýöredilen, hamala, realizm diňe prozada bolmaly diýen pikiri bilen-de ylalaşmaýar. Awtor iki tarapy çürt-kesik bölýärde, A. Meredowy R. Rejebowy we başgalary /”başgalar kim belli däl”/ /köne edebiýatda realizmiň diňe elementleri bar diýýärler” diýip tassyklaýan topara goşýar./ “Beýleki bir topary /R.

[1] “Edebiýat we sungat”, 1960, 10-njy mart

Alyýewi, Ö. Abdyllaýewi/ bolsa tankydy realizmiň elementleri däl-de, özi hem bar diýen topara goşýar. Üçünji delilnamasynda liriki duýgynyň obýektiw häsiýeti bellenýär. Şulara salgylanyp, Ö.Abdyllaýew:”Hut şeýle bolanlygy üçin, ....ol eserleri okap, XVIII-XIX asyryň...türkmen klassik şahyrlarynyň tipik konkret, konkret-taryhy duýgulary dogruçyl beýan edýän liriki eserlerini tankydy realizmden başga zada ýöňkäp bolmaz”[1] diýen netije çykarýar.

Edebiýatçy K.Jumaýew “Türkmen klassyk edebiýaty we edebi metod meselesi” atly makalasynda hem, iki pikiri degşirip, iň soňunda “Magtymgulynyň realizmini”, “progressiw pikirini” goldaýar we ony “dowam etdirijiler” hakda ýazýar[2].

Edebiýatçy H.Taňryberdiýew jedele goşulyp: ”Lirikada-da realizm bolar”[3] diýen makalasynda degerli pikirleri orta atdy. Ol tankydy realizmiň rus edebiýatynda-da XIX asyrdan öň dörändigini, biziň klassyky edebiýatymyzda “realistik stil we forma meselesini” gozgady. Awtor A.Meredow-da, R.Rejebow-da türkmen klassyky edebiýatynda tankydy realizmi inkär edip, onda nähili metodyň bolandygyny anyk aýtmaga milt etmeýär. Ol bolsa köpleri geň galdyrýar. Ýa-da türkmen edebiýaty metodsyz, ugursyz bir zat boldumyka? diýen meseläni orta atýar. Öz pikirlerini bolsa”hem metod, hem tankydy häsiýet bolan”, beýle başlangyjyň başynda Magtymguly duran diýip dogruçyl ýazýar.

---

[1] “Edebiýat we sungat”, 1960, 10-njy mart.
[2] Şol ýerde, 24-nji mart.
[3] Şol ýerde, 31-nji mart.

A.Myradow bu makalasynda Ö.Abdyllaýewiň, H.Taňryberdiýewiň azaşmalaryny tankytlap,R.Rejebowyň, A.Meredowyň pikirini goldaýar. Soňra ol K.Jumaýewiň "Magtymgulynyň realizmi"diýen pikiriniň jany ýok diýen pikire gelýär-de, muny-da metod hökmünde-de kabul etmek bolmaz diýen netijä gelýär.Ol "türkmen klassyk edebiýatynyň realizm elementleri ýygnanyp, dürli döwürlerde dürlüçe dowam etdirilip, ahyrsoňy hem diňe Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan soň, beýik rus halkynyň edebiýatynyň, SSSR-iň doganlyk halklarynyň edebiýatlarynyň uly kömegi bilen sosialistik realizm metodyna ösüp geçipdir" diýip, öz pikirini jemleýär.

Bu ýerde iki zady aýratyn bellemek mümkin. A.Myradow käbir taraplary aýdyňlaşdyrsa-da/taryhy döwür, edebi däpler/, öz husysy nukdaý nazary boýunça hiç bir pozisiýada durmaýar. R.Rejebowyň, A.Merdowy näme üçin goldaýandygyny anyklaman, birden K.Jumaýewiň pozisiýasyna girip goşulýar. Elementleriň nämeden durýandygy bolsa mysallarda aýyl-saýyl edilmeýär. Ikinji tarapdan, ol realizm ýaly uly meseläniň giň möçberde çözülmegini goldaýar. Ol pikir goldanylmalydyr.

A.Meredow "Gep tankytda däl, metodda!" atly makalasynda R.Rejebowyň, A,Myradowy, K.Jumaýewi goldady, Ö.Abdyllaýewiň bolsa "mäkäm käbir pozisiýanyň ýoklugyny"[1] aýdýar.

Awtor bu ýerde, öz pikirini äşgär edip, şu aşakdaky jemlemäni öňe sürýär:

---

[1] "Edebiýat we sungat", 1960, 5-nji maý.

“Birinjiden-ä, şol sanalan zatlar /Ö.Abdyllaýewdir H.Taňryberdiýewiň talaňçylyga garşy hasap edýän, adalata çagyrýan goşgulary.-E.A./XVIII asyrdan öň ýa-da halk döredijiliginde bolmanmy? Ikinjiden, şol zatlaryň garşysyna bolan ideýalar duş gelmeýärmi? Üçünjiden, şol sanalan faktlar tankydy realizm metodynyň bolandygyny subut edýärmi? Elbetde, ýok”[1]

Diýmek, pozisiýalar biri-birine düýpden garşy gelýär.Galyberse-de A.Myradowyň şu makalasynda “Ýene-de haýsy metod, haýsy ugur bolupdyr?”diýen sowal jogapsyz galýar. Mesele türkmen edebiýatynda tankydy realizmiň bolmandygyny subut etmekden dursa, başgaça, onuň tersine, nämäniň bolandygyny-da aýtmakdan ybaratdyr. Barha gyzyşyp giden bu çekişmede R.Alyýew “Ýene-de bir gezek tankydy realizm hakynda” atly uly makalasynda:”tankydy realizm diňe belli bir jemgyýetçilik şertlerinden däl, dürli ýagdaý we dürli şertlerden gözlemek nädogry-diýýär.-Çünki edebiýatyň taryhylyk prinsipi inkär edilen wagtynda, ol hiç hili realizmi hem goýmaz.Gürrüň tankydy realizmi ykrar etjek bolup, beýleki düşünjeleri inkär etmekde däl. Hemmesine bitewi çemeleşmeli.

R.Alyýew başga bir ýerde , A.Meredowyň goýberen ýalňyşlygyny belläp, şeýle diýýär:

“Görnüşi ýaly, A.Meredow üçin türkmen klassyk poeziýasynda din we mistikadan başga zat ýokmuş. Ol tankydy realizmi inkär etmek üçin hemme zady inkär etmage taýyn”.

Edil şu setiri R.Alyýewiň özi hakda-da aýdyp bolar-tankydy realizmi ykrar etmek üçin ol hemme položitel däl

---

[1] “Edebiýat we sungat”, 1960, 9-njy iýun.

zatlardan geçmäge taýyn beýleki nogsanlyklara göz ýummaga taýyn. Bu bir. Ikinjiden, R.Alyýew makalasynyň bir ýerinde K.Jumaýewiň pozisiýasy barada iki hili garaýşy orta atýar:

1.”...K.Jumaýew, bu meseläniň çözülişine beýlekilerden has jogapkärli garany üçin, bir tarapdan, şol akyma eýerse-de, ikinji tarapdan, türkmen klassyk poeziýasynyň realizmiň elementler hökmünde däl-de, sistema hökmünde bardygyny inkär edenok.

Ol öz makalasynda “Magtymgulynyň döredijiliginde türkmeniň geçmiş edebiýatynyň soňky wekillerine /Seýdi, Zelili, Kemine we başgalar/has bolan realizmiň başlangyjy /Kürsiw biziňki.-E.A./ ýagny Magtymgulynyň realizmi bar” diýip tassyklaýar. Ol bu pikirlerini ylmy esasda dowam etdirip, şol realizmiň taryhylyk esasyndadygyny nygtap görkezýär. Görnüşi ýaly, bu ýerde “element” hakynda söz ýok. Ol dowamly akym hakynda söz açýar”.

2.”....K.Jumaýewi tankydy realizm” inkär edijileriň” hataryna goşýar.

Bu gyzykly çekişmä belli professional edebiýatçylardan başga-da studentleriň, aspirantlaryň seslenmeleri çap edildi[1]. Olarda hem iki hili garaýyş orta atyldy.Şol wagt TDU-nyň studenti D.Nuralyýew “Türkmen klassyk edebiýatynda nähili metod bolupdyr?” atly makalasynda bu problema “iki tarapa, ýagny teoretiki hem taryhy-edebi derňew tarapdan garamagy”dogry hasaplanýar. Şeýle edilmedik halatynda realizmiň bolandygyny-da, bolmandygyny-da açmak mümkin däl

[1] “Edebiýat we sungat”, 1960, 19-njy maý.

diýen netijä gelýär.Emma şonuň bilen birlikde, ol hem , “Magtymgulynyň realizminiň häsiýeti:” barada pikir ýöredip, onuň progressiw täsirini, klassyklaryň indiwidual taraplaryny öwrenmegi obýektiw çözgüt hasaplaýar. Ol “durmuşy suratlandyrmagyň realistik ugry” Magtymguludan gaýdýar diýýär.

Şol döwürlerde TSSR YA-nyň Edebiýat institutynyň aspiranty Ö.Ylýasow, çekişmä goşulyp, “Biz şeýle düşünýäris”atly makalasynda , iki tarapyny-da saldarlap, “realistik elementler bar” diýýär. Emma ”XVIII-XIX asyr türkmen jemgyýetiniň spesifikasynyň hemmetaraplaýyn çuň öwrenilmändigi sebäpli, klassyk edebiýatymyzda tankydy realizm metody bolupdyr diýip, çürt-kesik aýtmaga mümkinçilik bermeýär...”[1] diýen pikire gelýär.

Bu ýerde umuman realistik ugur hakda pikir gelip çykýardy. Emma çekişmäniň tarapdarlary, diňe metod we onuň bolup-bolupmazlygyna aşa gyzygyp, ugur barada pyşgyrmaýardylar.

Bu uly jedeli jemlemekde redaksiýa yza galan bolsa-da /Çekişme 1960-njy ýylda dowam etdi, emma 1961-nji ýylda jemlendi/, prof.B.A.Garryýewiň “Häzirki zamanyň möhüm meselelerine ýüzlenmeli” atly makalasynda käbir netijeler çykaryldy. Ol “Bu edebiýat çekişmesi respublikada türkmen edebiýatynyň çylşyrymly problemalaryny çözmäge synanyşyk edýän oňat edebiýatçy kadrlaryň bardygyny görkezdi”[2] diýip, dogry netijä geldi.Dogrudan hem, indi çözülmeli meseleler ýüze çykdy. Olardan şu aşakdakylary görkezmek bolar.

---

[1] “Edebiýat we sungat”, 1960, 26-njy maý.

[2] Şol ýerde, 1961, 1-nji aprel.

1.Klassyky edebiýatyň stili.

2.XVIII-XIX asyrdaky awtorlaryň çeperçilik sistemasy.

3.Tekstiologik problemalar.

Prof.B.Garryýew näme üçin hut tankydy realizm hakda jedel gitdi, emma başga usullar bolmanmy näme?" diýse-de, özi belli bir pikiri aýtmady.Ýöne onuň şu aşakdaky pikiri ýerliklidi:

"Emma edebiýat taryhçylarynyň ünsüni häzirlikçe şol döwrüň edebiýatynyň umumy ýagdaýyny düşündirmäge, onuň esasy akymlaryny, kompleksleýin häsiýetlendirmäge we deslapky aýdyňlaşdyrmaga ugrukdyrmak has peýdaly bolardy"[1]

Ol R.Alyýewiň meselä dahylsyz zatlary aýdandygyny hem dogry görkezdi.

Şeýlelikde, bu gyzykly çekişmeden ol şu aşakdaky ýaly netije çykardy.

"Guramaçylyk taýdan gowşak taýýarlanan çekişme tankytçylary we edebiýatçylary köp çaý sowutmaga mejbur etdi.Çekişme olaryň ünsüni häzirki zamanyň möhüm wezipelerinden, edebi tankydyň hem-de edebiýaty öwreniş ylmynyň gündelik meselelerinden başga ýana, uzak geçmişdäki bir garaňky tarapa sowdy /?! – E.A./. Sosialistik realizmiň döreýşi we onuň ösüş problemasy türkmen edebiýatynyň stilistik, ideýa, çeperçilik özboluşlylygyny, onuň folklor bilen, beýleki halklaryň edebiýatlary bilen ysnyşygyny öwrenmek – ine, biziň pikirimizçe, edebiýatçylaryň dykgatyna mynasyp problemalar şulardan ybaratdyr"[2]

[1] "Edebiýat we sungat", 1960, 10-njy mart.

[2] "Edebiýat we sungat", 1961, 1-nji aprel.

Bu ýerde iki sany nätakyk pikir orta atyldy:
1.Awtor tankydy realizme asla golaýlaşmaly däl diýen pikiri aýtdy.
2.Muňa derek sosialistik realizme üns bermegi ündedi.

Elbetde, beýle netije garaşylan zady bermedi. Galyberse-de, türkmen alymlarynyň şu çekişmede gazanan ylmy-teoretiki netijelerini pese gaçyrdy.

Biziň pikirimizçe, ol çekişme örän guramaçylykly boldy, galyberse-de, bu kyn meselä aýdyňlyk girizdi. Hemme çekişmelerde, 1961-1965-nji ýylda tankydy realizm ýaly özüne çeken çekişme bolmady diýilse, dogry bolardy.

Ikinji gyzykly çekişme edebi däp we täzelikçilik hakynda gitdi. Aslynda, däp bilen baglanyşykly ýüze çykan bu çekişme A.Aborskiý we D.Haldurdy ikisiniň ýazan "Edebi däp we täzelikçilik"[1] atly makalasyndan başlandy. Awtorlar, çylşyrymly we zerur problemany orta atyp, şeýle ýazdylar:

"Türkmen sowet edebiýatynda täze formada, täze mazmunda döredilen poemalaryň we hekaýalaryň çap edilip başlaly bäri, ýarym asyr geçip barýar. Ol eserler häzir Türkmenistandan başga ülkelere hem ýaýrap gitdi. Döredilen eserler özleriniň bardyklaryny özleri subut edýärler. Ýöne şu güne çenli olaryň içinde geçmiş edebi däplerine eýermegiň, nähili hem bolsa başga bir görnüşde geçmişi gaýtalamagyň endigi biziň köpümizde dowam edip gelýär".

Elbetde, awtorlaryň bu pikiri ikirjeňlendirýär, alymlary, tankytçylary, ýazyjylary oýlandyrýar. Ýöne ol pikir dürli

"Edebiýat we sungat", 1962, 10-njy maý.

formada şol bir makalada örän köp gaýtalanýar. Ol hem turuwbaşdan wajyp meseläniň dogry alnyp gidilmezligine getirýär. A.Aborskiý we D.Haldurdy edebi däbi oňat peýdalanan, ýöne häzirki zamana bap gelýän täzelikçiligi öňe süren ýazyjy hökmünde Ata Gowşudowa salgylanýarlar. Bu dogry mysaldyr. Emma olar, däbi ylmy esasda düşündirip bilmändikleri üçin, makalada öz-özlerine garşy hem çykýarlar, köp ýerde guraksy deklarasiýa ýol berýärler, umumy gürleýärler.

Şol hili bärden gaýtmalary, kemçilikleri nazarda tutup, belli edebiýatçy alym we tankytçy Aman Kekilow “Edebi faktorlara obýektiw baha bermeli” diýen at bilen redaksiýa ýörite hat ýollady. Ol meseläniň möhümdigini nygtady, makalada adalatly görkezilen talaplaryň, ýetmezçilikleriň bardygyny real görkezmek bilen, esasan, onuň kemçilikleriniň üstünde durýar:

“Köne edebi mirasdan döredijilikli peýdalanman, oňa köre-körlük bilen öýkünmegiň, gönümel eýermegiň hakykaty real görkezmäge zyýan ýetirýändigi hakynda gürrüň açyp, awtortlar muňa degişli birnäçe mysal getirýärler. Köne edebi däplerden döredijilikli, başarnykly peýdalanmagyň göreldesi hökmünde makalada Ata Gowşudowyň “Mähri-Wepa” romany görkezilýär. Türkmen sowet prozasynyň bu görnükli eseriniň iň oňat baplarynyň ýazyjynyň realistik poeziýada durmagy bilen ýazylandygyny, şowsuz ynançsyn baplaryň bolsa köne dessan dessurlaryna eňňit edilip ýazylandygyny biziň edebi tankydymyz bireýýäm belläp geçipdi. Şu hakykatyň özi ýazyjynyň döredijiligi hakynda ýazylan monografiýada nygtalyp görkezilýär. Emma makalanyň awtorlary roman hakynda aýdylan bu dogry pikirleri bilen, näme üçindir

razylaşmak islemeýär, olaryň üstünden göz ýumup geçýärler[1]

A.Kekilowyň bu belligi, esasan adalatlydyr. Çünki awtorlar edebi däbi, täzelikçiligi, hamala, ylym yzarlamaýan, işlemeýän ýaly edip goýýarlar. Emma, hakyna seredeniňde, bu mesele türkmen tankydynda, ylmynda iň köp döwnelen “stažly” mesele ahyryn. Awtorlar esasy meseleden sowlup, şeýle ýazdylar:

“Bu işleri /ýagny, edebi däbi, täzeçikçiligi. – E.A./ aýyl-saýyl edip durmaly tankyt hem gowşak işleýär. Tankyt edebiýatyň ähli meselesini öz içine alyp bilmeýär, işe gorka ýapyşýar. Milli edebi kada /”kada” – däp mazmunyny asla bermeýär –E.N./ hem sowet edebiýatynyň täzelikçiligi barada aýry-aýdy meseläni gutarnykly çözüp berýän makalalar örän az. Tankydymyzyň asgynlygy, ýüzleý ýa-da birtaraplylygy, giňden umumylaşdyryjy makalanyň azlygy we başgalary barada soňky ýyllarda näçe gysyrsak hem, henize çenli görnüp duran üýtgeşikligi gazanyp bilmeýäris”[2]

Beýle inkär etme bilen asla ylalaşyp bolmaz. Ylaýta-da edebi täsir barada türkmen ylmynda ençeme makalalar ýazylansoň, ýazylyp ýörensoň we K.Jumaýew ýaly tejribeli edebiýatçynyň--M. Gorkiý hakynda[3] edebiýatçy T. Durdyýewiň bolsa Ata Gowşudow we onuň edebi täri[4] barada ýörite işi bolansoň B.Kerbabaýewe,

---

[1] “Edebiýat we sungat”, 1962, 7-nji iýun.

[2] Şol ýerde, 10-njy maý.

[3] K.Jumaýew. Gorkiý we türkmen sowet prozasy.Aşgabat:TSSR YA-nyň neşirýaty. 1957.

[4] T.Durdyýew. Ata Gowşudowyň romanlary. Aşgabat, TSSR YA-nyň neşirýaty. 1962.

N.Saryhanowa rus edebiýatynyň oňaýly täsiri hakda aýratyn aýdylýan umumylaşdyryjy işler çykansoň[1], awtorlaryň beýle inkär etmeleri A. Kekilow ýaly uly alymy oňa jogap bermäge iteklemän durup bilmedi. Şundan soň bu çekişme gyzdy.

Şahyr A. Haýydow "Täze ýolda" atly makalasynda , çekişmä goşulyp, Ata Gowşudowyň romanlarynda köne däbe eýermek ýok diýen netijä gelýär. Bu pikiri ol şeýle beýan edýär:

"Ata gowşudowyň "Mähri-Wepa" hem "Bahar-Hoşgeldi" romanlarynda köne dessan dessurlarynyň täsiri bar diýip, mundan ozal hem ençeme edebiýatçylar /A. Kekilowyň aýdyşy ýaly / makala ýazypdy. Men hernäçe pikirlensem-de şu iki romanyň haýsy babynda dessan dessurynyň barlygyna akyl ýetirip bilmedim. "Bahar-Hoşgeldi-de" altmyş çemesi personaž bar. Şolaryň edýän hereketi, gürrüňi giç bir tarapdan dessandaky personažlaryň hereketine, gürrüňine meňzänok… Kitaplary diňe köne däbe, at goýluşyna seredip, golaýlaşdyrsak, onda gülkünç ýagdaý emele geler..."[2]

Awtor kapiýasyz goşgynyň tarapyny çaldy we "Türkmen edebiýaty täze ýola – dünýä edebiýatynyň ýoluna ymykly girdi" diýip belledi.

Bu çykyşynda A. Haýydowa kapiýasyz şygyr meselesinde A. Aborskiniň, D.Haldurdynyň pozisiýasynda däl-de, A.Kekilowyň pozisiýasynda durýar. Emma, täze, "kapiýasyz goşgularyň" mysalyna salgylanman, umumy gürrüň edýär. Ol hem klassiki edebiýatyň progressiw

---

[1] Türkmen sowet edebiýatynyň taryhy boýunça oçerk. I-II kitaplar. Aşgabat TSSR YA-nyň neşirýaty. 1957,1962.

[2] "Edebiýat we sungat", 1962, 19-njy iýul.

däbini, öwrenmegi ündeýär, köne zyýanly däpden boşamagy dogry tapýar.

P. Orazow "Türkmen okyjysy "ýalaňaç goşgynyň" hyrydary däl" diýen makalasynda A. Haýydowa bütinleý garşy çykyp, ony her hili zatlarda aýyplamaga synanýar. Awtoryň makalasynyň äheňi gyňyr hem gyzma. Ol badyhowa sözleri şeýle bir kşp ulanýar welin, bu hili makalany redaksiýanyň nädip çap edenine haýran galýarsyň. Ol, sada gepleşik diline jedel etmekçidigine" wada berip A. Haýydowy klassyklardan "nalaýan", olaryň "ölmez-ýitmez atlaryna dil ýetirýär", "Klassik poeziýamyza şeýle töhmet atýan" hasaplaýar. P. Orazow: "Biziň jan-ten bilen söýýän mährem klassiki poeziýamyza şeýle töhmet atylýan pillesi edebiýatçylarymyzdyr tankytçylarymyz näme üçin "dymyş-dymyş" oýnaýarkalar? Olara "dymyş-dymyş" oýnuňyzdan oýun bolmaz, sizem gepe goşulyň diýmek gerek. Goý, olar poeziýamyza garawul dursunlar!"[1] diýip, redaksiýa ýüzlenmek bilen gutarýar.

Emma A. Aborskiý, D. Haldurdy, A. Kekilowdan soň bu çekişmä üçünji bolup seslenen B.Hudaýnazarow saldamly, oýlanyşykly pikirleri orta atdy. Ýöne, näme üçindir A. Haýydow many we forma babatda köp oňat detallary ýaňzydan bu makalanyň duşundan geçdi-kä?! "Edebi däp, döwrüň ruhy, döwrüň sözi" diýlip juda jaýdar atlandyrlan makalasynda B. Hudaýnazarow deňeşdirme arkaly täze jemgyýetçilik gatnaşyklaryny açýan poeziýany goldaýar. Ol "XX asyr täze jemgyýetçilik gurluşyny, täze adamy, adamlaryň arasynda täze gatnaşygy ýüze çykardy.

[1] "Edebiýat we sungat", 1962, 2-nji awgust.

Biziň halkymyz özüniň tebigaty boýunça jemgyýetçil kollektiwçildir"[1]

Örän dogry pikir. Şeýle jemgyýetiň adamy öz pikirini täzeçe ýüze çykarman durup bilmez. Durmuşy ykrar edijilik esasy bolmalydyr.

Däp meselesiniň diňe "rasional dänejiklerini" toplamalydygy belli zatdyr. Belli tankytçy A.Myradow "Däpden dänmek dürs däl, däp dowam etdirilmelidir" atly makalasynda bir taraply pikir ýşretdi. Üns beriň. Ol, alliterasiçýa kowalaşyp, düýpli problemany unudýar. Awtor türkmen sowet şahyrlarynyň il içine çykyşyny, öňe gelmäge, wasp etmäge wada berişlerini " ýaňsa alýar. Ony "bary-ýogy 5-10 metr aralykdaky hassa serçäni ýaraly edip biljek jysmyklar" hasaplaýar. Emma çykyşynyň ahyrynda G. Seýitliýewiň "Ganatly döwür" /1962/, A. Kowusowyň "Öýde we ýolda" /1962/ diýen kitaplaryna salgylanyp, jaýlar, ymaratlar ýagşy welin, "ellerinden dür dökülýän hany? Olaryň pikir duýgularyndan haçan söz açmakçy bolýarsyňyz?" diýen kanuny soragy berýär[2]. Gepiň gusgasy, ol hem däpden peýdalanmagy, hem täzelik agtarmagy mamla diýip tapýar.

Çekişmä goşulan N. Gullaýew "Uly başlar, kiçi işlär" makalasynda A.Haýydowyň kapyýasyz goşgy ýazmaly diýen ýörelgesine garşy çykyp, A.Myradowy bolsa umumylykda tankytlap, ozaly bilen, däbi täzelikçilige, olaryň özenine düşünmeklige çagyrýar. Bu ýerde N. Gullaýew problema seresap çemeleşýär. Baý edebi mirasa göz ýumman, ondaky çeperçilik mümkinçiligini görmegi ündeýär:

[1] "Edebiýat we sungat", 1960, 1-nji iýul.
[2] Şol ýerde, 11-nji awgust.

“Biziň pikirimizçe, däp diýlende, klassyklarymyzyň ulanan goşgy formalaryna, sözlerine, döreden taýýar obrazlaryna, meňzetmelerine, umumy äheňlerine öýkünmeklige däl-de, olaryň öz eserlerinde durmuşyň real kartinalaryny, döwrüň ruhuny nähili berişlerini, täsin obrazly aňlatmalary, poetik pikirleri, çylşyrymly öwrümleri tapyşlaryny we umuman,hakyky poeziýanyň nämedigini öwrenmeklige düşünmeli.

Täzelik diýip bolsa, biziňçe, täze döwrüň belent ruhuny, durmuş kartinalaryny, tebigat we yndan gözelligini, täze duýgulary özüňçe täze formalarda we täzeçe äheňde bermeklige düşünmeli. Her bir şahyr, ýazyjy durmuşy, halkyň islegini bilmegi, öz döredijilik ussatlyklaryny artdyrmagy, köne bilen täzäni başarnykly utgaşdyrmagy, ýagny milli formalarda täze sosialistik we kommunistik mazmuny çeperçilik bilen bermegi başarmalydyr”[1]

Taglymat taýdan bu setirler, elbetde, dogry, emma N. Gullaýew, şeýle düýpli zady orta atsa-da, mysalsyz, degşirmesiz gürrüň edeni üçin, ägirt problema “ýalaňaç” galýar. Awtor A. Kekilowyň “öz ejizligimizi klassiklerimiziň üstüne atmaly däldiris” diýen pikirini goldaýar. Özi-de ylmy esasly gürleýär, däbe, täzelikçilige ýüzleý garamaly däldigini ýaňzydýar. Ýöne “Haýsy ýazyjyda nähili däp dowam edýär, näme täzelik bar?” diýlen sowal jogapsyz galýar. “ Bedew aty batly çapýar”. “Kommunistik brigadalary” ýaly şowuna düşmedik setirleri ilki tankytdan Hudaýnazarowa ol gol ýapýar.

[1] “Edebiýat we sungat”, 1962, 22-nji sentýabr.

A.Haýydowyň pozisiýasyny bolsa ýazgarýar, ak goşgyny inkär edýär.

Edebiýatçy A.Gylyçdurdyýew “Edebi däbedir täzelikçilige bitewilikde garamaly” atly çykyşynda degerli mysallar bilen baglanyşykly gürrüň edýär. Awtor, esasan, A. Haýydowyň ýörelgesini ýazgaryp, edebi däpden miras alyjylyk üç hili bolýar diýip, ony anyklaşdyrýar: “ideýa, tematika hem tip, obraz döretmek we forma babatdan” atly böleklere bölýär we birinji bölek hakda pikir ýöredýär. Watançylyk ideýalarynyň ýazuw edebiýatyna folklordan miras geçendigini belläp, soňra klassiki we türkmen sowet poeziýasynyň takyk eserleri esasynda gürrüňini dowam edýär. Andalybyň, Durdy Gylyjyň “Jykyr”, Keminäniň “Ärsarynyň gyzy”, A.Haýydowyň “Lebap gözeli”, ýene Mätäjiniň, A.Haýydowyň “Bugdaý” şygryny mysal alýar. Bulardan başga-da ol sosialistik Watançylyga dogry düşündiriş berip, onuň beýan edilşiniň köklerine ser salýar.

Umumylykda alnanda, däp problemasynyň şu çekişmede belli derejede aýdyňlyk tapandygyny aýtmalydyrys. Ýöne gündelik tankytda bu hili mesele has ýaýrady we awtorlaryň çykyşynda dürli garaýyş peýda boldy. Emma esasy ugurlar barada “bir çukura tüýkürildi”. Bu ýerde ideýadan, çeper tärlerden mysal almak, ruhlanmak, durmuşa nazar salyp, ondan özüňçe täze ýol salmak-söhbet, ine şu ugra syrykdy. Ýöne “Edebiýat we sungat “ gazeti bu çekişmäni şowly jemlemedi, aslynda hiç hili jemleýji makala berilmedi. Bu bolsa uly zadyň başyny tutan okyjyny suw gysymlan ýaly etdi.

III. Bu döwürde gyzykly edebi çekişmeleriň üçünjisi A.Myradowyň “Zähmet bilen gahryman” atly makalasyndan başlandy. Awtor makalasynyň başynda “Şu

günki türkmen sowet prozasy zehin hem zähmet siňdirilip ýazylan eserleriň gitdigiçe artýandygyna güwä geçýär" diýip, dogry belledi. Çekişmä redaksiýanyň özi N. Baýramowyň "Döwli guýy" Ş. Borjakowyň "Tolkunly ýollar", T. Jumageldiýewiň "Çaknyşyk", A.Myradowyň "Muňa durmuş diýerler", H.Meläýewiň "Öwrümli ýollar", Ö.Möwlamowyň "Adalat", G.Seýitmedowyň "Gözlerim ýoluňda" A. Geldiýewiň "Ol biziň obadaşymyz", R. Esenow bilen  A.Şalaşowyň "Soltan Sanjar hakynda rowaýat" powestlerini, K. Gurbannepesowyň "Gumdan tapylan ýürek", "Pagta hakyndaky poema" , A.Haýydowyň "Her gülüň bir ysy bar", B.Hudaýnazarowyň "Döwriň depesindäki adam", N.Seýitliýewiň "Ýoldaş mugallym!" ýaly poemalaryny , G.Kulyýewiň "Ýowuz günler", P.Karpowyň "Ajy guýy" romanlaryny hödürledi.

Üns beriň! Nähili uzyn spisok. Powestler, romanlar, poemalar. Juda köp dälmi?Elbetde, köp. Munuň özi pikiriň endigan beýan edilmegine uly päsgelçilik berýär. Şol bir çekişmede, esasan, powestleriň üstünde durulsa-da bolardy.

Tankytçy A. Garaýew bu çekişmä aktiw gatnaşyp, ünsüni poeziýa berdi. Onuň duýgusyz lezzet ýok, lezzetsiz—poeziýa ", J. Allakowyň "Gowy tarapam köp weli...", H.Kulyýewiň "Zybagözeliň tragediýasy" diýen makalalary gazetiň tutuş sahypasyny eýeledi. Redaksiýanyň çekişmä gelen materiallary batyrgaýlyk bilen şeýle bermegi okyjy üçin peýdalydy.

Aýratyn hem tankytçy A. Garaýew obýektiw beletlik bilen tapawutlandy. Ol S.Güjükew bilen A.Kulyýewiň "Dünýäde öziňden güýçli zat ýokka"

/Edebiýat we sungat, 1964, 28-nji sentýabr/ atly makalasynda B.Hudaýnazarowyň "Döwrüň depesindäki adam", K. Gurbannepesowyň "Gumdan tapylan ýürek" poemalaryna berýän bahalary bilen ylalaşmaýar. Ol, köplenç, položitel taraplar barada durup, "bärden gaýdylýan ýerlerem bar. Galanynam näme il-gün aýdarda "diýip gutarýar.

Eger A. Garaýew kemçiligi aýtmakdan saklansa, J.Allakow, esasan, "Çaknyşyk" powestiniň "köp sözlüdigini, gaýtalamasyny, ýüzleýligini" dogry belleýär. H.Kulyýew hem "Gözlerim ýoluňda" powestiniň esasy kemçiligini mazmunuň gaýtalanmasy hasaplaýar.

Meşhur ýazyjy N.Tihonow "Beýik rewolýusiýanyň edebiýaty" atly çykyşynda:

"Problemalaryň problemasynyň adamdygy jedelsizdir.Biziň günlerimiziň döredijiliginde moral-etika temasynyň iňňän mese-mälimligem, megerem, şonuň üçindir"[1] diýip, jaýdar aýdypdy. Şonuň üçin çekişme mahalynda esasy ugry adam häsiýetlerindäki onuň çeper beýanyndaky kemçilige berildi. A.Hümmedow, K.Beghanow, A.Soltanow okyjy hökmünde "Ýoldaş mugallymyň", "Adalatyň" plýusyny-minusyny özleriçe belleseler, tankytçy A.Myradow , ýene jedele girip, N.Jumaýewiň "Ýeňiş ýylynyň hekaýatyna" ýüzlenýär, onuň diliniň guraksylygyny dogry belleýär.[2]

Mugallym D.Myradow "Ýüzleýligiň zeperi" atly seslenmesinde "Çaknyşyk" powestinde Annanyň obrazyny ýüzleý hasaplasa, J.Allakow "Ölmez-ýitmez ömrüň beýany" diýen çykyşynda "Ol biziň obadaşymyzyň

---

[1] "Edebiýat we sungat", 1965, 30-njy ýanwar.

[2] Şol ýerde, 10-njy fewral.

“ýüzleýdigini belleýär. D.Esenow hem “Olaryň ýoly öwrümlimikä” diýen makalasynda H.Meläýewiň “Öwrümli ýollar” powestiniň baş gahrymany Omar Ýagmyrowyň geçen ýoluna ser salýar, ony şowsuz obraz hasaplaýar.[1]

Biz bu çekişmede S.Myradowyň ”Zannyýamanlyk hakdamy ýa kemakyllylyk” ady bilen “ Adalata”, Ö.Babaýewiň ”Diniň üstünden seredip...” diýen seslenmesinde “Ýoldaş mugallyma”, M.Abdyýewiň “Kemsiz gözel-ä däl” diýen çykyşynda “Muňa durmuş diýerlere” ýerlikli bellikleri bilen tanyşýarys we olary makullaýarys.[2] Olary sitatalap, gaýtalap oturmagyň hajaty ýok. Umuman , tankydy äheň S.Ataýewiň ”Gutardym edilenem bolsa”, G.Seýitmedowyň “Tanyş adamlar hakynda”, S.Güjükowyň , S.Myradowyň” 248449 nomerli wagtlaýyn şahadatnama”, A.Ylýasowyň “Hyrydar göz bilen”[3], I.Nuryýewiň “Suwa düşen ýoda”, N.Atdaýewiň “Geljege sereden pälwan hakda”, A.Ataýewanyň “Özüm-ä oňladym”[4] diýen synlarynda çekişmä çekilen eserlere hertaraplaýyn syn berilýär.

Bu çekişmede diňe professional tankytçylar däl /professional tankytçylardan A. Myradow, J.Allakow munda öwran-öwran çykyş etdiler, G.Näzliýew ýaly ýokary okuw jaýynyň studenti-de /”Sährany söýýänler barada” diýen makalasy /, 3.Muhammedowa ýaly tejribeli

---

[1] “Edebiýat we sungat”, 1965, 17-nji fewral.
[2] Şol ýerde, 24-nji fewral.
[3] Şol ýerde, 31-nji mart.
[4] Şol ýerde, 9-njy maý.

dilçi alym, ýazyjy B.Gulow[1] hem çykyş edip, çeper eserleriň diline ähmiýet berilmegini tekrarladylar.

Çekişme aýaklap barýarka, şol çekişmede eserleri "döwnelen" awtorlardan A.Myradow "Sapaklar", G.Seýitmedow "Ylalaşmaýan ýerlerim", N.Baýramow "Men-ä razy"[2] diýen çykyşlary bilen öz pikirlerini aýtdylar. Bu bolsa çekişmäniň umumy äheňiniň oňlanmasyny aňlatdy.

Şondan sähel wagtdan soň köp materialy öz içine alan çekişme "Bir ýylyň hasyly"[3] atly makalada jemlendi. Ol ýazyjylara peýda berjek çekişmede üç sany oňat netije aýdyňlaşdy:

1.Türkmen prozasynda gözleg, indiwidual ýoda bar.

2.Ahlak problemasy powestlerde, poemalarda has ýiti guýulýar. Konflikt, dramatizm saklanýar.

3.Tankyt--/ bu eserleriň şowly-şowsuz taraplary hakda öz sözüni aýdyp bilýän kämil žanr.

Redaksiýa: "bu çekişme edebi tankydymyzy ýörjeň-ýörjeňlikden çykyp , öz aýagy bilen ýöretmäge ukyply edebiýatçylarymyzyň ýetişip ugrandygyny, edebiýatyň bu žanry bilen gyzyklanýan okyjylarymyzyň-da az däldigini görkezdi" diýip adalatly belledi.

1. Görlüp geçilen çekişmelerde tankyt žanrynyň diňe "ýörjen-ýörjeni" däl "gyzyl eňek jahyldygy"görünýär. Ol indi agyr märekeli meýdana çykan pälwan sypat žanra öwrüldi. Aýratyn-da A.Myradowyň çykyşlaryndaky operatiwlik okgunlylyk, pikir gerimi, dil şireliligi, detaldyr fakt gürlügi onuň tankytçylyk ukybynyň tebigylygyndan

---

[1] "Edebiýat we sungat", 1960,14-nji iýun.

[2] Şol ýerde, 18-nji awgust.

[3] Şol ýerde, 18-nji sentýabr.

habar berýär. Eger A.Myradowyň ähli ýazan tankydy makalalaryny bir ýere toplasaň , diňe 5 ýylyň önüminden saldamly tankydy tom ýasamak bolardy. Onuň stilini, obrazly, aýlawly pikir ýöredişini bolsa geljekde ýörite ylmy-barlag hökmünde işlemek gerek.

2.Bu döwrüň tankydy ýaş zehinlere yzygiderli üns berip geldi. Tankyt nazarynda ýaşlar problemasy hemişelik bolup galdy.Edebiýatyň geljegi bolan ýaş zehinlere A.Kekilow, B.Seýtäkow ýaly ýaşuly ýazyjylar, A.Myradow, K.Jumaýew ýaly professional tankytçylar mydama ýol görkezip geldiler. Özüniň aladaçyl äheňi boýunça edebiýatçy K.Jumaýewiň “Başlangyç ýazyjylaryň ilkinji eserleri”/ “Edebiýat we sungat”, 1961, 28-nji sentýabr/ atly makalasy has-da tapawutlanýar. “Redaksiýa gelen goşgulara syn” diýip, sistemalaýyn berilýän makalalaryň-da çeper döredijiligiň ösmeginde tejribe taýdan ähmiýeti uly boldy. A.Myradow, S.Myradow, A.Garaýew ýaly tankytçylardan başga-da, metbugatda ýygy-ýygydan çykyş eden A.Hümmedow , G.Gumanaýew ýaly awtorlar-da bu meselede çetde durmadylar.

Ine, şeýle üç taraplaýyn aktiwlik hem ýetmişinji ýyllaryň tankydynda döräpdi. Eýsem, ol nähili üç taraplaýyn aktiwlikdi?

Birinjiden, alymlar we tankytçylar ylmy-barlagy köp neşir etmekde däl-de , hut gündelik tankytda aktiwlik görkezdiler.

Ikinjiden, muňa gös-göni “Edebiýat we sungat”gazetiniň redaksiýasynyň öz işjeňligi sebäp boldy.

Üçünjiden, oňa ýönekeý okyjy köpçüligi ýakyndan kömek berdi. SSKP MK-nyň “Edebi çeper tankyt hakynda” kararynyň çykmagy/ 1972, ýanwar/ bilen bir

hatarda türkmen tankytçylary powest we roman žanrlaryndan çekişme guradylar. Şeýle bolmaz ýaly hem däldi. Sebäbi 70-nji ýyllar bizde powestlik ýyllary boldy diýilse, öte geçdigimiz bolmasa gerek Sähel wagtda çykan powestler barmak basyp sanardan kän.Olaryň has esasylarynyň ýa-da edebi çekişmede köp agzalanlarynyň atlaryny tutalyň. Şolara T.Gurbanowyň “Armanymy” , S.Annasähedowyň “Mukaddes daragty”, N.Jumaýewiň “Ýuwaş gelni” ,“Pagtabendi” , T.Jumageldiýewiň “Başagaýy” “Gelnejesi”, T.Seýitmedowyň “Adam boljak bolsaňy”, A.Paýtygyň “Gyzyl mugallymy”, A.Durdyýewiň “Dur, kimsini” , Ş.Geldiýewanyň “Leýlisi”, “Laçyny”, A.Gurbanowyň “Otjasy”, R.Gelenowyň “Garagülli guşagy” S.Ataýewiň “Maýagözeli”, H.Meläýewiň “Düýnki gelenleri” , “Ýalny”,”Tylla teňňeleri”, B.Hudaýnazarowyň ”Haşary”, ”Goňşylary”, N.Hojageldiýewiň”, “Öwrülişigi” girýär.

Biz diňe aýratyn kitap görnüşinde ýetmişinji ýyllarda çykan powestleri agzadyk. Emma 1971-1980-nji ýyllar aralygynda “Sowet edebiýaty” žurnalynyň dürli sanlarynda B.Abdyllaýewiň “Tanyşlyk”, R.Allanazarowyň “Owadan gelniň ogly”, “Adyýok”, G.Daşgynowyň “Öweý ene”, M.Gurbangylyjowyň “Daň ýyldyzlar”, A.Myradowyň “Men bir tylla ýüzükdim”, B.Seýtäkowyň “Ýagty jahan”, A.Taganyň “Mähnet dünýädäki kiçijik çaý” ýaly powestlerinden bölekler çap edildi.Ine, şol powestlerde položitel gahryman meselesinde çekişme açyldy. Bu çekişmä J.Allakow, D.Nuralyýew, H.Taňryberdiýew,S.Myradow,N.Hojageldiýew,A.Mämmedow ýaly professional tankytçylar gatnaşdylar. Bu tankytçylaryň çykyşlary “Sowet edebiýaty” žurnalynyň

1973-nji ýyldaky 1,2,3,6,8,10,11,12-nji sanlarynda çap edildi.Bu çekişmede örän köp sanly teoretiki we tankydy pikirler orta atyldy.

Şeýle çekişmäni guramagyň obýektiw edebi-çeperçilik sebäpleri barada ýap-ýaňy söz açdyk. Ony “Sowet edebiýaty” žurnalynyň redaksiýasy hem birinji makalada belläp , okyjylary şol çekişmä çagyrýar.Özem powest žanry barada ala-böle şeýle dartgynly pikir alyşmanyň peýda bolmagyna diňe türkmen powestleriniň köp ýazylmagy sebäp bolandyr diýmek bir taraply bolardy. Onuň umumy edebi akymyň hem täsirinden dörändigi bilen bagly hasap edilse-de, ýalňyş bolmaz. Biz muny iki fakt bilen subut edip bileris.

Birinji fakt- Orta Aziýa we Gazagystan edebiýatynda, WODMI-da Soýuz masştabynda meşhur gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatowyň altmyşynjy ýyllaryň ortalarynda, ýetmişinji ýyllaryň başlarynda dünýä meýdanyna çykmagy.Onuň “Jemile” powesti 1963-nji ýylda Aşgabatda türkmen dilinde neşir edildi. Baş gahrymany aýaldy.

Ikinji fakt- Özbek ýazyjysy Abdylla Kahharyň “Jik-jiki” powesti hem Aşgabatda 1962-nji ýylda türkmençä neşir edildi. Onuň hem baş gahrymany-Saýyda atly kolhoz başlygy aýal. Hatda “Jikjikiniň” täsiri türkmen ýazyjylaryna-da ýetip, köp sanly kolhoz başlyklary aýal bolup çykyş edýän powestler ýazyldy.Oňa A.Taganyň “Gyzylgül”, N.Hojageldiýewiň “Öwrülişik” powestleri mysal bolup biler.

Edebi çekişmede beýle ýiti sebäpler nazara alynmady. Şeýle-de bolsa, žurnal çekişmäni açyp, onuň käbir ýüzleý sebäplerini sözbaşyda agzady:

“Powest žanry şu günki edebiýatymyzyň iň ýörgünli žanrlarynyň biri.Diňe soňky ýyllarda ençeme powest döredildi.Şol powestler edebiýatymyza näme täzelik getirdi, nähili obrazlar bilen baýlaşdyrdy? Ine, bu meseleleri hertaraplaýyn çözmäge, powest žanrymyzyň gazanan üstünliklerini umumylaşdyrmaga, kemçiliklerini aýdyňlaşdyrmaga wagt ýetdi. Şu günki powestlerimiz we položitel gahryman problemasy iň derwaýys meseleleriň biri bolup durýar”[1]

Şol çagyryş äheňli setirlerden soň J.Allakowyň “Biziň günlerimiziň powestleri hakda bellikler” diýen makalasy berilýär. Eýsem J.Allakowyň bu makalasy haýsy powestleri analiz edýär? Ol umuman powest žanry hakda nähili düýpli pikiri orta atýar?

Makalada B.Seýtäkowyň “Perwana”, N.Jumaýewiň “Pagta bent”, T.Jumageldiýewiň “Başagaý” T.Gurbanowyň “Armanym”, A.Paýtygyň “Gyzyl mugallym” R.Babaýewiň “Göwher” powestleri analiz edilýär. Emma turuwbaşdan “Perwana”bilen “Pagta bende” aşa üns berilýändigi belli bolýar.Makalanyň agramly bölegi şolara bagyşlanyp, şolarda hem gutarýar. Mahlasy, 114-128-nji sahypalary eýeleýän uly makalanyň 114-118,125-128-nji sahypalary /jemi 9 / diňe B.Seýtäkowa, N.Jumaýewe bagyşlanyp , beýleki powestler degdim-gaçdym bilen agzalyp geçilipdir. Emma tankytçy powest žanrynyň ýaýraýşyny dogry belläp, ol ugurdan B.Seýtäkowyň, N.Jumaýewiň üstünligini degerli faktlar bilen subut edýär. Galyberse-de , J.Allakow “Jemile” powestiniň baş gahrymany Düýşeniň obrazy bilen

[1] Sowet edebiýaty, 1973, N1. 114 s.

T.Jumageldiýewiň “Başagaýyndaky” Gummady şowly deňeşdirýär.Olaryň ikisem-kiçi kärdäki adamlar.Bu bolsa ozal türkmen edebiýatynda ýoň bolup galan uly wezipeli adamlaryň obrazyny döretmek ýörelgesine garşy goýlan, ýazyjylarymyzyň täze gözlegleriniň alamatydyr.

B.Seýtäkowyň, N.Jumaýewiň powestlerine köp üns berenligine garamazdan, J.Allakow olaryň kemter gaýdýan ýerlerini dogry bellemegiň hötdesinden gelipdir. Bu-onuň meselä obýektiw çemeleşendigininiň alamaty. “Pagtabende” ol şeýle jemleme berýär:

“Ýazyjynyň bu powesti eksperimental häsiýetli. Ýazyjy eserde obanyň tutyş sosial-psihologik keşbini görkezmegi göz öňünde tutýar. Biziň pikirimizçe, bir powestiň çäklerinde juda köp meseläniň alynmagy o diýen şowuna düşmändir. Sebäbi awtoryň ünsi köpe dagapdyr, bölek-büçeklik emele gelipdir. Awtor haýsydyr bir waka barada azyrak gürrüň edenden soň täzesine geçmäge howlugýar. Şeýlelikde, powestde wakalar, gahrymanlar çalt-çaltdan çalşyp gidip otyr. Netijede-de aýry-aýry gahrymanlar, wakalar hakda ýazyjy ymykly gürrüň edip bilenok. Bu bolsa eseriň ençeme ýerinde wakalaryň, gahrymanlaryň käbirleriniň hereketleriniň obrazlylygyny, olaryň estetiki-emosinal täsirliligini gowşadypdyr. Bu bolsa powestiň uly kemçiligi bolup durýar”[1]

Ýetmişinji ýyllaryň powestleri onuň ýigriminiň çäginde däl, olar köp. Şonuň üçin D.Nuralyýewiň

[1] Allakow J. Biziň günlerimiziň powestleri hakda bellikler. “Sowet edebiýaty”, 1978, N1, -127 s.

“Türkmen powestlerinde döwür we položitel gahryman”[1], H.Taňryberdiýewiň “Powestlerimiz we döwrüň estetiki talaplary”[2], S.Myradowyň “Tankydy-da gabatlap alsaň…”[3] ýaly uly makalalarynda analize çekilen powestleriň sany barha artýar. Soň bu analiz çägi A.Annasähedowanyň “Meňzeş wakalar, meňzeş obrazlar”[4], A.Mämmedowyň “Üstünliklerimiz we kemçiliklerimiz”[5] ýaly makalalarynda has çuňlaşdy. N.Hojageldiýew ”Edebiýatymyzyň baş gahrymany”[6] jemleýji makalasynda, hile seredeniňde, powestleriň sanynyň köpdügini dogry belledi.

Biz ýetmişinji ýyllaryň powestleriniň her bir tankytça /şu çekişmä gatnaşan tankytçylar nazarda tutylýar./ nähili täsir edendigini jikme-jik degşirjek bolsak, gürrüň uzaga çekerdi. Emma biziň powestlerimiz barada şunuň ýaly çekişmä sebäp bolan bir zady agzaman bolmaz. Ol hem – tankydyň özi. Dogrudanam, 70-nji ýyllarda ähli türkmen ýazyjysy poweste ýatdy. Powest ýazmadyk uly-kiçi ýazyjy galmady. Muny ilki bolup duýan tankytçy D.Nuralyýew, şu çekişme žurnalda gitmezinden tas ýarym ýyl öň , “Edebiýat we sungat” gazetinde çap etdiren

---

[1] Nuralyýew D. Türkmen powestlerinde döwür we položitel gahryman problemasy Sowet edebiýaty.1973,N2

[2] Taňryberdiýew H. Powestlerimiz we döwrüň estetiki talaplary. Sowet edebiýaty. 1973, N3 81-94 s

[3] Myradow S. Tankydy-da gabatlap alsaň. Sowet edebiýaty. 1973, N6, 117-127 s

[4] Annasähedowa A.Meňzeş wakalar, meňzeş obrazlar. Sowet edebiýaty. 1973, N7, 117-121 s

[5] Mämmedow A. Üstünliklerimiz we kemçiliklerimiz. Sowet edebiýaty. 1973, N10, 105-110 s

[6] Hojageldiýew N. Edebiýatyň baş gahrymany. Sowet edebiýaty. 1973, N12, 102-111 s

“Ýetmişinji ýyllaryň powestleri”[1] diýen makalasynda sekiz sany täze poweste ser saldy. Şol hem soňabaka bu žanra gözli-başly ýüzlenmeginiň bir sebabi, belki, esasy sebäbi boldy. Gizläp oturman aýtsak D.Nuralyýewiň şu makalasynda ýene-de onlap powesti analizlemäge yş açypdy. Ol, tankydyň metodologiýasyndan başlap, tejribesine çenli ýoň bolan shemalaýynlygy tankyt astyna alyp, onsoň türkmen ýazyjylarynyň powestlerini bir ýan ujundan derňedi. Nähak ýeri, muny çekişmä gatnaşan köp awtorlar duýmadylar.Ol otuzynjy-ýetmişinji ýyllaryň powestlerini degşirmeklige-de ilki bolup synanyşyk etdi. Muny S.Myradow çekişmä ýazan makalasynda ýerlikli belledi.

D.Nuralyýewiň makalasynda T.Gurbanowyň “Armanym”, S.Annageldiýewiň “Mukaddes daragty”, A.Myradowyň “Muňa durmuş diýerleri”, N.Jumaýewiň ”Pagtabendi’, A.Paýtygyň “Gyzyl mugallymy”, T.Jumageldiýewiň “Başagaýy”, A.Durdyýewiň ”Dur, kimsiňi” , G.Seýitmädowyň “Adam boljak bolsadysy” hakynda köptaraplaýyn gürrüň edilýär. Gep gürrüň etmekde däl-de, edebi hadysalara professional çemeleşmede. D.Nuralyýew 70-nji ýyllaryň powestlerini mazmuny, tematikasy, problematikasy boýunça iki topara bölýär. Ony esaslandyryp, tankytçy şeýle ýazýar:

“Mesele eserleriň azlygynda-köplüginde däl.Olaryň näderejede durmuşa ýakynlygy, çeper hakykaty nähili suratlandyrandygy, dowam edýän prosesi anyk duýarlykly beýan edenligi ýa-da taryha öwrülen bir döwri real janlandyryp bilmekligi şol eserleriň ömrüni uzaldyp biler.

[1] Ýetmişinji ýyllaryň powestleri. Edebiýat we sungat. 1972, 1-nji oktýabr.

Bolmasa, temanyň aktuallygy-da, meseläniň ýitiligi-de eseriň ýaşaýjylyk ukybyny onçakly ösdürip bilmez. Şu nukdaý nazardan garanyňda, biziň günlerimiziň powestleriniň temalarynyň dürliligine seretmezden, göni iki topara bölüp analiz etmek maksada laýyk bolardy. Geçmişe öwrülen taryhy döwri suratlandyrýan eserler .Dowam edýän durmuş prosesini şöhlelendirýän eserler."[1]

Tankytçy otuzynjy ýyllaryň edebiýatynda daşky hereketiň köpdügini., muňa dörän içki oýlanmanyň, duýgynyň azlygyny hem dogry kesgitleýär. Ol ýetmişinji ýyllaryň powestlerini nazarda tutup, şeýle diýýär:

"Häzirki wagtda edebi prosesiň öňünde bütinleý başga problemalar durýar.Ol gahrymanyň içki duýgularynyň aktiwleşmegini, položitel obrazlaryň durmuşda özbaşdak hereket etmegini isleýär. Ýetmişinji ýyllaryň edebi prosesiniň baş aýratynlygy şundadyr. Ikinji esasy aýratynlyk-ýazyjynyň öz stilini tapmaklyga ymtylyşydyr, şol tapylan stili we özbaşdak gözlegleri dowam etmegidir"[2]

Ine, D.Nuralyýewiň şu aýgytly pikiri hem powest žanryna bagyşlanan jedeliň özeni boldy. D.Nuralyýewiň özi J.Allakowdan soň ikinji bolup çykyş etdi we onuň makalasynda çekişmelik häsiýetiň ýoklugyny dogry belledi. Ondan soň çykyş eden H.Taňryberdiýew welin D.Nuralyýew bilen käbir pikirde ylalaşmaýanlygyny ýazdy. Ol , D.Nuralyýewiň iki pikiri bilen razylaşma-ýandygyny aýdyp, şeýle tassyklaýar:

"D.Nuralyýewiň:"…biziň günlerimiziň powestleriniň otuzynjy ýyllarda döredilen powestlerden birinji

---

[1] Nuralyýew D. Ýatlanan makala.

[2] Şol ýerde.

aýratynlygy-gahrymanlaryň duýgylaryna düýpli ähmiýet berilmegidir. Otuzynjy ýyllaryň gahrymanlary esasan daşky faktorlara, herekete köp üns berýärdi…Ýazyjy psihologik oýlanmalara däl-de , öz gahrymanynyň köpçülikleýin täsir netijesinde / eger ol oňaýsyz bolsa / položitel häsiýete geçişini, düzelişini suratlandyrmak bilen çäklenýärdi” diýen pikiriň , umuman alanyňda, jany ýok däl. Dogrudan-da , bu günler diňe bir powestlerimizde däl romanlarymyzda-da, hekaýalarymyzda-da gahrymanlaryň ruhy dünýäsini, intellektuallygyny suratlandyrýan psihologymyzyň örüsi birneme giňeýär. Ýöne bu meselede biziň günlerimiziň powestleri bilen otuzynjy ýyllaryň ”Garşa guda”, “Baýram”, “Watan ogly”, “Azaşan yzyny tapdy”, “Iň soňky gije”, “Meret”, “Şükür bagşy” , uruş we uruşdan soňky ýyllaryň “Ýagtylyga çykanlar”, “Bäsdeşler”, “Mugallymyň gyzy”, “Iki atanyň bir ogly”, “Iň soňky arçyn”, “Dordepel” ýaly “jikme-jik ýadymyzda galan” powestleriň arasyna diwar örmek, ol eserleriň “gahrymany esasan daşky faktorlara, herekete köp üns berýärdi” diýip, kesgitli netije çykarmak biziň pikirimizçe, birtaraply bolar, gahrymanyň duýgularyny, ruhy taýdan kämilleşiş prosesini suratlandyrýan psihologik analiz bermek tärleriniň gözbaşylaryny şol eserlerden alyp gaýdýandygyny aňşyrmazlyk bolar[1].

Bu- H.Taňryberdiýewiň bir ylalaşmaýan pikiri.

Ikinji ylalaşmaýan ýeri hem, ine, şu aşakdaky setirlerden mälim bolýar:

“D.Nuralyýewiň taryhy-rewolýusion temadan ýazylan eserlerimiz barada ýöredýän pikiri-de, hut ýokarkylar ýaly,

[1] Taňryberdiýew H. Ýatlanan makala. 82 s.

öňküleriň gymmatyny gaçyrmaklyga baryp ýetýär.Ol şeýle ýazýar:

“Taryhy-rewolýusion mazmunly romanlarda powestlerde tabşyrylan ýumşy ýerini ýetirip gelen gahryman öz ruhy penakärine “näme tabşyryk berseň taýyn, oňyňy ýerine ýetirdim, ýene buýruber” diýen manyda ösýän, ýaşaýan bolsa, ady tutylan eserlerde/şu günki powestlerde. –H.T./beýle tekiz daşýalylyk ýok.Göreş barha çylşyrymly, has içgin psihologik päsgelçiliklerde geçýär”.

Muňa hä bermek örän çetin. “Aýgytly ädim”, “Doganlar”, “Ykbal”, “Gara kerwen”, “Ene toprak” ”Jeýhun” ýaly romanlaryň sahypalarynda hereket edýän gahrymanlary “ýumuş oglanlary” hökmünde häsiýetlendirkek , olardaky adam täleýine, tutyş halkyň ykbalyna aýgytly täsir edýän örän çylşyrymly taryhy, sosial öwrülişikleri, gahrymanlaryň kemala gelişlerindäki çylşyrymly psihologik öwrümleri, ruhy galkynyşlary, özakymly protestleriň aňly-düşünjeli göreşe ösüp geçişini, diňe bir aýratyn gahrymanlaryň däl, eýsem tutyş halkyň psihologiýasyny açyp görkezmekde ýazyjylarymyzyň edebiýatymyza getiren sansyz täzeliklerini, ýüze çykaran ussatlyklaryny äsgermezlik, häzirki powestlerimiziň aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrdygyň, kesgitlediginiň bolmasa gerek”[1]

Tankytçy S.Myradow bu ýerde H.Taňryberdiýew bilen ylalaşman, D.Nuralyýewiň pozisiýasyny goldaýar:

“Altmyşynjy ýyllaryň ikinji ýarymynda, ylaýta-da ýetmişinji ýyllaryň başlarynda ýagdaý üýtgedi. Bu

---

[1] Taňryberdiýew H. Ýatlanan makala..

döwürde öz dörediјilik poçerkini ýagşy merdemsileşdiren N.Jumaýew, A.Gurbanow, S.Annasähedow, A.Myradow, T.Gurbanow, Ý.Mämmediýew, N.Hojageldiýew , T.Jumageldiýew ýaly awtorlar powestleriň , diňe sanyny däl, eýsem tutyş prozanyň hiline täsir etdi. Sebäbi şu günüň türkmen prozasynyň ýarpy agramy şu hem şuňa meňzeş awtorlaryň gerdenine düşdi.

Şonuň üçinem D.Nuralyýewiň "Eger taryhy-rewolýusion mazmunly romanlarda, powestlerde tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirip gelen gahryman öz ruhy penakärine "Näme tabşyryk berseň taýyn, onyňy ýerine ýetirdim, ýene buýruber" diýen manyda ösýän, ýaşaýan bolsa, ady tutylan eserlerde beýle tekiz liniýalylyk ýok" diýen sözlerini filologiýa ylymlarynyň kandidaty Hanguly Taňryberdiýewiň inkär etjek bolmasyny özüm-ä halamadym. H. Taňryberdiýew bu meselede D.Nuralyýewiň "Öňki edebi hadysalaryň gymmatyny peseldýändigini", öňki" ýazyjylarymyzyň edebiýatymyza getiren sansyz täzeliklerini , ýüze çykaran ussatlyklaryny äsgermeýändigini" subut etjek bolýar.

Geň zat! Şu günki işiň düýnkiden gowudygyny aýtmak haçandan bäri düýnkiniň äsgerilmezligi bolup başladyka? Eger şu günki işiň düýnkiden gowudyny aýtmasaň, ol şu günki işi bitiren adamyň /ýazyjynyň/ äsgerilmezligi bolmazmyka? Düýnkiden artdyrylan zadyň nämedigine, onuň nähili gazanylan-dygyny çuňňur derňemeseň, ony ile ýaýmasaň, ol ösüşiň, täzeligiň bardygyny görmezlige salmak dälmikä? Tankytçynyň ilkinji borjy her nesliň ýetişdiren önüminiň, tapawudyny biri-birinden saýgarmak,ösüşiň haýsy ugur bilen nähili gidýändigini aýdyňlaşdyrmak bolmaly weli, geçen nesliň

hyzmatlary, oňa şu günki nesliň bitiren işlerine göz ýummaga bahana bolupdyr. Ähtimal , şunuň üçindir, ol /H.Taňryberdiýew.-E.A./makalasyny esasan S.Annasähedowdan,Ý.Pirgulyýewden. G.Seýitmedowdan setirlenen gowy sözlemler bilen doldurypdyr, olary ylmy taýdan derňemän, diňe olara haýran galmak bilen oňypdyr….”[1]

Tankytçy S.Myradowyň şu pikiri bilen biz hem ylalaşýarys. Aslynda “haýran galmak”, obýekti badyhowa öwmek H.Taňryberdiýewiň stiline mahsus. Biz ony B.Kerbabaýewiň döredijiliginden ýazan işlerinde-de görýäris /bu hakda işiň üçünji babyna seret./ Onsoňam, S.Myradow jedele has gaýym girýär.Ol J.Allakowyň, D.Nuralyýewiň mamla we mamla däl ýerlerini dogry görkezýär.Emma onuň has dogry bellän fakty-H.Taňryberdiýewiň asla tankytçy hökmünde ýekeje-de del pikiri aýdyp bilmezligidir.H.Taňryberdiýew biçak köp sözli, ol düşnükli zady-da hetjikläp gidip otyr. Özem jedele üçünji bolup girişse-de J.Allakowyň-da, D.Nuralyýewiň-de, makalalaryndaky gowy, položitel pikirleri görmegi başarmandyr, onuň özi-de suwytly zat aýdyp bilmändir.Ol, tersine, öz derňeýän ýazyjylaryny hem oňly düşünmändir. Muny S.Myradow örän ýerlikli belläp, şeýle ýazýar:

S.Annasähedowyň powestinden H.Taňryberdiýewiň talap eden aktiwliginiň güýç-gurbat taýdan tasa gelmeýändigini öň aýdypdyk. Galyberse-de, iň soňky demine çenli lebzinden dänmedik adamlaryň ölüminiň

---

[1] Myradow S. Ýatlanan makala. 120 s.

özüniňem duşmana garşy yglan edilen göreşdigini, göreşiňem iň ulusydygyny ýatladalyň”[1]

Herhal, jedele gatnaşan J.Allakow, D.Nuralyýew, H.Taňryberdiýew, S.Myradow ýaly tejribeli tankytçylar ýetmişinji ýyllaryň powestleriniň bize getiren täzeligini açmaga kömek etdiler. Olar, birinjiden, powest žanrynyň serhetiniň giňemeginden, ikinjiden 70-nji ýyllaryň çeper obrazlarynyň baýlygyndan, dürliliginden, üçünjiden, her bir powest ýazan uly ýazyjynyň öz stilini tapanlygyndan ybaratdy.

Diňe bular hem däl. Bu jedel türkmen tankydynyň kämilleşýändigini görkezdi.Umuman, 70-nji ýyllaryň prozasy barada”вопросы литературы”, “ Дружба народов” ýaly žurnallarynda köp çekişme gitdi.Ol hem powest we roman žanrynyň daşyndady. SSKP MK-nyň”Edebi-çeper tankyt hakynda”diýen kararyndan soň /1972/ dört-bäş ýylyň içinde tankytda san we hil özgerişligi gowy duýuldy. Ony D.Nuralyýew özüniň “Tankyt we edebi proses “diýen dokladynda dogry belleýär:

“Geçen bäş ýylyň içinde biziň edebi tankydymyzyň meýdany juda giňedi. Bary-ýogy bäş ýylyň içinde ona golaý gyzgyn çekişmeler guraldy.Iki redaksiýanyň ýagny “Edebiýat we sungat” gazetiniň’ “Sowet edebiýaty” žurnalynyň tagallasy bilen tankyt hakynda karar çykan pursatyndan başlap, häzirki zaman romanlary, häzirki zaman powestleri, häzirki zaman hekaýalary, powestlerde položitel gahryman, häzirki zaman poeziýasy, liriki gahryman problemasy, türkmen

[1] Myradow S. Ýatlanan makala.

romanlarynda esasy tendensiýalar, çeper diliň meseleleri başga-da çekişmeler guraldy. Çekişmeler häzirem dowam edýär.”Edebiýat we sungat” sahypalarynda çykýan çeper dile degişli oýlanmalar, “Sowet edebiýaty” žurnalynyň sanlarynda gidýän “Ýaşlaryň döredijiligi we ussatlyk problemasy” atly çekişme munuň aýdyň şaýadydyr.Olaryň her haýsysynyň berýän netijeleri bilen birlikde, iki sany uly üstünligi-de görkezmek bolardy.

Birinjiden-ä, bu çekişmeler tankydyň aktiwleşmegine, onuň owazynyň dürliçe çykmagyna alyp gelýär.

Ikinjiden hem , olar biziň ýazyjylarymyzyň edebi-tankydy pikire biperwaý garamazlyklaryna, ýazyjy bilen tankytçynyň arasynyň ýakynlaşmagyna, dostlukly, düşünişmeklerine alyp gelýär. Bu kiçi üstünlik dälmikä diýýäris.Şonuň üçin çekişmeleri guraýan, olaryň yzygiderli we mazmunly alyp barýan redaksiýalara minnetdarlyk bildirmegimiz gerek…Çekişmeler her bir žanryň içki resursyny açmaga ýardam etmeginden başga-da, tankytçylaryň hataryny artdyrdy.Öde Abdyllaýew, Ruhy Alyýew, Jora Allakow, Hanguly Taňryberdiýew, Nargylyç Hojageldiýew, Abdylla Myradow, Saýlaw Myradow, Kaýum Jumaýew, Bäşim Şamyradow, Allamyrat Garaýew ýaly öňden belli tankytçylaryň hatary Aba Gylyçdurdyýew, Gurbandurdy Geldiýew, Nury Ataýew, Ahmet Mämmedow, Şamuhammet Halmuhammedow ýaly täze ýoldaşlaryň hasabyna artyp barýar”[1]

Ýetmişinji ýyllar türkmen tankydy pikiriniň ösmeginde aýgytly etap bolandygy üçin D.Nuralyýewiň

[1] Nuralyýew D. Tankyt we edebi proses. Sowet edebiýaty. 1977, N9, 122 s.

jemleýji häsiýetli şol dokladynyň /”Edebi-çeper tankyt hakda” kararyň çykmagyna bäş ýyl dolmagy mynasybetli TSSR Ýazyjylar Soýuzynyň prawleniýasynyň plenumynda edilen doklad. –E.A./ ýene bir meseläni göwnejaý belleýşini aýtmalydyrys:

“Ikinji tarapdan , tankydyň öz hususy arşnalynyň-da baýlaşýandygy görünýär. Onuň bir mysalyna ýüzlenesimiz gelýär. Indi bir näçe ýyllap tankyt meýdanynda gujurly hereket edýän S.Myradowyň “Edebi çekişmeler”, “Poeziýamyzyň ädimleri” ýaly kitaplarynyň Türkmenistanyň Lenin komsomolynyň baýragyna mynasyp bolmagy onuň özüniň hem-de kärdeşleriniň göwnini galkyndyrdy.Bu berlen baha, eger A.Myradow aradan çykandan soň şoňa mynasyp bolandygyny hasaba almasak, tankytda ilkinjidir we özüni medeniýetdir guwanç meýlinden uzakda saklamaýan her bir tankytçy üçin uly hormatdyr. Has beteri-de , ol baha tankyt ýaly ynjyk hem inçe žanrda mundan bu ýana hem çynlakaý, çuňňur, parhly we obýektiw bolmagy, zehinlere aýawly garamagy sargaýar.

Edebi tankydyň ösüşine özüniň indiwidual goşandyny goşan tankytçylaryň adyny ýörite agzamagy ýerlikli hasaplaýarys.Olaryň hatarynda Ö.Abdyllaýew “Ertekilerde obrazlaryň şöhleleniş prinsipleri we olaryň görnüşleri”, “Häzirki zaman türkmen romanynyň esasy tendensiýalary”, J.Allakowyň ”Döwürdeşlerimiziň ahlak keşbi”, “Sreda we gahrymanyň sosial aktiwligi”, S.Myradowyň “Poeziýanyň sowetleýin häsýeti”, N.Hojageldiýewiň “Ak çägede galan hem galmadyk yzlar” ýaly makalalaryny görkezmek ýeterlikdir. Ýöne mesele aýry-aýry makalalarda däl-de, şol oňat ýörelgäniň

giňemeginde, özüňden soň dowam etdirijileriň ýetişdirilmeginde . Gurbandurdy Geldiýewiň, Ähmet Mämmedowyň, Saparmyrat Gurbanowyň, Amannazar Aşyrowyň, Döwran Abdyllaýewiň, Ähmet Bekmyradowyň, Annagurban Aşyrowyň makalalary, seslenmeleri belli derejede tankydy pulsyň kadaly urup biljekdigini syzdyrýar.[1]

Bu ýokary göteriliş Soýuzyň hemme ýerinde dowam edýärdi.Ony "Современная литературно-художественная критика.Актуальные проблема" / Л.: 1975/, " Современная литературная критика. Вопросы теории и методологии./ М. :1977/ ýaly ýygyndylar hem subut etdi.

A.N.Iozyitowyň "Hereket edýän estetika, jemgyýetiň ýeperçilikli özleşdirilmegi" diýen makalasynda ýerlikli bir pikir orta atylýar. Tankytçy edebi tankydyň wezipesine taryh we häzirki zaman nukdaý nazaryndan bitewi garaýar, olary bir ugra gönükdirip, şeýle diýýär.:

"Какое же место занимает литературная критика в общейсистемелитературно-эстетических представлений, характеризующих духовную жизнь общества? Традиционной являтся такая иерархия ступеней, или говоря современным языком, уровней литературно-художественного значения по степени убывания его теоретической оснащенности, глубины и значимости: эстетика, теория литературы, история литературы, критика. При подобной субординации критика неходится на "Эмпирическом уровне" знания , что ни в коей мере не соответствует ее внутреннему содержанию и ее истенному положеннию в системе...

[1] Nuralyýew D. Ýatlanan makala. 124 s.

Белинский назвал критику “движущейся эстетикой” в первую очередь потому, что она теоретически уясняет и практически подтверждает на материале текущей, динамично меняющейся литературы, законы, управляющие искусством слова. Как эстетическая дисциплина критика входит в то же время за пределы теоретического осмысления одной литературы, постоянно учитивая тесное взаимодействие литературного творчества с другими формами духовной жизни общества и материальной основой этой жизни”.[1]

Munuň şeýledigini türkmen romanlary baradaky çekişme hem görkezdi. “Derwaýys gürrüňiň başy “ady bilen açylan şol çekişmede Ö.Abdyllaýew, esasan , G.Kulyýewiň “Gara kerwen”, G.Gurbansähedowyň “Toýly Mergen”romanlary hakda söz açyp, şeýle pikiri orta atdy:

“Çeper edebiýat hakynda söhbet açylanda, biziň hemişe bir ugur alýan zadymyz bar, ol hem-sosialistik realizmiň talaplary. Eserdäki her bir položitel gahryman halk köpçüligine näçe ýakyn bolsa, onuň bilen el- ele berip hereket etse, şol gahryman okyjynyň ýadynda galýar. Şonuň üçin eserde gahrymanyň halk köpçüligi bilen baglanşygy zerur. Elbetde, men bu ýerde esasy gahrymany göz öňünde tutýaryn. Mysal üçin, G.Kulyýewiň “Gara kerwen” romanyny alyp göreliň. Roman gyzykly okalýar. Emma “Gara kerweniň” halk köpçüligi bilen şu arabaglanşygy ýok”.[1]

---

[1] Derwaýys gürrüňiň başy. Edebiýat we sungat. 1972. 27-nji fewral.

Ozaly bilen Ö.Abdyllaýew forsteri, tebigatyna düşünmän, ony položitel gahryman hasaplaýar. Forster-otrisatel gahryman ahyryn.Ýöne baş “gahryman”.Eýsem baş gahryman, hökman , položitel tip bolmaly diýip, nirede ýazylypdyr? Şu jähtden alnanda, N.Atdaýew hem “Edebiýatymyzyň bähbitini arasak”[1] diýen çekişme çykyşynda forstere düşünmändir. Žanrdaky esasy özgerişligi duýan D.Nuralyýew , “Romanlarymyzyň çeperçilik derejesi”diýen makalasynda ýazyp, G.Kulyýew-däki, G.Gurbansähedow-daky şowly gözlegi oňat açyp berdi:

“Halkyň çeperçilik aňynyň baýlaşmagy we çuňlaşmagy ýazyjylaryň, olaryň döreden eserleriniň sany bilen ölçelmän , janlandyrylan obrazlar bilen ölçelýär, halkyň özüne meňzäp duran şahslar bilen ölçelýär.Has beteri-de , halkyň öz wyždanynyň göterip biljek, ruhynyň kabul etjek duýgy-düşünjeleri bilen ölçelýär...Şu jähtden alanyňda, döredijilik ykbalynyň ýazyjy G.Gurbansähedowa, G. Kulyýewa ýylgyryp bakanlygy dessine ýadyňa düşýär. Romançy hökmünde özüni öňräkden tanadan G.Kulyýew üçin ol ýylgyryş onçakly zerur bolmasa-da, G.Gurbansähedow üçin howa ýaly gerekdi...”Toýly Mergen” sözüň doly manysynda ýazyjyny passiwlik ýagdaýyndan alyp çykdy. Temasy bilen däl. Köp emgek çekilip ýazylyşy bilen. Problemalaýyn meseläniň töwerekleýin işlenip, baş gahrymanyň hereketiniň däl-de , psihologik öwrülişiginiň ynandyryjylykly berilişi bilen...Gylyç Kulyýew ýazyjy hökmünde öz döredijilik stilina tematiki jähtden hem-de

[1] Atdaýew H. Edebiýatymyzyň bähbidini arasak. Edebiýat we sungat. 1972. 22-nji aprel.

gahrymanlary suratlandyryş prinsipleri taýyndan öňräkden mälim etdi. Onuň “Köpetdagyň aňyrsynda”, “Ýanbermez Alžirli”eserleri-de , belli derejede “Ýowuz günler” romany-da şuny tassyklaýar.”Gara kerwen” ýazyjynyň husysy stilini tassyklaýan romandyr.Emma käbir tankytçylaryň pikir edişi ýaly, “Ýanbermez Alžirliniň”dowamy däldir. Ýazyjynyň soňky romany gahrymanlaryň arasyndaky ýaşyryn psihologik göreş bilen tapawutlanýar”.[1]

Eger J.Allakow “Iki romanyň gürrüňi”[2], Ataýew K.”Ösýän hem kämilleşýän žanr”[3], A.Myradow ”Hadysalar we häsiýetler”[4] ýaly makalalarynda B.Hudaýnazarowyň “Gumlular”, H.Derýaýewiň “Ykbal”, A.Atajanowyň “Çakmak”, N.Jumaýewiň “Jeýhun”, T.Jumageldiýewiň “Bagrymyzyň badaşany”ýaly romanlaryň söhbetini etseler, heniz bu çekişmäniň soňlandygy bolmaýar.Tersine, ol ýene-de Ö.Abdyllaýewiň “Roman žanrynyň ösüşindäki esasy tendensiýalar”[5] ady bilen ýetmişinji ýyllaryň ortalarynda barha örç aldy.

Munuň hem öz taryhy, edebi, ylmy sebäbi bar. Ýetmişinji ýyllar bizde powestlik, romanlyk ýyllary bolupdy.Tas her bir uly ýazyjy bir roman edinmäge howlukdy. Indi “Aýgytly ädimden”soň onlarça taryhy,

---

[1] Nuralyýew D. Romanlarymyzyň çeperçilik derejesi. Edebiýat we sungat. 1972. 7-nji aprel.

[2] Allakow J. Iki romanyň gürrüňi. Edebiýat we sungat. 1972, 21-nji maý.

[3] Ataýew K. Ösýän we kämilleşýän žanr. Edebiýat we sungat. 1972. 11-nji iýun.

[4] Myradow A. Hadysalar we häsiýetler. Edebiýat we sungat. 1972. 3-nji sentýabr.

[5] Abdyllaýew Ö. Roman žanrynyň ösüşindäki esasy tendensiýalar. Sowet edebiýaty. 1975, N12, 91-110 s.

taryhy-rewolýusion, häzirki zaman we uruş temasyndan roman bary ýazyldy. Bu ýagdaý edebi tankyda giň ýol açdy.Roman žanrynyň esasy ösüş ugurlary, Ö.Abdyllaýewiň pikiriçe, nämelerden ybarat?

Ö.Abdyllaýew, biziň pikirimizçe, türkmern romanynyň esasy ösüşiniň baş alamatyny dogry belleýär. Olar haýsydyr? Biz şol ýagdaýy tankytçynyň öz sözleri bilen berýäris:

1. "Biziň günlerimiziň hakykatyny suratlandyrýan romanlaryň yzly-yzyna peýda bolmagy nämäni alamatlandyrýar? Ol, ozaly bilen, ýazyjylarymyzyň döredijilik ussatlygynyň ýokarlanýandygyny alamatlandyrýar. Belli bolşy ýaly, gahrymanlaryň häsiýeti durmuş konfliktleri bilen baglanyşykly edýän hereketlerinde, oý-pikirlerinde açylýar. Häsiýetleriň açary bolan konflikt bolsa hemme wagtda bir hili bolmaýar"[1]

Edil şu pikir hiç hili faktsyz agzalýar, ýöne ikinji delilini tankytçy fakt bilen berkitmegi unudanok:

2. "Häzirki zaman temasyndaky romanlaryň ýetmişinji ýyllardaky ösüşinde göze ilýän oňaýly tendensiýalaryň esasylaryndan biri gahrymany gerekmejek resmilikden daşlaşdyryp, ony öz ruhuna, öz paýhasyna, öz tejribesine, öz tebigy bolşuna laýyklykda erkin hem-de insiatiwaly hereket edýän tip hökmünde suratlandyrmagyň belli-külli güýçlenýänligidir. Bu babatda Berdi Kerbabaýewiň "Suw damjasy-altyn dänesi" diýen romanyndaky Babaly Artyk bilen Sergeý Gerasimowiç Nowçenko has-da saýlanýar"[2]

Dogrusyny aýtsak, 60-70-nji ýyllaryň tankydy esasan B.Kerbabaýewiň döredijiliginiň daşynda aýlandy. Şonuň

---

[1] Abdyllaýew Ö. Ýatlanan makala.- 93 s.

[2] Şol ýerde, -95 s.

üçin romanda ýüze çykýan meýil baradaky söhbetiň bir ýanynyň ol uly ýazyja syrygmagy ýöne ýerden däl. Ö.Abdyllaýew hem gürrüňi şondan alyp gaýdýar. Ýöne ol emele gelen meýli sanap, has uzaklara nazar aýlamagyň hötdesinden gelýär.

3. "Ýetmişinji ýyllaryň romanlarynda gahrymanlaryň ahlak, wyždan, gumanizm ýaly adamkärçilik sypatlaryny çuňdan suratlandyrmak hem güýçlendi. Ine, şo-da roman žanrynyň soňky ýyllardaky ösüşinde göze ilýän esasy tendensiýalaryň biridir... Gürrüňi edilýän bu tendensiýa ýetmişinji ýyllarda döredilen romanlardan Hydyr Derýaýewiň "Mukaddes ojak", Berdinazar Hudaýnazarowyň "Akar suwuň aýdymy", Ata Atajanowyň "Öz tanyşlaryň" atly romanlarynda has güýçli duýulýar"[1]

Tankytçynyň bu pikiri bilen ylalaşmak mümkin. Gep uzaldyp oturmanymyzda-da, ahlak meselesiniň, köplenç, maşgala bilen baglylygy belli zatdyr. Ýöne bu ýerde adamlarda bähbit diýen zadyň barha güýçlenýändigini tankytçy görenok. Hususy bähbit-ahlak bozulmasyna alyp barýar. Emma Ö.Abdyllaýew maşgala gatnaşygynda ahlak näsazlygyny örän oňat açyp bilipdir.

4. "Ýetmişinji ýyllaryň romanlarynda dürli kärdäki adamlaryň obrazyny döretmeklik hem güýçlendi.

Häzirki zaman temasyndan döredilen öňki romanlarda esasan oba adamlarynyň /"Köpetdagyň eteginde"/ hem-de nebitçi işçileriň /"Nebitdag", "Çeleken şemaly"/ obrazlary doredilen bolsa, ýetmişinji ýyllaryň romanlarynda, öňde görüp geçişimiz ýaly, Garagum kanalyny gurujylaryň-da /Nowçenko, Babaly, Mergen/, sowhoz işçisiniň-de

---

[1] Abdyllaýew Ö. Ýatlanan makala., 106 s.

/Naýzaly/, ylmy işgäriň-de /Serdar Şadyýewiç/ çeper döredijilik intelligensiýasynyňda /Salamguly/ obrazlary suratlandyryldy. Bu obrazlar türkmen romanlarynda döredilen täze sosial tipleriň obrazlarydyr. Şeýle bolansoň, olaryň türkmen edebiýatyndaky obrazlar galareýasyny baýlaşdyrjakdygy düşnüklidir.”[1]

Ö.Abdyllaýewde türkmen prozasyna töwerekleýin goramak, ony taryhy prinsiplere laýyk işlemek endigi güýçli . Ol hem düşnükli. Sebäbi ol şu ugurdan ýörite doktorlyk dissertasiýasyny gorady.[2] Biziň ony nygtaýanymyzyň sebäbi, tankytçynyň romanyň ösüşiniň bäşinji tendensiýasyny görkezmegi bilen baglydyr.

”Ýetmişinji ýyllaryň romanlarynda sýužetiň gurluşynda we ösüşinde-de özgeriş göze ilýär. Mälim bolşy ýaly, belli bir meselede ýüze çykýan garşylygy eseriň sýužetine özen edip almaklyk türkmen edebiýatynda gadymdan bäri dowam edip gelýän däpdir. Belli türkmen romançylary Berdi Kerbabaýewiň, Beki Seýtäkowyň, Hydyr Derýaýewiň, Gylyç Kulyýewiň romanlarynda-da şol däp esasan dowam etdirilýär.Şol däp boýunça döredilýän eserlerde wakalaryň ählisi diýen ýaly, birinjiden, bäş temanyň, baş ideýanyň, baş gahrymanyň obrazynyň aýdyňlaşmagyna, ikinjiden, eserde boýdan başa dowam edýän esasy sýužet liniýasynyň-garşylygyň ösmegine, çözülmegine hyzmat edýär, üçünjidenem, wakalar biri-biriniň döremegine, aýdyňlaşmagyna, soňlanmagyna sebäp bolmak arkaly öz aralarynda baglanyşýarlar. Şol esasda-da sýužet bitewileşýär, kompozision gurluş emele

[1] Abdyllaýew Ö. Ýatlanan makala.- 107 s.

[2] Abdyllaýew Ö. Türkmen prozasynda däp we täzeçillik. Aşgabat: TDU, 1972, 183 s.

gelýär. Şeýle häsiýetde sýužeti bitewileşdirmek, kompozisiýa gurmak däbi soňky ýyllarda döredilen romanlaryň hem köpüsinde dowam etdirilýär. Mysal üçin, Berdi Kerbabaýewiň “Suw damjasy-altyn dänesi” romanynda bölek gurluşygyň işine döredijilikli çemeleşmek meselesinde ýüze çykýan garşylyk sýužetiň esasynda ýatýan bolsa, Hydyr Derýaýewiň “Mykaddes ojak” romanynda ahlak meselesinde döreýän garşylyk esasynda sýužet gurulýar. Tirkeş Jumageldiýewiň “Bagrymyzyň badaşany”, Gurbandurdy Gurbansähedowyň ”Toýly Mergen”, Gowşut Şamyýewiň “Köýen ýyllar” romanlarynda-da sýužet esasan belli bir meselede ýüze çykýan garşylyk esasynda ösýär”[1]

Biz şu ýerde uzyn sitatanyň arasyny kessek-de, tankytçynyň aýtjak esasy pikiri tamamlanmaýar. Ol öz birinji pikirini subut edip, onsoň ikinji pikirine geçýär. Şoňa ünsi çekmek üçin özümiz Ö.Abdyllaýewiň bu sözleriniň arasyny kesýäris. Ol indi sýužetiň özgerişini ýazyp, şeýle diýýär:

“Ýetmişinji ýyllarda döredilen romanlaryň käbirinde welin sýužeti bitewileşdirmekde, kompozisiýa gurmakda öňden dowam edip gelýän bu hili däpden daşlaşmak tendensiýasy mese-mälim duýulýar.

Ine, mysal üçin, Berdinazar Hudaýnazarowyň “Akar suwuň aýdymy” romany. Bu romanda suratlandyrylýan wakalaryň aglabasy öz aralarynda-da biri-biri bilen baglanyşmaýarlar, boýdan başa dowam edýän belli bir garşylyk liniýasy bilenem baglanyşmaýarlar. Romandaky sýužet belli bir meselede ýüze çykýan garşylyk bilen

[1] Abdyllaýew Ö. Ýatlanan makala.- 108 s

baglanşykly wakalar esasynda däl-de, baş gahrymanyň-Mergeniň iş salyşýan köp dürli meselelerinde ýüze çykýan wakalar esasynda dowam edýär... Ata Atajanowyň "Öz tanyşlaryň" atly romanyndaky sýužetiň gurlyşy barada aýdylanda-da şeýle. Ol romanda-da edil "Akar suwuň aýdymyndaky" ýaly, baş gahrymanyň Salamgulynyň iş salyşýan köp sanly meseleleri-çeper döredijilik-däki,ylmy institutyň işindäki, oba adamlarynyň durmyşyndaky aýry-aýry meseleler bilen baglanşykly wakalar esasynda sýužet formalaşýar.

Berdi Kerbabaýewiň "Gaýgysyz Atabaý", "Garly Çakanyň ogly", Beki Seýtäkowyň "Şahyr", Pomma Nurberdiýewiň "Seýdi hakda söhbet" ýaly biografik häsiýetli eserleride-de sýužet belli bir meselede ýüze çykýan garşylyk esasynda däl-de, köp sanly aýry-aýry meselelerde ýüze çykýan garşylyklar esasynda ösýär.[1]

Uly tejribeli tankytçy Ö.Abdyllaýewden köpräk mysal almagymyzyň birnäçe sebäbi bar. Birinjiden, ol meseläni giňden goýýar, ikinjiden, çuň düşündirýär, galyberse-de, kimdir biri bilen jedelleşjek bolman, uly meseläni hut ýörite ylmy iş görnüşinde beýan etmegi halaýar."Roman žanrynyň ösüşindäki esasy tendensiýalar" hem çekişme maksady bilen ýazylman, özbaşdak bir ylmy işdir.

Bu problemany Ö. Abdyllaýew orta atsa-da, ony prozamyz bilen yzygiderli iş salyşýan tankytçy J.Allakow jemledi. Şol aralykda birnäçe tankytçylar muňa öz gatnaşyklaryny beýan etmeklige synanyşdylar. Olardan

[1] Abdyllaýew Ö. Ýatlanan makala. – 108 s.

N.Atdaýewiň,[1] Ş.Halmuhammedowyň[2], O.Ýagmyrowyň[3], A.Mämmedowyň[5] makalalaryny görkezmek ýeterlikdir.

Nähili çekişme guralanda-da, esasy agram ony başlaýana we jemleýäne düşýär. Aralykdaky çykyş edýän adamlar şol uly mesele öz garaýyşlaryny ýa-ha anyk aýdýarlar ýa-da umumy sözler bilen daşyndan aýlanyp geçýärler. Şu çekişmede nähili? Munda köp awtor, meseläniň içine girmän, daşyndan synlap geçipdir.

Biz Ö.Abdyllaýewiň başky makalasynda romanyň ösüşindäki bäş meýli ýönelige ýörite mysal getirmedik. Çekişmä gatnaşan ýekeje awtor hem şol bäş meýil hakynda öz pikirini aýtmandyr. Asla Ö. Abdyllaýewiň çekişmäni açan makalasynda ady-da, onuň özi-de agzalman gidilen makalalar duşýar. Ine, N. Atdaýewiň “Suw, ýer, häsiýet we çeper obraz” diýen makalasyny alyp göreliň. 106-111-nji sahypalarda tankytçy ýekeje ýerde-de ne “çekişme” – sözüni, ne “Ö.Abdyllaýew” diýen awtory agzapdyr. Beýle makalany asla çekişme mynasybetli çap etmek hem redaksiýanyň hatasydyr. Eger başlaýjy makalada gazalýan pikirlere aýak goşulmasa, oňa “hä” ýa-da “ýok” diýilmejek bolsa, onda çekişmä goşuldyk bolmaýar. Awtoryň beýleki pikirleri hem ýöntemlikden halas däl. Şonuň üçin ony analiz etmekden saklanýarys.

Tankytçy A. Mämmedow özüniň “Geçmişiň hasraty, geljegiň romantikasy real durmuş” atly

---

[1] Atdaýew H. Suw, ýer, häsiýet we çeper obraz. –Sowet edebiýaty, 1976, N1, 106-111 s.

[2] Halmuhammedow Ş. “Mukaddes ojagyň başyndaky öz tanyşlarymyz” ...Sowet edebiýaty, 1976, N3, 120-128 s.

[3] Ýagmyrow O. Täze döwür, täze gatnaşyklar. –Sowet edebiýaty. 1976, N4, 117-123 s.

makalasynda hem, çekişmäniň içine girmän, Ö. Abdyllaýew, N. Atdaýew, G. Aşyrow, Ş. Halmuhammedow bilen hem çekeleşmän, ýöne olaryň atlaryny tutup geçýar we şolarda "ýerlikli pikirler" orta atyldy. Käbir eserler barada garşylykly pikirleriň haýsysynyň dogry, haýsysynyň nädogrydygy edebi tankydyň şondan beýläkki ädimlerinde aýyl-saýyl edildi"[1] diýip oňýar. Eýsem, "ýerlikli pikirler" haýsyka? "Haýsy dogry, haýsy nädogryka?" Bulara tankytçy anyk jogap berip bilmändir. Dogry, makalasynyň başka bir ýerinde ol gyzykly pikiri aýdýar.Ine, şol pikir şeýle:

Baş gahryman forster däl diýlen pikir nämä daýanýar? Elbetde, otrisatel tip baş gahryman bolup bilmez diýen pikire daýanýar...

Baş gahryman forster diýlen pikir nämä daýanýar? Ol ozaly bilen eserdäki baş liniýanyň onuň obrazy arkaly aýdyňlaşýandygyna, ýazyjynyň göz öňünde tutýan maksadynyň, meselesiniň onuň obrazy bilen çözülýändigine daýanýar. Biz hem, öz nobatynda, baş gahryman forster diýlen pikire goşulýarys"[2]

Bu ýerde A.Mämmedowyň forster baradaky hususy garaýşy aýdyň. Özem dogry.Ýöne ol kim forsteri baş gahryman hasaplaýar, kim hasaplamaýar diýlen sowaly jogapsyz goýýar.Ony A.Mämmedow aýtmasa-da, biz aýtmaga synanyşalyň. Gynansagam, N.Atdaýew forsteriň obraz hökmündäki tebigatyna düşünmedi, şeýdibem ony

---

[1] Mämmedow A. Geçmişiň hsreti, geljegiň romantikasy we real durmuş. – Sowet edebiýaty. 1976, N11, 103 s.

[2] Mämmedow A. Ýatlanan makala.- 105 s.

N.Atdaýew baş gahryman hasap etmedi.[1] Emma forster, hut A.Mämmedowyň dogry aýdyşy ýaly, baş gahryman, özem otrisatel tip.Onsoň hem, A.Mämmedow türkmen romany ylmy-tehniki progres zamanynda ösýär, onda “psihologizmiň güýçlenendigi duýulýar”[2] diýen mahalynda-da mamladyr.

Emma bu çekişmede N.Hojageldiýewiň “Ýazyjy G.Gurbansähedowa açyk hat”, A.Haýydowyň “Toýly Mergen” romany hakynda” diýen makalalarynyň daşyndan aýlanyp geçildi.Ol makalalary diňe O.Ýagmyrow, “Täze döwür, täze gatnaşyklar” diýen çekişme makalasynda agzap, dogry pikir ýöretdi.

“...Toýly Mergen” romany 1972-nji ýylda “Edebiýat we sungat” gazetiniň sahypalarynda türkmen romanyna dahylly gurlan söhbetiň hem esasy obýekti boldy. Tankytçylaryň, okyjylaryň çykyşlarynyň aglabasy gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn bu esere degip geçdi. Ylaýta-da N.Hojageldiýewiň “Ýazyjy G.Gurbansähedowa açyk haty” we A.Haýydowyň “Toýly Mergen” romany hakynda “ atly makalasy çekişmäniň has çekeleşikli, dartgynly bolmagyna getirdi. Makalalarda biri-birine polýuslaýyn pikirler orta atyldy, şol bir zat barada dürli düşündiriş berildi. Emma, ahmyrly ýeri, şol pikir ýöretmeleriň haýsynyň hakytada has ýakynlygy, haýsysynyň hakykatdan daş düşýandigi barada anyk netije çykarylmady. “Toýly Mergen” romany baradaky pikirler okyjynyň aňynda dumanly bolup galdy!

[1] Atdaýew H. Edebiýatymyzyň bähbidini arasak. –Edebiýat we sungat. 1972, 26-njy aprel.
[2] Mämmedow A. Ýatlanan makala.- 111 s.

Bu-öňki, gazet ýüzündäki çekişme üçin aýdylan. Žurnal sahypalaryndaky üçin O.Ýagmyrow, has anyk netijeli gürrüň edip, şeýle ýazýar:

“Ondan bäri birküç ýyl geçdi. “Toýly Mergen” romanynyň rusçasy çykdy.Awtor oňa birnäçe düzedişler girizipdir, onda-da bu düzedişleriň köpüsinde diskussiýadaky tankydy belliklerde, aýratynam, N.Hojageldiýewiň makalasyndaky aýdylanlardan ugur alnypdyr. Muňa, makalany, “Toýly Mergen” romanynyň türkmençesini, rusçasyny deňeşdirip okaňda, anyk göz ýetirse bolýar. ”Toýly Mergen” romanynda konflikte esas edilip alnan problemanyň, konfliktiň ösdürilişiniň, çözülişiniň, eseriň bu taraplary aňrybaş kämillige ýetmedik bolsa-da, özboluşly täzeçilligi bar. Öň ýaňzydyşymyz ýaly, agzalan romanlarda esasy konflikte esas edilip önümçilik-hojalyk problemalaryna ýakyn problemalar alnan bolsa, eseriň başynda şol ugurda ýaýbaňlanýan göreş eseriň ahyrynda ýetjek derejesine çenli gyzyşdyrylýardy we ahyrda oňaýly çözgüt tapylýardy. Emma “Toýly Mergende” ýagdaý ep-esli başgaçadyr.Munda boljak işler bolup, boýasy siňenden soňky ýagdaýlar görkezilip başlanýar. Toýly, öň gowy işlese-de, soňky döwürde ýolbaşçylygy gowşadanlygy, garyndaşparazlyga ýol berenligi üçin işden aýrylýar. Onuň wezipesinden boşadylmagyndan hem eser başlanýar. Konflikti gurmagyň we ösdürmegiň, çözmegiň öňki usullary ulanylanlyda hut şol pursata çenli hem bir eser döretderlik mümkinçilik bolardy.Emma awtor meseläniň

ahlak-etiki taraplaryny nazara alypdyr hem-de şu esasda hereketi dowam etdirmek isleýär”[1]

Aslyýetinde her bir tankydy çekeleşmede esasy zat ýazyjynyň nämäni görkezjek bolýanyna düşünmek bolsa gerek. Şu jähtden O.Ýagmyrow tankytçylaryň arasynda muňa dogry düşünipdir.

Ýöne O.Ýagmyrow hem köp ýerlerde B.Kerbabaýewiň “Suw damjasy-altyn dänesi”, T.Jumageldiýewiň “Bagrymyň badaşany”, B.Hudaýnazarowyň “Akar suwuň aýdymy” ýaly romanlaryny hetjikläp, beýleki täze eserlere öz pikirini aýtman geçýär.Onsoň hem, ol Ö.Abdyllaýewiň orta atan meýilleri barada dil ýarmazlyk pozisiýasyndan ugur alanyny kem görmändir.

Professor J.Allakow “Roman žanry we onuň tankydy” diýen giňişleýin jemleýji makalasynda ol çekişmäni dolulygyna analiz edipdir.

Ozaly bilen, bellemeli zat-J.Allakow bu çekişmäniň hemme tarapyna degýär. Ol Ö.Abdyllaýewiň öňe süren meýline gol ýapýar, emma Ş.Halmuhammedowyň, O.Ýagmyrowyň, A.Mämmedowyň birnäçe pikiri bilen ylalaşmaýandygyny has açyk ýazýar.Özem bu ýerde J.Allakow tankytçy manysynda dogry pikir ýöredýär. A.Mämmedowyň bir pikirini ol şeýle inkär edýär:

“Käte bolsa biziň edebi tankydymyzam gahrymanlaryň häsiýetleriniň bütin çylşyrymlylygy bilen köptaraply görkezilmegine hemaýat edip bilmeýär. Ýazyjy belli bir galypa laýyk gelmeýän, aňyrsy görnüp duran obraz döretmedik mahalynda edebi tankyt oňa igenip

[1] Ýagmyrow O. Ýatlanan makala. -116-119 s.

başlaýar. Biziň pikirimizçe, çekişma gatnaşan, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Ähmet Mämmedowyň "Geçmişiň hasraty, geljegiň romantikasy we real durmuş"atly makalasynda hem şol çäkli garaýşyň käbir alamatlary özüni duýduryar.Ol Ata Allaberdiýewiň "Çapyksuwar"romanynyň gahrymanlary hakda şeýle ýazýar:

"Pajy gara kim? Baý bolmasa-da, baýlardan täsirli adam. Garybam, orta daýhanam bolmadyk bu adam mylakaty, at-abraýy jähtden öňe saýlanýar. Ol Sylaplara hossar çykýar, ony öýli-işikli edýär. Käbir epizodlarda ol beýleki garyp-gasarlaryň hemaýatçysy ýaly bolup duýulýar. Çaňly baýyň sözlerine, eseriň ündewine ynansaň, "Pajy gara Tomry baýyň dosty, Tomry baý bolsa Güljemal hanyň ogly Ýusup, arryk Annamyrat dilmaç bilen tirkeşýär. Ine, şeýle adamyň garyba hemaýat etmegiň sebäpleri, onuň pozisiýasy açyk aňladylmaýar. Aslynda Tomry baýyň hem hiç hili garşylyksyz kolhoza girip oturybermegi-de o diýen ynandyryjy däl".

Görnüşi ýaly, tankytçy garyba hemaýat edýän adamlary diňe garyplar bilen gatnaşýan, beýleki synpyň wekillerinem ähli halatlarda diňe gara reňklerden ýasalan, gahrymanlary çürt-kesik belli bir topara ymykly goşulan adamlar hökmünde görmek isleýär. Edebiýatymyzyň taryhynda tankytçynyň isleýän tipleri biçak köp döredildi. Indi olara biziň halys gözümiz öwrenişip gidipdir. Şonuň üçin şol ülňülere sähelçe laýyk gelmeýän tipler bize geň bolup görünýär.[1]

[1] Allakow J. Roman žanry we onuň tankydy. –Sowet edebiýaty, 1976. N12. - 96 s.

Başga bir ýerde-de J.Allakow:”rus adamlarynyň obrazlary barada-da Ähmet Mämmedowyň pikirleri bize o diýen mamla bolup görünmeýär[1] diýýär.

Elbetde, kimdir biriniň pikiri bilen tankytçy ylalaşman biler .Ýöne, gynansak-da, J.Allakow bu makalasynda O.Ýagmyrowyň, Ş.Halmuhammedowyň pikiri bilen hem razylaşmaýar. Bu bolsa uly tankytçy J.Allakowyň romanlar barada öz pozisiýasynyň-da dogrulygyna şübhe döredýär.Emma jedel-jedel bolýar.Şonuň üçin J.Allakow, her hili bolsa-da, aglaba halatda meselä obýektiw çemeleşýär. Ol Ö.Abdyllaýewiň öňe süren meýillerini birin-birin sanaman, olaryň birini unaýar:

“Professor Öde Abdyllaýew ýokarda agzalan makalasynda roman žanryndaky ösüşiň bir ugryny anyklap şeýle ýazýar:

“Ýetmişinji ýyllaryň romanlarynda gahrymanlaryň ahlak, wyždan, gumanizm ýaly adamçylyk sypatlaryny, çuňdan suratlandyrmak hem güýçlendi. Ine, şo-da roman žanrynyň soňky ýyllardaky ösüşinde göze ilýän esasy tendensiýalaryň biridir”. / “Sowet edebiýaty”,№12, 1975.-104S./.Tankytçynyň şu pikiri dogry[2]./.

Bu uly çekişmäniň şowly ýerlerini belläp, J.Allakow türkmen romanynyň kemçiligini hem ýerlikli görkezýär. Ol bolsa jemleýji makalanyň ýerine düşenligini görkezýär:

“Gürrüňimiziň dowamynda roman žanrynyň ädimleri hakda, ondaky oňlanmaly tendensiýalar, başlangyçlar hakda ençeme makullaýjy sözler aýtdyk.

---

[1] Allakow J. Roman žanry we onuň tankydy.–Sowet edebiýaty,1976.N12., 94 s

[2] Allakow J. Ýatlanan makala. -96 s.

Emma bu ýagdaýlar entek roman žanrynyň ösüşinde düýpli ýetmezçilikleriňem bardygyny inkär etmeýär.

1975-1976-njy ýyllarda "вопросы литературы" žurnalynyň sahypalarynda roman žanrynyň tendensiýalary hakda pikir alyşmada bu žanryň gazanan üstünlikleri, meýilleri bilen birlikde ondaky düýpli ýetmezçiliklerem nygtaldy.Şol ýetmezçilikleriň esasy hökmünde bu žanrdaky eserleriň ençemesinde romanlaýyk pikirlenmäniň /романное мышление / gowşakdygy bellenildi.Biziň pikirimizçe, şu ýetmezçilik tutyşlygyna biziň edebiýatymyza hem degişli...biziň roman-larymyzyň ençemesinde ähli wakalary, wakajyklary, epizodlary, liniýalary organiki syratda sazlaşykly birleşdirip duran bitewi bir täze ideýa, umumy pikir, düýpli problema kemterlik edýär"[1]

Şu kemçilik B.Hudaýnazarowyň "Akar suwuň aýdymy", A.Atajanowyň"Öz tanyşlarym"romanyna-da mahsus diýýän J.Allakow mamladyr.

Gepiň gysgasy, 70-80-nji ýyllaryň tankydynda oýanyş, galkynyş, kämilleşiş bes-belli boldy. Esasy zat şonda. Biz ony powest, roman, däp, usul, poeziýa barada giden hemme çekişmelerde gördük. Onsoňam, tankytçylaryň üç nesli-de/ uly, orta, ýaş nesiller/ hut ýetmişinji ýyllarda biri-birine ýakynlaşdy, olaryň ussatlygy artdy,stilleri aýyl-saýyl boldy.

Biz ol alamatlary işimiziň üçünji babynda giňden derňemegi göz öňünde tutýarys. Emma, edil şol bölüme geçmezimizden öň, altmyşynjy-segseninji ýyllaryň

[1] Allakow J. Ýatlanan makala. – 96 s.

tankydynyň etaplaýyn häsiýete eýe bolmagynyň ýene-de düýpli faktlaryny bellemäge synanyşalyň.

Ozaly bilen, professional tankytçylaryň tas hemmesiniň diýen ýaly düýpli makalalarynyň 70-80-nji ýyllaryň dowamynda gazet-žurnallaryň törüni eýeländigini aýtmak gerek. Soň şol makalalar, tankytçylaryň özbaşdak kitabyna girip, 70-nji ýyllarda, soňra 80-nji ýyllaryň başlarynda, ortalarynda çykdy. Emma her bir makalanyň ahyrynda goýlan senä seretsek, olaryň 70-nji ýyllaryň önümidigine göz ýetirmek kyn däl. Şolardan Ö.Abdyllaýewiň[1], J.Allakowyň[2], A.Myradowyň[3], S.Myradowyň[4], A.Garaýewiň[5], H.Taňryberdiýewiň[6], D.Nuralyýewiň[7], B.Ussaýewiň[8] özbaşdak kitaplaryny agzamak bolar. Bularyň içinde kitaplary käbir sebäplere görä seýrek çykany hem bar.Biz A.Myradowyň "Hoşniýetli maslahatlar", D.Nuralyýewiň "Şygyr bilen ikiçäk", "Edebiýatyň mähek daşy", B.Ussaýewiň "Söweşjeň poeziýa" diýen kitaplaryny nazarda tutýarys. Emma olaryň özenini 70-nji ýyllarda ýazylan makalalar tutýar. Ony şu ýerde ýörite spisokda görkezip durmasak hem, tankydy yzarlaýan okyja bellidir. Onsoňam,

[1] Abdyllaýew Ö. Talant, hyjuw, ussatlyk. –Aşgabat:Türkmenistan, 1975, 144 s.

[2] Allakow J. Döwür we gahryman. –Aşgabat. Türkmenistan. 1971. -178 s.

[3] Myradow A. Hoşniýetli maslahatlar. – Aşgabat. Türkmenistan, 1981. -96 s.

[4] Myradow S. Edebi çekişmeler. –Aşgabat: Türkmenistan, 1971, 109 s.

[5] Garaýew A. Uly poeziýanyň dowamy. Ýaş şahyrlaryň döredijiligi barada oýlanmalar. Aşgabat,1974. -146 s.

[6] Taňryberdiýew H. Prozanyň käbir problemalary.. –Aşgabat: Türkmenistan, 1975. -195 s.

[7] Nuralyýew D. Edebi prosesiň meseleleri. –Aşgabat: Türkmenistan, 1987. 251 s.

[8] Ussaýew B. Söweşjeň poeziýa. Aşgabat:Türkmenistan, 1984. -126 s.

A.Myradow ýaly zehinli tankytçy 1975-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda aramyzdan biwagt ötdi. Soňra H.Taňryberdiýew /1933-1981/, S.Myradow /1939-1985/, Ö.Abdyllaýew/1929-1988/ ýaly belli professional tankytçylar hem biwagt dünýäden ötdüler. Bularyň işleriniň agramy ýetmişinji ýyllarda bitirilipdi. Bu gynançly fakty nazara almak gerek. Gynançly diýýänimiz, heniz olar aramyzda gezip ýörendiklerinde, ýene uly işler bitirip bilerdiler. Emma olaryň edebi tankydyň töründe mynasyp orunlary bar.

Iki sany halk ýazyjysy—G.Gurbansähedow[1] bilen K.Gurbannepesow[2]-Edebi tankytda öz sözlerini aýtmaga ýetişdiler. Indi olar hem aýatda ýok. Emma G.Gurbansähedowyň “Ýazyjy we döwür”, K.Gurbannepesowyň “Edebiýat we durmuş” diýen kitaplarynda 1954-1980-nji ýyllaryň edebi prosesine tankydy nazary aýyl-saýyl duýulýar. Ol tankyt žanrynyň ösmegine örän uly goşantdyr. Onsoň hem, N.Gullaýew[3], G.Geldiýew[4], A.Bekmyradow[5] ýaly edebiýatçy alymlar tankyda öz seslerini goşmaga ýetişdiler.Bu özgerişlik hem 70-80-nji ýyllarda bolupdy.

70-80-nji ýyllar SSSR-iň çäginde edebi tankydyň ýokary göterilişi bolupdy diýip, başda-da belläpdik.Ony

---

[1] Gurbansähedow G. Ýazyjy we döwür.-Aşgabat: Türkmenistan, 1979, 264 s.
[2] Gurbannepesow K. Edebiýat we durmuş. Aşgabat: Türkmenistan, 1979. 200 s.
[3] Gullaýew N. Doganlyk edebiýatlar hakda söhbet. Aşgabat: Türkmenistan. 1979. -155 s.
[4] Geldiýew G. Poeziýamyzyň häzirki zaman keşbi. Aşgabat: Türkmenistan. 1978. -145 s.
[5] Bekmyradow A. Göroglynyň yzlary. –Aşgabat:Türkmenistan. 1988. -144 s.

Ý.A.Andreýew B.I.Bursow[1], Ý.I.Surowsew[2], F.F.Kuznesow, W.M.Ozerow, З.С.Кедрина, М.Б.Храпченко[3] ýaly uly tankytçylar hem ýörite nygtadylar. Munuň özi Aý dogan ýaly aýdyň, jedelsiz hakykatdyr. Hemme görnüp duran zady ýöne gaýtalap durman, esasy bir fakt bilen ikinji baby jemlemekçi bolýarys.

Biz şu gün, 90-njy ýyllaryň sepgidinde durup, öňki SSSR-i, öňki SSKP MK-ny näçe köteklesek hem, "Edebi-çeper tankyt hakdaky" kararyň ähli milli edebiýatlara örän güýçli täsir edendigini inkär edip bilmeris. Şol uly itergi bu gün täze şertlerde barha aktiwleşýär. Ol hem tankydyň žanr we stil mümkinçiliginiň artmagy bilen baglydyr.

---

1 Современная литературно-художественная критика. Актуалные проблемы. –Л.: Издателство "Наука", Л,1975. -264с.

2 Современная литературная критика. Вопросы теории и методологии.- М.: Наука,1977.-272 с.

3 Современный литературный процесс и литературная критика -М .:Художественная литература,1982.-470 с

# ÜÇÜNJI BAP

## Türkmen edebi-çeper tankydynyň žanr we stil aýratynlyklary

Žanr hem stil aýratynlygyny sözüň doly manysynda 50-nji ýyllaryň ortalaryndan A. Kerimow, M. Annagurdow, A. Myradow, Ö. Abdyllaýew ýaly ezber şahsyýetleriň tankytçylyk tejribesinden alyp gaýdan türkmen edebi pikiri 60-70-nji ýyllarda doly kemala gelip, kämillik derejesine ýetdi diýip aýtmak mümkin. Tebigaty boýunça ýeke däl-de, goňşy hem umumy türki dilli halklaryň edebiýatlary bilen bilelikde ösen türkmen sowet medeniýeti, hususan hem edebiýaty bu gün ýörite proza, poeziýa tankytçylaryna eýe boldy. Aýdaly, A. Kerimow, M. Annagurdow, Ö. Abdyllaýew, J. Allakow, H. Taňryberdiýew ýaly tankytçylar tema taýdan dürli ugurlardan tankydy makala ýazan hem bolsalar, olar, esasan proza tankydy bilen iş salyşdylar gitdiler. Emma S. Myradow, A. Garaýew, D. Nuralyýew, G. Geldiýew, B. Ussaýew ýaly tankytçylar, köplenç, poeziýa žanrynyň tankydy bilen meşgullandylar. Dogry, A. Myradow, H. Hojageldiýew, A. Mämmedow, S. Gurbanow, A. Bekmyradow dagy hem klassiki mirasa hem poeziýa, hem proza, hem çagalar edebiýatyna öz şowly makalalaryny bagyşladylar. Şeýlelikde, bizde dürli stilli tankytçylar ösüp ýetişdi.

Türkmen tankytçylarynyň žanr, stil aýratynlygyny işlemek umuman tankydyň derejesini, çuňlugyny, haýsy ugur bilen gidýändigini anyklamak üçin gerek, onuň obýektiwligini ýa-da subýektiwligini bilmek üçin gerek.

Tankytda-da sosiologiýa, publisistika, topologiýa barlaglary bolýar. Hatda A. Kerimowyň proza barada ýöreden pikiri bilen beýleki proza tankytçylarynyň arasynda ýakynlyk bolup-bolmazlygyda stili işlemeklige bagly. Meselem, A.Kerimow rus-türkmen edebi gatnaşygyny işledi, hut şu mesele A.Myradowda hem dowam etdirildi. Ikisiniň arasynda tipologiýa ýagdaýy boldy. Ýa-da A.Kerimow A.Gowşudowa ilki ýüzlendi, A.Myradow hem ilkinji makalasyny Ata gowşudowdan ýazdy. Ol tipologiýa teoriýasyny emele getirdi. Şeýle pursatlar M.Annagurdow bilen A.Mämmetgulyýewiň, B.Kerbabaýewiň döredijiligi hakyndaky tankydynda hem duşýar. Bu gyzykly mesele her tankytçyň öz ýüzüni açmaga kömek edýär.

Türkmen prozasy hakynda gürrüň edilende, ol, esasan, sowet edebiýatynyň dörän döwürlerinde ýüze çykyp ugrady we 30-njy ýyllarda eýýäm kämilleşip başlady. Onuň kämilleşmeginde B.Kerbabaýewiň, N.Saryhanowyň, A.Durdyýewiň, A.Gowşudowyň hyzmaty uludyr. Olar ilkinji kämil hekaýalary, powestleri, romanlary we gaýry žanrlarda döreden eserleri bilen nusga galdyryp, türkmen edebiýatynyň ösmeginde uly rol oýnan ussatlardyr. Bu žanrlaryň kemala gelmegi bilen edebi tankydymyz-da kemala gelip başlady. H.Çaryýew, O.Täçnazarow, B.Kerbabaýew ýaly ýazyjylar edebiýatyň şu meýdanyna aralaşdylar. Olar öz döredijilik hem-de jemgyýetçilik işleriniň daşyndan edebiýatyň dürli meseleleri bilen gyzyklanypdyrlar.

Edebi tankyt, esasan, 50-nji ýyllardan kämilleşdi, edebiýatyň dürli meseleleri işlenilip, professional tankytçylar özlerini görkezip ugradylar. Şol ýyllaryň

tankytçylary eseri çintgäp-çintgäp derňemek bilen, derňew obýektiniň harpygyny-çäjini aýyl-saýyl edip, ýüz görmezden, edebiýatyň bähbidini gorapdylar. Olar obýektiwligi, söweşjeň häsiýetiniň güýçliligi bilen tapawutlandylar. Kähalatda öte geçilip, ýazyjy öz kinesini metbugat üsti bilen beýan edip, onuň şahsyýetini kemsitmeklige, ýagny bir taraplylyga ýetilen halatlary-da bolupdyr öz döredijiligine ynamy bolan, edebiýatyň ösmegine düşünen, okyja bil baglan ýazyjylarymyz, oňa üns bermezden öňkiden-de uly güýç bilen işläp, tankytdan geregini alyp, eserlerini timarlap, kämilleşdirip, täze- täze döredijilik gözleglerini agtaryp, öz ussatlyklaryny subut etdiler. W. G. Belinskiý “1846-njy ýylyň rus edebiýatyna nazar” atly işinde şeýle ýazýar:

“Довольно работы критике! Пусть каждый выскажет свое мнение, не беспокоясь о том, что другие думают не так, как он. Надо иметь терпимость к чужим мнениям. Нельзя заставить всех думать одно. Опровергайте чужие мнения, не согласные с вашими, но не преследуйте их с ожесточением потому только, что они противны вам, не старайтесь выставлять их в литературном отношении. Это плохой расчет: желая выиграть больше простору вашим мнениям, вы может быть, этим самым лишите их всякой почвы”[1].

Şu döwürde professional tankytçylar hem edebiýat meýdanyna aralaşyp başlaýarlar. Olardan Ata Kerimow, edebiýatyň dürli meseleleri bilen gyzyklanyp ilkinjileriň, hatarynda edebi prosesizmiň ösüşindäki ýüze çykan üstünliklerdir käbir kemçiliklerini seljerip çykyş edenleriň

---

[1] . Белинский В.Г. Взгляд на русскую литературу 1846 г. 1947 г., с.151.

biridir. Ol edebi žanrlaryň ählisine diýen ýaly seslenip ýazypdyr. Ýöne ünsüni, esasan, proza eserleriniň tankydyna we problemasyna gönükdiripdir we onuň tankytçylyk özboluşlulygy şonda açylýar. Onuň ussatlygyny ýüze çykarýan aýratynlyk rus klassyklarynyň eserleri bilen türkmen ýazyjylarynyňkyny deňeşdirip, soňkularyňkynyň çeperçilik tärini açyp görkezýänligidir.

Ol rus klassyklaryndan A.P.Çehowy, L.N.Tolstoýy, M.Gorkini, W.Maýakowskini we beýlekileriň eserlerini öwrenýär. Olaryň ussatlygyna düşünýär. Türkmen ýazyjylaryna olaryň edýän täsirini açyp görkezýär. Bu ussatlaryň ýubileý senelerine bagyşlap, olaryň ömri we döredijiligi barada ýörite makala bilen çykyş edýär. Şol makalalar-da bolsa obýekt edinen ýazyjylarynyň bütin döredijiligi etapma-etap yzarlanyp, olaryň aýratynlygy açylyp, özboluşly taraplary barada syn berilýär. Onuň „Beýik sözüň ussady” diýen makalasynda L.N. Tolstoýyň ömrüne we döredijiligine degişli maglumat berilip, haýsy eseriniň näwagtda döredendigi, şol eseriň umumy mazmunyny aýdylyp, temasy, ideýasy, çeperçiligi, ähmiýeti barada giňden durulýar. Bu bolsa tankytçynyň rus klassyky edebiýatyny ähli çuňlugy bilen öwrenmäge jan edenliginiň, ähli ukybyny edebiýata bagyşlandygynyň alamatydyr.

Ol M.Gorkiniň, A.Çehowyň, W.Maýakowskiniň ýubileý seneleri bilen baglanşykly ýokardaky ýaly mazmunda makala bilen çykyş edip, olaryň ömrüne we döredijiligine degişli maglumat berýär.

Ata Kerimowyň ähli işlerini okanyňda, onuň rus edebiýatyna galtaşman geçýäni ýok diýen ýalydyr.

Ata Kerimowyň tankydy döredijilige başlan wagtynda, B.Garryýew, A.Kekilow, N.Aşyrow, M.Kösäýew, R.Alyýew ýaly edebiýatçylar hem aktiw işleýärdiler. Emma olaryň ugry başgady. Biri klassyky edebiýat bilen meşgullansa, beýlekisi halk döredijiligine, edebiýat taglymatyna ýykgyn edýärdi. Ýöne A.Kerimow janly edebi prosese has ýakyn durýardy. Ol döwrüň talaby, pulsy bilen iş salyşýardy. Häzirki zaman türkmen prozasynyň we poeziýasynyň meseleleri bilen gyzyklanýardy, oňa ähli zehinini sarp edýärdi. Şonuň bilen bir hatarda, köp milletli sowet edebiýatynyň bir bölegi bolan türkmen edebiýatynyň kämillik ýoluna düşmeginde doganlyk rus edebiýatynyň roluna aýratyn ähmiýet berýärdi.

Şol derňewleriň köpüsinde, esasan ýazyjylaryň, proza eserlerini derňäňde, olaryň döredijiligine has çuňňur aralaşýar. Ol diňe belli-belli ýazyjylaryň eserleriniň ösüşini, kemçiligini seljermek bilen çäklenmän, bütin türkmen prozasynyň ösüşine, kämilleşişine, onuň düýpli problemalaryna, kemçiliklerine ser salýar.

Tankytçy, derňew obýekti edip, B.Kerbabaýewiň, N.Saryhanowyň, A.Durdyýewiň, H.Ysmaýylowyň eserlerini alýar we şolaryň derňewinde edebiýatyň düýpli problemalaryny seljerýär. Eseriň kemçilikleri şol döwrüň nukdaý nazaryndan tankytlanylýar. Onuň bu ýazyjylar eserlerini derňew obýekti edinmegi tötänleýin däl, her bir tankytçy özüne estetiki taýdan lezzet berip, kalbyny gozgalaňa salan eseri barada söhbet açmagy halaýar. Hakykatdan-da, bu ýazyjylaryň eserleri tankytçynyň joşmagyna, pikirlenmegine itergi bolup bilipdir. Her bir tankytçy kalbyny gozgan, joşduran, eserleriniň sähel

kemçiligi bolsa-da duýýar, onuň has hem kämilleşmegini isleýär, şol maksat bilen hem kemçiligini çintgäp-çintgäp ýatlaýar. Tankytçynyň obýekt edinen ýazyjylary realistik prozanyň döremeginde, kemala gelmeginde yz goýan ýazyjylar. Olaryň döreden eserleriniň ideýa-tematika we çeperçilik aýratynlygy babatda söz diýer ýaly däl. Bu ýazyjylar adamlaryň gözüniň öňünde bolup duran hakyky durmuş wakalaryny, olaryň iş salyşýan adamlaryny tipleşdirip, ussatlarça suratlandyryp, halkyň kalbyna aralaşýar.

Täze şertler, täze gözlegler tutuş jemgyýetiň ruhundan gelip çykýar. Eger rewolýusion epos hakda gürrüň gitmeli bolsa, onda, birinji nobatda, realizm usulynyň talabyna ýüzlenmeli bolýar. Ýazyjynyň jemgyýet bilen baglylygy, durmuşy ynandyryjy suratlandyrmak öňden gelýän köne çeperçilik garaýyşlaryny ýumurdy. Emma şol ýumrulyş prosesini hemme ýazyjy birbada kabul edip bilmedi. Şonlukda birnäçe edebi akymyň dörändigini edebiýat taryhyndan bilýäris. Türkmen edebiýaty hakda aýdylanda, B.Kerbabaýew ozal „eýerjeňdi”. Soň ol häzirki zaman türkmen edebiýatynyň esasyny goýujy boldy.

Tankytçynyň B.Kerbabaýewiň „Aýgytly ädim” romany barada ýazan tankydy makalasynyň ilkinji ýazylan makalalarynyň biriligine garamazdan, ol munda ýazyjynyň romanynyň derňewine gaty döredijilikli çemeleşýär. Eseriň awtorynyň bärden gaýdan ýerleri ýüz görmezden tankytlanylýar. Şeýle tankyt ýazyja-da, okyja-da oňyn täsir edýär.

A.Kerimow N.Saryhanowyň döredijiliginede içgin aralaşýar. Ýazyjynyň eseriniň diliniň çeperçilik

aýratynlygy oňa, rus klassyklarynyň eden täsiri ýaly meseleleri aýdyňlaşdyrmakda önjeýli iş edýär. N.Saryhanowyň döredijiligini öwrenmekde tankytçynyň uly hyzmaty bar. Edebi makalalar bilen birlikde ol okuw kitaplaryň tekstini-de ýazýar. Şonda ýazyjylaryň eserleriniň aýratynlygyna gysgaça kesgitleme berilýär. Tankytçynyň proza žanryna degişli işlerinde Ata Gowşudowyň eserleride tötänden duşan sýužetleri däl-de, janly durmuş wakalaryny hakyky bolşunda umumylaşdyryp, görüp ýören adamlarymyzy tipleşdirip bermäge ussatlygyny ýerlikli nygtaýar. Ýazyjynyň öz eserlerinde hereket edýän tipleriň gylyk-häsiýetlerini göwne jaý indiwiduallaşdyryp, olaryň hereketleri arkaly eseriň düýp manysyny gyzykly durmuş wakalarynda açyp, köne bilen täzäniň arasyndaky barlyşyksyz göreşi, täzäniň üstün çykyşyny dabaralandyryp, durmuşy ösüşde, özgerişde görkezmäge ussatlygyny bellände-de, hakykatdan ugur alýar. Ata Kerimow:

„Ata Gowşudowyň taryhy-konkret şertlerdäki hakykaty rewolýusion ösüşde, dogruçyl we çeper suratlandyrýan köp eserleri möhüm terbiýeçilik ähmiýete eýedir.

Ýazyjynyň döredijiliginiň ösüşi we kämilleşişi edebiýatymyzyň ösüş taryhy bilen ýakyndan baglydyr. Türkmen sowet edebiýatynyň, hususan-da, onuň realistik proza žanrynyň düýbüni tutujy görnükli ýazyjylarymyzdan biri Ata Gowşudowyň çeper eserleri edebiýatymyzda sosialistik realizm usulyny ornaşdyrmakda möhüm goşant

boldy”[1] diýip, A.Gowşudowyň döredijiligine obýektiw baha berýär.

Şu işde Ata Gowşudowyň ömri we döredijilik ýoly yzarlanýar: Ýazyjynyň edebiýat meýdanyna gelşi, döredijiliginiň ösüşi, kämilleşişi etapma-etap derňelýär. Ilkinjileriň hatarynda hekaýa, oçerk, makalalar bilen birlikde „Juma”, „Zakaspi frontunda”, „Watan ogly” ýaly ajaýyp eserleri döredenligi ýatlanýar.

Ýazyjynyň halk döredijiliginiň çeper nusgalaryny toplamak, çapa taýýarlamak, halk köpçüligine ýetirmek ýaly işler bilen meşgul bolandygy barada-da gürrüň edilýär.

„Ata Gowşudow halk döredijiliginiň gymmatly nusgalaryndan döredijilikli peýdalanyp, halkyň biçak baý we sada diliniň iň oňat çeperçilik serişdeleri bilen bezelen ynandyryjy, tolgundyryjy eserlerini okyjylar çyn ýürekden söýüp okaýarlar”[2] diýeňde, A.Kerimow mamladyr.

Emma şu ýerde bir meseläni aýratyn nygtamakçy bolýarys.

A.Kerimow prozaçylardan A.Durdyýewiň, A.Gowşudowyň, N.Saryhanowyň eserlerini ürç edip öwrense-de, olaryň özara käbir ýakynlyk alamatlaryny açyp bilmeýär ýa-da ol öz öňünde beýle meseläni düýpden goýmaýar. Şeýle ýakynlyk ol ýazyjylarda:

a) halk psihologiýasyna ussatlyklary;

b) janly gepleşik dilini ynandyryjy, ýerlikli ulanyp bilmekleri;

---

[1] Kerimow A. Türkmen Sowet edebity ösüş ýolunda.- Aşgabat:TDN 1957, 118s.

[2] Şol ýerde.

ç) türkmen halkynyň geçmiş taryhyny, däplerini we ýazuw ýadygärliklerini

realistik proza siňdirip bilmekleri;

d) ýasamaklykdan daşda durup, milli ýumory, ýaňsyny öz ýerinde ulanyş

ussatlyklary ýaly formalarda açyk görünýär.

Ol „Mähri-Wepa” eserini derňände, bu meselä belli derejede ýakynlaşýar.

Ata Kerimow ýazyjynyň „Mähri-Wepa” romanynyň çeperçilik derňewinde eseriň çeperçilik aýratynlygynyň üstünde döwneýär. Eseriň ideýasynyň sagdynlygyny, temasynyň aktuallygyny, adamlaryň aňynda Watançylyk duýgusyny ösdürmekde ähmiýetiniň uludygyny bellände, alym bilen ylalaşmak bolar. Gahrymanlaryň öz bähbitlerinden halkyň, Watanyň bähbidini öňde goýandyklary Sähediň, küştçi ýaşulularyň, Gurt Gartyň, Gylyç Mergeniň obrazlarynyň üsti bilen açylyşy mysallaryň esasynda aýdyňlaşdyrýar. Ýazyjynyň durmuş wakalaryny hakyky bolşunda çeper suratlandyrmakdaky, obrazlary tipleşdirmekdäki, personažlaryň dilini indiwiduallaşdyrmakdaky ussatlygy giňden analizlenilýär.

Meselem, Myrat bilen Gurban atly kolhozçy ýaşulularyň suwçydyklary, Küşde gyzyp, ekini suwa basdyryşlary analizlenilýär. Bu ýerde küşt oýny eserde öz položitel roluny oýnaýar. Gahrymanlaryň milli häsiýetiniň ynandyryjy açylmagyna itergi berýär. Umuman, Ata Gowşudowdan soň çeper edebiýatda küştli epizod köpräk ulanylyp başlandy. Ol hatda uly ykbal synaglarynda-da öz oýnamaly roluny oýnaýar. A.Kerimow „Ata Gowşudowyň döredijiligi” atly makalasynyň 120-nji sahypasynda hem

ol epizod getirilýär. Umuman, her bir gahrymanyny suratlandyrmakda ýazyjy türkmen taryhyna ýüzlenenini kem görenok. Ine, Aman poşçy. Ol rewolýusiýanyň öňüsyrasynda poşçulyk eden adam. Onuň hereketlerinde resmi sowuklyk, öýkeliklik hem duýulýar. Ýöne bu elementler okyjyny bezikdirmän, gaýtam özüne çekýär.

Ýazyjynyň romanyň esasy ideýasyny, ýagny sowet halkynyň Watany jany-teni bilen söýýändikleri, onuň söweş ýagdaýlarynda has hem ösýändigini, doganlyk-dostluk söýgüsiniň hem gatyşyp, has berkleşýändigini, durmuşda gabat gelýän ýiti konfliktleriň esasynda real bolşunda açyp görkezýändigini A.Kerimow dellillendirip derňeýär. Alymyň şol çaknyşyklaryň iki sany şahsyň arasyndaky ähmiýetsiz çaknyşyk bolan, anyk-taryhy şertlere bap gelýän tutyş sosial mazmunly gatnaşyklardygy, şunuň bolsa romanyň gymmatyny artdyrýandygy hakdaky pikiri dogry. Şunuň mysaly Allaýar tulum, dönük Guwanç, Güljar beg, Hoşly molla we beýleki birnäçe obrazlaryň derňewinde açylyp görkezilýär. A.Kerimow, olaryň sowet hökümetine garşy alyp baran ýykgynçylykly, duşmançylykly hereketlerini yzarlap, öz pikirini delillendirýär. Ýazyjynyň halk duşmanlarynyň obrazlaryny suratlandyryşyny durmuş hakykatyna laýyklykda ynanhdyryjy açandygyny bellände, alym göwnejaý gürrüň edýär. A.Gowşudow, otrisatel gahrymanlaryna tapan günäsini ýüklejek bolup azara-da galman, tebigy bolşunda, real wakalaryň beýanynda bermäni başarýar. Şunuň bolsa eseriň çeperçiligini berkidýändigini A.Kerimow dogry kesgitleýär. Mährijemal bilen Wepa gutardyş agşamyndan gelýärkäler, Hoşly mollanyň, olaryň öňünden çykyp horlaýşy, Wepa

pyçak çenäp, Mährijemaly urup-bogşy – durmuşda şol döwürde bolup biläýjek hadysalar. Onuň gahrymanlary, gülki döretjek bolup, samsyklaç-ýuwan ýa-da gödek häsiýetine gelişmeýän, ynandyryjylygy gowşadýan hereketleri edip ýörmeýärler. Olar öz ýaşaýan durmuş şertlerine görä, assyrynlyk, mekirlik bilen hereket edýärler. Öz tutan maksatlaryna ýetmek üçin her hili usullary ulanýarlar. Ýazyjy şol döwrüň adamlarynyň häsiýetinden, wakalaryndan daşlaşman, görnüşi ýaly tipleşdirýär. Alym olary eserden alnan mysallaryň esasynda jikme-jik derňeýär. Romanda otrisatel gahrymanlaryň jemgyýetimize garşy alyp baran pyssy-pyjurlyklaryny suratlandyrmak bilen, olaryň garşysyna duýgurlyk, ýitigözlülik, hüşgärlik bilen göreşmekligiň zerurlygyny belleýär.

Romanda položitel gahrymanlaryň-da, otrisatel gahrymanlaryň-da tipleşdirlişiň şowly çykanlygyny, wakalaryň ynandyryjylygyny, ideýa-tematik taýdan durnuklylygyny belläp, kemçiliklerden hem halas däldigi ýatlanýar. Durmuşda saklanyp galan ýaramaz däp-dessurlar beýan edilende, ýazyjynyň oňa öz garaýşynyň açylman, gümürtük bolup galýandygy, Aman poşçynyň obrazynyň derňewinde görkezilmäge çalşyp A.Kerimow položitel gahrymanlaryň duýgy-düşünjesiniň durmuş şertlerine laýyklykda ösmeýändiggini tutaryk edinýär. Hakykatda juda beýle-de däl. Aman poşçynyň obrazy – özboluşly obraz. Onuň häsiýetinde, hereketinde döwrüň kadasyndan daşgynlyk duýulmaýar, gödegräk, yndarma ýaşuly. Wepa gatnaşygynda ol paýhassyzlyk, köneçil, gazaplyrak suratlandyrylypdyr. Durmuşda şeýle tipli adamlar bar ähbetin. Wepa yzly-yzyna töhmet atylýar, şol

töhmetlere az-kem ynanylmagy ähtimal, gaharlanmagam mümkin, gazaba münüp, öýden kowmagam bolmaýan zat däl. Şuňa döwrüniň gözi bilen seretmeklik zerur. Tankytçy:

"Romanda beýan edilýän wakalaryň döwründäki kolhozçylaryň Aman poşçynyň obrazy arkaly nädogry görkezilipdir. Aman poşçynyň köp tarapyny degşirip görseň, ol biziň günlerimizdäki, kolhozçylarymyz ýaly däl-de, rewolýusiýadan ozalky daýhanlaryň-da yzda galak wekili ýaly bolup görünýär. Raýonda iň öňde barýan kolhozyň başlygy, kommunist Aman poşçynyň ähli gylyk-häsiýeti yzda galak, çalasowat, medeniýetsiz edilip görkezilipdir. Onuň öz maşgala çilenleri bilen aragatnaşygyňda zyýanly, yza galak garaýyş we pikir köp gaýtalanýar” diýip belleýär.

Elbetde, Aman poşçy çalasowat, sada daýhan. Şonuň bilen birlikde, kalby päk, iliň-günüň bähbidini, Watanyň abraýyny hemme zatdan ileri goýýan durky bilen kommunist adam. Urşuň öňi syrasynda, uruş döwründe sowatly, aňly-düşünjeli, ýokary medeniýetli erkek adamlar gaty seýrek bolupdy. Olaryň eli ýarag tutany Watan goragyna gidipdi. Ýaşlar ýa-da sandan galan garrylar, ýaly maşgalalar bolaýmasa, obada adam galmandy. Aman poşçy ýalylaryň, uruş tamamlanýança, gidenleriň ýerine goýlanlygy adamlar bilýärler. Goçmyrat Aman poşçyny ýanyna çagyryp gürleşende, ol: „Goçmyrat, sen bir pikir edip gör, men özümiň üç-dört sany maşgalamyň agzyny birikdirip bilmän masgara bolup ýörýän, sen bolsaň maňa uly iliň atasy, ullakan maşgalanyň ýaşulusy bol diýýärsiň, bu ilçilik, munuň içinde her haýsy bar, bu işi bir oňarjak adama tabşyrmak gerek. Goçmyrat, ony men başarman –

diýdi”[1]. Ony kakasy Gylyç mergen hem aýdýar. Emma ol döwürde onça ýoklaryň hem şolar ýaly orunda oturanlary bolupdyr. Goçmyradyň özi-de Aman poşça ýüzlenýär:

„Özüň hem köne kommunist, daýhançylyk işleriniň ussady, ýurduň başyna şeýle ýagdaý düşen wagtynda, elbetde, kynçylyklara dözümli bolmaly, ine partiýa we hökümet gitmeli diýdi welin, men şäherden bärik gaýtdym, eger häzir eliňe ýarag al diýselerem almalydyryn: şeýle dälmi näme? – diýdi“[1].

Elbetde, parahatçylyk döwri bolanda, tankytçynyň belleýşi ýaly, Aman poşçy ýaly yza galak adam kolhoz başlygy bolsa geňräk bolmagy ähtimal. Parasatly, maşgala agzalary-da ile görelde bolarlyk adam bolanda, terbiýeleýjilik ähmiýeti has güýçli bolardy. Ýöne şol döwri suratlandyryp, ony hem şeýle ideallaşdyrmak gerekme beri?! Şeýle edilse, ynandyryjy bolarmydy?!

Goçmyrat, Aman poşçynyň Wepa bilen ýaraşmagyny maslahat berip: „Men uly ýalňyşlyk etdim, sen meniň şol günämi bagyşla...“ diýip hat ýaz“[2] diýýär. Emma Aman poşçy oňa şeýle jogap berýär: „Eýsem indi sen meni oglumyň öňünde dyza çökerip, kelläme owsar salmak isleýärmiň?! Bigünä-de bolsa, her näme-de bolsa, eger men oňa nähak käýän hem bolsam, ol meniň öňümde boýun egmeli bolar, men oglumyň öňünde boýun egip bilmerin. Ata-babadan gelýän bu däbimi menden aljak bolmaň, goý, ol däp meniň bilen mazara gitsin“[2] diýip

Gowşudow A. Mähri-Wepa, TDN, Aşgabat, 1949, 126s.
şol ýerde. 174s.
Gowşudow A. „Mähri-Wepa“, TDN, Aşgabat 1949, 173 s.
Şol ýerde. 225 s.
Şol ýerde. 226 s.

jogap berýär. Ýöne ýazyjy, şeýle adamy suratlandyrmak bilen, şonuň ýaly näsypaýy bolmaly däldigini, paýhaslylyk bilen anygyna ýetip hereket etmelidigini ündeýär. Ine, awtor gahrymanyň gödekligini ýazgarýar. Düşünjesiniň pesdigini nygtap, onuň adamy nähili güne salýandygyny görkezmek isleýär. Türkmeniň psihologiýasynda ata-baba bolan däp-adaty sähel wagtyň içinde goparyp aýryp bolmaýar. Eger ol düzedilip suratlandyrylan bolsa, eser ýasama bolardy. Uruşdan soňraky döwürleri öz içine alan bolsa, onda şeýle gahryman barada nähili tankydy bellik etseň-de bolardy. Sebäbi bu döwürlerde könäniň galyndylaryna, ýaramazlyklaryna oňat göz ýetirdiler. Türkmen öz çagasy urşup ýa-da sögüşip gelse-de, bigünä hem bolsa, çaganyň elinden tutup, günäkäriň üstüne gidip durman, geçirimlilik edip, öz çagasyna „Özüň dek gezseň, adam adyňy tutmaz“ diýip, käýinýär goýberýär. Onuň üçin ogly kine saklsa-da, öýüni-ilini terk edip gidip ýörmeýär, bardy-geldi, dostunyň beýlekiniň öýünde bir gün, ýarym gün bolaýanda-da, ene-atasynyň ýanyna alyp gelýärler. Onuň üstüne ejesini ýa-da kakasyny töwella eltjek bolup durmaýarlar. Aman poşçy hem şeýle adamlaryň arasynda terbiýelenen, ömür süren, şeýle häsiýet aňyna ornan adam. Onuň Wepa bilen arasyndaky düşünişmezligiň özi gowy häsiýet däl, şonda-da, döwrüniň gözi bilen seredeniňde, teýeneli tankydyň obýekti bolar ýaly hadysa-da däl.

Geçmişiň zyýanly galyndylarynyň, köne däp-dessurlaryň eseriň gahrymanlarynyň aňynda has kän saklanýandygy üçin ýazyja igenilýär. Hoşly mollanyň

etmişleriniň üsti açylansoň hem, Aman poşçynyň ogly Wepa bilen gatnaşyk açmanlygyny tankytçy kötekleýär. Ýazyjy şol döwrüň real wakalaryndan, oba adamlarynyň psihologiýasyndan ugur alýar. Eger şol töhmetleriň üsti açylan badyna, Aman poşçy, gujak açyp, oglunyň üstüne eltilse, ol gaýtam ýasama bolardy. Aman poşçy öz ýalňyşandygyny bilýär, ýöne ol – boýny ýogyn ýaşuly, başy egilmeýär, ol başgaça bolup hem bilmez.

A.Kekilow özüniň „Söz syrlary" /"Ylym" neşirýaty, Aşgabat, 1975./ atly kitabynda, „Mähri-Wepa" romany barada gürrüň edende, A.Kerimowyň şu pikirini oňlaýar. Aman poşçynyň nädogry hereketleri, yzagaklygyny, gödekligini, çalasowatlylygy maşgala çilenleri bilen aragatnaşyklarynda özüni alyp barşy ýönekeý kolhozça hem mynasyp däl diýen düşünjä goşulýar. A.Kekilow romanyň sýužetiniň gowşagrakdygyny nygtaýar. Ol: „Eseriň başynda iki sany mekdep okuwçysynyň – Mähriniň we Wepanyň üstüne töhmet atylmagy eseriň esasy konflikti bolup durýar. Uly göwrümli bu eserde mundan başga-da köp dürli konfliktler, garşylyklar, göreşler ýüze çykýar, emma olaryň köpüsi aýlanyp-dolanyp ahyrda şu başdaky konflikt bilen baglanyşýar"[1] diýmek bilen, garşylygyň şol töhmetden başlanýandygyny, onuň uly esere laýyk konflikt bolmaklyga kiçilik edýändigini ýaňzydýar. Ol uly konfliktlere sapyp gidýär, töhmet-hyýanat, köne bilen täzäniň çaknyşygy hem kiçi konflikt däl. Eseriň döredilen döwründäki ähmiýetine-de seretmeli. Şeýle bolanda, käbir kemçilik gaty ujypsyz bolup görünýär. Şu kitapda edebiýatçy alymyň „Mähri-Wepa" romanynyň bärden gaýdýan ýerleri barada oňat bellik edýän ýerleri-de bar. Obrazlaryň käbirleriniň

häsiýetlendirlişinde ýasamalygyň, harsallygyň goberilendigi, mysallaryň esasynda subut edilýär. Şunuň bolsa wakalaryň ynandyryjylygyna zeper ýetirýänligi nygtalýar. Ýazyjynyň uly göwrümli ilkinji eseri bolanlygy üçin, az-kem kemçilikleriň bolaýmagynyň kanunçylygy kesgitlenýär.

Ata Gowşudowyň eserlerini içgin öwrenip, onuň döredijiligi barada T.Durdyýew hem ylmy iş ýazýar. Ol şonda „Mähri-Wepa“ romany barada deregli bellikler edýär. Ol A.Gowşudowyň döredijiliginiň üstünlik taraplaryny hem göwnejaý analizleýär.

Durmuş hakykatyny ýumarlamazdan, hemme personažlaryny öz hakyky bolşunda açmany başarandygy üçin, Ata Gowşudowyň Aman poşçy, Sähet, Çüýşegöz, Mähri, hatda çala görnüp gidýän küştçi ýaşulular: Gurban agadyr Myrat aga dagy hem okyjynyň aňynda galýar. Bu bolsa ýazyjynyň türkmeniň milli häsiýetini özboluşly açanlygynyň, umuman, oba durmuşyna gaty belentligini, ýazyjylyk fantaziýasynyň güýçliliginiň alamaty bolup durýar.

Ata Gowşudowyň döredijiligi Ata Kerimowdan öň köp edebiýatçylaryň ünsüni özüne çekipdi. Oňa Ýu.Olýoşanyň, A.Aborskiniň, N.Aşyrowyň, G.Weselkowyň, N.Esermyradowyň makalalaryny görkezmek bolar. A.Gowşudow hakda gowy monografiýa ýazan T.Durdyýewiň işinde bular hakda deregli gürrüň edilýär. /T.Durdyýew. Ata Gowşudowyň romanlary. TSSR YA-nyň neşirýaty, 1962, 14-20-nji s./

Agrotehniki ylmyň, sowet tehnikasynyň kolhozçylaryň iş prosesine goşan täzeliklerini ýazyjynyň şu romanda görkezmänli eseriň uly kemçilikleriniň biri

hökmünde tankytlanýar. Ähli tehnikanyň front üçin mobilizlenen döwründe, ýazyjy tarapyndan oba hojalygy juda mehanizasiýalaşdyrylan edilip görkezilen bolsa, ynandyjy bolmazdy. Ol döwürde köp işler el güýji bilen edilýärdi. Ýazyjy uruşdan soňky parahatçylyk döwründe ýazan „Köpetdagyň eteginde“ romanynda bu problemany düýpli gozgaýar.

„Mähri-Wepa“ romany barada metbugatda, ýokarda agzalanlardan başga-da, köp çekişme gidýär. Olaryň birnäçesinde bu roman asla inkär edilýär. Ýazyja şahsy kineleri sebäpli teýeneli sözler aýtmakdan-da gaýtmaýarlar. Olardan E. Otepanowa bilen A.Rahmanowyň „Zyýanly kitap“[1], A.Rozyýewiň „Mähri-Wepa“ romany hakynda“[1] diýen makalalaryny görkezmek bolar.

A.Gowşudowyň „Mähri-Wepa“ romanyna edilen ýerliksiz, adalatsyz tankyt indi-indiler öz „syryny“ açyp başlady.

Ellinji ýyllarda soýuzymyzda edebi tankytda ýaramaz, otrisatel meýil peýda bolupdy. Ony SSSR ýazyjylarynyň II gurultaýy /1954 dekabr./ berk ýazgardy. Bu ýagdaý partiýa dokumentlerinde hem içgin seljerilip köteklendi. Emma, gynansak-da, A.Gowşudow ol adalatsyzlygyň dikelip başlan wagtynda aramyzda ýokdy. Ol 1953-nji ýylda aradan çykypdy. II gurultaýda A.Surkow „Sowet

---

“Türkmenskaýa iskra” gazety, 1953-nji ýyl, 8-nji fewral
“Sowet Türkmenistany” gazeti, 1951-nji ýyl, 10-njy oktýabr
„Sowet edebiýaty“ – 1953-nji ýyl, №3
“Sowet edebiýaty” -1955-nji ýyl, № 1.

edebiýatynyň ýagdaýy we wezipeleri hakynda“ diýen dokladynda:
„Следует отметить, что наши критике не всегда находили правильный, отвечающий интересам литературы тон и стиль“ /“Русская советская литературная критика“, /1935-1955/. Хрестоматия. М.: Просвещение; /1983, с 226-227/ diýip, ýerlikli görkezýär.
A.Gowşudowyň „Mähri-Wepa“ romanynyň salgysyna aýdylan birnäçe tankydy bellikler şol oturlyşygyň netijesidir.
Şunuň tersine, romanyň üstünlik taraplaryny görüp, käbir bärden gaýtmalary barada adalatly pikir ýöredip, çykyş edenlerde bolupdyr. Olardan, A. Aborskiniň „Ýazyjynyň ýoly“[3], K.Berdiýewiň „Ata Gowşudowyň eserler ýygyndysy“[1] diýen makalalaryny ýatlamak bolar.

Tankytçylaryň aglabasy „Mähri-Wepa“ romanynyň temasynyň aktuallygyny, ideýasynyň sagdynlygyny, wakalaryň gyzykly, hakyky durmuşdan alynanlygyny eseriň üstünlik tarapy hökmünde nygtaýar. Esasan hem, ýaşlaryň duýgy-hyýallarynyň berlişindäki ussatlyk nygtalanda, eserde milliligiň oňat saklananlygy açylyp görkezilýär. A.Gowşudow oba durmuşyny gaty ökde bilýär, oba gyzlarynyň, ýaşlaryň edim-gylymyny, içki psihologiýasyny, gep-gürrüňlerini açyp görkezende, real hakykatdan ugur alýar. Ol okyjynyň gözüniň öňünde bolşy ýaly janlandyrylýar. Bu eser „Mähri-Wepa“ hakynda gapma-garşy pikirleriň bolmagyna garaman, eser barada okyjy köpçüligi oňat pikirde, ol öz okyjysyny tapdy we häzir hem ähmiýetini ýitirmän gelýär.

A.Aborskiý „Ýazyjyň ýoly“ atly makalasynda döwrüniň edebi tankydynyň A.Gowşudowa gaty ýowuz

darandygyny, onuň şahsyýetiniň käbir babatda kemsidilendigini, şunuň bolsa edebi tankydyň ýoldaşlyk, asylly, hoşniýetli, öwredijilikli ugur bolman, ýigrenç göriplik, sowuklyk, düşünjesizlik, pes medeniýetlilik duýgusy bilen tankytlanandygyny adalatly belleýär. A.Aborskiý şol döwürde, şeýle tankydyň garşysyna çykyp, adamsöýüjiligini bildirip, belent adamkärçiligini görkezýär. Onuň şeýle hüjüme garşy çykyş etmegi ak göwünliliginiň, düşünjeliliginiň alamaty bolup durýar. Hakykatyna seredeniňde, „Mähri-Wepa“ romany çeperçilik hem-de terbiýeleýjilik rolunyň güýçlüligi bilen okyjy köpçüliginiň üns merkezinde bolupdyr.

A.Aborskiý bu makalasynda E. Stepanowa bilen A. Rahmanowyň, „Mähri Wepa“ hakdaky synlarynyň bet niýet bilen ýazylan, obýektiw däl, töhmetçilikli „tankytdygyny“ dözümli paş edip, şeýle diýýär:

„Makalada „Mähri Wepa“ romanynyň sýužeti bilgeşleýin galp düşündirilýär. Makalanyň awtorlary baş konflikt diýip, sýužetiň ösüşine şahsy motiwi – Aman poşçy bilen onuň ogly Wepanyň dawasyny getirip sokýarlar. Şondan ugur alyp E.Stepanowa bilen A. Rahmanow, kitabyň položitel taraplaryny her edip-hesip edip garalap, onuň esasy mazmunyndan ygym-sagym almak bilen, göz-görtele, nödogry netije çykarýarlar. Olar kitabyň ähli personažlarynyň diňe otrisatel ýerlerini alýarlar, ol gahrymanlaryň ruhy sypatlaryny we romanyň dury, sagdyn ýerleriniň ýüzüne çyzyk çekýärler. Makalada „Mähri-Wepa“ romanyna berlen türkmen kolhozçylarynyň watançylyk duýgulary olaryň güýçlerini-de, janlaryny-da aýamaýan sowet Watanlaryna aňly-düşünjeli söýgüleri – Gowşudowyň romanynyň ideýasyny we sýužetini düzýän

bu zatlaryň hemmesi tamam çyzylyp göýberilipdir“[1] G.Gurbansähedowyň „Ýazyjy we döwür“ /Aşgabat, 1973, 18 s./ diýen kitabynda hem A.Gowşudowyň ýatlananlygy bellenýär.

Ata Kerimowyň eseriň kemçiligi hökmünde aýdan aşakdaky pikirleri bilen ylalaşmak bolar:

„Wepa, Kelje we gaýry türkmen ýigitleri Watanyň azatlygy ugrunda janlaryny aýaman eden söweşlerinde batyrlyk we gahrymanlyk görkezýärler. Emma olaryň hyzmat edýän bölümleriniň beýleki goşun birlikleri bilen ysnyşykly hereketi romanda örän gowşak suratlandyrylýar.

Umuman romanyň sýužetinde söweş epizodlary suratlandyrylýan bölümleri kemter we ýüzleý beýan edilipdir“.[1]

Awtor eserden alnan mysallar bilen pikirini delillendirýär. Ýazyjy Wepanyň baştutanlygynda frontçy esgerleriň uly gahrymançylyk görkezýändiklerini suratlandyrýar. Şonda, olaryň hereketleri suratlandyrylman, diňe bitirilen işleri, çişirilip, sanalyp geçilýär. Şeýle epizodlaryň eserdäki beýleki personažlarda hem gaýtalanýandygyny, onuň bolsa ynandyryjylygy gowşadýandygyny, romanyň çeperçiligine zeper ýetirýändigi dogry bellenýär. Şunuň ýaly ownuk kemçiliklere seretmezden, romanyň Watançylyk urşy döwründe respublikamyzyň zähmetkeşleriniň frontda we tylda görkezen watançylyk hereketlerini wasp etmäge gönükdirilendigi kesgitlenilýär. Soňunda eseriň, diňe bir

[1] “Sowet edebiýaty” 1953 ý. №8 61-62 s.

türkmen sowet edebiýatynyň üstünligi bolman, Bütinsoýuz edebiýatynyň üstünligi bolanlygy ýatlanýar.

Watançylyk urşunyň gidýän pursatynda ýazylan proza eserlerindäki umumy kemçilik diňe A.Gowşudowyň „Mähri Wepa“ romanyna däl, B.Kerbabaýewiň „Gurban Durdy“, B.Soltannyýazowyň „Kerim Dost“ ýaly dokumental powestlerine-de mahsusdy. Olarda položitel gahrymanyň üstünligi köpräk agzalýardy. Özem baş gahrymanyň özi, şeýlelikde, üçlük emele gelýär. Harby ýagdaýy şeýle suratlandyrmak şol döwrüň prozasyna tipli ýagdaýdy. „Mähri-Wepada-da“ Wepa bilen Morozow munuň mysalydyr. Ýa-da „Gurban Durdy-da“ Gurban Durdy, Boçarow we Weliýew şoňa mysal bolup biler.

Tankytçy Ata Gowşudowyň „Köpetdagyň eteginde“ romany barada-da deregli bellikler aýdýar. Romanyň temasynyň döwri üçin iň aktual temalaryň biri bolanlygy ikuçsyzdyr. Ideýasynyň sagdynlygy, kompozisiýasynyň baglanyşygy ýazyjynyň tejribesiniň ýeterlikdigini aňladýar. Sýužetiniň biri-birine utgaşyp gelşi, eseriň esasy ideýasy, ýagny obada zyýanly elementlere garşy alnyp barylýan göreş, kolhozçylaryň aň-bilim düşünjesiniň we durmuşynyň ösüşi, medeniýetiniň üstünlikleri, oba hojalygyna agrotehnikanyň ornaşdyrylyşy we döwrüniň beýleki iň ähmiýetli problemalarynyň gozgalýandygy barada deregli gürrüň edilýär.

Romandaky waka uruşdan soňky döwri öz içine alýar. Baş gahryman – Hoşgeldi uruşdan hem öň, okuw diýip, obadan gaýdýar, okuwyny tamamlaýar, uruşda bolýar, 6-7 ýyldan soň obalaryna dolanyp gelýär. Ýokary bilimli tejribeli agronom bolup, sowadyna çykyp gelen Hoşgeldi obalarynyň öňki ýagdaýynda ýegşerilip

oturanyna geň galýar. Kolhozçylaryň ýaşaýşynyň, medeni derejesiniň pesdigi, olaryň birnäçesiniň aňynda geçmişiň zyýanly garyndylarynyň entek saklanyp galandygy, oba hojalyk ekinlerinde hasyl alynýanlygy we başgalar gujur-gaýratly, tejribeli alyma ýokuş degýär.

Baş gahryman el zähmetini ýeňilleşdirmek, maşyn güýjünden peýdalanmak, oba hojalygyna möhüm täzelikler, uly özgerşlikler girizmek aladasy bilen ýaşaýar. Hoşgeldi komsomol ýaşlary-da öz tarapyna çekip, alynýan hasylyň netijeliligini gazanmak, kolhoz hojalygyny gurplandyrmak, obanyň keşbini üýtgetmek, medeniýetini ösdürmek ugrunda güýjüni gaýgyrmazdan jan çekýär.

Ýazyjynyň bu fantaziýasy indi-indiler durmuşa geçýär. Bu onuň öňden görüjiligini subut edýän, hakyky terbiýeleýjilik häsiýeti güýçli çeper eserdir. Şuňa ylmy häsiýetli diýseň hem öte geçildigi bolmasa gerek. Kolhoz obasynyň geljekde nähili bolmalydygy, adamlaryň agzybirlikli çeken zähmetiniň nähili eşrete eltjekdigi ýazylyp görkezilýär. Okyjyda joşgunly zähmete höwes döredýär.

Ýazyjynyň döredijilik usulynda realizm bilen progressiw romantizmi ussatlyk bilen utgaşdyryp ulanandygyny romanyň esasy aýratynlygyndan biri hasabynda aýratyn belläp geçmelidiris.

Roman medeniýeti ýokary götermegiň adamzadyň ýaşaýyş şertleriniň gowlanmagyna eltjekdigi, hemmämiziň ýokary medeniýetli bolmagymyzyň jemgyýetiň öňe gitmegine itergi boljakdygyny ündeýär. Şu üstünlikleri amala aşyrmakda päsgel berýän köne pikirli tipleriň, zyýankeşleriň garşysyna göreşmegi öwredýär. Ýazyjy önümçilik konfliktini ussatlyk bilen gurmany başarýar.

Tankytçy makalasynda ýazyjynyň şu üstünlikleri barada düýpli gürrüň edýär. Köne bilen täzäniň çaknyşygyny, könäniň zyýanyny, täzelikçiligiň bähbidini, Hoşgeldi, Pökgen, Ýolly Zamanyň obrazlarynyň beýanynda açyp görkezýär. Pökgeniň häsiýetiniň gowşakdygyndan, ýaranjaňlygy, öwgini gowy görýänliginden peýdalanýan, hilegär, azgyn Ýolly Zamanyň ony ýoldan çykaryşy Hoşgeldä garşy goýşy, öz şahsy bähbidine kowalaşyp, her hili hilegärlikden gaýtman, iliň gözünden düşüşi mysallaryň esasynda düşündirilýär. Ata Gowşudowyň Ýolly Zamanyň obrazyny satiriki tipleşdirendigini nygtanda-da, alym mamladyr. Makalada zyýanly tipleriň gizlinlik bilen hereket edýändikleri, olary tapmagyň, hakyky ýüzüni açyp görkezmegiň aňsat däldigi, satiraçynyň ösüş kanunlaryny, durmuşy düýpli öwrenip, ösüşi bökdeýän şeýle tipleri tapyp paş etmegi başarmalydygy nygtalýar. Ýollynyň hilegärliginiň durmuşdaky tipli wakalara, ýagdaýlara doly bap gelýän hereketlerdigi ýerlikli bellenýär. Şonuň üstüni açmagyň Hoşgeldä, Çary aga, Öweze we beýlekilere ýeňil düşmändigi mysallaryň üsti bilen düşündirilýär. Şonuň netijesinde könäniň, gün geldigiçe, ösüp barýan täzäniň garşysyna alyp barýan göreşiniň dogruçyl we täsirli suratlandyrylmagynyň eseriň terbiýeleýjilik ähmiýetini güýçlendirýändigi, hüşgär bolmaklygy ündeýändigi dogry kesgitlenilýär.

Ýollynyň arkasynda durýan şäherdäki pikirdeşleriniň, açylman galmagynyň ynandyryjy çykandygyny, durmuş hakykatyndan ugur alynandygyny, beýle ýagdaýyň okyjyny ýiti gözli bolmaklyga, hüşgärlige çagyrýanlygy hem gogry görkezilipdir.

A. Kerimow romanyň ähmiýetini, onuň ideýa sagdynlygyny gysgadan-dogry kesgitläp, şeýle diýýär:

„Köpetdagyň eteginde“ romanynda çeper şekillendirilen bag-bakjalarda-da, ýaýrap ýatan giň ekin meýdanlarynda-da, ymgyr çöldäki fermalarda-da möwç urup joşýan täzelik aňýar. Täze, päk sosialistik moral kolhozçylaryň durmuşyna, söýgä täze-täze zähmet ýeňişlerine atarýar. Azat söýgi, mähirli dostluk duýgusy jemgyýetçilik işi bilen, döwletiň, halkyň bähbidi bilen mäkäm baglylykda belent dabaralanýar“.

„Köpetdagyň eteginde“ romanyna tankytçynyň garaýşyna doly geçmezimizden öň, ozaly bilen, şol romanyň temasy hakda durulsa, gowy bolardy. Ol haýsy temany gozgaýar? Oňa „taryhy, taryhy-rewolýusion“ ýa-da „harby-watançylyk, häzirki zaman romany“ diýmek dogry bolarmy?

Elbetde, ol häzirki zaman temasyna degişli türkmen romanydyr. Muňa A.Kerimowyň: „Köpetdagyň eteginde“ romanynyň temasy türkmen zähmetkeşleriniň, kolhozçylaryň häzirki durmuşyndan alnypdyr“ diýen sözleri-de güwä geçýär.

Şu pikiri T.Durdyýew hem tassyklap, takmynan A.Kerimowy gaýtalap, şeýle ýazýar:

„Kolhoz obasynyň uruşdan soňky keşbi, oba adamlarynyň joşgunly zähmeti türkmen sowet edebiýatynda esasan goşgularda, oçerklerde, hekaýa we powesterde öz beýanyny tapan hem bolsa, bu döwürde ýazylan monumental eserleriň örän azdygyny belläp geçmek gerek. Görnükli türkmen sowet ýazyjysy A.Gowşudowyň „Köpetdagyň eteginde“ diýen romany bu

temada ýazylan ilkinji uly proza eserleriniň biri boldy“ /T.Durdyýew. 140-141-nji sah./

Ýene bir zady açyk aýtmak gerek. „Köpetdagyň eteginde“ romany çapdan çykanda, ol häzirki zaman temasyndan döredilen ýeke-täk, ilkinji romandy, asla „ilkinji uly proza eserleriniň biri“ däldi. Beýle baha A.Gowşudowy kemsitmeklik bolýar.

„Köpetdagyň eteginde“ romanynda Ata Gowşudow ençeme personažyň gylyk-häsiýetini, önümçilikdäki iş prosesiniň we tebigatyň gözelliklerniň ussatlyk bilen çekilen çeper nusgalaryny döretdi“[1] diýip, çykaran netijesi roman barada berlen adalatly bahadyr.

Ata Kerimow romanyň kemçiligi barada-da obýektiw pikir ýöredýär. Ol obrazlardaky käbir ýetmezçiligi kesgitlände, jüpüne düşýän pikirler aýdýar. Şondaky kemçiliklerden iň esasylary hökmünde Hoşgeldiniň, oba gelmänkä, partiýa guramasynyň, komsomol ýaşlaryň, kolhozçylaryň arasynda alyp barýan agitasiýa-köpçülik işleriniň görünmeýänligi, onuň tejribe işlerini kakasynyň darajyk mellek ýerinde geçirmegi, şahsy durmuşunyň, Bahar bilen aragatnaşygynyň ýüzleý suratlandyrylmagy hakdadyr. Onsoň hem, Ýollynyň bet maksatlarynyň üsti açylandan soň, eseriň ahyryna çenli Pökgeniň düzelip, işde özüni görkezenliginiň suratlandyrylmazlygy, Baharyň institutda okan döwrüniň ýüzleý beýan edilendigi, hatda onuň haýsy fakulteti gutarandygynyň-da aýdyňlaşmazlygy romanyň uly kemçiligi hökmünde dogry görkezilipdir.

[1] “Sowet edebiýaty” 1953 ý. 132 s.

Tankytçy romanyň ideýa-çeperçilik we terbiýeleýjilik ähmiýetiniň güýçli bolandygyny dogry kesgitleýär.

Umuman, Ata Gowşudowyň haýsy eserine baha berlende-de, tankyt we edebiýaty öwreniş ylmy bir möhüm problemany gozgaman gelýär. Ol hem – A.Gowşudowyň döredijiliginde taryhylyk prinsipi. Siz „Juma“ piýesasyny alsaňyz, onuň aslynda real-taryhy wakanyň ýatandygyny görersiňiz. Akademik P.Azymow „Ömür menzilleri“ atly kitabynda, ony ýatlap, şeýle ýazdy:

„Baý-işanlaryň garşysyna bagtly, azat durmuş ugrunda gaýduwsyz göreş alyp baran gyzyl keltekliler /gyzyl taýaklylar/ otrýadynyň aktiw agzasy Ýagmyr batrak wagşylyk bilen öldürildi. Bu wak belli ýazyjymyz Ata Gowşudowyň „Juma“ pýesasynda çeper beýan edilýär. Arman, Ýagmyr batraga ildeşleriniň şu günki bagtly, şatlykly, medeniýetli bolelin durmuşyny görmeklik miýesser etmedi! /P.Azymow. „Ömür mebzilleri“. Aşgabat, „Türkmenistan“, 1985, 15-nji s./

Indi „Sowet edebiýaty“ žurnalynyň 1987-nji ýyldaky 10-12-nji sanlarynda çykan „Perman“, uruş ýyllarynda çykan „Mähri Wepa“ we ellinji ýyllaryň başynda çykan „Köpetdagyň eteginde“ romanlary-da taryhylyk prinsipine ýugrulypdy. Eýsem-de bolsa, bu möhüm mesele edebiýaty öwreniş ylmynyň hem, edebiýat tankydynyň hem ünsünden sowa geçdi.

Ýokarda agzalan düýpli makalasynda A. Kerimow ýazyjynyň „Azaşan yzyny tapdy“, „Garaja aga“ hekaýalarynyň, „Dordepel“ powestiniň derňewinde-de bu eserlere mahsus bolan aýratynlygyň üstüni açyp, deregli gürrüň edýär. Wakalaryň täsirli we çeper suratlan-dyrylandygyny belleýär. Halkyň geçmişde başyndan

geçiren agyr günleri, sowet häkimýeti ýyllary içinde ösen derejesi, üstünlikli suratlandyrylanda, ýazyjynyň orta atýan pikirini ynandyryjy delillendirendigi barada giňden durulýar. Onuň eserleriniň çeper, milli formada ýazylanlygy, halk diliniň baýlygyndan peýdalanylandygy, sözleri ýerlikli ulanylandygy, gahrymanlaryň dilini indiwiduallaşdyrmaklyga ussatlygy barada-da düýpli gürrüň edilýär. Ýazyjyň çeper eserlerinde nakyllary, atalar sözüni, halk arasynda meşhur bolan diliň çeperçilik serişdelerini başarjaňlyk bilen ulanandygy eserleriniň çeper analizinde açylýar. Onuň gahrymanlarynyň döwrüniň durmuş şertlerine, jemgyýetde tutýan orunlaryň mahsus dilde gepledilýändigi ýazyjynyň utuşly tarapy hökmünde dogry bellenýär, mysallar bilen düşündirilýär. Ata Gowşudowyň peýzažy suratlandyrmakda-da ony esrdäki wakalar bilen baglap berýändigi, gahrymanlarynyň düşen ýagdaýlaryna kybapdaş peýzaž janlandyrýandygy mysallaryň esasynda açylýar.

Bu işde Ata Gowşudowyň döredijiliginiň çeperçilik aýratynlygy halkyň söýgüsini gazanýanlygy häzirki günde-de ol eserleriň ähmiýetini gaçyrmaýanlygy, ondan hemişe-de öwrenere zat tapylýanlygy barada degerli pikir ýöredilýär. Her bir esere obýektiw baha berilýär.

Tankytçynyň tankyda gelen döwründe professional tankytçylaryň-da aýyl-saýyl bolup, kämilleşen döwrüne gabat gelýär. Şu döwrüň tankytçylary gaty batyrgaýlyk bilen ýüz görmezden çykyş edýärler. Kim we nähili ýazyjydygyna garamazdan, hoşniýetli tankydy bellikler aýdýar. Şol bellikleriň köpüsi-de obýektiw. Ýazyjylaryň-da, tankytçylaryň-da nägileligi duýulmaýar. Käbir halatlarda bir taraplylyk duýlup, ýazyjynyň şahsyýetine dil

ýetirip, öz şahsy kinelerini tankyt üsti bilen bildirmeklik ýaly hadysalar-da bolupdyr. Ýöne dörediji adamlar, oňa baş galdyrman, döredijilikleriniň üstünde işlemeklerini dowam etdiripdirler. Bu bolsa olaryň ýokary medeniýetliliginiň, paýhaslylygynyň alamaty bolup durýar. Şu döwrüň tankydynyň mazmunyna üns bereniňde, edebi proses bilen ugurdaşyrak gidendigini aýtmak bolar. Elbetde, edebiýatyň dürli problemalary, hemme edebi eserler tankydyň obýekti bolmadyk hem bolsa, halkyň ürç edip okan eserleri barada makalalardyr synlar ýazylypdyr disek, ýalňyşmasak gerek. Şol döwrüň edebi eserlerinde durmuşyň ýumarlanyp, edebi gahrymanlaryň ideallaşdyrylyp görkezilendigini bellemek zerur. Bu döwür edebi prosese „konfliktsizlik teoriýasyny“ aralaşan zamany bolýar.

Şu ýagdaýyň ähliumumy Soýuz edebiýatyndaky „keseldigini“ ozal aýdypdyk.

A.Gowşudowyň ussatlyk derejesine çykan mahalynda, beýleki ýazyjylaryň ençemesi onuň ýaly realistik eser döredip bilmändiler. Indi bu ýagdaýyň özi taryhy alyslykdan has mälim görünýär.

Döwrüň prozasy barada söz açylanda, esasan, Ata Gowşudowyň „Köpetdagyň eteginde“, Berdi Kerbabaýewiň „Aýsoltan“, Beki Seýtäkowyň „Moskwanyň ýalkymy“ diýen eserleriň derňewinde gürrüň edilýär.

B.Kerbabaýewiň „Aýsoltan“ powestiniň derňewinde ýazyjynyň uruşdan soňky kolhoz gurluşygyny suratlandyrmakdaky ussatlygy barada giňden gürrüň edilýär. Sosialistik kolhoz obasynyň gün-günden ösüşi, kolhozçylaryň zähmete höwesi, gün-güzeranlarynyň

gowlanýandygy, asylly maksatlary, ýagny parahatçylyk ugrundaky göreşleri suratlandyrylýar. Eseriň personažlary Aýsoltan, Begenç we beýlekileriň döwletiň baýlygyny, güýç-kuwwatyny artdyrmak ugrundaky asylly zähmeti suratlandyrylýar. Amerikan-iňlis jeňparazlarynyň betpälligini paş etmek, urşuň öňüni almak ugrundaky göreşleri öz beýanyny tapýar. Tankytçy bu barada giňden durup analiz berýär. Aýsoltanyň obrazynyň beýleki aýal-gyzlardan aýratyn özboluşlylygy, kommunistik partiýa tarapyndan terbiýelenen ýaş nesliň täze tipiniň döredilendigi, onuň içki dünýäsiniň giňligi, düşünjeliligi, zähmete, jemgyýete öz ýoldaşlaryna bolan arassa gatnaşygynyň açylyşy bilen tapawutlanýandygy nygtalýar. Awtor eseriň kemçiliginiň gapdaldan hem göz ýumup geçmeýär. Tankytçynyň eserde köpçüligiň, Aýsoltany ösdürip ýetişdiren kollektiwiň döredijilikli zähmetiniň gaty ýüzleý suratlandyrylýandygy, komsomol guramasynyň sekretary Begenjiň, partiýa guramasynyň sekretary Çarynyň obrazynyň ýeterlik işlenilmändigi hakdaky belligi ýerlikli. Eseriň hataly tarapyna awtor azrak üns beripdir. Aýsoltanyň obrazynyň ýaş ösdürümlere görelde bolarlyk suratlandyrylýandygyny bellände, makalanyň awtory mamladyr.

M.D.Annagurdow B.Kerbabaýewiň „Aýsoltan“ powestine „Aýsoltan“ powesti hakynda“ ady bilen ýazan synynda, Ata Kerimowa görä, has düýpli derňäpdir. Annagyň obrazyndaky kemçiligi açanda, tankytçy onuň işe ýüzleý garaýan adama meňzeýänligi, hereketleriniň ýasamalygy, gürlegenligi barada dogry belleýär. Munuň daşky sypatynyň ýüzleý suratlandyrylanlygynyň iliň berýän häsiýetlendirmesi esasynda ýazylandygyny, onuň

obrazyny hereketinde, işinde görüp bolmaýanlygyny bellände, awtoryň pikirini makullaýarsyň. Annagy işeňňir, janypkeş, galjaňrak, gyzma, şonuň bilen birlikde ukyply ýolbaşçy derejesine ýetirjek bolandygyny, onuň hem hötdesinden gelip bilmänligini, obrazyň otrisatel häsiýetiniň agdyk çykanlygyny dogry belleýär. Kolhozyň partiýa guramasynyň sekretary Çarynyň, komsomol guramasynyň sekretary Begenjiň obrazlarynyň ýasamalygy, janly hereketde görkezilmänligi, edýän işleriniň görünmeýänligi baradaky pikiri Ata Kerimowyňky bilen ugurdaş gidýär. Awtor Aýsoltanyň obrazynda-da ýasamalygyň duýulýandygy barada degerli mysallaryň esasynda pikirini delillendirýär. Powestiň oňat taraplarydyr bärden gaýdýan ýerleri ýüze görmezden jikme-jik açylýar.

M.Annagurdow şeýle gowşaklygyň, Soýuz möçberinde kemala gelen ýagdaý bilen baglydygyny belläp geçen bolsa, ýerlikli bolardy.

A.Kerimowyň makalasynda Beki Seýtäkowyň uruşdan soňky döwürde ýazan proza eserleriniň derňewinde-de oňat pikir ýörediýär. Ýazyjynyň eserleriniň gahrymanlarynyň oba ýaşlarynyň durmuşyndan alynanlygy, biziň günlerimiziň öňde baryjy adamlaryny suratlandyranlygy, köne bilen täzäniň arasyndaky çaknyşygyň açylanlygy nygtalypdyr. Ýazyjynyň şowly çykan hekaýalary barada-da az-kem gürrüň edilýär. Şol hekaýalarda personažlaryň häsiýetleri, geçmişiň zyýanly galyndylaryna garşy göreşde täze düşünjäniň ösüşinde aýan bolýandygy ýerlikli bellenilýär. Häsiýetleriň çaknyşyklaryny suratlandyranda, ýazyjynyň durmuşa synçylygynyň kemterlik edýänligi, konfliktiň ýitileşip

gidibermeýänligi, durmuş hakykatynyň ýoýulýanlygy barada gürrüň edilende, dogry pikir ýöredilýär. Ýazyjynyň uruşdan soňky parahatçylyk döwründe döreden eserleri barada edebiýat taryhyny derňeýän alym şeýle ýazýar:

„B.Seýtäkowyň hekaýalaryndaky bu kemçilikler onuň powestlerinde ylaýta-da açyk ýüze çykýar. Ýazyjynyň „Moskwanyň ýalkymy“ atly powestindäki şowsuzlygyň esasy sebäbi hem şoldur. Ýazyjy biziň günlerimiziň položitel gahrymanlarynyň obrazyny, ozaly bilen, powestiň baş gahrymany Täzegülüň obrazynyň üsti bilen bermekçi bolýar, emma Täzegülüň obrazy položitel gahrymandan edilýän esasy talaby – onuň, ozaly bilen, göreşiji bolmalydygyny, göreşde bişişmelidigini we terbiýelenmelidigini, onuň häsiýetiniň päsgelçiliklere garşy göreş prosesinde kemala gelmeligini ödemeýär. Täzegül dabaraly ýöriş edýän ýaly bolup çykypdyr. Hemmeler oňa guwanýarlar, hemmeler oňa boýun egýärler. Täzegül düýpli bir zady hem ýeňip geçmeli bolmaýar. Ol göreşmeli bolmaýar, öz pozisiýalaryny we belent ideýalaryny goramaly bolmaýar. Aslynda ol pozisiýalar we ideýalar diňe dekleratiw formada berlipdir, olar gahrymanyň häsiýetinden, onuň dünýägaraýşyndan gelip çykmaýarlar.

Bu kemçilikler – konfliktsizlik, hakykaty timarlap görkezmäge, garşylyklary ýuwmarlamaga ymtylmaklyk, B.Seýtäkowyň beýleki powestlerinde-de bar“[1].

Rus okyjylary Ýu. Permýak bilen A.Belýanikow ikisiniň „Безжизненные страницы“ /“Туркменская искра“, 1954-nji ýyl, 28-nji awgust/ ady bilen ýazyjynyň

---

[1] Türkmen sowet edebiýatynyň taryhy boýunça oçerk. Birinji bölüm.Aşgabat. TSSR YA-nyň neşirýaty. 1958. 216 s.

şu powestine ýazan synynda hem eseriň kemçilikleri ýerlikli bellenýär. Tankytçylaryň ýazyjynyň kolhoz obasynyň durmuşynyň, oba zähmetkeşleriniň häsiýetini düýpli öwrenmändigi, eseriň esasy kemçilikleri hakyndaky esasan hem, Täzegülüň obrazynyň çig-çarsylygy baradaky pikiri mamla. Hemme inisiatiwany başlaýanam şol, bar işi edýänem şol, hemmeler oňa gulak asýar, bar adamynyň dilinde – Täzegül. Ol ideal gahryman derejesine ýetirilýär diýilip edilýän bellik – dogry. Eserde konflikt döretmek üçin Gurban Baýramowyň obrazynyň getirilip, oňa otrisatel häsiýet berjek bolup jan çekilendigi, onuň ýasamalyga baryp ýetenligi ýatlanda, hakykatdan ugur alynýar. Raýkomyň sekretarynyň-da, kolhozyň tejribeli başlygynyň-da eserde hiç hili rolunyň duýulmaýanlygy, ýazyjynyň öz islegi boýunça gahrymanlary herekete getirýänligi sebäpli eseriň ynandyryjylygynyň gowşaýandygy dogry kesgitlenilýär. Ýazyjynyň bu eseriniň „konfliktsiz taglymatyna“ eýerilip ýazylanlygy, gahrymanlarynyň ýazyjynyň islegine tabyn edilendigi baradaky pikir bilen ylalaşýarys. Umuman, makalada bu eser barada obýektiw gürrüň edilýär.

Ata Kerimowyň şu eser baradaky tankydy belliginiň esere edilen beýleki tankydy bellikler bilen ugurdaş bolanlygyny bellemek gerek.

Ata Kerimowyň tankytçylyk döredijiligi ýeke-täk žanra, aýratyn bir ýazyjynyň döredijiligine gönükdirilipdir diýip aýtmak ýalňyşlyk bolardy. Emma şolaryň hemmeside örän kyn, çylşyrymly döwrüň önümi bolupdy. Eger ol B.Seýtäkowyň prozasynyň ýetmez ýerini aýdýan bolsa, garaz şolar Ö.Abdyllaýew, B.Şamyradow tarapyndan hem başgaçarak bir görnüşde bellenilýärdi. Çünki olar prozada

işçiniň /Ö.Abdyllaýew/, kolhozçynyň /B.Şamyradow/ obrazyny yzarlaýardylar. Bular monografiýada, A.Kerimowda olar tezis-bölekleýin halda peýda bolupdy. Emma tankydy bellik babatda ol başgalardan öňräk aýtmaga ýetirişipdi. Bu tankydyň aktiwligidi.

Tankytçy G.Gurbansähedowyň şu ýyllardaky döredijilik aýratynlygynyň häsiýetli taraplaryny açmaga synanyşýar. Ýazyjynyň „Gar“, „Mirabyň düýşi“ we beýleki hekaýalardyr powestleri barada mysallaryň esasynda gürrüň edip, bu eserlerde ýiti we tolgundyryjy konfliktiň ösmegi, onuň dogry çözülmegi üçin degerli ýagdaýy döredip bilmänligi, satiriki umumylaşdyrmagyň ýeterlik belentlige çykmagy başarmanlygy, möhüm temany işlemäge synanyşyp, ony ýiti çözmegiň hötdesinden gelmänligi barada degerli bellik edýär.

A.Kerimow uruşdan soňky ýyllarda çeper prozanyň, roman, powest ýaly žanrlary ösen-de bolsa, çeper publisistika, hekaýa, oçerk, žanrlarynyň ösüşinde göze görnüp duran täzeligiň ýoklugyny nygtanynda mamladyr.

Türkmen edebi tankydynyň tutuş taryhyny nazara alsaň, A.Kerimow ony, özünden öňkülere garanyňda, ony bir ädim öňe sürmegi başardy. Mysal üçin, Oraz Täçnazarowyň otuzynjy ýyllardaky tankydynda gödeklik, ýowuzlyk, hut ýok edijilik äheňi bardy. Biz ony B.Kerbabaýewe, G.Burunowa edilen tankytdan görýäris.[1]

Emma A.Kerimow türkmen tankydynyň žanr mümkinçiligini artdyrdy. Ol hem, esasan, B.Kerbabaýewe, A.Gowşudowa üns beren hem bolsa, şahyr A.Salyhy-da,

---

[1] Kekilow A., Rejebow R., Jumaýew K. Türkmenistanda tankydy pikiriň döreýşi hem ösüşi. /Gysgaça oçerk/-Aşgabat. “Ylym”, 1969. -158 s.

dramaturglar G.Seýitliýew bilen G.Muhtarowy-da gözden salmady. Onsoňam, A.Kerimow rus-türkmen gatnaşygyna, satira, romana çuň üns berip, yzynda öz şägirtlerini goýmagy başardy. Onuň başlan işini rus-türkmen edebi gatnaşygynda – A.Myradow, satirada – K.Salyh, roman problemasyny işlemekde K.Jumaýew, T.Durdyýew, K.Salyh, M.Gurbansähedow ýaly professional edebiýatçylar uly işleri bitirdiler. Munuň özi gysga ömründe A.Kerimowyň bahasyna ýetip bolmajak hyzmatydyr.

Ata Kerimow bilen bir wagtda edebi tankytda mynasyp yz galdyran, özem ýaşuly tankytçy, pedagog alym hökmünde giňden tanalýan Mämmetdurdy Annagurdowyň iş tejribesinde B. Kerbabaýew we H. Derýaýewiň döredijiligi iňňän uly rol oýnady. Ellinji ýyllaryň ortalarynda, altmyşynjy ýyllaryň başlarynda ol tankytçy hem neşirýat ugrunyň jogapkär işgäri bolansoň, bu iki ýaşuly ýazyja örän ýakyndan kömek eden adamlaryň biri bolupdy. Özi ýüz görmezek, dogruçyl, prinsipial alym tankytçy bolany üçin, onuň 50-60-njy ýyllaryň tankydynda düýpli yz goýandygyny "Çeper eserler nähili döreýär" diýen ýatlama kitaby arkaly kesgitlemek bolýar. Emma şol kitaba geçmezimizden öň M.Annagurdowyň tankytdaky orny barada beýleki kitapda az durandygyny, munuň adalatsyzdygyny aýtmagymyz gerek. Mysal üçin, M.Gurbansähedowyň "Türkmen romanynyň kemala gelmegi" diýen doktorlyk işinde M.Annagurdow ýekeje ýerde agzalýar:

"Edebiýatymyzyň kerwenbaşysy B.Kerbabaýewiň şu günki günde türkmen prozasynyň täji derejesine çenli göterilen "Aýgytly ädim" romanynyň döreýiş prosesini

ýatlap göreliň. Edebi faktlaryň güwä geçişi ýaly, ol roman ilki başda okyjylar köpçüligi tarapyndan şu günki derejesinde gyzgyn garşylanmandyr. Eseriň birinji wariantynda durmuş hakykatynyň ýoýulýan pursatlary, onuň baş gahrymany Artygyň obrazynyň birsydyrgynlygy, ýüzmekligi ýaly uly nogsanlygyň bolandygyny edebi tankyt dogry belläpdir. Şeýle adyl bellikleri ýazyjynyň özü-de unandyr”.[1]

Şol adyl bellik kime degişlikä? Ony biz diňe kitabyň ahyrynda, peýdalanylan edebiýatda görýäris. Ol M.Annagurdowyň “Aýgytly ädim” romany” /”Sowet edebiýaty”, 1951. № 4/ diýen makalasyna berlen baha.

M.Annagurdowyň ady J.Allakowyň “Türkmen edebi tankydynyň” diýen okuw gollanmasynda-da /75, 76, 94, 96-njy sahypalar/ getirilýär. Emma az getirilse-de, M.Gurbansähedow hem, J.Allakow hem M.Annagurdowa tankytçy hökmünde stil aýratynlygy açylanok. Öňki barlagçylaryň biri-de beýle meseläni öz öňlerinde goýmandyrlar. Gowy zady, awtoryň özi kömege geldi. “Çeper eserler nähili döreýär” atly kitabynda ol döwrüň ruhuny, özüniň “Aýgytly ädime” garaýşyny oňat mälim edýär. Ol romany nähili okaýşyny, özünde nähili täsir galdyrylyşyny, kemçiliklerini açyk ýazýar

“Roman muňa uly täsir etdi... Elbetde, roman kemçiliklerdenem halas däldi. Olaryň has düýplileri aýry-aýry gahrymanlaryň obrazlarynyň ýeterlik işlenilmänliginden, awtoryň käbir taryhy wakalary göwnejaý aýdyňlaşdyryp bilmänliginden, olara gatnaşýan sosial gatlakalaryň özara mynasybetini, olaryň wekilleriniň

---

[1] Gurbansähedow M. Türkmen romanynyň kemala gelmegi. Aşgabat: “Ylym”, 1990, -231-232 s.

özlerini alyp baryşlaryny juda ýöntemleşdirip görkezýänliginden, Eziz hanly meseläni bulaşdyrýanlygyndan, romanda ýürege düşgünç uzaga çekýän baplary, çeperçilik taýdan gowşak ýazylan parçalaryň duş gelip durýanlygyndan ybaratdyr”.[1]

M.Annagurdowyň görkezýän bu kemçilikleriniň aglabasy obýektiw belliklerdi. Bularyň köpüsini, ýazyjynyň özi hem mertlerçe unamak bilen, gaýtadan işläp, romanyň soňky neşirlerinde eseriň hilini has kämilleşipdi.

M.Annagurdowyň ol bellikleri adalatly bolsa-da, tankytçynyň soňky pikiri jedelli mesele bolup durýar. Meselem, Eziz hanyň obrazyny alyp göreliň. Bu barada, her niçik, B.Kerbabaýewiň pozisiýasy dogrydy. Emma ony şol döwrüň totalitar režiminiň ýolbaşçylary öz ýolundan zorluk bilen sowmakçy bolýardylar, hat-da sowmagy belli bir derejede başarypdylar. Ony M.Annagurdowyň şu sözleri tassyklaýar:

“Romanda Eziz hany halk gahrymany edip görkezmek meýliniň barlygy bolsa meniň üçin ol diýen geň hem däldi. Elbetde, bir wagtlar mukddes hasap eden pikirlerinden bütinleý dänäýmek we dynaýmak aňsat däl bolara çemeli. Şeýle-de bolsa, men awtora şol pikkirlerden büs-bütin el çekmegiň zerurdygyny, Eziz han dogrusyndaky subýektiw we nädogry garaýşyny ýeňip geçmäge wagt ýetendigini nygtap ýatladypdym”[1].

Başga bir ýerde awtor “Kerbabaýew “Bütinsoýuz kommunistik” bolşewikler partiýasynyň taryhynyň” gysgaça kursuny heniz okaman ekeni. Men oňa şony-da haýal etmän, okap öwrenmegi maslahat berdim. /Kursiw

[1] Annagurdow M. Ýatlanan kitap. 19 s.

biziňki. E. A./”[1] diýip ýazýar. Bu gün şol taryhda ençeme faktlaryň, wakalaryň ýoýulyp görkezilendigi äşgär boldy. Näme bolandygy halka mälimdir. Ony gaýtalap oturmagyň hajaty ýok.

Dogry, M.Annagurdow öz döwrüniň tankytçysy, onuň hem ak ýürekden ýazyja kömek etjek bolandygyna şübhämiz ýok. Hatda roman çykansoň, onuň garşysyna “haçly ýöriş” yglan edilende-de, M.Annagurdow B.Kerbabaýewiň arkasynda durupdyr. Ony kitabyň “Roman neşir edilýär”, “Goh turýar”, “Ýakymsyz netije zerarly ynjalyksyzlyk”, “Kyn mesele”, “Ýene tezisler”, “Romanyň çözgüdi baradaky makala”, “Romanyň žurnal neşiri”, “Üçünji kitap hakynda”, “Roman tutuşlygyna çap bolup çykýar”, “Tankydyň ykrar edilmegi” ýaly bölümlerde görmek mümkin. Şonuň üçin soňky barlagçylar /G.Gurbansähedow, J.Hojageldiýewa, O.Ýagmyrow/ M.Annagurdowyň B.Kerbabaýewe beren kömegini adalatly görkezdiler

Umuman, M.Annagurdow tankytçy hökmünde B.Kerbabaýewiň eserleri arkaly ykrar edildi. Ol “Aýgytly ädime”, “Aýsoltana”, “Nebitdaga” düýpli üns beren tankytçylar. Aslyýetinde tankytçy köpe ýaýraman, bir ýa-da iki sany uly ýazyjy bilen bolsa gowy. Şeýle halatda tankytçy ýazyjynyň döredijilik laboratoriýasyna has belet bolýar. Ýazyjy hem tankytçynyň oňa kömek etjek bolýandygyna gowy düşünýär. M.Annagurdow “Aýsoltan” barada, “Nebitdagyň” söhbeti” makalalarynda ony oňat beýan edýär. “Aýsoltan” barada tankytçy şeýle diýýär:

[1] Annagurdow M. Ýatlanan kitap. 19 s.

“Men bu eseri ilkinji gezek žurnala çap edilen wariantyndan okap, öz pikirimi Kerbabaýewe mälim edipdim. Meniň pikirimçe, örän möhüm we aktual meseleleri seljermek niýeti bilen ýazylan bu powest çeper eser hökmünde heniz juda gowşakdy. Awtor hakyky durmuş wakalaryna gatnaşýan janly adamlaryň /gahrymanlaryň/ janly obrazlaryny olaryň real durmuşlary, oý-pikirleri, hakyky hereketleri, hakyky aragatnaşyklary arkaly görkezip bilmändir. Ol ýöne şol obrazlar babatynda käbir shemalary çekipdir-de, heniz olary janlandyryp bilmändir. Elbetde, men bu ýerde powest baradaky pikirimi onuň awtoryna mälim edişimi gysga, diňe shematik görnüşde beýan edýärin. Hakykatda bolsa biziň bu baradaky gürrüňimiz ymykly pikir alyşmak, detallaýyn seljerişmek arkaly bolupdy”[1].

Biz tankytçynyň şu hili pikirini ýene dowam etdirip bilerdik. Ýöne gep oňa ýazyjynyň öz garaýşynda. Tankytçy ony hem görkezýär. B.Kerbabaýew näçe gazaply tankyda duş gelse-de, ol tankydy kabul etmegi başarýan ýazyjy:

“Dogrudanam, bizde tankydyň kän ugry ýok. Biri-birimizden ýüz görşüp, galapyn biri-birimizi böwşüp ýörüs. Meniň kitabym berkiräk tankyt edilse, beýlekilere-de täsir eder”[2].

B.Kerbabaýew bu sözleri M.Annagurdowa aýdýar.

Tankytçy B.Kerbabaýewiň her bir eserine diňe iki agyz söz aýtmak bilen çäklenmeýär. Onuň her bir sany 50-70-90- sahypalyk düýpli işlerdir[3]. Bu bir bellemeli ýagdaý.

---

[1] Annagurdow M. Ýatlanan kitap. -97 s.
[2] Şol ýerde, 98 s.
[3] Şol ýerde, 98-103 s.

Galyberse-de, tankytçy bilen ýazyjy örän ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar, bile pikir alyşypdyrlar, bile köp ýerlerde bolupdyrlar[1]. Ol hem oňaýly tejribedir.

Stil manysynda seredilende, M.Annagurdowyň diňe öz düşünýär, diňe öz tanaýan ýazyjysyna ýüzlenendigini bellemek gerek.

Bu tejribe tankyt žanrynda öz stiliňi, öz temaňy tapmak üçin bijaý möhüm. Sebäbi ýazyjy bilen tankytçynyň arasynda beýik durmuş ýatyr. Ol ikisi üçinem deň zat. Belki, ýazyjy şeýle suratlandyranda, gowy bolar diýip, ýüregi bilen ynanýandyr, belki, ýazyjy, hut öz duýşy ýaly beýan etse, obýektiw bolmaz diýen tankytçy mamladyr. Ony uzak taryh, uzak tejribe, uzak çekişme görkezýär. Biz bu ýerde M.Annagurdowyň üç mümkinçiligini nazarda tutýarys:

a) B.Kerbabaýewiň döwrüni, deň-duşlaryny, sredasyny tankytçynyň gowy tanamagy;

b) Tankytçy bilen ýazyjynyň dostlugy;

ç) onuň bilen özara ylalaşygy. Şeýle tejribe öň türkmen tankydynda bolmandy.

Şu hili tejribe beýleki milletleriň tankydynda hem gabat gelýär. Munuň özi özbaşyna bir ugur bolup, ýörite öwrenilmäge mynasypdyr. Dagystan şahyry Resul Gamzatowy tankytçy W.Ognew köpden bäri öwrenip gelýär. Şony mysal alanyňda, türkmen tankydynda M.Annagurdow hem esasy ünsüni bir ýazyja beren tankytçydyr. Ol başga bir ýazyjy ýa-da başga bir žanr bilen iş salyşmady.

Şu ýerde iki sany zerur mesele gelip çykýar.

---

[1] Annagurdow M. Ýatlanan kitap. 101 s.

Birinji - Kerbabaýew we Annagurdow ýa-da ýazyjy we tankytçy.

Ikinji – ýazyjy B.Kerbabaýewiň hut özüniň tankyda we tankytçylara hoşgylaw bolmagy. Ony ýazyjy “Hasyl ussatlyga bagly”[1] diýen makalasynda açyk ýazýar.

Aslynda M.Annagurdowyň tankydynyň aýratynlygy diňe bir ýazyjyny obýekt edinenliginde däl. Onda predmete sosialogik çemeleşme hem bar. Şu hem onuň tankydynyň bir stil aýratynlygydyr.

Tankydyň žanr we stil aýratynlygy barada pikir ýöredilýän mahalynda, Ata Kerimowdan, M.Annagurdowdan soň üçünji orun Abdylla Myradowa berilmeginiň öz sebäbi bar. Çünki başky iki tankytçy, esasan, çäkli žanr, çäkli ýazyjy bilen iş salyşdylar.

Çäkli diýmegimizi birneme anyklaşdyryp aýtsak, A.Kerimow üç tema - proza, edebi gatnaşyga, satira we üç ýazyja – B.Kerbabaýewe, N.Saryhanowa, A.Gowşudowa güýç, zehin sarp eden bolsa, M.Annagurdow diňe bir tema – proza, bir ýazyja – B.Kerbabaýewe üns berdi.

Emma 50-nji ýyllaryň tüýs ortasynda A.Myradowyň edebi tankyda gelmegi bilen ýagdaý bütinleý üýtgedi. Bu özgeriş A.Myradowyň zehininiň önümidi, tutuş türkmen edebiýatynyň önümidi. Ol edebi tankytda žanr we stil çäginiň giňemegi bilen baglydy.

1954-1974-nji ýyllar türkmen tankydynda A.Myradowyň işlän döwri. Onuň has joşgunly wagty bolsa 1964-1974-nji ýyllardy.

A.Myradow özi diri wagtynda ýörite hem uly göwrümli tankydy makalalar kitabyny jemläp çykarmaga

[1] Kerbabaýew B. Hasyl ussatlyga bagly. Литературная газета. 1956, 7 февраль.

ýetişmedi. Onuň hat-da öz çykardan alty kitabynyň diňe biri tankydy makalalar ýygyndysydy. Galan bäşisiniň üçüsi rus-türkmen edebi gatnaşyklar problemasyna degişli, biri çeper eser, soňkusy bolsa SSSR-iň halk artistkasy Sona Myradowa hakda oçerkdi.

Bu işimiziň birinji babynda onuň "Edebiýatymyz hakynda oýlanyp" /1961/ atly tankydy makalalar ýygyndysy barada pikir ýöredipdik. Emma bu bölümde welin onuň özi aramyzdan giden soň çap edilen "Hoşniýetli maslahatlar" /1981/ diýen tankydy makalalar ýygyndysy hakda, umuman, şonuň mysalynda A.Myradowyň etiki, žanr gerimi dogrusynda söz açmakçy.

A.Myradowyň edebi tankytda ýüzlenmedik temasy, ýüzlenmedik ýazyjysy, ýüzlenmedik meselesi ýok. Ol – hertaraply, uly hyjuwly tankytçy. Onuň tankyt tejribesinde roman, powest, hekaýa, oçerk, ýol ýazgylary, dramaturgiýa, bir perdeli pýesalar, köp perdeli pýesalar hakda-da, poýema, liriki, çagalar edebiýaty, çeper terjime, edebi tankyt, edebiýaty öwreniş ylmy, rus ýazyjylary, türkmen ýazyjylary, doganlyk halklaryň edebiýat wekilleri, ýönekeý okyjy barada-da ýazylan makalalara, synlara duş gelmek bolýar. Ol, B.Kerbabaýewden başlap, tas türkmen ýazyjylarynyň hemmesi dogrusynda örän köp makala ýazypdy. Şu faktlaryň bary öň ony uniwersal tankytçy hasaplamaga mümkinçilik berýär.

Uniwersallyk, köptaraplylyk bu tankytçynyň düýp stil aýratynlygydyr.

Publisistik äheňi onuň ikinji aýratynlygy bolsa, obrazly pikir öwürmek A.Myradowyň ýene bir tapawutly

ýeridir. Muny N.Hojageldiýew[1], D.Nuralyýew[2], J.Allakow[3] dagy öňräkden belläp geçipdiler.

Şol kesgitlemeler A.Myradowyň ähli tankydy makalalaryna mahsus diýsek hem bolar.

Bir bada seredeniňde, sözbaşyndan belli pikir aňyp bolmaýan makalalarynda ol köp meseleleri gozgamagy başarýar. Şol alamat onda ömrüniň soňky ýyllarynda has güýçlendi. Muňa tankytçynyň “Hoşniýetli maslahatlar”[4] diýen makalalar ýygyndysy şaýatlyk edýär. Şunda 1965-1974-nji ýyllar aralygyndaky gowy makalalar ýerleşdirilipdir. Ol, birinjiden, tema dürlüligi bilen tapawutlansa, ikinjiden, düýpli meseleleri galdyrýandygy bilen saýlanýar. “Zähmet bilen gahryman”, “Şahyr ýürek paýlaýar”, “Taryhy temanyň täze gürrüňi”, “Halkymyzyň ygrarly hemrasy“, “Çagalar we ýetginjekler edebiýaty” diýen makalalarda biz B.Hudaýnazarowyň “Göreş meýdany”, N.Jumaýewiň “Gumly gelin”, S.Ataýewiň “Maýagözel” diýen powestleri, G.Seýitliýewiň lirikasy, S.Borodiniň, J.Ykramynyň, A.Nurpeýisowyň taryhy romanlary, Durdy Gylyjyň, Ata Salyhyň, Ata Köpegiň çagyryş äheňli goşgulary, K.Taňrygulyýewiň, A.Baýramowyň, M.Garryýewiň, B.Gurbanowyň çagalara niýetlän eserleri hakynda oý-pikirler bilen tanyşýarys.

Ýöne gürrüň şol sanalan ýazyjylar ýa-da olaryň eserleri bilen gutarmaýar. Onuň çägi giň. Tankytçy şol

---

[1] Hojageldiýew N. Dagdan inýän derýa kimin. –Edebiýat we sungat. 1985, 8-nji fewral.

[2] Nuralyýew D. Hemmämiziň halypamyzdy. –Sowet edebiýaty., 1985, N2. -190 s.

[3] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Aşgabat: Magaryf. 1988. 198 s.

[4] Myradow A. Hoşniýetli maslahatlar. Aşgabat: Türkmenistan. 1981. 94 s.

söhbetleriň içi bilen, umuman, otuz-kyrk ýyllyk türkmen edebiýaty barada pikir öwrüp bilmeýändigini görkezýär. Onuň üçin şahyrlaryň haýsy döwürde ýaşap, döredendikleriniň asla parhy ýok. Ol niräň gürrüň etmegi halaýar. Şonuň üçin, taryhy-hronik wagty saklaman, ýüzüniň ugruna pikirini dowam edip gidýär.

Şeýle stil A.Myradowyň hemme tankydy makalalaryna mahsus. Bu stil makalalaryň adyndan tä ahyrky sözlemine çenli dowam edýär. Ine, “Okaýan Nebitdag, ýazýan Nebitdag”, “Pagşyldadyp urup, wagşyldadyp dolduryberseň”, “Gepbaşy” ýaly makalalaryň adyna, mazmunyna pikir berip görüň. Ol asla ýeke fakta, ýeke ýazyja duwlanyp pikir ýöredenok-da, okyjy bilen açyk söhbete başlaýar.

Onuň stili hakda gürrüň edilende, bir zada aýratyn üns bermeli. Ol hem alym bilen tankytçy diýen düşünjeleriň bir adamda jebisleşmegi. Bilşimiz ýaly, A.Myradow turuwbaşdan rus-türkmen edebi gatnaşygyny işlän alym. Onuň “Rus-türkmen edebi aragatnaşyklarynyň taryhyndan oçerkler” /1963/, “Rus-türkmen sowet edebiýatlarynyň hyzmatdaşlyk taryhyndan” /1959/, “Rus gardaşym” /1966/ diýen ylmy işleri şoňa mysaldyr. Bulary ol ylmy planda, akademiki stilde işledi. Ýöne bu materiallary ol, çepbe çöwrüp, publisistik makala edibem çykardy[1].

---

[1] “Dört duşuşyk” – Edebiýat we sungat. 1971, 8-nji sentýabr, “Internasional öwüşginler”,Edebiýat we sungat. 1973. 12-nji dekabr. “Goja Hazaryň awtogaflary”. Edebiýat we sungat, 1974. 8-nji noýabr. “Türkmen topragyna tagzym” – Edebiýat we sungat. 1969. 1-iýun. “Pawlenko köçesindäki oýlanmalardan”. – Edebiýat we sungat. 1969. 18-iýul. “Syýahatlar, syýahatnamalar, gaýrylar... ” – Sowet edebiýaty 1967. № 3

Görüp otursak, şol ylmy işler bilen çykgytda getirilen makalalaryň arasynda stil ýakynlygy aç-açan duýulýar. Şol bitewilik, stil ruhdaşlygy hemişe A.Myradowy öz deň-duş tankytçylaryndan saýlaýardy. Ony J.Allakowyň ýerlikli pikiri bilen görkezmegi makul bildik:

"Beýleki döredijilik ugurlarynda bolşy ýaly, edebi tankytda-da tankytçynyň öz tebigaty, şahsyýeti uly rol oýnap bilýär. Hut iki şahsyýetem tankytçynyň döredijilik poşerkini kesgitleýän şertleriň biridir.

Bu babatda iki tankytçynyň Ö.Abdyllaýew bilen A.Myradowyň döredijiliginiň häsiýetli aýratynlyklaryny deňeşdirip görmek gyzykly bolsa gerek. Ö.Abdyllaýewiň işlerinde agras, paýhasly, sowukganly häsiýet özüni mesemälim bildirse, A.Myradowyň makalalarynda göçgünli, şahandaz hem-de ýiti sözli, garadangaýtmaz adamyň keşbi örboýuna galýar"[1].

Professor J.Allakowyň bu pikiri bilen doly ylalaşmak bilen bir wagtda ýene käbir zatlary artdyrmak isleýäris. Ol edebi tankytçynyň ruhy, pafosy barada. Tankytçy, pafosyna görä belli bolýar. A.Myradow giň gözýetimli, hyjuwly. Şonuň üçin onda tankyda has köp mümkinçilik bar. Ol, alymlygyna garanda, has köpräk tankytçy hökmünde biziň aňymyzda galdy. Bu şahsyýeti boýunça publisistik, žurnalist, belletrist ruhly tankytçy bolan bolsa, Ö.Abdyllaýew, ozaly bilen, - alym, soň tankytçy hasaplanmaga laýykdyr. Sebäbi Ö.Abdyllaýew pedagog, mugallym manysynda asuda pikir ýöreden edebiýatçy. Onsoňam, ol, köpe ýaýraman, diňe türkmen

---

[1] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. –Aşgabat: Magaryf. 1988. 215-216 s.

edebiýaty, onuňam prozasy bilen mydama iş salyşdy. Bu tankytçyda pikir öwürmäniň ýewropaçylyk ruhy ýokdy, ol gündogarçylyk ruhunda pikir öwürýärdi, onuň dili gazet dili bolman, akademiki, ylmy dildi. Şol hem onuň esasy stil aýratynlygydy.

Ö.Abdyllaýew galamyny, ilki bilen, türkmen prozasy boýunça ýöredip ugrady. Muňa onuň bäş sany kitaby güwä geçýär. Ol alym hem tankytçy hökmünde 50-60-njy ýyllaryň türkmen prozasynyň tejribesinde terbiýelendi. Bu onuň tankytçylyk ugrudy.

Ýene bir ugry ýa-da ýene bir faktory ýatlalyň. Ö.Abdyllaýew ýokary okuw jaýynda, ömri ötýänçä, edebiýat teoriýasyndan sapak berdi, şondan okuw kitaplaryny ýazdy. Ol hiç haçan neşirýatda, gazet-žurnal redaksiýalarynda işlemedi. Bular onuň işlerine, pikir öwrüşine täsir etmän durup bilmedi.

A.Myradow bolsa hem ylmy, hem gazet-žurnal redaksiýalarynda işledi. Ol gazet stiline süňňi bilen berildi. Şol hem A.Myradowyň baş stil ugry bolup galdy. Ö.Abdyllaýew welin turuwbaşdan ylmy stile ýykgyn etdi.

Eýsem, şol ylmy stil Ö.Abdyllaýewde nähili kemala geldi? Muny alymyň ýazan ylmy kitaplary, okuw gollanmalary görkezýär.

Ö.Abdyllaýewde proza ýykgyn edilmeginiň başga-da käbir faktorlaryny göz öňüne tutmak gerek. Ol ellinji ýyllaryň ortalarynda, altmyşynjy ýyllaryň başlarynda edebiýata gelen tankytçy. Bu döwürde türkmen edebiýaty öwreniş ylmy-da, ýaňy janlanyp ýören tankydam proza pälwanlary B.Kerbabaýewiň, N.Saryhanowyň, A.Gowşudowyň, B.Seýtäkowyň döredijiliginiň daşyndadylar. Mahlasy, poeziýa seredeniňde, proza has

öňdedi. Galyberse-de, şol ýyllar kolhozçynyň, işçiniň, daýhanyň obrazyny derňemek ýoň bolupdy. Orta çykan Rejepow, B.Şamyradow, T.Durdyýew, Jumaýew, B.Ahundow ýaly edebiýatçylar, hatda olardan tankyda ileri durýan A.Kerimow hem proza bilen yzygiderli iş salyşýardylar. Ö.Abdyllaýew şol mekdebiň uçrumy hökmünde galamyny prozada ýöredip başlady. Onuň "Uruşdan soňky türkmen sowet prozasynda kolhozçynyň obrazy" /Aşgabat TDU 1957/ diýen şol prosesiň dowamydy. Şeýlelikde, ol bütin ömründe haýsy žanrdan tankydy makala ýazsa-da, prozanyň professional tankytçysylygyna galdy. Muny alym tankytçynyň "Edebiýatyň ösüşine göz aýlap", "Türkmen prozasynda däp we täzeçillik", "Döwrüň keşbi – edebiýatyň keşbi" diýen kitaplary has gowy görkezýär.

"Edebiýatyň ösüşine göz aýlap" diýen kitaby Ö.Abdyllaýewiň "Türkmen prozasynda däp we täzeçillik" diýen doktorlyk dissertasiýasynyň özenidir. Ol, diňe ylmy işiň özeni bolmak bilen çäklenmän, Ö.Abdyllaýewiň tankytçylyk stiliniň nusgasydyr. Şonuň üçin biz uly tankytçynyň stili, ýörelgesi baradaky gözegçiligimizi şol kitabyň we "Döwrüň keşbi – edebiýatyň keşbi" diýen kitabynyň esasynda gurmagy, durnukly tankydy pozisiýalary şolar boýunça kesgitlemegi dogry hasaplaýarys.

Emma bir hakykaty aýratyn bellemek zerur. Alym ähli proza degişli makalalarynda bir problemany sypdyrmady. Ol hem däp we täzeçillikdir.

"Düýnki we şu günki edebiýat barada söz" diýen makalasy, megerem, Ö.Abdyllaýewiň tankydy gözleginiň problemasydyr. Isle ol "Göroglyny" derňesin, isle-de

B.Kerbabaýewe, B.Seýtäkowa, H.Derýäýewe, G.Kulyýewe, G.Gurbansähedowa ýüzlensin parhy ýok, tankytçy şol obraz düýnki edebiýatda nähilidi, şu günki prozada nähili beýan edilýär? diýen sowaldan ugur alýar. Muňa sözüň doly manysynda prozany ýa-da köne terminimizde aýdylanda, kyssany degşirip öwrenmek diýilýär. Onsoň muny düýnki edebiýat üçin “däp”, şu günki edebiýat üçin “täzelik” diýip almaga ol metedologik taýdan mejburdyr. Şu jähtden Ö.Abdyllaýew “sowet edebiýaty”, “sosialistik realizm”, “Kommunistik partiýa” diýen düşünjelere esaslanman durup bilmezdi. Has gowusy, onuň esasy ýörelgesini öz sözleri bilen görkezmäge synanyşalyň.

“Has ýönekeýleşdirip aýtsaň, däp düýnki, täzelik hem şu günki ýüze çykan häsiýetli zatlardyr. Ýöne bu ýerde ”düýnki” hem ”şu günki” diýen sözleriň iki manyda dar we giň manyda ulanylýandygyny-da göz öňünde tutmalydyrys. Biz 20-50-nji ýyllardaky sowet edebiýatyna-da düýnki edebiýat diýip bileris. Eger biz “düýnki” sözüni “öňki”, “şu günki” sözüni “häzirki” diýen sözleriň sinonimi hökmünde ulansak, onda biz “düýnki edebiýat” diýenimizde, rewolýusiýadan öňki edebiýaty, “Şu günki edebiýat” diýenimizde-de, sowet edebiýatyny göz öňünde tutýarys. Şeýle bolanda, biz hakykaty çeper suratlandyrmagyň rewolýusiýadan öňki edebiýatda peýda bolan häsiýetli alamatlaryna däp hökmünde seredýäris. Hakykaty çeper suratlandyrmagyň häzirki edebiýatda peýda bolan häsiýetli alamatlaryna we öňki edebiýatdaky

zatlaryň häzirki edebiýatda başga hili berilmegine bolsa täzelik hökmünde seredýäris”[1].

Şu prinsip Ö.Abdyllaýewiň “Internasional umumylyga tarap”, “Internasional doganlygyň ilkinji ädimleri we onuň çeper taryhy”, “Roman žanrynyň ösüşindäki esasy tendensiýalar” diýen ýaly düýpli makalalarynda saklanýar.

Ö.Abdyllaýew ähli kitaplarynda, makalalarynda galamdaş ýoldaşlaryndan köp halatlarda tapawutlanýar. Şol tapawutlary hem onuň stili diýmek mümkin. Olar haýsylar?

1. Biziň pikirimizçe, onuň stilinde logiki güýçli. Tankytçy, bir fakty jan-tenden düşündirende, könäni, täzäni degşirmegi halaýar. Şonuň üçin onuň sözlemlerinden bir sözi aýryp bolanok.
2. Oýlanşykly baha kesmek, jogapkärçilik, çuňluk hem onuň tankydyna mahsus häsiýetdir. Biz ony iň uly çekişme makalasy bolar “Roman žanrynyň ösüşindäki esasy tendensiýalar” diýen makalasynyň analizinde gördük.
3. Çeper esere, obraza, edebi hadysa ylmy, akademiki tärde çemeleşmek hem Ö.Abdyllaýewiň stil aýratynlygy diýilse dogry bolardy.
4. Onda žurnalistik, publisistik ruhy ýok. Muňa derek berk ylmy delillilik güýçli.
5. Ö.Abdyllaýewde tankytçylyk hojalygyna dahylly ýene bir aýratynlyk bar, ol

[1] Abdyllaýew Ö. Edebiýatyň ösüşine göz aýlap. –Aşgabat: Türkmenistan, 1968, 7-8 s.

hem öwredijilikdir. Öwretmek, bildirmek gerek. Ýöne bu belli derejede

tankytçynyň ýazyja onçakly çuň düşünmegine päsgel hem berýär. Şol kemçilik Ö.Abdyllaýewde ýok däl.

Professor J.Allakow öz uly kärdeşiniň tankytçylyk ugruny tiplilik, synpylyk, däp we täzeçillik, liriki gahryman meselelerinde derňäp, millilik we internasionalçylyk problemasynda synlap: ”Öde Abdyllaýew... türkmen edebi tankydynyň hem-de edebiýaty öwreniş ylmynyň ösmegine, kämilleşmegine, onuň teoretiki pikirler bilen baýlaşmagyna uly goşant goşdy. Şonuň ýaly goşandy bilen hem ol türkmen edebi tankydynyň taryhynda iň görnükli orunlaryň birini eýeledi”[1] diýip, adalatly ýazdy.

Elbetde, tankytda stil dürlüligi hem tankytçynyň öz gündelik iş prosesi bilen bagly ýüze çykýar. Şu nukdaý nazardan alnanda, Ö.Abdyllaýew alym-tankytçy diýen sinteze laýyk gelýär. Bu bütewilik beýleki türkmen tankytçylaryna onçakly mahsus däl. Aýdaly, H.Taňryberdiýew, J.Allakow hem ylmy derejeli proza tankytçylarydyr. Ýöne olar, Ö.Abdyllaýewe garaňda, tankytda başgarak stile ýykgyn etdiler.

Prozamyzyň tankydynda Ö.Abdyllaýew, J.Allakow, H.Taňryberdiýew beýleki ähli tankytçylaryň hemmesinden köpräk yz goýdular. Ýöne munuň hem öz içinde bir tapawutly ýeri boldy. Ol tapawutly tarapy – kimdir bir uly prozaçynyň döredijiligini öwrenmek. Şu ýagdaýda H.Taňryberdiýew bu tarapa ýykgyn etdi. Ol B.Kerbabaýewden kandidatlyk dissertasiýasyny gorandan

[1] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. – 244 s.

soň[1], tä ömrüniň ahyryna çenli bu ýazyjynyň prozasy bilen iş salyşdy. J.Allakow şony göz öňünde tutup, şeýle ýazýar:

„Edil ýazyjy-şahyrlarda bolşy ýaly, edebiýat tankytçysynyň hem öz döredijilik ugrunyň, ýörelgesiniň bolmagy küýselýän talaplaryň biridir. H.Taňryberdiýew hem döredijiliginiň ilkinji ädimlerinden öz döredijilik temasyny, ugruny tapmaga ymtyldy.Ol edbiýat tankytçylarymyzyň arasynda ilkinjileriň biri bolup ýöriteleşmek ýoluna düşdi. Onuň edebi tankydy, ylmy işleriniň agramly bölegi B. Kerbabaýewiň... döredijiligini öwrenmäge bagyşlandy“[2]

Biz şu ýerde J. Allakowyň "Serkerde şahyr Seýdiniň " diýen sözlerini almadyk. Sebäbi bu mesele ylym we tankyt baglanyşygy hakyndaky dördinji bapda, ylmyň we edebi tankydyň hyzmatdaşlygy yzarlanýan ýerde seredilýär.

Şeýlelikde, H. Taňryberdiýew alymlykdan tankyda gelen wekildir. Ol eýýäm 60-njy ýyllaryň başlaryndan / 1961/ , 80-nji ýyllaryň başlaryna /1981/  çenli, ýigrimi ýyllap, B. Kerbabaýewiň prozasyna zehin sarp etdi. Beýle diýildigi onuň hemme tankydy tejribesiniň bir çeşmeden gözbaş alýandygynyň aýdyldygydyr.

Biz hiç haçan H. Taňryberdiýewiň edebi tankydyň öňünde eden hyzmatyny inkär edemzok. Ol uly iş etdi. Ýöne bu hyzmat B. Kerbabaýewiň prozasynyň çäginden kän çykyp bilmedi. Dogrusy, ýöne şol "B. Kerbabaýewiň döredijilik ussatlygy" diýen kandidatlyk dissertasiýasynyň giňeldilmegi, onuň ösdirilmegi boldy. Bu hem gerek.

---

[1] Taňryberdiýew H. Творческое мастерство Б.Кербабаева /на примере создания романа «Решающий шаг» /Авт. канд. диссер. Ашхабад. 1962, - 29 с.

[2] Allakow J. Görkezilen kitap. -245-246 s.

Şeýlelikde onuň stilini, esasan, iki kitaby boýunça barlamaga ýagdaý döredi. Bu iki kitap B. Kerbabaýew “Söz ussady” /1966 /, “Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy”/1982/ diýen kitaplary bolupdy. Ýöne soňky kitap öňkini hem öz içine alýandygy üçin, diňe özi dünýäden öten soň çykan kitap bilen çäklenmegi makul bildik. Şol hem onuň stili barada söz açmaga doly mümkinçilik berýär.

Edebi-tankydy stiller barada örän uzak gürrüň etmek mümkin. Her bir uly tankytçynyň ýörite stili dogrusynda bir kitap ýazara material bar. Şonuň üçin edebi tankytda yz goýan her bir zehiniň diňe iň belli, özgelere meňzemeýän özlerini tapmaga synanyşmaly.

H. Taňryberdiýew, ylym bilen tankydy bile alyp giden tankytçy bolsa-da, tä ömrüniň ahyryna çenli Ö. Abdyllaýew ýaly türkmen klassyky we häzirki zaman edebiýatyndan leksiýa beren hem bolsa, ol edil Ö.Abdyllaýew ýaly sözüň doly manysynda alym-tankytçy däldir. Sebäbi H.Taňryberdiýew pikir öwrüminde, wakalara, edebi eserlere, çeperçilik wekillere çemeleşmekde birneme erkin, döredijilikli ýykgyn edýär. Muny onuň makalalarynyň sözbaşy-da, mazmuny-da görkezýär. Ol “B.Kerbabaýew – söz ussady” diýen kitabynda bary-ýogy ýedi sany ylmy-tankydy çeşmä salgylanmak bilen çäklenipdir. Galan iki ýüz otuz sekiz sahypanyň ähli si esasan, B.Kerbabaýewiň eserleriniň tankydy kommentarisidir.

Kommentirlemek tankytda bar ýörelge bolup, ol köp babatda tankytçyny başganyň pikirinden, özgäniň garaýşyndan halas edýär, ony halys özbaşdak edýär. Bu gowy. Ýöne üýtgeşik pikir welin seýrek duşýar. Bu

ýagdaý H.Taňryberdiýewiň tankydynyň nebsimiz näçe agyrsa-da, ýüzleý çykmagyna getiripdir. Onuň köp tankydy makalalary ýüzleýlikden, ýöntemlikden, köp sözlülikden halas däl. Ony "Türkmen prozasynyň aýgytly ädimi" diýen iň uly bölüm /11-180-nji sahypalar/ örän aýdyň subut edýär. Şol bölüm "Aýgytly ädimiň" analizi däl-de, ýaly bolup dur. Belli bolşy ýaly, "Aýgytly ädime" M. Annagurdowdan köp zähmet siňdiren tankytçy ýokdur. Emma H. Taňryberdyew bu uly işinde diňe ony umumy sözler bilen agzap geçmek arkaly çäklenipdir. M. Annagurdowyň aýdanlaryna asla garşy çykman, ol dogry-nädogry tassyklap oňypdyr. Özem "M. Annagurdow şeýle pikirde" diýip gönertläp ýazman, çykgytda berip gidipdir. Ine, şol bölekden mysala ýüzleneliň:

"Edebiýatçylaryň, ýazyjylaryň B.Kerbabaýewiň salgysyna eden tankydy bellikleriniň aglabasy esasan romandaky rus işçileriniň obrazyna hem-de Artygyň azaşmaklarynyň delillendirilişine syrykdy. Tankytçylar tutuş romanda rus rewolýusion işçi synpynyň wekili Iwan Çernyşowyň ösüş ýagdaýynda suratlandyrylmandygyny, onuň obrazynda guraksy deklarasiýanyň agdyklyk edýändigini, shematizmiň duýulýandygyny, eseriň baş gahrymany Artygyň-da jygba-jygly pursatlarda ýol berýän säwlikleriniň, gyzgynganlylygynyň tipik ýagdaýlar arkaly ýeterlik delillendirilmändigini, şonuň üçin-de Artyk bilen baglanşykly ýüze çykýan käbir garşylyklarda ýasamalyk reňkiniň bardygyny dogry bellediler"[1].

Şu ýerde dyngy berip, alnan bölegi ýene bir okalyň. Birinjiden-ä, on bir sözlemden soň nokat goýlan pikir

[1] Taňryberdiýew H. Türkmen edebiýatynyň kerwebaşçysy. Makalalar. Aşgabat: Türkmenistan. 1982. -18-19 s.

kime degişli diýen sowal gelip çykýar. Ikinjidenem, näme üçin H.Taňryberdiýew "Tankytçylar" diýip, köplük sany alýar-da, onuň haýsy kime degişlidigini aýtman, çykgytda "Seret: M.Annagurdow, "Aýgytly ädim" romany. Sowet edebiýaty, 1951, № 4. A.Kerimow "Berdi Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynda halklaryň dostlugynyň görkezilişi". Sowet edebiýaty, 1952, № 2" diýip iki tankytçyny bile görkezýär.

Indi, görüň, şol ýokarky pikiri kim aýdypdyr? M.Annagurdowmy? A.Kerimowmy? Ine, şeýle gümürtikli H.Taňryberdiýewiň tankydy stilinde köp duşýar.

Mysalymyzyň ýene bir bölegi, has takygy, şol H.Taňryberdiýewiň nokat goýan ýerinden bäri alyp, dowam edeliň:

"Edebiýatçylar /kimler? E. A./ Eziz hanyň, Gully hanyň obrazlary barada hem ýazyja peýdaly pikirleri orta atdylar"[1].

Başga bir öwrümde H.Taňryberdiýew haýsydyr bir anyk eser barada söz açanda, uzaga ýaýraman, çuňlaşman, ýene adaty ýaňzytma bilen çäklenýär:

"Emma "Bir kemsiz gözel bolmaz" diýlişi ýaly, romanyň birinji neşirinde /1957/, umuman nebitçiler durmuşyndan tipik wakalaryň seçilip alnandygyna, köp gahrymanlaryň obrazlarynyň şowly çykandygyna garamazdan, eserde käbir düýrümi ýetmedik baplaryň /haýsylar? E. A./, gahrymanlaryň /kimler? E. A./ işiniň, hereketiniň öçügsiräk görkezýän ýerleriniň, çeperçilige zeper ýetirýän artykmaçlyklarynyň bardygyny talapkär okyjylar, edebiýatçylar, tankytçylar, ýazyjynyň galamdaşlary

---

[1] Taňryberdiýew H. Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy. Makalalar. Aşgabat: Türkmenistan, 1982. 19- s.

adalatly görkezdiler /M.Annagurdow, G.Gurbansähedow, K.Jumaýew, K.Salyhow, J.Allakow/”[1].

Ikinji mysalyň “Nebitdag” romanyna degişlidigi eýýäm düşnükli bolsa gerek. Munuň özi ýene-de H.Taňryberdiýewiň tankytçylyk stiliniň umumy sözlerden durýandygyny, hiç hili anyk zady açyp bilmeýän ekenligini, kime gol ýapyp, kimiň pikirini ret edýändigini aýyl-saýyl edip bilmän, ýöne “köwsarlap” durýandygyny görkezýär.

Bu bir esasy sebäp. Galybersede B.Kerbabaýew, H.Taňryberdiýewe çenli belli derejede M.Annagurdow, A.Kerimow dagy tarapyndan açylan obýekt. B.Kerbabaýewiň köp tarapyny Ö.Abdyllaýew, J.Allakow dagy hem kesgitlediler ahyry şeýle bolansoň H.Taňryberdiýewiň hut özüne ullakan zat hem galmaýar.

Eger ol ýaý içinde getirilen tankytçylary bilen jedele giren bolsady onda H.Taňryberdiýew garaz bir zady özi aýdan adam bolardy. Bu welin “Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy” şeýle ele agram salyp duran kitapda ýok.

H.Taňryberdiýewiň ýene bir stil aýratynlygy öz obýektini laýyk bolsa bolmasa öwmekde mahabatlandyrmakdan ybarat. Onsoň hem B.Kerbabaýewiň prozasyna kim tankydy bellik eden bolsa, ol şony inkär etjek bolup ot elek. Onuň taryhy şahs hem gahryman atly uly göwrümli makalasy “Gaýgysyz Atabaý” romany hakynda. Ol 289-282-nji sahypalaryň arasyny eýeleýär. Alym aslynda romanyň mazmunyny gürrüň bermekden

[1] Taňryberdiýew H. Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy. Makalalar. Aşgabat: Türkmenistan, 1982. 182-183 s.

aňry geçenok. Ol diňe ýekeje ýerde S.Myradowyň pikirine garşy çykyp, şeýle ýazýar:

“Şu ýerde tankytçy S.Myradowyň roman babatynda çenden aşa her taraplylyga bat berendigini, ýazyjynyň zähmetine juda parhsyz garandygyny onuň göz öňünde tutan maksadyna ýüzleý düşünendigini hem adalatyň hatyrasyna nygtap geçmelidiris. Tankytçy roman hakda şeýle jemleme çykarýar:

“Gaýgysyz Atabaýda”, ýylp edip gidýän gahrymanlaryň bäş däl, alty däl, onlarçasy bilen tanyşýarys. Netijede Hajy Atabaýew, Muhammetguly Atabaýew, Nedirbaý Aýtakow ýaly belli türkmen syýasy we jemgyýetçilik işgärleriniň diňe atlary agzalypdyr. B.Kerbabaýew usulynyň tutuş kitabyň çeperçilik tebigatyna şikes ýetirenligini aýtmalydyr. Ol ylaýtada romanyň kompozisiýasynyň gowşaklygynda sýužet ýordumy sallam-sajaklygynda, durmuşyň anyk meseleleriniň däl-de, diňe G.Atabaýewiň ömür ýolundaky wakalaryň yzarlanmagynda...”[1]

Biz “Gaýgysyz Atabaý” bilen tanyş her bir okyjynyň S.Myradowyň roman baradaky pikiriniň dogrylygyna güwä geçýänligine şübhelenmeýäris. Bu ýerde H.Taňryberdiýewiň ol romany dagynyklykdan halas etjek bolmagyna diňe öz obýektine köre-kör söýginiň netijesi hökmünde garap bolar. Şu taýda H.Taňryberdiýewiň tankydy stilinde öz-özlügiň tarapgöýligiň birtaraplylygyň barlygy ýüze çykýar. Galybersede, her makalasynda yzly-yzyna mysal almak, şeýlelikde köp sözlülige ýol bermek onda juda güýçli.

---

[1] Taňryberdiýew H. Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy. Makalalar. Aşgabat: Türkmenistan, 1982. 241-241 s.

H.Taňryberdiýewde beýleki tankytçylaryň pikirini inkär etmek aýratyn hem adalatly obýektiw pikirini inkär etmek ösen. “Döwrüň sesi, döwrüň ruhy” diýen makalasynda ol “Aýsoltan” powesti barada M.Annagurdowyň rus tankytçylaryndan öň aýdan pikirini has yza geçirýär. Ahyrda bolsa inkär edýär. Bu bolsa onuň tankydynda berk logikanyň ýoklugyny, fakt bilen ideýanyň dogry gelmeýänligini tankytçy manysynda pozisiýanyň yrgalygyny ynamsyzlygyny görkezýär.

Edebi tankytda stilleriň dürli bolmagy zerur zat. Bu ýerde H.Taňryberdiýewiň hususy stili hakynda aýdylanda onuň köplenç B.Kerbabaýewiň döredijiliginde jemlenendigini gördük.

Emma uly tankytçylaryň biri hökmünde ol umumy edebi prosesden çetde durmady. H.Taňryberdiýewiň tankydynda söweşjeňlik häsiýeti hem bar. Onuň realizm romanlarymyz, powestlerimiz baradaky kän çekişmelerde hyjuwly makalalary yzly-yzyna peýda bolýardy. Galybersede, ol öz kärdeşleri Ö.Abdyllaýew, J.Allakow bilen uly proza, edebiýatda taryhy şahslaryň obrazy hakda düýpli makalalar ýazdy. Şunuň özi onuň tankydynda problemalylyk tarapynyň agdyk gelýändigini aňladýar. Türkmen prozasynyň gazananlaryny okyja ýetirmek, propagandirlemek hem onuň tankydy aýratynlygydyr. Şularyň hemmesi birigip, H.Taňryberdiýewiň edebi tankyda ýürek bilen hyzmat edendigini tassyklaýar.

Türkmen edebi tankydynyň uly pälwanlarynyň biri J.Allakow biregine proza bilen iş salyşýan tankytçydyr. Şu gün edebi prosesiň kerwenbaşysy proza bilen her bir tankytçy iş salyşyp bilenok. Sebäbi türkmen ýazyjylarynyň üçden iki bölegi diňe proza eserlerini ýazýarlar. Olaryň bu

gün Ç.Aşyrow, B.Hudaýnazarow, R.Esenow, T.Jumageldiýew, Ý.Mämmediýew, G.Şammyýew, S.Annasähedow ýaly läheňleri bar. Biz ýöne yzly-yzyna roman ýazyp aramyzda gezip ýörenlerini agzadyk. Emma powest žanrnyň A.Tagan, R.Allanazarow, Ş.Geldiýewa, O.Orazberdiýewa ýaly ykrar edilenleri hem barmak basyp sanardan kän. Şol sananlarynyň her biriniň gör näçe romany, näçe powesti bar. “Sowet edebiýaty” “Garagum” “Edebiýat we sungat” redaksiýalarynyň sanma-san göýberilýän proza eserlerine näme diýersiň. Şu uly hasyly ýygnap, seljermek türkmen tankytçylarynyň içinde J.Allakowa bagly diýsek, ýalňyş däldir. Onuň hem iki sebäbi bar: häzir Ö.Abdyllaýew, H.Taňryberdiýew ýaly öň proza bilen iş salyşýan atly tankytçylar aramyzdan gitdi. Bu ýüki indi J.Allakowyň ýeke özi diýen ýaly çekmeli boldy. Galybersede, şu gün edebiýat meýdanyna gös-göni roman bilen gelýän awtoryň sany artdy.

J.Allakow altmyşynjy ýyllaryň başynda edebiýatymyza geldi. Şondan bäri geçen ýigrimi otuz ýylyň içinde ol okyja özi kitap hödürledi. Şonuň altysy türkmen prozasynyň problemasyna bagyşlanandyr. Olaryň hemmeside “Döwür we gahryman” diýen ýeke-täk meseläniň daşynda jemlenýär. Muny uly tankytçynyň kitaplarynyň sözbaşylary hem açyk görkezýär.

1971-1991-nji ýyllar aralygynda onuň prozadan çap eden alty kitabyny[1] okap görenimizde, biz J.Allakowyň 60-80-nji ýyllaryň prosesini ünsli yzarlaýanlygyna göz ýetirýäris. Ýöne bu adaty daşky alamat däldir. Ol türkmen edebiýatyna belli-külli işçi obrazyny getiren “Nebitdag”,

---

[1] Allakow J. Döwür we gahryman. –Aşgabat: Türkmenistan. 1971. -178 s.

“Çeleken şemaly” ýaly romanlardan başlap göze ilip durmaýan ýönekeý adamlaryň obrazyna çenli yzarlamagy öz öňünde mesele edip goýdy. Şeýlelikde, giden bir proza gahrymanlary peýda boldy. Olar bolsa häsiýet tarapdan dürli-dürli adamlar. Hemmesinem döwür, zähmet, ahlak meseleleri biri-birine bagly edip goýýar.

Biz aşagyny çyzan sözlerimiziň üsti bilen J.Allakowyň tankytçy hökmünde bir stil özboluşlylygyny nygtaýarys. Başga bir stil aýratynlygy onuň akademizmden doly halaslygydyr. J.Allakow yzly-yzyna dürli ylmy çeşmelerden sitata getirip, okyjyny ýadadanok. Ol pikirini akgynly beýan edip gidýär. Şonuň üçin iki proza tankytçysyny, meselem, Ö.Abdyllaýew bilen J.Allakowy deňeşdirip görsek, olaryň birinjisinde teoretiki çemeleşmäniň, akademizmiň, ylmylygyň agdyk gelýändigine, ikinjisinde erkin pikir ýöretmäniň köplügine göz ýetirer. Onsoňam J.Allakow köp işleýşi ýaly, beýleki galamdaşlaryna garanda, kitaplaryny okyja örän tiz ýetirýän tankytçy. Şonuň üçin onuň stilini tankytçynyň gazet-žurnallardaky makalalaryndan daşary diňe şol alty kitaby boýunça anyklamaga giň mümkinçilik bar.

Biz J.Allakowy proza tankytçysy hasap edýäris. Bu dogry. Emma proza tankydy, göräýmäge umumy bolup görünýär. Onuň hem öz žanrlary, žanrda-da esasyraklary bar. Şu jähtden alnanda, J.Allakow romana, romanyň hem häzirki döwre degişlilerini analizlemäge ýykgyn edýär.

Biz “Döwür we gahryman” diýen kitabynda gozgalan meseleleri şu günüň nazary bilen ölçeýäris. “Konflikt we häsiýet”, “Häzirki etapdaky türkmen prozasynda psihologizm”, “Tipik ýagdaýlar we häsiýet”, “Döwür we gahryman”, “Çeper eseriň strukturasy we

obraz”, “Çeper portret we häsiýet”, “Çeper detalyň gürrüňi” diýen bölümleri synlamyzda tankytçynyň maksadyna oňat göz ýetirýäris. Onda H.Jumaýewiň “Ýuwaş gelin”, B.Kerbabaýewiň “Gaýgysyz Atabaý”, H.Derýaýewiň “Ykbal” ýaly eserleri ýene N.Jumaýew “Uruş ody”, “Ýeňiş ýylynyň hekaýasy”, S.Reýimowyň “Ýalynly ýyllar”, G.Seýitmedowyň “Şeýle gyz bar” diýen powestleri Ýa.Mämmediýewiň “Ene toprak”, N.Pommanyň “Gatakar” romanlary hakda pikir ýöredilýär.

Diňe bir kitapda temasy taýdan dürli-dürli eserlere ýüzlenmek bilen tankytçy nämäni nyşana alýar? Ol tankytçynyň esasy ýörelgesidir.

Esasy ýörelgesi bar tankytçylar az bolýar. J.Allakow öz ýörelgesine wepaly. Biz ony häzirki zaman prozasynyň problemalary we gahrymanlary diýen iň uly kitabynda ýerleşdirilen makalalarynda-da görýäris. Şol kitapda “Döwrüň talaplary we gahryman”, “Döwrüň beýany” ýaly makalalar bar. Bular hem tankytçynyň esasy ýörelgesine laýyk ýazylypdyr. Ýöne J.Allakowyň bu uly kitaby üýtgedip gurmak döwründe ýazylanlygy üçin, ony işiň bäşinji babynda giň derňändigimiz üçin bu ýerde ýöne ýüz ugra bellemek bilen çäklenýäris.

Tankytçy hökmünde J.Allakowa onuň köp galamdaşlary baha berýärler. Onuň her bir täze kitaby barada syn çykýar. Şonda onuň çalt işleýşi, köp ýazyşy ýygy-ýygydan nygtalýar. Bu dogry. Galyberse-de, her ýylda, iki-üç ýyldan okyja täze kitap hödürlemäge ýetişýär. Eger onuň galamdaşlary her on-on bäş, ýigrimi-otuz ýyldan bir şapbat ýaly kitap hödürleseler, J.Allakow şol aralykda bäş-alty kitap neşir etdirip bilýär. Ol hem ezber tankytçynyň bir aýratynlygydyr. Çalt ösýän proza

üçin çalt özleşdirme hem gerek. J.Allakowyň tankytçylyk stiliniň şu tarapy barada başga bir uly tankytçy D.Nuralyýew "Tankyt we edebi proses", "Uly tankyt ugrunda", "Edebi tankydymyzyň gerimi" ýaly makalalarynda öňräk ýazypdy.[1]

J.Allakowyň tankydynyň agdyk gelýän ýeri onda faktyň, derňelýän çeper eserleriniň eseriň biçak köplügi bolsa gerek. "Prozamyzyň gözlegleri" diýen makalalar ýygyndysynda A.Allaberdiýewiň "Çapyksuwar", H.Jumaýewiň "Jeýhun", T.Jumageldiýewiň "Ömür dawasy", H.Jumaýewiň "Pagtabent", T.Jumageldiýewiň "Bagrymyzyň badaşany", A.Gurbanowyň "Öýlänçi", B.Kerbabaýewiň "Suw damjasy – altyn dänesi", B.Hudaýnazarowyň "Akar suwuň aýdymy", G.Kulyýewiň "Gara kerwen", G.Seýitmedowyň "Öçmejek ýyldyzlar", A.Atajanowyň "Öz tanyşlaryň", O.Akmämmedowyň "Meni ýazgaryň", B.Seýtäkowyň "Bekmyrat Durdyýew", Ş.Geldiýewanyň "Laçyn", H.Meläýewiň "Ýalyn", A.Myradowyň "Gijeler... gijeler" ýaly eserler dogrysynda söz açylýar. Eýýäm şu sanalan awtorlar we eserler tankytçynyň girişiniň, göz ýetimini örän kän eserler esasynda pikir ýöretmäge endik edendigi tassyklanýar. Onlarça eserleri bir problemanyň daşyna ýygnamak J.Allakowyň analiz stiline girýär.

Köp tejribeli tankytçy bolansoň, ol türkmen prozasyna rus edebiýaty bilen degşirip analizlemegi-de bir ýandan aýyranok. "Döwür we gahryman" atly birinji ýygyndysyndan başlap, "Häzirki zaman prozasynyň problemalary we gahrymanlary" diýen kitabyna çenli ol

[1] Nuralyýew D. Edebiýatyň mähek daşy. –Aşgabat: Türkmenistan. 1982. -43 s.

bir näçe pursatlarda W.Belinskä, F.Engelse, M.Gorka, G.Lamidza, K.Fedine, köp sanly rus ýazyjylaryna ýüzlenýär. Emma olary ýörite derňäp durman, degşirme maksady bilen şeýle täre ýüz urýar.

Megerem, J.Allakowyň ýöne bir aýratynlygy diýip, onuň tankydynyň sypaýyçylygyny bellemek gerekdir. Ol proza tankydynda özünden beýlekileriniň pikirini hasaba aljagam bolman, ýazyja-da igenjek bolman, şol bada eseriň öz analizi bilen bolýar. Beýle edilmeginiň hem ýeterlik sebäbi bar. Sebäbi diýlende, her bir täze proza eserine J.Allakowyň özüniň beýlekilerden öň seslenmegi. Şonuň üçin onda başgalaryň pikirine mätäçlik ýok.

"Häzirki döwür we türkmen edebiýaty" diýen kitabynda tankytçy J.Allakowyň ýene bir näçe stil aýratynlyklaryny görýäris. Şol aýratynlyklar nämeden ybarat?

Ol, birinji nobatda, öňki soýuz möçberinde ykrar edilen tankytda nähili meseläniň öňe sürülýänligi bilen gyzyklanmak. Biz muny awtoryň "Ylmy-tehniki rewolýusiýa we gahryman", "Ýaşlaryň prozasynyň gözlegleri" diýen makalasynda görýäris:

"Bütin soýuz edebi tankydynda ylmy-tehniki rewolýusion adamlara edýän täsiri hakyndaky gürrüňleriniň köpüsi ylmy işgärleriň, industrial zähmetiň wekilleriniň obrazyndan kän daşlaşýar. Emma ylmy-tehnika rewolýusiýa durmuşuň ähli ugurlarynda öz täsirini ýetirýär... Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň durmuşyň ähli sferasyna öz täsirini ýetirşine bolsa dürli hili faktlaryň üsti bilen görmek mümkin"[1]

[1] Allakow J. Häzirki döwür we türkmen edebiýaty. Aşgabat: Türkmenistan, 1982. 43 s.

Elbetde, tankytçynyň bu pikiri bilen ylalaşmak mümkin.Ol fakt manysynda dogry. Ýöne obraz üçin mysal alnan eserler asla ylmy-tehniki rewolýusion hut doly mazmunyny açman, juda ýöntem bolýar.

Ol ýöntemlik nämede ýüze çykýar? Tankytçy ylmy-tehniki rewolýusiýanyň nämeden görkezmek niýeti bilen A.Gurbanowyň "Topragyň ysy" diýen powestinden "mawy korabla" erk edýän Otja diýen türkmen gyzyny alýar, B.Hudaýnazarowyň "Göreş meýdanyndan" hem Söýüniň matros bolşuny alýar. Ýeri, bular türkmen edebiýatyna ýetmişinji ýyllarda aralaşan bolsa, ol progresiň alamatymy eýsem? Ýok. Bu biziň türkmen edebiýatymyzyň entek ylmy0tehniki rewolýusiany özleşdirmekde juda yza galýandygyny görkezýär ahyr. Tankytçy meseläniň şu tarapyna üns bermändir. Onsoňam "Mawy korabl", matrosyň hünäri şeýle elýetmez ylmy-tehniki progresmi? Bular sadaja zatlar bolup, heniz türkmen ýazyjylarynyň entek öz prowensial düşünjelerini aňladýar. Eger J.Allakow bulara derek "Nebitdag", "Suw damjasy-altyn dänesi" romanlaryny, H.Diwangulyýewiň "Dumana duwlanan dünýä" ýaly fontastik powestini analizlän bolsa ýerine düşerdi.

Şuňa garamazdan, J.Allakow, umuman, tankytda geçýän prosesi dogry tutmak üçin ylmy-tehniki rewolýusia we edebiýat diýen tema ýüzlenip dogry edipdir. Şu jähtden ol, M.Siluskisiň, J.Aýtmatowyň sözlerine sazlanyp, onuň adamzada zyýany barada-da dogry beýan edýär.

Soňky on ýyllykda dürli milletleriň edebiýaty, şol sanda türkmen edebiýaty-da ahlak problemasyna ýüzlendi. Bu Soýuz edebiýatynda umumy hadysady. Şony hem "Ahlak

däpleriniň sazlaşygy" diýen makalasynda J.Allakow öz wagtynda orta atmagy başardy.

Bu makalany ýörite agzamagymyzyň öz sebäbi bar. Indi ençeme ýyllar bäri çeper edebiýat tebigy halda berç bolup galan ideologiýa penjesinden çykyp başlady. Şol ýazylganlyk, birinji nobatda, hemme edebiýatyň nähilidir halk döredijiligine ýykgyn etmeginden emele geldi. Çeperçilik prosesini gowy yzarlaýan, okyjy ýa-da tankytçy, muny duýýar. Haýsy temada eser ýazylsa ýazylsyn, ýazyjy özüniň ýa-da gahrymanynyň dilinde ata-babalarynyň sözlerini, tymsallary, rowaýatlary, nakyllary köpräk getirip başlady. Ony türkmen ýazyjylary öň ulandymy ýa-da Çingiz Aýtmatow, Fýodor Abramow ýaly dünýä belli ýazyjylar öňräk başladymy, ony bilmek kyn. Aslynda beýle öň-soňlugyň geregem ýok. Mesele edebiýatyň halka ýakynlaşmagynda. Biz şony J.Allakowyň mysal alýan "Akar suwuň aýdymy", "Pagtabent", "Bagrymyzyň badaşany", "Suw damjasy-altyn dänesi" ýaly eserlerinde görýäris. Şu jähtden J.Allakow, litwaly tankytçy A.Buçisiň sözüne esaslanyp, mife, powaýata ýykgyn etmek meýlini progressiw ugur hasaplamak bilen.

"Şunuň ýaly prosesiň biziň milli edebiýatymyza-da aralaşyp ugramagy, ýazyjylarymyz tarapyndan bu ugrda käbir şowly synanyşyklaryň edilmegi bellenilmäge mynasyp guwançly faktdyr"[1] diýende mamladyr.

J.Allakowda, beýleki tankytçylara seredeniňde, çekişmeçilik, kimdir biri bilen jedelleşmek ruhy gowşak. Şeýle-de bolsa, ol, ýeri gelende, şol usula hem ýüzlenýär. "Ýaşlaryň prozasynyň gözlegleri" diýen

[1] Allakow J. Häzirki döwür we türkmen edebiýaty. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. 71 s.

makalasynda ol Ş.Halmuhammedow[1], A.Mämmedow[2], E.Işangulyýew[3] bilen jedele girýär. Ýöne tankytçy hiç bir halatda sowukganlylygyny elden bermän, ýumşak gürrüň bilen çäklenýär.

Uly tankytçylaryň tutuş döredijilik prosesini ýörite yzarlamak gerekdigini biz öňde öwran-öwran nygtapdyk. Biz bu ýerde J.Allakowyň tankydy tejribesiniň iň zerur ýerlerini belledik. Aslyýetinde ony ýene dowam etdirmek mümkin. Şonuň üçin işimiziň bäşinji babynda biz oňa ýene dolanyp gelýäris. Sebäbi üýtgedip gurmak döwrüniň tankydy hem J.Allakow, D.Nuralyýew ýaly şu gün aktiw işleýän wekilleriň döredijiligi bilen baglydyr.

Professor Allakowy haýsydyr bir romançy, haýsydyr bir powestçi, hekaýaçy ýazyjy asla gyzyklandyranok. Ony romanyň, powestiň, hekaýanyň içki ösüş kanunalaýyklygy gyzyklandyrýar. Şonuň üçin ol ömür boýy, ýazyjynyň kämilleşiş prosesini däl-de, žanryň kämilleşiş prosesini açmaklyga üns berýär. Şol onuň esasy stilini düzýän özboluşlylykdyr.

Özüniň güýçli söweşjeňlik hyjuwy bilen turuwbaşdan tankyt meýdanyna gelen Saýlaw Myradow diýilse, öte geçildigi bolmasa gerek. Ol on iki süňňi bilen jedelkeş tankytçy hökmünde tanalýar. Inkär etmek – onuň ilki özboluşlygydyr. Bu ruh onuň ilkinji makalasyndan, ilkinji kitabyndan tä iň soňky makalasyna, iň soňky kitabyna çenli saklanyp galan aýratynlykdyr. Öz sözi, öz pozisiýasy bilen S.Myradow beýleki galamdaşlaryna

[1] Allakow J. Häzirki döwür we türkmen edebiýaty. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. -101-102 s.
[2] Şol ýerde, -90-91 s., 101-102 s.
[3] Şol ýerde, 104-106 s.

meňzemedi. Bu originallyk kölperiň gözüne ilmese-de, okyja aýan boldy.

S.Myradow tankytçylyk ugruny üç bölege bölmek bolar: proza, poeziýa, edebi miras. Emma, hemmesini bir ýere ýygnanyňda, onda poeziýa tankydyna köpräk ýykgyn edildi. Biz ony tankytçynyň "Poeziýamyzyň ädimleri" diýen tutuk kitaby, "Gözbaşyň saksynda oýlanma", "Beýik şahyryň durmuşa garaýşy", "Poeziýanyň borjy", "Kiçijikleriň uly aladasy" ýaly ençeme makalalary okanymyzda görýäris.

Ol tankyda ylymdan gelmedi. Eger Ö.Abdyllaýew, H.Taňryberdiýew, J.Allakow, D.Nuralyýew, A.Garaýew ylymdan tankyda gelen bolsalar, S.Myradow, N.Hojageldiýew dagy neşirýatdan, redaksiýadan tankyda geldiler. Bu hakykaty S.Myradowyň döredijiligi has gowy görkezýär. Bu hem tankytçynyň bir özboluşly tarapydyr. Galyberse-de, ol ylym bilen tankydy ýakynlaşdyrmaga beýleki tankytçylardan köp goşant goşdy. Ony biz işimiziň dördünji babynda aýratyn derňemegi niýet edinýäris.

Şeýlelikde, S.Myradow biziň tankydymyza çekişme, jedel žanryny girizdi. Beýleki tankytçylar hem dürli redaksiýalar tarapyndan guralan çekişmeleri ýa-ha başlaýjy, ýa-da jemleýji boldular. Gaty gitse, şol jedele birki makala ýazyp, ses goşmak bilen çäklendiler. S.Myradow welin bu ugry öz gündelik tankydy işine öwürdi. Ol hem bu tankytçynyň aýratynlygy bolup galdy. Hatda birinji makalalar ýygyndysynyň ady ony doly tassyklaýar.

"Edebi çekişmeler" – bu S.Myradowyň birinji işi. Özem proza degişli. Şu kitapda-da, "Poeziýamyzyň ädimleri", "Taryh", "Edebiýatyň taryhylygy", "Döwür

bilen aýakdaş”, “Asyrlaryň jümmüşinden”, “Zelili” diýen hem-de dürli tankydy meselelere bagyşlan işlerinde-de tankytçynyň şu stili saklandy.

Ol, nähili kyn mesele bolsa-da, öňki aýdylanlara ýakyn pikir ýöretmekden saklanyp, özüçe oýlanmaga çalyşdy, ýalňyşsa-da, öz-özüni gaýtalasa-da, şol özboluşlylygyna wepaly boldy. Bu jähtden hem ony beýleki tankytçylar bilen gatyşdyryp bolanok. Tankytda öz pikirlilik gerek zat. Ýöne ony özgelere sarpa goýup aýtmagy başarmaly. Şu ýeri welin S.Myradowda kemterlik edip geldi. Ol özünden öňki gazanylan sepgitlere, köplenç, atanak çeken ýaly boldy.

S.Myradowyň isle ol monografiýa ýazsyn, isle-de ýazyjynyň ýa-da kärdeşleriniň eserleri barada ýazan tankydy syny bolsun, mamla taraplary az däl. Şonuň bilen birlikde, özünden başga edebiýatçylaryň pikirini äsgermän, inkär etmek ederejesine ýetýän halatlaryna-da duşmak bolýar. Käbir awtoryň eserine ýüregiňe jüňk bolup duran obýektiw pozisiýadan baha berse, käbir awtoryň orta tap eserini öwüp arka göterýän halatlary-da bar. Tankyda syn ýazaňda, ýazyjyny hemra tutunyp, onuň döredijiligine tankytçynyň biperwaý garandygyny ýaňzytmak bilen, ozaldan hem tankytçylardan göwni kineli ýazyjylara meçew berip göýberýän halatlaryna-da duşmak bolýar.

S.Myradowyň edebi proses barada ýazan işleriniň köpüsinde subýektiwlik agdyklyk edýär. Käbir döredijiniň eserine artykmajrak öwgüli sözler aýdanyny hasap etmeseň, edebi tankyda ýa-da edebiýaty öwreniş ylmyna gezek gelende, özünden başgalaryň pikirini inkär etmek meýli duýulýar. Köp-köp mysallara, delillere esaslanyp,

daşyndan aýlap, dürli tarapdan gelip, pikirini subut etmäge çalyşýar. Kä ýerde ynandyrýan ýerleri-de bar, köp halatda bolsa onuň sepi açylýar. Onuň makalalary bolsun ýa-da monografiýasy haýsy işini alsaň, jedelden sowa geçenok. Öz pikirini ýolly hasap edip, beýlekileriň boýnuna dakmak häsiýeti güýçli.

Ol A.Myradowa ýerliksiz igenip, şeýle diýýär:

“Dogry, durmuşy ýüzleý suratlandyrýan eserlerem ep-esli bardyr: emma köp eserleriň gowşaklygynyň asyl sebäbi diňe durmuşy bilmezlige syrykdyrmak hem nädogrydyr. Gowşaklygy emele getiren sebäpleriň nämelerdigini saýgarmazdan, öň durmuşy bilmek diýlen mesele öz edebi tankydymyzyň garaýşy dogrusynda bir mysalyň gürrüňini edeliň.

“Biziň günlerimiziň poeziýasy” makalasynda tankytçy Abdylla Myradow “Hakyky poeziýanyň suratlandyrylmaly predmeti adamdyr. Bu meselede poeziýany iki bölege-liriki hem epiki poeziýa bölüp oturmagyň, epiki poeziýanyň suratlandyrylmaly predmeti adamdyr diýip ýaňkalaşmagyň zerurlygy ýok. Eger epiki poeziýa bilen lirikipoeziýanyň her biri tereziniň bir taýy bolsa, onda olaryň iki tarapyna-da adamyň deň agramy dükmelidir” diýen wagty“ edebiýat adamy öwrenýän ylymdyr” diýen taglymatdan ugur alýar[1].

S.Myradow, türkmen şahyrlarynyň bir topar gowşak goşgularyny derňäp, A.Myradowyň olary adyllyk bilen tankytlandygyny, onuň sebäbini bolsa durmuşy ökde bilmezlikleriniň üstüne ýükländigini, munuň bolsa “durmuşy bilmek” diýen düşünjäni daraldýandygyny ýiti

[1] Myradow S. Poeziýamyzyň ädimleri. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. 62-63 s.

tankytlaýar. Şäherde ýaşaýanlaryň durmuşdan üzňe hasaplanmagy, durmuşy görmek üçin oba gitmekligiň ündelmegi, ýaşalyp ýören ýeriň, adamlaryň arasynyň hemmesiniň-de durmuşdygy bellenilýär. Ýene-de durmuşyň nämeligini ýanjap gaty kän gürrüň edýär. A.Myradowyň B.Hudaýnazarowyň poeziýasynyň esasy aýratynlygyny köp ýeri görendigine, aýlanandygyna, şäheri taşlap, ençeme günlük gezelenje gidýänligine syrykdyrandygyny tassyklaýar we: “Eger ähli belanyň köpügi şunda bolsa, onda näme üçin dogup-döräli bäri öz gahrymanlary bilen gydyrdanyşyp gelýän, topragy, ekini, daýhany atly ýazyjy-şahyrlarymyzyň hiçisinden kem bilmeýän, has dogrusy, olardan artygrak bilýän Bazar Öwezow “Suw akar, daş galar”, “Şatlyk çeşmesi” ýaly ýöntemje powestleri ýazyp ýörkä?! Ol diňe A.Myradowyň nygtaýan durmuşynyň jümmüşinde dem alýar ahyry!” diýip, ozal belli zady nygtaýar.

Tankytçy A.Haýydowyň, A.Atajanowyň, M.Seýidowyň döredijiliginiň beýanynda döredijilik tejribesiniň hem uly rolunyň bardygyny nygtanda, mysallaryň esasynda delillendirýär. M.Seýidowyň döredijliginiň ösüş we tesiş etaplary, pessimizme düşüp ýazan halatlary barada gürrüň edip: “ M.Seýidowyň döredijiligindäki filosofiki oýlanmalaryň gyzyklylygy, zähmet adamsyna bähbitliligi-de durmuşyň özi ýaly çylşyrymlylygynda, adamlarda mertlik, çydamlylyk, sabyrlylyk, giň göwrümlilik ýaly häsiýetleri terbiýeleýänliginde.

Edermenlik, şadyýanlyk, jomartlyk, ynsanperwerlik, arassa ahlaklylyk ýaly häsiýetleri bütin çuňlugy bilen suratlandyrmak edebiýatyň gaty öňden bäri

gelýän däbi – diýýär. Şol däbiň dowamyny biz Ata Atajanowyň, Berdinazar Hudaýnazarowyň, Kerim Gurbannepesowyň, Allaberdi Haýydowyň ýygyndylarynda hem yzarlaýarys. Gyzykly ýeri-de poeziýa nähili bolmaly diýen sowala olaryň hersiniň öz jogaby bar. Beýle jogaby biz şahyrlaryň şygyr sungaty dogrusyndaky makalalarynda okamyzok-da, eýsem olaryň poeziýa çemeleşişi prinsipinden, poeziýadan edýän talaplaryndan, awtor hökmünde poeziýany dörediş stillerinden alýarys”[1] diýmek bilen, ýokarda atlary agzalan şahyrlaryň şygyr sungatyndaky ussatlygyny dogry nygtaýar. Tankytçynyň igenýän awtorlary-da “...adamlaryň arasynda ýaşap ýörkä, durmuşy bilmek diýlen zadyň şahyryň başarnygyna baglydygyny” seljeren bolsa gerek, ýöne, ýüzleý ýazylan goşgularyň gürrüňini edende, şol goşgularyň real hakykaty açyp bilmänligine jany ýanyp edýänligi köre hasa. Şol şahyrlar öz döwrüniň iň ähmiýetli wakalaryny, problemalaryny hemmeden öň görüp-duýup, zehin eleginden geçirip, filosofik oýlanmalara agram salyp, poetik dilde halka ýetirmäni başaran şahyrlar. Olar temalaryny, wakalaryny öwrenip, aňlarynda bişirip, pikir eleginden geçirmäni başarypdyrlar. Öz wagtynda edebi tankydymyz olaryň döredijiligine mynasyp baha-da beripdiler, häzir hem olar iň söýülip okalýan şahyrlar, S.Myradow, A.Haýydowyň, K.Gurbannepesowyň, A.Atajanowyň döredijiligine içgin aralaşyp, bu şahyrlaryň döredijilik aýratynlygyny açyp, käbir bärden gaýdýan ýerini-de ýüz görüp durmaýar. Synçy gözi bilen seredip baha berýär. Şol şygyrlaryň derňewiniň netijesinde:

“Diýmek soňky ýyllaryň poeziýasy abstraktlyk, umumylyk keselinden sowaşanam bolsa, uzynlyk

keseliniň daşyndan böwür berip geçip bilmändir”[1] diýip, talapkärlik bilen kesgitleme berýär. Tankytçy şahyrlaryň, olaryň poeziýasynyň öňünde duran borçlaryny dogry görkezipdir: “Bitirilen ägirt işleri köplenç mahabatlandyrmak bilen çäklenmek, onuň soňky gidişini, netijesini realist realist hudožnigiň aňy bilen analiz etmezlik – biziň şu günki poeziýamyzdaky kemçilikleriň bu hem biri...

Durmuşyň özi poeziýa. Poeziýanyň durmuşy hem – ýaşaýşy, durmuşy analiz etmek.

Durmuşy şahyr aňy bilen analiz edende, progressiw ösüşe goltgy berýän original pähimler, paýhaslar döreýär. Paýhas şahyryň ganatly dili bilen kagyza geçirilende, şahyrana duýgy emele gelýär. Klassyk şahyrlarymyz paýhas bilen duýgynyň poetiki döredijiligiň esasy özeni hasaplapdyr. Ony halk durmuşynyň düýpli meseleleri bilen suwarypdyr, başgaça aýtsak, halk durmuşy olaryň şol paýhasyny, şahyrana duşgusyny pajarlap ösdüren abyhaýýat suwy bolupdyr”[2].

Tankytçy düýpli meseläni obýekt edineniň bilen, ony şahyrana duýga eýlemäni başarmasaň, onuň gowşak çykýandygyny, duýgusyz çagyryşlar, arzuwlar bilen gutarýan goşgularyň çeperçilik babatda pes derejededigi, täsirsizdigi alnan mysallaryň beýanynda düşündirilýär. Eseriň temasynyň aktuwallygynyň, şahyryň pikiriniň originallygynyň, içki hyjuwyňa, duýgyňa daýanyp ýazmasaň poeziýa bolmaýandygyny S.Myradow dogry kesgitleýär. Goşgynyň akyla baýlygy, pikiriniň güýçliligi bilen haýran edip bilmeýändigini, şahyrana duýga

[1] Myradow S. Poeziýamyzyň ädimleri. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. -71 s.
[2] Şol ýerde, -72 s.

çeperçilik serişdesine daýanmalydygy dogry bellenýär. Ol: “Hut şonuň üçinem şahyryň filosof däldigini, ýagny, şahyryň öz akylyny mazamlamaly däldigini, ilkinji nobatda, kalbyndaky çyrpynyp ýatan hyjuwlary esredip dökmelidigini, nygtapdyr[1] diýmek bilen, W.Belinskiniň sözlerini getirýär. Şahyryň, akylly, sowatly, filosofiýalaýyn oýlanyp bilýän, duýguçyl bolanda, nähili ölmez-ýitmez eserleri döredip bilýädigini ol klassyk şahyrlarynyň eserleriniň mysalynda açýar.

Umuman, derňewiň ahyrynda altmyşynjy ýyllaryň poeziýasyna duýgynyň şahyranalygyň, originallygyň, arassalygyň kemterlik edýänligi, “pikiriň çuňlugyny gazanjak bolup, biziň şahyrlarymyzyň Gündogar poeziýasyny ölmez-ýitmez güýje öwren duýgyny silteý tutýandygyny” bellände, onuň pikiri bilen ylalaşýarsyň. Altmyşynjy ýyllaryň goşgularynyň ençemesiniň, mazmunynyň ýöntemligi, duýga garyplygy logiki taýdan yzarlanyp subut edilýär. Çeper edebiýatyň ynandyryjylygynyň onuň logikasyna baglydygyny, ýerine düşmedik birje detalyň hem eserde ündelýän pikiri ynamdan gaçyrýandygyny S.Myradow dogry belläpdir. Soňra ol, öz tankydy belligi dowam etdirip, şeýle ýazýar: “Olaryň hersi öz alýan ugruny düýp-teýkary bilen özleşdirenok-da, şol bir gaýtalanyp gelýän manyny üýtgeşik bogun ölçegine, üýtgeşik kapiýalara, özgerdilen sözlemlere salyp, işi gutardym edýär. Täzeçe çeperçilik serişdeler, täze obrazlar, täze pikirler agtarylmaýar. Eýsem A.Atajanowyň “Gerçek ors gardaşym” goşgusyndaky sen “Lenin deý sada, gel, bile bada götereli” diýen pikirini,

[1] Şol ýerde, 76 s.

K.Gurbannepesowyň “Türkmeniň” goşgusyndaky “türkmeniň dili diňlärçeräk bardyr” diýen pikirini täze tapyndylar hasaplamak mümkinmi? Ýok!

Biz bu ýerde syýasy gürrüňe geçemizok, ýöne her näme-de bolsa, K.Gurbannepesow:

17-dir doglan ýyly türkmeniň –

A.Atajanow hem:

Türkmeni goşduň sana,
Gerçek ors gardaşym –

diýen setirleri ýazanlarynda, türkmeniň taryhy hakda oýlanmadylarmyka? Bu biraz öteräk geçmek dälmikä? Çünki şu günki gün düýnüň dowamy. Düýni bolmadyk halkyň şu güni bolmaz. Düýn diýmegem Taryhdyr. Taryhy bolan halklaryň hemmesi sana goşulýan halkdyr. Türkmenleriň bolsa, özboluşly hem gyzykly taryhy bar”[1].

Iki şahyrdan getirilýän mysallaryň ilkilerinde tankytçy awtorlaryň çeperçilik tärine dogry düşünmändir. Soňky getirilýän mysallara weli onuň, edýän belligi dogrudyr. Sebäbi bularda türkmeniň geçmiş taryhy adalatsyz kemsidilýär. Soňky döwürde türkmeniň rewolýusiýadan soňky 70 ýyllyk taryhyny uçdan tutma garalap çykmak meýliniň ýoň bolandygyny göz öňünde tutanyňda, S.Myradowyň bu belliginiň hemmelere sapak bolarlyk ähmiýeti bar.

S.Myradow edebiýatyň haýsy problemasyny işlände-de, asgynlyk duýulmaýar. Onuň “Dile gelen sözler köňül nagşydyr” /”Edebiýat we sungat”, 1974, 17 aprel/ diýen makalasynda durmuş bilen poeziýanyň

---

[1] Myradow S. Poeziýamyzyň ädimleri. Aşgabat: Türkmenistan, 1972. -83 s.

ugurdaşlylygy barada jedelli söbet gozgalyp, ony döwrüniň kämil şahyrlary G.Ezizowyň, B.Jütdiýewiň, A.Agabaýewiň, T.Gurbanowyň döredijiliginde döwrüň, durmuşyň, ýaşaýşyň şöhlelenişi açylmaga synanyşylýar. Jedele kellesi gyzan S.Myradow G.Ezizowyň durmuş, ýaşaýyş hakdaky filosofik oýlanmalaryndan:

Adam ölüm diýip tapypdyr bir zat,
Ölüm name?
Tebigata garylmak,
Bahara gül bolup getirmek şöhrat,
Daň säherler pyntyk bolup ýarylmak –

diýen setirlerini getirmek bilen dyndarlykda aýyplap şahyra igenýär. Şahyryň şu setirlerinden, din hatymlarynyň görkezişi ýaly, "Haýsy hem bolsa, bir haýwana öwrülip gelip, adamlaryň arasynda ýaşaýşym dowam eder" diýen düşünjeden ugur alnyp ýazylmandygyny her bir okyjy güman etse gerek. Dialektikanyň öz kanunlaryna şahyr hem her kimçe düşünen bolsa gerek. "Hiç zat ýok bolup gitmeýär, bir görnüşden başga bir görnüşe geçýär" diýen filosofiki düşünje beripdir diýilse, hakykatdan daş durulmaz. Şeýle pikirler G.Ezizowdan öň hem edebiýatyň taryhynda dowam edip gelipdir. Şeýle pikirleriň başgarak formalarda ýene-de gaýtalanmagy ähtimal, ol – durmuş, durmuşyň kanunalaýyklygy. Şeýle bolansoň, ýokardaky filosofiýany beýan edýän şygyr okyjysyny tapýar, hakykata galtaşýar. Eýsem-de bolsa, S.Myradow, ony kesä çekip garşysyna delil gözlemek bilen, A.Atajanowyň aşakdaky setirlerini muňa garşy goýýar:

Men ölemok,
Ýagyş bolup,

Ýel bolup,
Ýa-da sonar säramyzda gül bolup,
Dolanyp gelerin ýene bu dünýä
Diýen şahyr örän nähak ökünýär…
Meniň ýazman giden setirlerimi
Menden soň hiç kimse ýazyp bilmeýär.
Dünýede hiç bir zat gaýtalanmaýar.

Şu ýerde gep güjükledip, şahyra igener ýaly zat ýok. Tankytçy yrsarap şeýle diýýär: "Şahyrlarymyzyň öz topragyna, watanyna bolan söýgini ownadan pursatlary-da bar. Baýram Jütdiýew "iller gara daşyn arzylap ýörkä, men name üçin ölmeli däl sähramy" diýýär.

Garadaşly gürrüňiň kime kakdyrylyp aýdylýandygyny bilemizok. Ýöne meseläniň goýluşynyň telekdigini weli subut etmek mümkin. Sebäbi gargada öz balasyna "ap-agym" diýýär. Kim "garadaşy" dagy arzylaýan bolsa, oňa geňirgenip oturasam iş ýok, oňa diňe begenmeli. Çünki dag onuň ýurdunyň örki hem görküdir, baýlygydyr hem halkynyň göwün hoşudyr. Şonuň üçin ol "garadaşy" beýle owarramçylyk bilen goramak hatadyr.

Görşümiz ýaly S.Myradow, B.Jütdiýewiň göwnüne gelmeýän pikirleri şahyryň boýnuna dakyp ony it alan sanaja döndürýär. Her bir zadyň iki tarapyndan-da baryp bolýar, eger sen oňa garalyk ýüklemek niýetiň bolsa, gaty aňsat. B.Jütdiýewiň goşgusynda getirýän "garadaşynyň"

musulmanlaryň ýol söküp, ýurt aşyp gidýän ýeri bolan Käbedäki “garadaşydygyny” S.Myradowyň bilmeýändigine kim ynanar?! Bu şahyra teýine ýetmek okyjyny onuň garşysyna goýmak üçin tapylan bir detal ýaly bolup dur. “Suwa siňe seretseň, gan görner” diýlişi ýaly, tankytçy şahyryň döredijiligine “siňe” seredipdir. Elbetde, S.Myradow kemçilik tapasy gelen bolsa, şahyryň başgarak tarapyndan gelen bolsa, hakykata ýakyn bolardy… Tankytçynyň şunuň ýaly pikirleri mysal getirip gürrüň etseň, entek hem sözüňi ulaltsa bolardy.

Şunuň bilen birlikde, ol sözüniň ahyrynda olaryň bihal şahyr däldigini öňden görüjilik bilen belleýär. Tankytçy: ”Gürrüňi edilýän şahyrlar ýokardaky ýaly kemçilikleri düzeder. Çünki olar şygyr äleminde ýaňy güýjüne girdiler. Şol güýç indi özüniň datly miwesini eçiler. Olar diňe poeziýanyň däl tutuş edebi prosesiň goltugyndan gop berer diýen tama bilen sözümizi paýawlaýarys” diýende, mamla.

S.Myradow döredijiniň zehininiň näderejedigini gowy saýgarýar özem talapkär tankytçy. Käbir şahsy garşylyklar zerarlymy ýa-da bolgusyz gybatlaryň täsirine düşýärmi, kähalatda öte geçip igenmek, sükenmek derejesine baryp ýetýär. Ine, şu häsiýeti ony bulaşdyrýar, onuň sepini açýar. S.Myradow jedeliň keýpine alymlaryň hem-de edebiýatçylaryň ençeme ýyllaryň dowamynda nygtap gelen hakykatyny inkär etmegiň hatyrasyna şol pikiriň ters tarapyndan gelip, jedele girýär. Her edip hesip edip, pikirini sülä getirmäge çalyşýar. Bile görä baş goşýan şeýle jedelleri tankytçynyň zehininiň näderejedigini saýgarmaga päsgel bermän, gaýta ugrundan galas-da, baş alyp çykýan, köp bilýän jedelkeşdigini subut

edýär. Edebi prosesiň derejesini kesgitlände weli, ol obýektiwligielden bermeýär. Göwnüne ýaramadyk säwlikleri keserdip goýmany başarýar, gerek ýerinde ýüz görüp gapyrga syryp durmaýan, kä ýerde sypaýyçylygy elden bermeýän, kähalatda-da bir taraplykdan-da gaýtmaýan pursatlary bar. S. Myradow edebi prosesiň bärden gaýdýan ýerlerini saýgarmakda şol döwrüň ähli tankytçylaryna diýen ýaly görelde bolupdy. Ol öz derňewleriniň birinde: ”Eger şygyrlar perzent ýaly gara bagyrdan önýän” bolsa, onda olara ene-atalar ýaly hem garaşyk etmeli. Ene-atanyň öz balasynyň kemini öz öýünde duýduryşy düzedişi ýaly şygyrlaryň keminide ile çykarmankaň entek öz eliňdekä düzetmäge çalyşmaly. Biziň weli onuň kemini gögmän diňe ile çykarmak üçin dawa salýan saparlarymyz seýrek däl” /S.Myradow Durmuş bilen aýakdaş. Aşgabat, 1980. 231 sah./ diýip dogry kesgitleýär. Elbetde, şol döwürde edebi tankyda gowy düşünilipdir. Häzirki döwüre şeýle tankyda nähili gaýtawul berilýänligi hiç kime gizlin däl bolsa gerek. Hakykatyna seredeniňde, tankydyň obýektine öwrülmekde ykrar edildigiňdir. Köplenç halatda halkyň ykrar eden ýazyjylaryň eserleri edebi tankydyň kemçiligi dözümli açylyp görkezilýön obýekti bolup biler. Bu bolsa ykrar edilen döredijiden talabyň uludugynyň subutnamasydyr.

Ol häzirki zaman türkmen poeziýasynda bir şahyra M.Seýidowa aýratyn üns berdi.

S.Myradow “Beýikleriň buda bir beýikligi
Elmydama saklaýarlar bir tabyn”

diýen makalasynda S.Myradowyň döredijilik keşbini açmaga synanyşar. Şonda şahyryň goşgy düzüş formasy, onuň şygyryň tehnikasyna erk edip bilýänligi

dünýägaraýşynyň diňligi türkmen topragynyň üstündäki özgerşikden başgada dünýä möçberindäki täzeliklere göz ýetirýändigini şol üýtgeşmeleri öz akyl eleginden geçirip, ussatlarça döredijilikli işläp halka ýetirýänligi degerli mysallaryň beýanynda gürrüň edilýär. Öz tankydy belliginde şahyryň goşgularynyň çeperçiligi barada gürrüň edip, onda käbir säwlikleriň duşýandygy setirlerde bogun ölçegini, ritmi, kapýany sazlajak bolup käbir sözleriň telim gaýtalanýanlygyny mysallaryň üsti bilen subut edýär. Goşgularyň ideýa tematik derňewinde watançylyk, halkyň häsiýetleriniň bolmaly derejesiniň arşa götermelidigini kesgitleýär. Şahyryň döredijilik özboluşlygyny açýar. S.Myradowyň liriki gahrymany içki drametizminiň güýçlidigi bilen durmuş çylşyrymlygynyň konfliktiniň çuňňur açýanlygy bilen, logikanyň zorlugy bilen, gündelik wakalar dogrusyndaky filosofik oýlanmalaryň ýitiligi bilen parhlanýar. Edil şu parhly taraplar şahyryň ol gahrymanynyň dar gursak däldigini, parasatlydygyny, şonuň bilen bir wagtda hem adamkärçilik gumanizm meselesinde öz sypatynyň idealogiýasyna juda wepalydygyny gaýry abstract duýgy-düşünjelere subut edýär[1] diýip. Onuň döredijilik älemine aralaşýar. Biziň äýösüşimize uly zyýan berýän ýolbaşçy sumaklaryň eden-etdiliginiň garşysyna ýagşydan lezzet alyp, ýamany ýigrenip bilmeýän mahluklaryň, görüpleriň, gybatkeşleriň, töhmetçileriň , dönükleriň we ş.m.

Etmişlerine bagyşlap döreden eserlerindäki ajy sarkazmyň onuň döredijiligine mahsus häsiýetdigi şunuň ýaly şygyrlaryň ähmiýetiniň uludygy, söweşjeňlik

---

[1] Myradow S. “Durmuş bilen aýakdaş” Aşgabat: Türkmenistan 1980, 75 s.

häsiýetiniň güýçlidigi, nyşana degýändigi barada gaty gyzykly gürrüň edýär. Makalanyň dowamynda alymlar bilen jedele girip şeýle diýýär: "…Käbir edebiýatçylar bolsa awtoryň piker ýumagyny soňuna çenli çöşlemän oňa nähak igenýär:

Kesellänsiň, haýpyň gelsin janyňa,
"Bar" diýýärler wraç gyzyň ýanyna,
Şol gyz dälmi ozal beren bu derdi,
Indi barsam, galar meniň ganyma –

diýen hemme kişe düşnükli ile belli rubagyny derňäp, filologiýa ylymlarynyň kondidaty Allamyrat Garaýew "adamlary sagaltmak ugrunda janyny gaýgyrmaýan wraç gyzyň ganhora meňzedilmegi okyjyny nägile edýär. /Allamyrat Garaýew. Poeziýamyz kämillik ýolunda. Aşgabat, 1974. 158 sah./ diýýär.

Rubagynyň meňzetmesinden alym nägile bolsa bolandyr, okyjy bolsa nägile bolanok. Sebäbi ol liriki gahrymanyň şol wraç gyzy ganhora meňzetmeýänligi, eýsem, her baranda, ölini direldip, dirini öldürýän söýgülisi saýýandygyny bilýär.

Eger ýokardaky rubagy barada şeýle zatlary diýmäge diliň barýan bolsa, onda "Kanun bar, ganhora bülümdir ölüm, sen meni öldürdiň her günde telim. Emma bir gezek hem jeza çekeňok, eý, meniň jelladym, garagöz gelin" /M.Seýidow. Goşgular. Aşgabat, 1960 ý. 73 sah/ ýaly setirleri dogrusynda has beter has mojuk sözleride diýbermeli, meseläniň erbet ýeri şeýle diýibermegiň

ýagny, şeýle ýalňyşlygyň edebiýatda getirilmesiz hata däldigini bilip ýöne ýalňyşjak bolup durmaly däldiginde, söz sungaty ýaly inçe işe ätiýaçly çemeleşmegi endik edinmelidiginde. Ýokardaky setirlerde şahyr ölüme-ölümiň bardygyny ýatlasa-da, onuň uly mähir-muhabbet bilen, uly söýgi bilen ýatlaýar, Şuňa düşünjek bolmaly”

Biziň köpräk almagymyzyň sebäbi jedelde haýsy toparyň pikiriniň dogrydygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermegi niýet edindik. Tankytçynyň özide kämahal şunuň ýaly jedele girip, bir zadyň nädogry ýerini tutmagy gaty çalt başarýar. Ol jedelini dowam etdirip S.Myradowyň eserleri hakynda käbir tankytçylaryň görkezýän zatlarynyň esasydygyny güýç logika bilen subutlandyrýar: “M.Seýidow pikirini aýdyň beýan edýän, pikirini kesä çekere ýer goýmaýan şahyrlaryň biri. Şeýlede bolsa tilsimleriň töwereginde kelle döwýänler azlyk edenok. Ol her bir simwoliki mazmun ynsan durmuşyny ýatlatmalydyr, olaryň biri-birine barabarlygy bolmalydyr” diýip, şahyryň käbir eserlerinde şeýle barabarlygyň ýoklygyny tankytlaýar. Mysal hökmünde hem “Bahar gündeligindäki” 86-njy goşgyny ýatlaýar. Ol goşgyda şahyr pagtaçy ýigit gowaça meýdanyndaky haşal otlary otanynda biz oňa hiç zat diýmeýäris. Şahyr ýigit durmuşyň nogsany hakda goşgy ýazsa, oňa ýerli-ýerden igenýäris diýýär. G.Geldiýew bolsa şahyryň şu pikiri dogrusynda “ýeri şu ýerde nähili organiki baglanşyk nähili mynasybat bar? Biziň pikirimizçe, çeper detal zora direlip getirilipdir” /G.Geldiýew “pikire baý poeziýa” sowet edebiýaty 1974. 225 sah/ diýip ýazýar. Biziň pikirimizçe bu ýerde hiç hili zora direlip getirilen ýa äkidilen zat ýok.

Tankytçy: "… Şahyr Atamyrat Atabaýew hem onuň soňky göreşleriň hatyrasyna ölümden eýmenmek gorkmaklyk däldir diýen setirlerini goşgy has güýçlenjek eken.

- Men goşgynyň hili barada gürlämok-da, belki eser dogrysynda ýazylanda diňe ondaky bar zatlaryň gürrüňini etmelidigi eserde ýok zatlary agzamagyň ýerliksizdigini ýaňzytmak isleýärin diýip, adalatly belleýär.

S.Myradow şahyryň döredijligine içgin aralaşmak bilen oňa obýektiw baha berýär. M.Seýidowyň döredijilik dünýäsinde tutýan ornuny kesgitleýär. Muny onuň iň köp tejribeli uly alymyň M.Seýidowyň işledýän çeperçilik serişdelerine şek ýetirjek bolmasynyň esasydygyny gürrüňsiz subut etmek bolar. Bu hakda S.Myradow şeýle ýazýar: "Ol geçen wakalaryny-da, ertekiler rowaýatlary-da il içinde adygyp giden taryhy şahslaryň gyzyla gaplamaly sözlerini-de halk na-kyllaryny-da, tebigat hadysalaryndan peýdalanýar. Gerek bolsa özi ertekilerdir rowaýatam ýasa berýär. Filologiýa ylymlaryň doktory Ruhy Alyýew weli bu dogusynda rowaýatlardyr ertekiler bilen çaknyşman gümra bolmak şahyry käte şu günüň temalarynda uzaklaşdyrylýar" /Edebiýat we sungat/ ündeýär.

Alymyň bu pikirlerini delillendirmek megerem hiç kime-de ýeňil düşmese gerek. Çünki M.Seýidow hiç haçanam ertekilerdir rowaýatlara diňe onuň sýužetiniň gyzyklylygy üçin ýüzlenmedi. Ol hemişe ertekilerdir rowaýatlaryň nygtaýan pelsepesi bilen iş salyşyp geldi. Ertekileriň rowaýatlaryň ideýasy bolsa, asyl-ha könelmeýär. Olar mydamada halk pähimligine galýar. Ulanyp bilen adamyň eline düşende olar mydamada şu

güne hyzmat edýär. M.Seýidow hem olary ulnmagyň ebeteýini tapýar[1].

Tankytçy, şahyryň eserleriniň milliligini, interensionallygyny, halkylygyny, halkyň progressiw däp-dessuryny döredijiligine siňdirmekde ussatlygyny mysallaryň üsti bilen düşündirmekde logiki yzygiderli oýlanyp gerekli delillere ýüzlenip, söz baýlygynyň çäksizligini peýdalanyp, okyjyny yzyna düşürýär. M.Seýidowyň gündogar şahyry hökmünde göz öňüne gelýändigini dili boýunça kesgitlemeseň bir topar eserleriniň gündogaryň geçmiş poeziýasyna gaty ýakyndygyny mysallaryň esasynda subut edýär.

Şahyryň eserlerinde gowy günüňi gäterinip bilmek, gudramazlyk, azmazlyk ýaly ahlak didaktiki problemalar bilen utgaşdyrylyp, halk döredijiliginiň tymsallarynyň rowaýatlarynyň, sýužetleriniň dürli reňklere, öwüşgünlere ýugrulyp işledilendigi açylanda, göwnejaý gürrüň edilýär. Awtor: “Diýmek, M.Seýidow her näçe uzak geçmişe ýüzlense-de, hiç haçan öz ýaşap ýören döwrüniň talaplaryny gözden salmaýan eken, geçmiş bilen şu günüň arasynda berk köpri gurnaýan eken. Diýmek ýokarda ýatlaýşymyz ýaly, R.Alyýewiň pikiriniň tersine, şahyr ertekileri, rowaýatlary şu günüň aladalary bilen baglanşdyrylyp ulanýan eken”[2] diýende mamla. Ahlak sypatlary dogrusynda gündogar edebiýaty köp-köp ajaýyp eserler döredilýär. Ata-babalarymyz ahlak kadalaryny ündeýän rowaýatlar, ertekiler galdyrypdyrlar. Tankytçy şolar hakda: “Mämmet Seýidow häzirki zaman şahyry. Ol konstitusiýanyň dürli ustawlaryň, bir gyly uzylygyna darka

---

[1] Myradow S. “Durmuş bilen aýakdaş” Aşgabat: Türkmenistan 1980, 82 s.

[2] Myradow S. “Durmuş bilen aýakdaş” Aşgabat: Türkmenistan 1980, 85 s.

iki deň bölýän adyl kodeksleriň möwç urýan zamanynda, olaryň sözme-söz öwrenilýän döwründe ýaşaýar. Parahat zähmet çekmek üçin, gorky-ürküsiz ýaşamak üçin ol kepillendiriji dokumentleriň gadyrynyň ütgeşikdigini bilýär. Şonuň bilen bir wagtda hem adamy adam edip ýetişdirmek üçin ak kagyza gara galam bilen ýazylan gadagan ediji kanunlaryň ýalňyz serişde däldigini jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi bilen baglylykda bularyň ütgäp durýan mejburlyk serişdedigini şonuň üçinem bu meselede her bir adamyň özi bilen dünýä inýän, ýöne kimde yhlas bilen idelip ösdürilýän, kimde şol özi bilen dünýä inişi ýaly göýdikligine galýan ahlak konstitusiýasy, wyždan ustawy, namys kodeksi ýaly ýazylmadyk kanunlary oýatmagyň, ese-boýa galdyrmagyň peýdalydygyny unutmaýar. Iň bir guwandyryjy ýeri-de: umumy gündogar rowaýatlaryna çalym edýän ol sýužeti biziň sosialistik jemgyýetimiziň ahlak normalarynyň talabyna laýyk edip işleýär.

S.Myradow biz çekişmä ýykgyn edýän tankytçy diýen mahalynda, onuň nämäniň hakynda jedele girýändigini anyklaşdyrmagymyz gerek.

Ol hiç haçan gutarnyky bir jandan jedel poeziýasyny tutmaýar. Bu tankytçy detala fakta kowalaşýar. Meselem, ol gündelik gürrüňi diýen makalasynda Frans Fýuman bilen K.Gurbannepesowyň “Mätäç mamasyny”, G.Seýidow bilen A.Haýydowyň “Guşlaryň”, “Uçuň guşlar” goşgusyny “Durmuýyň poeziýasy, poezýanyň durmuşy” atly makalasyna A.Myradowa “Gözbaşyň senasynda oýlanma” diýen makalasynda N.Atdaýewe, B.Şamyradow, Ýa.Muhamowa, “Tötänlik, meňzeşlik, edebi täsir” diýen makalasynda

Ö.Abdyllaýewe, R.Rejebowa, “Rowaýatlar, goşgular hem logiki” diýen synynda M.Kösäýewe, D.Nuralyýewe “Gündogar edebiýatynyň täsin hadysasy” diýen işinde S.Garaýewe we beýlekilere zol-zol igenmekden ýazanok şol igençleriň hemmesi birigende bir bitewi problemanyň daşyna jemlenmän ownuk-uşak detallary pytraýar. Munuň özi bir tarapdan S.Myradowyň anyk zady aýdasy gelýändigini görkezse, ikinji tarapdan alymlaryň hem jogapkärçiligini artdyrýar. Aýratynam S.Myradow umumy ylmy düzgünlerden daş bolanlygy üçin onuň Magtymguly, Zelili, umuman klassyk edebiýat baradaky garaýşynyň çäklidigini, tendensiozlygyny ylmy taýdan ynandyryjy däldigini görkezýär. Şuňa meňzeş kemçiliklerine seretmezden, ol edebi tankydyň taryhynda özboluşly stili bilen tanalýar.

Türkmen poeziýasynyň keşigini çekmekde özi hem alym, hem tankytçy, hem şahyr iki adamyň adyny tutmak gerek. Olar A.Garaýew we G.Geldiýewdir. Bularyň şu ugry yzygiderli dowam etdirýändikleri hakynda tankydyň özide ýörite belleýär:

“A.Garaýewdir G.Geldiýew bolsa köplenç poeziýanyň ýagdaýyny barlamak bilen meşgul. Olaryň ýygyndylaryda ýörite alyp barýan ylmy işleri çykyşlaryda bu lanryň ösüşine mümkinçiliklerine bagyşlandy”[1].

D.Nuralyýewiň 1981-nji ýylda ýazan “Edebi tankydymyzyň gerimi” atly makalasyndan alnan şu adalatly pikiriň üstüne B.Ussaýewi hem goşmak bolar. Sebäbi B.Ussaýew ylmy işleride “Söweşjeň poeziýa” atly

[1] Nuralyýew D. “Edebiýatyňmähek daşy”- Aşgabat- Türkmenistan-1991, 99 s.

makalalar ýygyndysynyň-da poeziýa bilen bagly bolmagynyň daşyndan onuň özem zehinli şahyrdyr.

Ýöne adalatyň haky üçin aýdylanda bularyň arasynda-da A.Garaýew poeziýa meselesini örän köp işlän tankytçydyr. Biz onuň Ç.Aşyrow, Nury Annagylyç ýaly uly şahyrlaryň döredijiliginden ýazýan işlerini türkmen poeziýasynyň taryhyna degişli saldamly monografiýasyny hasaba alman, diňe şygra degişli tankydy makalalaryny seljerenimizde-de A.Garaýewiň žanr we stil ugruny kesgitlemäge doly mümkinçilik taparys.

Owaly bilen bar zady anyklamaly. A.Garaýew hem 60-70-nji ýyllarda edebi tankyda gelen nesliň bir wekilidir. Onuň tankydy makalalary metbugata 60-njy ýyllaryň başyndan bäri bir žanrda poeziýada ýüze çykyp ugrady. Özem şol dowam edip gelýär. Munuň özi tankytçynyň esasy aýratynlygydyr.

Onuň tankydy poeziýa žanrnyň gözbaşyndan başlap tä ýaş wekillere çenli öz içine alýar. Özem indi sözüň doly manysynda aýdylanda XX asyr türkmen poeziýasynyň meselelerini derňeýär diýsegem bolar. Halk şahyrlary Baýram şahyrdan, Durdy Gylyçdan, Nury Annagylyçdan, Ata Salyhdan, Ata Köpekden gaýdyp professional türkmen şahyrlarynyň hemmesiniň döredijiligine A.Garaýew örän belet. Ilkinji liriki-epiki poemalardan başlap ähli iri planly poemalara hem ol ömür boýy gözegçilik edip gelýär. Öňki bolanlarda ylaýtada işiň girişinde nygtaýşymyz ýaly biz türkmen tankytçylarynyň /50-80-nji ýyllaryň tankydy we wekilleri nazarda tutulýar./ Edebiýat ylmyna degişli kondidatlyk doktorlyk dissertasiýalary, monografiýalar şu işde ýörite derňelenok, sebäbi bu temanyň obýektine girenok. Ol işiň çäginden çykyp gaýtjak we garym-

gatymlyk emele geljek. Şonuň üçin A.Kerimowy, A.Myradowy, Ö.Abdyllaýewi, H.Taňryberdiýewi, J.Allakowy derňeýşimiz ýaly A.Garaýewiň hem tankydy makalalary, ylmy işleri bilen çäklenýäris. Emma bir hakykaty aýdyp goýalyň: A.Garaýew ylmy işleri bilen tankydy işleriň arasynda tas tapawut ýok. Ol öwrüm, tär, stil, poeziýa, tema, problema taýyndan, esasan, deň gopýar. Şu jähtden ol J.Allakowyň proza ylmynda we tankydynda eýeleýän pozisiýasyna golaý pozisiýany eýeleýär. Emma, berkidenimizde-de daňlyp durman, erkin pikir ýöredýär.

Şeýlelikde, A.Garaýewiň uly poeziýamyzyň dowamy "Poeziýamyz kämillik ýolunda", "Pikirleriň poeziýasy, duýgularyň poeziýasy" ýaly bitewi tankydy makalalar ýygyndysynda ýüze çykan stil aýratynlyklary seljermäge synanyşalyň.

Bu ýerde tankytçynyň kitaplarynyň atlaryndan belli bolşy ýaly bir maksatlylygyň planly piker ýöretmegiň barlygyny aýtmaly. Ol hiç haçan bir mysalyň neşirdäki ýaly alnandygyna, alynmadygyna kelle agyrdanokda şahyryň öz duýgusyny nähili açýandygyna düşünjek bolýar. Şonuň üçin A.Garaýewiň poeziýanyň tankydy S.Myradowyň poziýa tankydyndan giň, çuň, ynandyryjy bolup çykypdyr.

Ýaş şahyrlaryň döredijiligi bu ugur tankytçylar S.Myradowyda, D.Nuralyýewide, K.Geldiýewide, B.Ussaýewide özüne çekipdi. "Uly poeziýanyň dowamy" diýen kitabyň ýaý içinde "Ýaş şahyrlaryň döredijiligi barada oýlanmalar" diýen sözleminden çen tutanyňda bu şeýledir. Ony agzamak bilen biz A.Garaýewiň žanr tema stil ugruna göz öňüne tutýarys. Diýmek poeziýa we

ýaşlyk, ussatlyk we däp, şahyrana gözlegler we şygyr tehnikasy uly poeziýanyň tejribesi ine, bu meseleler tankytçynyň häzirki zaman poziýasynyň çäklenýändigini görkezýär. Bu gerimi giňlik hem onuň tankydynyň bir aýratynlygydyr.

A.Garaýewe mahsus umumylaşdyryjylyk “Uly poeziýanyň dowamy”, “Poeziýamyz kämillik ýolunda”, “Pikirleriň poeziýasy, duýgularyň poeziýasy” diýen kitaplarynda-da türkmen sowet poýemasy diýen makalasynda, monografiýasynda-da mahsusdyr.

Taryhy yzygiderlilik etapma-etap gözegçilik saklamak hem onuň tankydy makalalarynyň bir aýratynlygydyr. Mollamurt, A.Kekilow, N.Pomma, G.Seýitliýew, M.Seýidow, A.Kowusow, A.Atajanow, T.Esenowa, K.Gurbannepesow, B.Hudaýnazarow, A.Haýydow… Bulardan soňky N.Baýramow, K.Taňrygulyýew, Ýa.Pirgulyýew. A.Gurtgeldiýew, Ý.Durdyýew, Ö.Babaýew, G.Ezizow, B.Jütdiýew ýaly zehinli nesil hem onuň tankydynda synagdan geçdi. Birini pesde, beýlekisini ýokarda goýmak bolmak prinsipi onda ýok:

“Eger 30-40-njy ýyllaryň şahyrlary Magtymguly, MÇollanepes ýaly söz ussatlarynyň goşgularyny setanda-seýranda ýaşulularyň dilinden eşidip ol şygyrlaryň ussatlyklaryny ine-gana öwrenip bilmedik bolsalar 60-njy ýyllaryň ýaş şahyrlarynyň kitap tekjelerinde klassyklarymyzyň, halk döredijiliginiň eserleriniň küti-küti ýygyndylary näçe diýseň bar. Bu birinjiden. Ikinjiden poeziýamyzyň dürli ösüş etaplarynda ýüze çykan lirikaçy şahyrlar: Molla Murtuň, Rahmet Seýidowyň, Aman Kekilowyň, Gara Seýitliýewiň, Kerim Gurbannepesowyň,

Ata Atajanowyň, B.Hudaýnazarowyň, Mämmet Seýidowyň gowy goşgulary, poemalary biziň günlerimiziň ýaş şahyrlary üçin sowet hakykatyny ussatlarça wasp etmegiň janly nusgasy bolup durdy.
Aýdaly 30-40-njy ýyllarda poeziýamyza gadam uran türkmen ýaşlary Blogyň, Maýekowskiniň, Demýan Bednynyň we beýleki rus şahyrlarynyň eserlerini ol diýen özleşdirip bilmedik bolsalar, şu günki günüň ýaşlary şahyrlaryň gürrüňleriniň başy Lermentowdan, Ýeseninden başlanýar. Eduardas, Majellaýdis, Aleksandr Twardowskiý, Rasul Gamzatow, Ýaroslaw, Smelýakow, Ýewgeniý Ýewtişenko, Kaýsyn Kulyýew, Leonid Martinkow kimin şahyrlaryň eserlerini uly höwes bilen okaýarlar, gerek bolsa öz dillerine terjime edýärler.

Ine şunuň ýaly oňaýly şertler, şahyrana mekdepler häzirki günleriň ýaş şahyrlarynyň talantynyň tapawutlanmagyna bada-bat gowy eserler döredip bilmeklerini getirdi.[1]

Şeýle diýmek bilen tankytçy soňky oý-pikirleriniň ylmy esaslaryny üpjün edýär. H.Kulyýewiň, A.Agabaýewiň, G.Ezizowyň, K.Ylýasowyň, I.Nuryýewiň, G.Şamyýewiň, B.Jütdiýewiň, G.Geldiýewiň, O.Gurdowyň, A.Gurbannepesowyň, S.Öwezberdiýewiň, A.Annatyýewiň döredijiligi bilen sepleşip gidýär.

Ol hakda ýaňy başlaýan zehinlerede eseriň garamagy unudylanok. Şolarda gabat gelýän örän bir taraply, dar, çäkli duýgulary ol A.Seýitmyradowyň,

[1] Garaýew A. Uly poeziýamyzyň dowamy. /Ýaş şahyrlaryň döredijiligi barada oýlanmalar. Aşgabat: Türkmenistan 1974. 67s /

A.Baýramowyň, Y.Meredowyň goşgulary arkaly subut edip berýär[1].

Ýaş poeziýadaky kemçiligi ol uly tankytçy A.Myradowyň pikirine salgylanmak bilen beýan edýär:

Tankytçy Abdylla Myradowyň “Biziň günlerimiziň poeziýasy” atly makalasynda belläp geçişi ýaly biziň lirikamyza has takygy B.Hudaýnazarowyň döredijiligine ýol goşgulary uly rus şahyry A.Twardowskiniň şygyrlarynyň “Alysdan-alysa” poemasynyň täsiri arkaly aralaşdy. Şahyryň ýol lirikasy diýen eserinde göwnejaý oýlanmalar, çuňňur pikirler geregiçe ýüze çykyp bildi, ýöne onuň göreldesine eýeren ýaş şahyrlarymyzyň bu temada döreden şygyrlary islendik netijäni berip bilmedi.[2]

A.Garaýew syn žanryna garanda obraza giň piker öwürmä köp ýykgy etdi. Tankyçynyň stilinde köp faktlylyk dürli degişmeler agdyklyk edýär. Bu umumy poeziýany göz öňüne getirmäge ullakan kömek edýär.

Ol tankydy makalalary asla bir şahyryň döredijiligi esasynda guranok. Hemişe şahyrana oýunlara, şol oýunlarda ösüp ýetişen umumy zehinlere göz aýlamaga ezber. Tankytçy bir fakty, bir döredijilik zehinini töwerekleýin derňemekçi bolup durman tutuş poeziýa žanry hakda oýlanýar. Şu tarapdan alanyňda ol G.Geldiýew, D.Ussaýew, D.Nuralyýew ýaly beýleki poeziýa tankyçylaryndan tapawutlanýar.

“Pikirleriň poeziýasy, duýgularyň poeziýasy” /1982/ ýaly makalalar ýygyndysynda ol häzirki zaman türkmen poeziýasyna häsiýetli ösüş etaplaryny açyp berdi.

---

[1] Garaýew A. Uly poeziýamyzyň dowamy. /Ýaş şahyrlaryň döredijiligi barada oýlanmalar. Aşgabat: Türkmenistan 1974. 91-92 s.

[2] Şol ýerde, 95 s.

Şu nukdaý nazardan ol J.Allakowyň proza gelişi ýaly M.Gurbansähedowyň romana, Ş.Geldiýewiň poweste gelşi ýaly liriki gahrymana poemalara gidip poeziýa tankydyny ýöriteleşdirdi. Bir tankytçy üçin ol ullakan iş bolup, tutuş ylmy tankyt döredijiligi öz içine alýan meseledir.

Ýu. Surowsew "Tankydyň ylmy –publisistik tebigaty hakynda" diýen makalasynda örän bir gyzykly pikiri orta oklaýar.

"Swoimi pisaniýemi kritik wtorgaýetsýa neposredstwenno, w perepleteniýe interesow, duşu problem sowremennoý distwitelnosti.On strimitsýa ne prosto "rýadit" , no "sudit", I dolžen "sudit" hudežestwennoýe proizwedeniýa orraženiýa etih interesow I etih problem, on nastoýçiwo podçýorkiwaet, wydelýaýet, "wnuşaýet" i "nawýazywaýet" swoýo mneniýe o stepeni ih çennosti, I dolžen"wnuşat", "nawýazywat", orientirowat organizowat mneniýa onih çitaýuşeý publiki… On, kritik, stoit na strane esteticeskih çennosteý, on, kritik pryzwan wospitowat esteticeskiýe wkusy publiki. Eto ýego dolg. W etom smysl ýego professiý"[1] diýip beller. Şu manyda alnanda, tankyt diňe bir –da birnäçe žanr bilen meşgul bolman, ol şol žanryň wekilleriniň biri-birinden zehin derejesiniň tapawudyny hem aýyl-saýyl etmeli. Hiç wagt hemme şahyr ýa-da hemme ýazyjy deň bolup bilmeýär. Magtymgulynyň ýa-da puşkiniň deňinde şolaryň özüne golaýrak zehini goýup bolar. Emma olaryň özlerinden pesi yzlaryna tirkäp bolmaz. Filologiýa ylymlarynyň doktory D.Nuralyýewiň poeziýadan ýazan makalalaryny, kitaplaryda şeýle ugur orun aldy. Munuň hem özüne ýetik sebäbi bar.

D.Nuralyýew türkmen tankydyna 70-nji ýyllaryň başynda geldi. Onuň ilkinji synlaryň heniz studentlik ýyllarynda 1957-nji ýylda çykyp ugrady[1]. Şol döwürde ownuk synlar, oçerkler ýazýardy. Klassyky mirasa degişli materiallary, rowaýatlary çap etdirýärdi[2], realism meselesine dahylly çekişmä öz pikirini aýdýardy[3]. Emma ol beýleki deň-duşlary ýaly edebiýaty öwreniş ylmy bilen ymykly gyzyklanmagyny dowam etdirýär. Edebi çeper tankyt hakynda 1972-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky karar çykandan soň bütinleý edebi tankyda goşulyp gitdi.

Ol edebi tankyda proza[4], poeziýa[5], žanrlardan tankydyň[6] hut özünden hem aýry-aýry kitaplaryny çykartdy. Ne onuň esasy stil aýratynlygy gönüden-göni poeziýa we edebi tankyda degişli kitaplarynda ýüze çykdy.

D.Nuralyýew öz galamdaş ýoldaşlaryndan ylmy taýýarlygy boýunça köp derejede tapawutlanýar. Ol çärýek asyrdanam köpräk Türkmenistan ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky edebiýat institutynda işleýär. Onuň zähmet ýoly şol institutyň golýazmalar sektoryndan başlandy. Köne golýazmalary toplamak olary tertibe salmak köp okap bilmek soňra sýužetiň dürli şäherlerindäki arhiwlerinde basa oturyp işlemek W.Bartold, A.Samaýlowiç, Ýe.Bertels ýaly dünýä meşhur

---

[1] Nuralyýew D. Kulyýew H. Ýüzleýlikden geçe duruň. Sowet edebiýaty. 1975.

[2] Nuralyýew D. Magtymguly hakynda rowaýatlar. Magtymguly 225. Aşgabat, Türkmenistan. 1959.

[3] Nuralyýew D. Türkmen klassyk edebiýatynda nähili metod bolupdyr. Edebiýat we sungat. 1960. 19-maý.

[4] Nuralyýew D.  Edebi prosesiň meseleleri, makalalar. Aşgabat, Türkmenistan. 1978. -55 s.

[5] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk. makalalar. Aşgabat, Türkmenistan.1978,

[6] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk. makalalar. Aşgabat, Türkmenistan.1978,

gündogarşynaslarynyň ýörelgelerini özleşdirmek kyn meselelerinden kondidatlyk, doktorlyk dissertasiýalaryny goramak, Moskwanyň, Bakuwyň, Leningradyň, Daşkentiň uly tankytçylary bilen ýakyn işjeň gatnaşykda bolmak göniden-göni edebi tankyt we teoriýa bölümine ýolbaşçylyk etmek D.Nuralyýewiň professional tankytçylaryň biri bolup ýetişmegine uly ýardam etdi.

Ol poeziýa tankydynda hemişe şahyrlary bir zynjyra düzmän olary öz sredasy, öz tolkuny, öz nesli, şolaryň özlerine mahsus meselleri bilen bagly analizlemek prinsipinden ugur alýar. 70-80-nji ýyllarda D.Nuralyýew şahyrlaryň okyjy köpçüliginiň aňynda berk orun alan çekişmeleri bilen galdy. Onuň “Poeziýa, şahsyýet we döwür”[1] diýen makalasy-da „Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy“ atly ýylýarymlap „goh“ turzan çekişmesi-de hemmeleriň ýadyndadyr. Bularyň daşyndan 70-80-nji ýyllarda bolup geçen ýazyjylar gurultaýlarynda, planumlarynda Ö. Abdyllaýew, A. Myradow, J.Allakow ýaly aktiw çykyş ediýänleriň içinde D. Nuralyýewiň hem orny bardy.“Edebiýat we sungat„ gazeti näçe gezek “çaý başynyň söhbetini„ guran bolsa, şolaryň hemmesinde – de bu tankytçynyň öz pozisiýasy, öz sesi bolupdyr.

Tankytçy, oňaryp bilse, täze zehini duýmaly, şony açmaly, şony goramaly D. Nuralyýew K. Gurbannepesowyň, B. Hudaýnazarowyň, G. Ezizowyň, B. Jütdiýewiň zehinine aýratyn sarpa goýýar, olary gala ýaly goraýar. Aýratynam ol B. Jütdiýewe biçak ýokary baha berýär. Elbetde, onyň bu pozisiýasy bilen birnäçeleri

[1] Edebiýat we sungat. 1978-1979ýyllaryň sanlary.

ylalaşmaýarlar. Ýöne tankytçy hiç bir halatda öz pikirinden bir ädimem yza çekilenok. Biz muny onuň “Poeziýanyň mertebesi„ ,“ Poeziýamyzyň kwerteti„ , “Il beýik, beýik „ ,“ kämilligiň çägi ýok„ ,“Poeziýa kartasynyň öňünde„ ,“Poziýanyň ala meýdany„ ,“Ynsan we ynsan hakynda aýdym„ ,“ Ýedi ýapragyň ygşyldysy„ ,“Ene süýdi diýsene„[1] ýaly makalalarynda görýäris.

Beýle diýdigimiz ol tutuş poeziýany yzarlamaýar beýleki şahyrlary unydýar diýdigimiz däl. Tersine, D. Nuralyýew hile, talanta, açyşlara, orginallyga, millilige üns beýär. Bu zatlar bolsa hemme şahyra ýetdirip durmaýar.

Ol türkmen poeziýasyna gelen üç nesli jikme-jiklikde öwrendi. Bu nesilleriň sany-da onçaklyköp däl, ýöne biri-birinden hal taýdan tapawutlanýar. Birinji nesil G. Seýitliýewden, K Gurbannepesowdan, M. Seýidowdan, A. Haýydowdan ybarat bolup, olaryň hersiniň öz ýykgyn edýän şahyrana meýilleri bardy. Ony tankytçy “Poeziýanyň mertebesi„ diýen makalasynda aýdyňlaşdyrdy.

Ikinji nesil Ý. Pirgulyýewden, N. Baýramaowdan, A.Gurtgeldiýewden, S. Öräýewden ybarat bolup, bularyň artykmaç we kem ýerleri “Tankytdan sowa poeziýa„ diýen makalasyndagörlüp geçildi.

Üçinji nesil A.Agabaýewden, H. Kulyýewden, I. Nuryýewden, G. Ezizow dagydylar. Bu nesil hakynda “Poeziýamyzyň kwarteti„ atly ýörite makala ýazylypdy. Şularyň hemmesiniň şahyrana açyşlary, hususy goşantlary, mümkin boldugyça, beýan edilipdi.

---

[1] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk. makalalar. Aşgabat, Türkmenistan.1978, 40-234 s.

Tankytçy bu dirrerensirlenen çemeleşme bilen çäklenmedi. Onlarça synalarynda. A. Omarowyň, S. Ýazowyň, G. Geldiýewiň, Ö. Eminowyň, B. Jütdiýewiň,G. Şamyýewiň, S. Öwezberdiýewiň, bulardan soňrak poeziýa gelen A. Atabaýewiň, G. Daşgynowyň, O. Annaýewiň, H. Pejepowyň, A. Taşowyň, Ý. Annadurdyýewiň, Ş. Çarygulyýewiň şahyrana dünýäsine göz aýlady.

Öz garaýyşyny sypaýylyk bilen aýtman, zehini aýap saklamak – D. Nuralyýewiň esasy ýörelgesi. Ol, zehini belent tutýan wagtynda, hiç hili şahsy bähbitden, prowinsial garaýyşdan ugur alanok. Tankytçynyň haýsydyr bir ýazyja simpatiýasy-da, antipediýasy-da zehinden gelip çykýar. Tankytçyny gowy tanaýan, onuň eserlerini okaýan ýazyjylaryň hemmesi-de muny ykrar edýär. Şonuň üçin Türkmenistanyň Halk ýazyjysy Çary Aşyryň bir pikirini getirmek ýerlikli bolsa gerek:

"Biz tankytçy ýazyja hemaýat bermeli, onuň ýazýan makalalary deniýeti bilen tapawutlanmaly, pikirleri çuň bolmaly diýýäris. Durdymuhammetde şol sypatlar jemlenipdir"[1]

Soňky bäş – üç ýyllykda ol edebi tankydyň unudan, üns bermeýän bir ugry boýunça makalalar tapgyryny ýazyp başlady. Ol Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynyň, çeper tankydynyň öňünde uly hyzmat bitiren wekiller hakynda belletrislige, esseçilige ýugrulan kytapdyr. D. Nuralyýew edebiýatymyzyň, tankydymyzyň A. Kekilow, M. Kösäýew, N. Aşyrow, H. Hanow, R. Alyýew, Ö. Abdyllaýew, A. Myradow, R. Rejepow, J.

[1] Aşyrow Ç. „Il bolup guwanmaly zehin" /D.Nuralyýew „Şygyr bilen ikiçäk" Aşgabat-1987.,3 s.

Allakow ýaly belli şahslary, olaryň adamkärçilikli sypatlary, nähili işleýişleri, nähili aýratynlyklary hakynda okyja düşnikli dilde ýarym çeper, ýarym ylmy ruhda iş ýazyp ýör. Bu ugur entek bize ozal ýokdy. Ine, şuny ýola goýmakda – da, tankydy, ylmy giň okyjy köpçüligine has elýeter etmekde – de D. Nuralyýewiň hyzmaty ulydyr. Tankytçynyň obýekt edinen şol alymlarynyň, edebi tankyt läheňleriniň döredijilik dünýäsi hem hiç bir ýazyjynyňkydan kem däldir. Onuň öwredijilik tarypy, hem ulydyr.

Biz D. Nuralyýewiň tankyt “hojalygynda„ ýene bir aýratynlyga duş gelýäris. Ol öz galamdaşlarynyň ýazýan makalalaryny, kitaplaryny sarpa goýmak bilen okaýar we olary propagandirleýär. “Edebiýatyň mähek daşy„ diýen kitaby K. Jumaýewiň, Ö. Abdyllaýewiň, J. Allakowyň, G. Geldiýewiň, S. Garryýewiň, B. Mämmedowyň, G. Gurbannepesowyň, A.I. Aborskiniň aýry – aýry kitaplaryna bagyşlandyr. Bularyň daşyndan ol “Tankyt we edebi proses„ ,“Uly tankyt ugrunda„ ,“Edebi tankydymyzyň gerimi„ ,“Häzirki zaman türkmen tankydy„ ýaly makalalarynda[1] Ö. Abdyllaýewiň, A. Garaýewiň, S. Myradowyň, A. Orazowyň, Ş. Gandymowyň, A. Mämmedowyň tankydy çykyşlaryny bitewilikde analizleýär. “Türkmen prozasy rus tankydynda„ diýen işinde bolsa G. Lomidzanyň, E. Kedrinanyň, Z. Osmanowyň, Ýu. Surowsewiň, M. Parhdmehkonyň, Ç. Guseýnowyň, S. Alyýewiň, L. Terakopýanyň, L. Anninskiniň, W. Ozerowyň we beýleki rus

[1] Nuralyýew D. „Edebiýatyň mähek daşy“ Aşgabat: Türkmenistan. 1991, 65-68-84-92-97-101-115-118 s.

tankytçylarynyň türkmen edebiýaty baradaky pikirlerini sistemaly derňeýär?[1]

Tankytçy hem – dörediji adam. Onuň hem edil şahyryňky, prozaçyňky ýaly çeper dili, obrazler sistemasy, pikir dünýäsi bolmaly, eý görýän stli, ýykgyn edýän uly bolmaly. Şu jähtden alnanda, A. Myradowda, S. Myradowda bolşy ýaly, D. Nuralyýewdw – de obrazlylyk, publisistik bar:

“Türkmen edebiýatyndan çen tutanyňda, Puşkin dünýä inende, - 1799 – njy ýylda beýik Magtymguly entek diridi, Seýdi Hatyjanyň yşkyna düşüpdi, Kömtne Äraly işanyň„ pikirini kädä gabaýardy„ , Zelili tas Puşkin bilen ýaştdaş bolup, biri liseýe, beýlekisi oba mollasyna gatnaýardy, Napolýon Moskowany otlaýarka, Mollanepes iki ýaşyndady. Şu wakalardan soň tolstoý dogulýança ýene on alty ýyl geçer. Oňa çenli meşhur lirik Mätäji dört ýaşar”[2]

“Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe„ Diýen makaladan alnan şu mysaldan görnüşi ýaly, publisistlik, obrazlylyk tankytçynyň köp makalasynda saklanýar.

Emma onuň stiline mahsus kesgitlilik, nygtaýjylyk, sosiologik çemeleşme, çeper paýhaslylyk hem hasaba alynmalydyr:

“Mahlasy, klassiki poeziýa tutuşlaýyn alanyňda, sosial horlugyň prosesleýin beýanydyr. Çünki Magtymguly “Gökden uçan top jygaly durnany„ – poeziýany ýere gondurypdy. Ol ýerdäki zulmy gören

---

[1] Nuralyýew D. „Edebiýatyň mähek daşy“ Aşgabat:Türkmenistan. 1991,127-134 s.

[2] Nuralyýew D. „Bek Magtymgulydan- uly Kerbabaýewa“ /B.Kerbabaýew Aşgabat Ylym- 1987. 259-260 s./

durup biljek däldi“[1] diýende, tankytçy şol stiline wepalylygyny saklaýar.

Ol, haýsy şahyrana nesle ýüzlense – de, özünden öňküleriň şol nesil barada näme diýenini hasaba alyp, soňra öz pikrini beýan etmeklige göçýär. “Tankytdan sowa poeziýa„ , “Poeziýamyzyň kwarteti„ diýen makalalary şoňa mysal bolup biler. Şeýlelikde, türkmen tankydynyň taryhynda D. Nuralyýewiň öz hususy stil, poçerki ýüze çykdy diýip aýdyp bolýar.

Türkmen edebi tankydynyň “Ody bilen girip, küli bilen çykýanlar„ , bir tarapdan, azalsa, ikinji tarapdan, ýuwaş – ýuwaşdan kemala hem gelýär. Birbada sansasiýa döreden makalalary bilen göze ilmeseler – de, Bu “Hojalykda„ asuda zähmet çekip gelýän iki tankytçy, iki alym, iki şahyr hakda söz açmazlyk adalatsyzlyk bolardy. Olar: rilologiýa ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Lelin komsomoly baýragynyň laurýaty Gurbandurdy Geldiýew we pilologiýa ylymlarynyň kandidaty Begmyrat Ussaýew. Bu ikisi ýetmişinji ýyllaryň başyndan bäri edebi – tankydy Makalalar bilen gazet – žurnallarda çykyş edýärler, çekişmelere gatnaşýarlar. Indi hersiniň öz ugry, stili başga – başga, tankytçylaryň özbaşdak kitaplary – da okyjylara ýetdi.

Dogrusyny aýtsak, G. Geldiýew, B. Yssaýewem tankyda ylymdan girdi. Onuň asla zyýany ýok, gaýtam taýýarlyk, tejribe üçin has gowy. Galyberse – de, biriniň klassyky mirasa, beýlekisiniň hazirki zaman poeziýasyna ýykgyn etmegi üçin örän amatly ýagdaý döredi. Şuny agzamak bilen, biz asla olaryň ylmy işlerini ýörite

---

[1] Nuralyýew D. „Şygyr bilen ikiçäk“ Aşgabat: Türkmenistan 1987. 129-130 s.

derňemekçi bolamzok. Biz ony öňki tankytçylar barada – da pikir ýöredenmizde ätmedik. Maksat şu iki tankytçynyň has köpräk ýykgyn eden ugurlaryny aýdyňlaşdyrmakdan ybarat, Olaryň pikir ýöredişindäki hususy stili mümkin gadar bellemekden ybarat.

G. Geldiýew öz badalgasyny ylmyň agyr meselesinden alyp gaýtdy. Bu – häzirki zaman türkmen pbeziýasynda stil problemasy. Ony K. Gurbannepesowyň, M. Seýidowyň, B. Hudaýnazarowyň, A. Atajanowyň, A. Haýydowyň döredijilikleriniň mysalynda açan bu tankytçy sapagyň ujyny "Taryh. Edebi ykballar,, diýen saldamly monografiýasynda awtorçylyk problemasyna baglady. Awtorçylyk problemasy hem stil boldugydyr. Adam – stil diýen ýörelge çyn bolsa, adam – awtor – stil hem bir zatdyr. Şu jähtden G. Geldiýewde örän güýçli logiki bitewilik ähli kitaplarynda saklanýar.[1] Bu özboluşlylyk onda ýarym ylym, ýarym publisistik stil bilenem baýlaşyp gidýär. Ol asla guraksy akademigimize baglanyp durman, diýjek zadyna göçip, pikiri obrazly, kesgin aýtmaga çalyşýar. Şol özboluşlylygyň üstüne anykdygy hem goşsak, G. Geldiýewiň öz ýörelgesini açdygymyz bolardy. Bulary biz onuň "Şygryň gudraty,, diýen kitaplarynda görýäris.

G. Geldiýewiň tankydynda çekişmeçilik ruh hem soňky ýazýan işlerinde ýüze çykdy. Ol prisipiýel ylmy meselelerde hemişe öz pikirini aýdýar.

Biz tankytçynyň "Kämillik ýolunda,, atly kitagyny seljerenimizde köp sanl türkmen şahyrlarynyň döredijilik dünýäsi bilen tanyşmaga mümkinçilik tapýarys. Onda K.

---

[1] Geldiýew G. Poeziýamyzyň häzirki zaman keşbi. –Aşgabat. Türkmenistan. 1978. -145 s.

Gurbannepesowyň, A. Haýydowyň, M. Seýidow, A. Atajanow, B. Hudaýnazarowyň lirikasynyň özboluşlylygy /“Kompozisiýada özboluşlylyk„/, G. Şemyýewiň, A. Gurtgeldiýewiň, A. Agabaýewiň, N. Annatyýewiň, K. Ylýasowyň, I. Nuryýewiň, B. Jütdiýewiň, M. Kömekowyň, R. Alyýewiň, Ç. Aşyrowyň, A. Gurbannepesowyň poeziýasy, proza dünýäsi hakda pikir ýöredilýär. Bu awtorlaryň dünýä garaýyşlaram dürli, obrazlylyk, millilik derejesi deň däl.Şulary ýygynda girizmek bilen, tankytçy häzirki zaman türkmen poeziýasynyň potensial güýjüni bilmek isleýär. Şoňa göräde pikir öwürýär. Bulary „Kämillik ýolunda“ diýen makalasynda jemleýär. Şu taýda ol belli derejede poeziýa tankydyň çägini giňeldýär. Täze zehinleriň hasabyna ýöredilen bu pikir bilen biz hem ylalaşýarys.

„. . . Edebiýatymyzda halypalyga ýetişen awtorlaryň döredijiligini hasap edeniňizde-de, okyjylaryň arasynda meşhurlyk gazanan G.Ezizow, A.Agabaýew, H.Kulyýew, I.Nuryýew, B.Jüttiýew, G.Şemiýew, K.Ylýasow, N.Annatyýewa, S.Öwezberdiýew ýaly şahyrlaryň atlary bilen şu günki ösüşi jemlemek mümkin däl. Ol ösüş galkynyp barýan ganatlary-A.Gurbannepesowyň, A.Atabaýewiň O.Gurdowyň, A.Akmämmedowyň, A.Mämmedowyň, B.Ussaýewiň, B.Orazdurdyýewiň, T.Taganowanyň, G.Çöliýewiň, O.Tagandurdyýewanyň, O.Ussaýewanyň, G.Şagulyýewanyň, A.Bugaýewiň, G.Gozlyýewanyň, S.Ýazowanyň, G.Daşgynowyň, Ş.Çarygulyýewiň, M.Tuwakbaýewanyň, M.Kömekowyň, I.Hudaýberdiýewiň, O.Annaýewiň, T.Sadykowyň, A.Seýitberdiýewiň, A.Annaberdiýewiň, A.Taşowyň, A.G.Allanazarowyň, N.Rejebowyň, A.Baýryýewiň we

beýleki birgiden ýaşlaryň hyjuwly eserlerini özünde jemleýär.“[1]

Bu ýerde ýaş we döredijilik derejesi garym gatym edilen awtorlar köp. Şeýle säwilige garamazdan, tankytçynyň maksady bize düşnüklidir. Ol poeziýanyň ösüş meýilini häzirlikçe mukdaryň hasabyna bellemek bilen kanagatlanypdyr. Elbetde, ol şu topar ýaş şahyrlaryň idea tematik ugry hakda degerli gürrüň edýär. Ýöne olaryň boý alyp gidibermeýänliginiň bir sebäbini tankytdan görýär.[2]

Emma G.Geldiýewiň tankytçylyk stilinde öňe bir göze görnüp duran özboluşlylygy hem nygtamakçy bolýarys. Ol hem bolsa ylym bilen tankydyň ýakynlaşdyrylmagydyr. Biz ony „Şygryň gudraty“, „Taryh. Edebi ykballar“ diýen kitaplarynda görýäris. Bular hakda işimiziň dördünji babynda giňden gürrüň edilýär.

G.Geldiýew 70-nji ýyllardan bäri özüni özboluşly tankytçy hökmünde tanatdy. Emma tankydy işlerde ol awtor hakda tas hiç zat agzalmaýar. Hatda J.Allakowyň „Türkmen edebi tankydynyň taryhy“ diýen kitabynda ýekeje ýerde (184 s.) köplügiň içinde onuň „Gurbnadurdy Zelili“ kitaby ýatlanylýar diýmesek, „70-nji ýyllaryň edebi tankydy“, „80-nji ýyllaryň edebi tankydy“ diýen ýörüte bölümlerde bu tankytçynyň ady-soýy tutulanok. Emma onuň edebi tankydynda özüne laýyk ýeri bar.

70-nji ýyllar türkmen tankydynyň janlanyş döwri bolany üçin şol wagt edebi tankyda gelen zehinler häzirem bu senediň köşügini çekmeklerini dowam etdirýärler. Olaryň arasynda Begmyrat Ussaýewiň hem özüne

---

[1] Geldiýew G. „Kämillik ýolunda“ Aşgabat: Türkmenistan. 1983, 66-67 s.

[2] Şol ýerde, 73 s.

mynasyp orny bar. Biz onuň adyna metbugatda hem şahyr, hem tankytçy hökmünde häli-şindi gabat gelýäris. Elbetde, şahyr B.Ussaýew okyjylara öňräkden tanyş, ýöne bu ýönekeý hem zähmetsöýer awtor edebi tankytda 70-nji ýyllardan bäri duş gelip başlady.

„B.Ussaýew 70-nji ýyllaryň başlarynda dürli temalarda ýazylan makalalar bilen çykyş etdi. Onuň „Dessanlarda hakykatyň realistik häsiýetli şöhlelenmesi“ („Sowet edebiýaty“, 1971, NoI) atly makalasy özboluşly meselä bagyşlanýar. Mälim bolşy ýaly, dessanlarda realistik, fantastik, romantik häsiýetli wakalar utgaşykly suratlandyrylýar. B.Ussaýew makalasynda dessanlardaky realistik häsiýetli obrazlar hem-de wakalar hakynda gürrüň edýär. Özem şeýle obrazlaryň dessanlarda uly orun tutýandygyny anyk mysallar bilen subut edýär.
B.Ussaýewiň „Harby ýyllaryň poemalarynda rus temasy, rus gahrymançylygy“ („Sowet edebiýaty“ žurnaly, 1972, N4) atly makalasynda gozgalýan mesele köp sanly şahyrana eserleriň mysalynda anyklaşdyrylýar. Tankytçynyň „Poeziýa öwrediji bolmalydyr“ („Edebiýat we sungat“ gazeti, 1975-nji ýylyň 17-nji sentýabry) atly makalasy çekişme mynasybetli ýazylypdyr. Olarda öwrediji şahyrana eserler analizlenýär.[1]

Bary ýogy bir oýnam sözlemde biz B.Ussaýewiň haçan tankyda gelendigini, belli derejede ugruny anyklaýarys. Ýöne J.Allakow ýokarda agzalan işinde bu tankytçynyň soňky ýyllarda ýazan makalalaryny analizlemäge ýetişmändir. Ol hem kitabyň taýýarlanan we

---

[1] Allakow J. „Türkmen edebi tankydyň taryhy“ Aşgabat: Magaryf. 1988, 146 s.

neşir edilen wagty bilen bagly bolsa gerek.Gürrüň bu hakda däl-de, B.Ussaýewiň öz tankytçylyk tärleri hakda barýar. Muny bolsa onuň „Söweşjeň poeziýa“ diýen kitabyndan görüp bolýar. Tankytçy B.Ussaýew poeziýa umumy garaman, onuň bir meselesine – söweşjeňdigine, ony-da hemme şahyrlarda däl-de, sanlyja şahyryň döredijiliginde derňäp, dogry edipdir. Şu manyda alnanda, onuň poeziýa tankydy N.Hojageldiýewiň, D.Nuralyýewiň, S.Myradowyň, G.Geldiýewiň tankydy poeziýasyna ýakyn durýar.Belli bolşy ýaly N.Hojageldiýew poeziýada-graždanlyga, D.Nuralyýew-şahsyýete, obrazlylyga, millilige, S.Myradow-orginallyga, G.Geldiýew otile kän ähmiýet berip, ähli ünslerini şeýle anyk meseleleriň daşyna jemläpdiler. B.Ussaýew hem söweşjeňlikde saklanyp, şeýle ýazýar:

„Söweşjeň“ sözüni aýratyn nygtamagymyzyň öz sebäbi bar. Biz „Poeziýa we durmuş“, „Poeziýa we okyjy“, „Döwürhem poeziýa“ ýaly aňlatmalary yhlas bilen köp gaýtalaýarys. Diýmek, poeziýanyň durmuşdan üzňe zat däldigine-bir ten, bir jandygyna dogry düşünýänligimiz üçin gaýtalaýarys.[1]

Ine, şu anyk meseläni ol harby ýyllaryň poeziýasynyň mysalynda göwnejaý analiz edýär. „Poeziýanyň güýji hem mertebesi“, „. . . Arzuw eýläp ýetenim“, „Söweşde berkleşen dostlugyň waspy“, „Ot içinde dörän adamlar“, „Döwrüň hem edebiýatyň gahrymany“, „Poeziýa-öwrediji, söweşjeň bolmalydyr“, „Sen niçik gudrat?“ diýen ýaly makalalarynda gahrymançylyk mazmunly goşgular derňelýär. D.Haldurdyýew, Pommanyň, A.Salyhyň söweş

[1] Ussaýew B. „Söweşjeň poeziýa“ Aşgabat: Türkmenistan. 1984, 4 s.

şygyrlary, K.Gurbannepesowyň „Aýal bagşy“ poeziýasynda Halbikäniň sungatdaky edermenligi şu stile laýyk açylyp görkezilýär.

Dogry, B.Ussaýewde ullakan abrazlylyk, göçgünlilik ýok. Ýöne ol pikirini sadadan-ynandyryjy subut edýän tankytçy. Kä ýerde ol öz pikirini gowuşgynsyz aýdýar. Mysal üçin, ol „Edebi tankytçylara, edebiýat alymlaryna çap bolan makalalarda ýerliksiz igenilýän ýaly“[1] diýende, anyk hem berk gürrüň etmekde saklanýar. Beýle ýagdaý onda hemişe duş gelip duranok.

B.Ussaýew hem J.Allakow, H.Taňryberdiýew, A.Garaýew ýaly guraksy akademizmden azat. Ol öz garaýşyny mydama erkin beýan edýär. Juda zerur mahalynda ol R.Gamzatow, Ç.Aýtmatow ýaly abraýly atlara salgylanýar. Emma bu onuň stiline akademizme eltmän, öz durkunda saklanýar. Birsydyrgynlyk onuň hemme makalalarynda mahsus alamatdyr.

60-80-nji ýyllar aralygynda türkmen tankydynda düýpli yz galdyran öz stili, prinsipleri bilen tapawutlanan uly tankytçylaryň biri Nargylyç Hojageldiýewdir. Biz ony Ö.Abdyllaýewden, A.Myradowdan, J.Allakowdan, H.Taňryberdiýewden soň uly tankytçylaryň biri, hatda şolar bilen bir hatarda adygan hasaplaýarys.
Emma ol hakda şu pursatda ýörite durmagymyzyň iki sebäbi bar.

Birinjiden, N.Hojageldiýew barada J.Allakowyň[2] tankyt baradaky kitabynda örän köp agzalýar, hatda ýörite

[1] Ussaýew B. „Söweşjeň poeziýa“ Aşgabat: Türkmenistan. 1984, 4 s.
[2] Allakow J. „Türkmen edebi tankydyň taryhy“ Aşgabat: Magaryf. 1988, 111-184 s.

portret hem berilýär. Şol aňry ýany bilen ýeterlik bolsa gerek.

Ikinjiden, N.Hojageldiýew otuz ýylyň içinde onlarça çeper eser çykartsa-da, häzir onuň bir tankydy ýygyndysy-da ýok. Emma ol prozadan, poeziýadan, dramaturgiýadan, ylymdan, edebi çekişmeden onlarça düýpli makala ýazdy. Hemmesinde-de ol prinsipial, çuň pikiri tankytçylygyny açyp berdi.

Onsoňam N.Hojageldiýew hut üýtgedip gurmak döwründe täze özboluşlylyga eýe boldy. Biz ol aýratynlyklary işimiziň bäşinji babynda töwerekleýin yzarlaýandygymyz üçin bu ýerde gep uzaldyp oturmagy dogry hasap etmedik. Esasan žanr we stil ugruny anyk eden A.Kerimow, M.Annagurdow, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, S.Myradow, D.Nuralyýew, A.Garaýew, G.Geldiýew, B.Ussaýew ýaly professional tankytçylaryň aýratynlygy, özboluşlylygy dogrusynda özbaşdak iş ýazyp bolşy kimin, N.Hojageldiýewiň tankydy barada-da ýörite derňew geçirip bolardy. Ýöne onuň özenini J.Allakow eýýäm aýdyp ýetişdi diýip hasap edýäris.

80-nji ýyllaryň ahyrynda, 90-njy ýyllaryň başynda türkmen edebi tankydynyň žanr, stil dürliligi barha ösýär, ol dowam edýän prosesdir.

## DÖRDÜNJI BAP

### Türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň we çeper tankydynyň arabaglanyşygy

50-80-nji ýyllaryň edebi edebi tankydynyň problemalary seljerilýän mahalynda, edebiýaty öwreniş bilen tankydyň arabaglanyşygy aýratyn orna eýedir. Bularyň ikisiniň gatnaşygy hiç haçan kesilmändi, hemişe dowam edipdi. Ýöne şol prosesiň gowşaýan we güýçlenýän döwürleri bolupdy. Onuň hem öz sebäbi bardy. Mesele şolary aýdyňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Edebiýaty öwreniş we çeper tankyt- biri-biriniň üstüni ýetirýän bölekler. Emma aslyýetinde olaryň öz tapawudy, öz prinsipleri saklanýar. Ony käbir edebiýaty öwreniş-taryha, çeper tankyt janly, şu günki prosese ýykgyn edýär diýip düşündirýärler. Bu dogry. Ýöne doly düşündiriş hem däldir. Bir döwürde ylym öňe düşse, başga bir ýagdaýda tankyt hem öňe düşüp biler. Türkmen edebiýatyny nazara alanymyzda, edebiýaty öwreniş ylmy öňdedir. Onuň näçe sany ylymlaryň kandidatynyň, näçe doktarynyň barlygyny birbada sanamak çetin. Bir şu faktyň özem ýeterlik. Emma professional tankytçylar welin barmak basyp sanaýmalydyr. Ýöne şol barmak basyp sanaýmaly tankytçylar ylym bilen tankydy baglanyşdyrmakda, olaryň soýuzyny berkitmekde alymlardan köp iş bitirdiler. Onuň hem käbir degerli sebäbi bar.

Birinjiden, tankytda uzak ýyllap işlän A.Kekilow, R.Alyýew, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow ýaly nesil, ozaly bilen, alym edebiýatçylardy, soňra professional

tankytçylardy. Bu gün ylym bilen tankydyň şol adamlar tarapyndan ýola goýlan birligini aýatda diri Tankytçylardan: K.Jumaýew, K.Salyh, M.Gurbansähedow, J.Allakow, D.Nuralyýew, G.Geldiýew hem beýlekiler dowam etdirýärler.

Ikinjiden, 60-80-nji ýyllar aralygy türkmen edebiýatynda klassyklaryň ýubileýlik möwsümi bolup, Magtymgulynyň 225, 250, Seýdiniň, Zeliliniň, Keminäniň 200, Mollanepesiň, Mätäjiniň 150, B.Kerbabaýewiň 90 ýyllyk ýubileýleri has giňişleýin giňden bellendi. Bu ylym bilen tankydyň soýuzyny has oňat görkezýän mysaldyr. Olara bagyşlanyp çap edilen makala ýygyndylary alymlaryň, tankytçylaryň hyzmatdaşlygyny örän äşgär etdiler.

Üçünjiden, bu hili arabaglanyşyk S.Myradow, G.Geldiýew, A.Bekmyradow ýaly klassiki mirasyň meseleleri bilen ýörite gyzyklanýan tankytçylary orta çykardy. Ol hakykaty aýratyn öwrenmek wagty gelip ýetdi.

60-njy ýyllar Magtymgulynyň 225 ýyllyk ýubileýine taýýarlyk sebäpli ylymda, edebi tankytda ägirt uly janlanyş döretdi.Aýratyn hem edebiýatda realizm meselesi beýik Magtymgulynyň döredijiliginiň çäginden çykyp, XVIII-XIX asyr edebiýatyny öz içine aldy. Biz bu fakty işimiziň öňki baplarynda hem ýatladyk. Ýöne ony çekişme fakty hökmünde belläp geçipdik. Şu ýerde ony ylym bilen tankydyň arabaglanyşygy manysynda agzaýarys. Onsoňam, bu turan jedel tankydyňam öz çäginden çykyp, ýene ylmyň obýekitine öwrüldi. Ine, şol proses barada käbir zatlary nygtamagy öz borjumyz hasaplaýarys.

Ozaly bilen, çekişmäni başlan filologiýa ylymlarynyň doktory, R.Rejebow[1] bolsa, ony jemlän akademik B.Garryýewdi[2].

Bularyň ikisiniň hem tüýs alym edebiýatçylardygyny ýörite belläliň. Diýmek, bu ikisi edebi tankyda, beýleki professionallara garanda, ýaňy ýüzlenýärdiler. Dogrusy, bularyň ikisinde-de nädogry garaýyş bardy. Indi ol 80-nji ýyllaryň beýikliginden gowy görünýär. Şuňa garamazdan, oniki süňňi edebiýatçy bolanlaryň tankyda öz garaýyşlaryny aýtmaklary örän şowly ädimdir.

Galyberse-de ol çekişmä gatnaşanlaryň üçden iki bölegi hakyky alym edebiýatçylardy. Olar: R.Alyýewdi, H.Meredowdy, Ö.Abdyllaýewdi, K.Jumaýewdi, H.Taňryberdiýewdi, R.Nazarowdy, ýaş edebiýatçy D.Nuralyýewdi.

Soňabaka realizm hakdaky jedel, gazet sahypasynyň çäginden çykyp, edebiýaty öwreniş ylmynyň ýörite öwrenýän meselesine öwrildi. Muny K.Jumaýew bilen D.Nuralyýew „Türkmen edebiýatynda realizm meselesi“[3], ýene-de şol iki edebiýatçynyň 1972-nji ýylda geçen bakuw konferensiýasynda eden „K waprosu o realizme w turkmeniskoý literatura“[4] diýen makalalary has anyk görkezýär. Şu fakty ýörite bellemegimiziň öz sebäbi

---

[1] Rejebow R. „Tankydy realizm hakynda“. Edebiýat we sungat. 1960, 3-nji mart.

[2] Garryýew B. „Häzirki zamanyň möhüm meselelerine ýüzlenmeli“ Edebiýat we sungat. 1960, 25-nji iýun.

[3] Jumaýew K., Nuralyýew D. „Türkmen edebiýatynda realizm meselesi“ Edebiýat we sungat. 1973, 14-nji ýanwar.

[4] Jumaýew K. , Nuralyýew D. „K woprosu o realizme w turkmenskoy literature“/ Problema realizma w literaturah narodow Sowetskogo Wostoka. Materialy soweşaniya 16-19 oktyabya, 1972 god. Baku -1974, 148-152 s.

bar. Realizm diňe türkmen edebiýatyny däl, dünýä edebiýatyny gyzyklandyrýan uly problema. Onuň örän köp faktorlary bilen dünýä möçberinde asyrlar boýy gyzyklanyp gelinýär. Hut şonuň üçin K.Jumaýewdir D.Nuralyýewiň bu meseläni sowet soýuzynyň alymlarynyň dykgatyna hödülemekleri ýerine düşdi. Türkmen alymlarynyň pikirini soýuzyň I.S.Braginskiý, G.I.Lomidze, M.A.Dadaşzade, A.A. Şaryýew, A.A.Gajyýew ýaly köp alymlary diňlediler, pikir alyşdylar. Bu mesele türkmen alymlary öwran-öwran dolandylar. Ony ýene K.Jumaýew, D.Nuralyýew, N.Ataýewdagynyň „Sowet gündogary edebiýatynda realizm meselesi“[1] atly makalalary subut etdi.

Netijede şol gyzgyn jedel ahyrsoňunda türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň realizm we magtymguly problemasyndan ýörite monografiýa ýazylmagyna getirdi. Filologiýa ylymlarynyň doktory professor S.Garryýewiň „Magtymgulyly we edebiýatda realistik, tendensiýa“ atly monografiýasy şeýle döredi.[2]

Biz bu ýerde Magtymgulyly we realizm meselesini, oňa alymlaryň garaýşyny ýörite analizlemegi maksat edinemzok. Biziň düýp maksadymyz ylym bilen tankydyň bir meselede çeper metod meselesinde birigendigini şeýdilmese bu kyn meseläniň çözdirmejekdigini bellämok.

Emma edebiýaty öwreniş we tankyt ýa-da alymlar we tankytçylar diňe bir meselede däl, ylmyň örän köp

[1] Jumaýew K. , Nuralyýew D. „K woprosu o realizme w turkmenskoy literature“/ Problema realizma w literaturah narodow Sowetskogo Wostoka. Materialy soweşaniya 16-19 oktyabya, 1972 god. Baku -1974, 148-152 s.

[2] Garryýew S. „Magtymguly we edebiýatda realitik tendensiya“Aşgabat: Ylym. 1978, 149 s.

meselesine bilelikde aktiw gatnaşyp ugradylar. Beýle fakt 20-50-nji ýyllaryň tankydynda gabat gelenok. Tersine, ylym harlanylýardy, alymlar günäkärlenýärdi, hatda „ýygnalýardy“. Ony biz B.Garryýewiň, M.Kösäýewiň, O.Abdelowyň täläýinde gördük. Galyberse-de, kadr ýetmezligi zerarly ylym ol döwürlerde juda ejizdi.60-80-nji ýyllarda ylmyň tankyda täsiri güýçlendi. Şeýlelikde, tankydyň hem ylmy häsiýeti artdy.

Beýik şahyryň 225 ýyllyk ýubileýi galyberse-de 1983-nji ýylda geçen 250 ýyllyk ýubileýi[1], edebiýaty öwreniş we tankydy has ýakyn hereket etmäge mobilizledi. Ony çykan makala ýygyndylary görkezdi.

Klassikleriň ýubileýi ýönebir adaty medeni çäre bolman ol respublika we soýuz möçberinde uly ylmy jemgyýetçilik hadysalary bolupdy. Beýik Magtymgulynyň, Keminäniň ömri we döredijiligi hakynda iki kitaplyk makala ýygyndysynyň çykmagyndan başşgada, S.Garryýew,[2] G.Geldiýew,[3] A.Bekmyradow,[4] S.Myradow[5] ýaly edebiýatçylar, tankytçylar özbaşdak kitaplaryny neşir etdirip, Magtymguly, Zelili ýaly şahyrlaryň öwrenilşine uly goşant goşdylar.

---

[1] Magtymguly / şahyryň ömrüne we döredijiligine degişli makalalar ýygyndysy/ Aşgabat: TDN 1960, 446 s., Magtymguly 225. Aşgabat-1961, 352 s., Magtymguly 250. Aşgabat: Ylym. 1989, 375 s.

[2] Garryýew S. Magtymguly we edebiýatda realistik tendensiýa. Aşgabat: Ylym. 1978, 150s.

[3] Geldiýew G. Gurbandurdy Zelili . Aşagabat: Ylym. 1962, 197 s.Taryh. Edebi ykballar. Aşgabat-1990, 430 s. şygryň gudraty. Aşgabat: Magaryf. 1985, 127 s.

[4] Bekmyradow A. Magtymgulynyň poeziýasynda şahyrana däp hem täzeçillik gözlegleri.Aşgabat:Ylym.1989, 197s.

[5] Myradow S. Asyrlaryň jümmüşinden. Aşgabat: Magaryf. 1978. 255s.

Elbetde, özbaşdak barlaglar birneme soňrak çyksa, umumy kollektiwleýin makalalar öňräk çap edildi. Biz şolary käbir derejede häsiýetlendirip geçmegi, esasy pursatlary analizlemegi dogry hasaplaýarys. Bularyň biri S.Garryýewiň „Magtymguly we edebiýatda realistik tendensiýa“ diýen monografiýasydyr. Dogrusyny aýdalyň, bu monografiýanyň döremegine realizm hakynda turan jedel sebäp bolupdy. Biz ol hakda ýokarda gürrüň edenem bolsak, ony ýeterlik hasap edmeýäris.Çünki S.Garryýewiň realizm barada öz pikirini bilmek zerurlygy ýüze çykýar.
Dogrusyny aýtmak gerek, S.Garryýew öz pikirli, prinsipli, uly tejribeli alym. Ol sowet gündogary edebiýatyny öz galamdaşlarynda gowurak bilýärdi. Ýöne şoňa garamazdan realizm meselesinde ol „Edebiýat we sungat“ gazetiniň sahypalarynda giden çekişmä daýandy. Ony jemledi. S.Garryýewiň bu işine 1972-nji ýylyň Oktýabrynda Bakuda geçen „Sowet gündogary halklarynyň edebiýatlarynda realizm problemasy“ diýen Bütinsoýuz ylmy konferensiýa hem uly kömek etdi. Şonuň üçin biz S.Garryýewiň şu aşakdaky pikiri bilen ylalaşýarys:
„Biz hem umuman alanyňda, klassiki edebiýatymyzda gutarnykly işlenen usul hökmünde realizm, şol sanda tankydy realizm bolmandyr diýen pikiri goldaýarys. Edebiýatymyzyň taryhynda 18-nji asyr täze bir etap bolup, ol realistik beýan, halkylyk, gumanizm ideýalary bilen häsiýetlendirilipdir. Magtymgulynyň edebiýat meýdanyna gelmegi bilen has aýaga galan hem-de esasy çeper güýje öwrülen bu edebiýat, öz döwrüniň we soňky döwürleriň . . . ugryny kesgitläpdir. Ol bir ýa iki şahyryň döredijiligini däl, eýsem bütin edebi prosesiň ugruny kesgitläpdir we bu

ugry “Realistik edebi ugur„ , ol edebiýaty bolsa “Hakykatyň edebiýaty„ diýip atlandyrmak boljak. Sebäbi edebi prosesiň merkezinde döwür alamatlary, döwür hadysalary, döwüriň adam häsiýetleri we işleri belli derejede orun alyp, edebiýatyň durmuşa ýakynlaşmagynda uly rol oýnapdyr. Biziň edebiýatymyzyň esasy ugry, ýoly şol ugur bolupdyr, ol ugur edebiýatyň geljegini kesgitläpdir. Bu ugruň esasyny goýup, onuň ösüşini kämilleşdiren hem beýik akyldar şahyrmyz Magtymgulydyr„[1]

Şeýle pikir S. Garryýew köp sanly barlaglardan soň gelipdi. Ony biz şu aşakdaky bölümlerde görýäris:

“Magtymgulydan öňki edebiýatda durmuş hakykatynyň suratlandyrylşy„ , “Magtymgulynyň poeziýasynda realistik we romantiki beýanyň özara gatnaşmagy„ , “Magtymgulynyň realistik däpleriniň 19 – njy asyr edebiýatynda dowam etdirilşi we ösdürilşi„ .

Bu baplara syn edenimizde, realizmiň gorizontynyň 11 – 12 – nji asyrlara çenli uzaldylandygyny görýäris. Çünki şahyr arap – pars edebi däplerin – de, gadymy türki poeziýanyň däplerine – de ähmiýet beripdir. Aslynda, şahyryň çeper mazmun sistemasyny öwrenmezden, ur – tut realizmi yzarlamak kyn. Ony biz D. Nuralyýewiň “çeper mazmunyň differensirleniş prosesi„ /1975/, A Bekmyradowyň “Magtymgulynyň poeziýasynda şahyrana däp hem täzeçillik gözlegleri„ /1989/ ýaly saldamly monografiýasynda – da görýäris.

---

[1] Garryýew S. Magtymguly we edebiýatda realistik tendensiýa. Aşgabat: Ylym. 1978. 30 s.

Realizm we türkmen edebiýaty, umuman, “Realizm hem Gündogar edebiýaty„ , galyberse – de“ , “Realizm we dünýä edebiýaty„ diýen problema 60 – njy ýyllarda SSSR – iň ähli alymlaryny “Jadylady„ , alymlar we tankytçylar oňa zähmet baryny siňdirdiler. Munuň özi ylym we tankydyň örän aýdyň hyzmatdaşlygydy.

Biz ýene-de Magtymguly ylym tankyt meselesine dolanyp gelmekçi. Ýöne öňürti beýik şahyr hakda çykan makala ýygyndylaryna ser salalyň. Rus we türkmen dillerinde beýik şahyryň ömri we döredijiligi barada jemi bäş ýygyndy çykdy.[1] Şolaryň dördüsi şahyryň 225 ýyllyk ýubileýi 1959 – 1960 – njy ýyllarda geçirilende çyksa, biri 1983 – nji ýylda 250 ýyllyk ýubileýinde okyjylara gijräk gowuşdy. Olaryň gozgaýan meseleleri barmak basyp sanardan kän. Emma bir hakykat mälimdir – respublikanyň gumanytar ylymlary bilen meşgul bolýan alymlaryň ählisi şahyr barada ellerinde gelenlerini gaýgyrmadylar. Oňa B. Garryýew, M. Kösäýew, A. Kekilow, Ýe. E. Bertels, A. Gowşudow, B. Kerbabaýew, Z. Muhammedow, R. Rejepow, A. Meredow ýaly tejribeli alymlar bilen bir hatarda Ö. Abdyllaýew, A. Myradow, J. Allakow, H. Taňryberdiýew, D. Nuralyýew, N. Esenmyradow, P. Halylow, M. Nurmuhammedow, K. Salyh, Nowiçenko, A. Dadaşzade, Ş. Halmuhammedow, A. Bekmyradow, G. Geldiýew, S. Myradow, Ş. Gandymow, G. Nazarow, N. Gullaýew ýaly başga – da köp tankytçylar makalalary bilen gatnaşdylar. Onda has seýrek meseleler gozgaldy. Bularyň içinden B. Garryýewiň Magtymgulyýewiň dili, G. Mülliýewiň

[1] Magtymguly 225. Aşgabat, TDU-1959ý. 300s.

şahyryň filosofik garaýyşlary, K. Weýisowyň Magtymgulynyň syýahatlary, Ö. Abdyllaýewiň magtymgulynyň tankydy garaýyşlary, onuň halkylygy, R. Rejebowyň Magtymguly we Orta Aziýa, Azarbeýjan halklarynyň edebiýaty, B. Jurmanagiň Magtymguly rus dilinde, A. Kekilowyň Magtymgulynyň edebi däpleri we biziň poeziýamyz, A. Mulkamanowyň Magtymgula nähili düşünmeli, Ş. Gandymowyň Jemşidiň jamy, D. Nuralyýewiň Azady we Magtymguly, M. Garryýewiň Magtymguly we aýdy – saz sungaty, G. Geldiýewiň Magtymgulynyň söýgi lirikasynda halkylyk ýaly örän gyzykly makalalar bar.

Dünýä meşhur rus alymlaryndan F. Bakuliniň, I. Belýaýewiň, A. Samoýloiçiň, E. Bertelsin, I. Braginokiniň, M. Bogdanowanyň hem beýik türkmen şahyry baradaky makalalary umumy türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň, çeper tankydynyň kämilleşmegine uly ýardam etdi. Emma, dorusyny aýtmak gerk, şahyryň 250 ýyllyk ýubileýinde çykarylan ýygyndyda ýekeje rus alymynyň makalasy hem çap edilmedi. Her niçik, bu fakt gowy däl. Sebäbi her bir ýubileý çäresi öňkülerden has giň, has çuň bolmaly. Ony dünýä medeniýetiniň tejribesi görkezýär. Bu kemçiligi bellemek bilen bir hatarda, Türkmen alymlarynyň özleriniň has işeňňirleşendigini bellemek ýakymlydyr. Aýdaly, ozalky ýubileýlerde Magtymgulynyň halk medisinasy, himiýa, geografiýa, kosmos dogrusyndaky düşünjeleri hakynda pikir ýöredilýärdi. 250 ýyllyk ýubileýinde bolsa bu meselelere degişli K. Amannepesowyň, Ç. Kulyýewyň makalalary çap boldy.[1]

[1] Magtymguly-250. Aşgabat: Ylym , 1989, 232-246 s.

Emma Magtymguly barada edilen işleriň arasynda S. Myradowyň “Asyrlaryň jümmişinden /Magtymguly hakynda oýlanmalar/„ atly kitabyny ylym bilen tankydyň baglanyşygynyň bir fakty hökmünde agzaman geçmek bolmaz?[1] Dogry, beýik akyldar barada publisistik planda H. Durdyýewiň,[2] O. Ýagmyrowyň[3] hem kitaplary çykdy. Ýöne biz soňky ikisini işimiziň soňky bäşinji babynda derňeýänligimiz üçin, olary şu ýerde diňe agzamak bilen saklanyp, esasy ünsi S. Myradowyň ýokarda ady agzalan monagrafiýasyna hem – de “Zelili. Şahyryň döwri hem döredijilik dünýäsi”[4] diýen kitabyna bermekçi bolýarys.

Dogry, tankytçynyň Magtymguly baradaky oý – pikirleri birden döremedi. Onuň başlangyjy S. Myradowyň “Edebi çekişmeler“[5] atly birinji ýygyndysynda bardy. Şondaky “Rowaýatlar, goşgular hem logike„ diýen bölüm we “Türkmen durmuşy we Magtymguly„ diýen makalasy “Asyrlaryň jümmüşinden„ atly monografiýa tutuşlygyna girizilipdir.

Ozaly bilen, S. Myradowyň zehinli tankytçydygyny, kärdeşleriniň arasynda ilkinji bolup, klassyky mirasa tankydy nazar aýlandygyny, onuň bu ugurdan yhlas edendigini oňat fakt höhmünde

---

[1] Magtymguly-250. Aşgabat: Ylym , 1989, 232-246 s.

[2] Durdyýew H. Akyl gämisi. /Magtymguly hakynda oýlanmalar/ Aşgabat: Türkmenistan. 1987, 143s.

[3] Ỳagmyrow O. Magtymgulynama. Beýik akyldaryň ömür beýany. Ilkinji gezek neşir edilýär. Aşgabat: Türkmenistanyň medeniýet hazynasy. 1992, 156s.

[4] Myradow S. Zelili. Şahyryň hem döredijilik dünýäsi. Aşgabat: Türkmensitan. 1983, 240s.

[5] Myradow S. Edebi çekişmeler. Makalalar ýygyndysy. Aşgabat: Türkmenistan. `1971, 44-109s.

bellemelidiris. Beýik magtymguly zamanynda taryhy ýazgy dokumentleriniň saklanmanlygy, hatda eserleriň awtografynyň hem ýoklugy onuň biografiýasyny – da, eserleriň originallyk meselesini – de kynlaşdyrýar. Şonuň üçin alymlaram, ýönekeý okyjy – da ol hakda dilden – dile asyrlar boýy geçip gelýän rowaýatlara, tymsallara salgylanman durup bilmez. Elbetde, şahyryň eserleri birinji planda durýar, ýöne halkyň aýdan – diýenlerini hem hasaba alman bolmaz. S. Myradow, şol pikirlerden ugur alyp, magtymguly barada guraksyakademizm stilinde däl – de, erkin pikir ýöredýär. Belli derejede onuň pikir öwürmeleri öz poležitel netijesini – de beripdir diýmek mümkin. Meselem, ol türkmen alymlarynyň köp işlerini okap, olar bilen jedelli pikiri orta atyp, umumy sözler bilen şeýle ýazýar:

“Klassiki edebiýatymyza degişli täsin faktlary gyzylyň gyryndysy ýaly edip, şol rowaýatlaryň tot – çaňynyň arasyndan saýlap alnan halypa alymlarymyzyň bitiren işleri görelde alarlyk nusgadyr“[1]

Emma S. Myradow beýik şahyry öwrenmeklige ömürlerini sarp eden akademikler, profssorlar, ylymlaryňdoktorlary we kandidatlarynyň düýpli işleri hakynda şol howaýy sözlerden başga hiç hili oňat zat aýdanok. Tersine, onuň kitabynyň üçden iki bölegi, hatda 99 prosenti alymlara ýerliksiz igençden doly. Biz ony M.Kösäýewiň /4, 8, 11, 12, 14, 24, 30, 78 – 79, 82, 88,115 – nji sahypalar/, B. Garryýewiň /6, 8, 12, 15, 16, 34, 35, 60,78, 80, 93, 94, 97, 102, 117, 166,180 – nji sahypalar/, H. Göroglynyň /13, 61, 63, 89, 90, 115–nji sahypalar/, D.

---

[1] Myradow S. Asyrlaryň jümmüşinden. 3 s.

Nuralyýewiň /4, 15,24,29,30 – njy sahypalar/, K. Durdyýewiň /54 – nji sah./,G. Çaryýewiň /32 – nji sah./, G. Sähetmyradowyň /75, 115, 117 – 118 – nji sahypalar/, Ö.Abdyllaýewiň /150 – nji sah./, R. Rejepowyň, A. Myradowyň /153 – 154 – nji sahypalar. Işlerine bagyşlanan sahypalarda görýäris.

Galyberse-de, klassyklar barada nähili iş ýazylanda-da, Türkmenistan ylymlar akademiýasynyň golýazmalar bölüminde peýdalanman pikir ýöretmek birtaraplylygy alyp barardy. S.Myradowyň bu işi tendensiallykdan halas däl. Ýönekeý logika bar-eger şonça alym Magtymguly barada bir peýdaly, bir oňlar ýaly pikir, fakt aýdyp bilmedik bolsa, onda arap-pars tekstinden başy çykmaýan, köne türkmen ýazuwyny eline almadyk, alaýanda-da, ony okap bilmeýän S.Myradow hem subutly zat aýdyp bilmese gerek. Bu nigilistik çemeleşme tankytçynyň pikiriniň ylmy esassyzlygyny görkezýär. Golýazmalar bölüminde bir gün işlän adam hakda-da ýazgy ýöredilýär, dokument saklanýar. Emma S.Myradow golýazmalar bölüminiň materiallaryndan asla peýdalanmandyr. Aslynda alymlaryň garaýyşlaryny göre-bile inkär etmek S.Myradowyň işleriniň özenidir. Ol „Taryh. Edebiýatyň taryhylygy“ atly kitabynda B.Şamyradowy (17-44-nji sah.), N.Atdaýewi (25-26-njy sah.), „Düýnki hem şu günki edebiýatyň aladalary“ diýen kitabynda bolsa S.Garryýewi (5, 12, 15, 23, 24, 29, 55, 60-njy sahypalar), G.Nazarowy (72-nji sah.), H.Hanowy (73-nji sah.), M.Öwezgeldiýewi (78-nji sah.), G.Geldiýewi (80-122-nji sahypalar), D.Nuralyýewi (145-154) diňe janyýangynlylyk bilen inkär etmeklige çalyşýar.

Şu ýerde bir adalatly sorag ýüze çykýar. Eýsem ol kime gol ýapýarka? Ol A.Ahundow Gürgenliniň, A.Myradowyň, S.Durdyýewiň pikirlerine gol ýazýar. Bu ýoldaşlaryň hem dogry we nädogry pikirleri bar. Ýöne Tankytçy diňe iki eli bilen olaryň ähli diýenlerini goldapdyr. Munuň nädogry poeziýadygyny edebiýat taryhyndan sähelçe habarly adam bilýär. S.Myradowyň bu ildeşlik, tireparazlyk meýilni G.Geldiýew „Şygryň gudraty“ (1985), „Taryh.Edebi ykballar“ (1990) ýaly kitaplarynda obýektiw suratda görkezdi. Onuň goýberen säwilikleri sanardan kän. Biz ony S.Myradowyň „Zelili“ diýen mongrafiýasynda hasda açyk görýäris.

Soňky 15-20 ýyllykda meşhur klassyklarymyz Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Keminäniň Mätäjiniň Seýdiniň Zeliliniň ýubileýleri giňden bellenilip geçildi. Munuň özi rewolýusiýadan öňki türkmen edebiýatynyň iň iri wekilleriniň eserleriniň köp böleginiň halk köpçüligine ýetirilmeginden başgada, olar hakda ýazylan monografiýalaryň ylmy makalalaryň ýygyndysy edebiýaty öwreniş ylmyna önjeýli iş bitirendigini  ylmy barlag tejribesinde kämillik basgançagyna çykandygyny hem subut etdi.

Şu jähtden seredilende, Gurbandurdy – Zeliliniňki “çuwdi„. Onuň durmuşy hem döredijiligi hakynda öň toýlary birki gezek geçirilen şahyrlaryňkydan asla kem bolmadyk, belki, biziň pikrmizçe, artygrak düşen iki sany saldmly monografiýa  döredildi. Bular G. Geldiýewiň “Gurbandurdy Zelili„ /Aşgabat, “Ylym„ , 1982/ , S. Myradwyň “Zelili„ /Aşgabat, “Türkmenistan„ , 1983/ atly kitaplarydyr.

Edebi tankytda köpden bäri tanalýan galamdaşlarymyzyň Zelili babatda hyjuwly, esasan, döredijilik gözlegine, ylym filosofiýa agram salýan işleri ýazmaklary, birinji nobatda, şeýle ykjam alada uzak ýyllar garaşan Zelili üçin utuşly bolsa ikinji tarapdan, tankytçylarymyzyň – da professional ukybyny görkezdi. Çünki Monagrafiýalaryň ikisinde – de täze faktlar, analiziň özboluşly täzeçe tärleri öňe sürülýär. Ähtimal, şondandyr "Gurbandurdy Zelilini,, , "Zelilini,, okamak okyja köp zat berýär, entek klassyky edebiýatyň az öwrenilen, häzirki anyklamaly senelerine onuň ünsüni çekýär. Şol "anyklamaly,, diýýänimiz hemişe klassiki edebiýatymyzda dowam edip gelýän SENE, WAKALAR, ŞAHSLAR meselesidir. Ýüregimizden syzdyryp aýtsak, ähli klassyk şahyrlarymyzyň doglan, dünýäden öten ýyllary, "takmynan,, ,"çak bilen,, diýlen ýörelgeden ugur alnyp, ylym işlere, okuw kitaplaryna girizilmegi üçin, henize – bu güne çenli şu meselede özara jedeller köşeşenok. Ol ýönekeý okyjynyda, alymy – da oýlandyrýar. Bu bir. Ikinji tarapdan, her bir atly şahyryň eserlerindäki wakalaryň haçanrak geçenligi – de,başaryp bolsa, şolaryň anyk ýyllary hem gyzyksyz mesele däldir. Ine, biziň gürrüňini edýän monografiýalarymyzyň ähmiýetli tarapy –da şeýle çylşyrymly sowallara aýdyňlyk girizjek bolamak melinden ugur alnyp ýazylanlygydyr.

G. Geldiýewiň kitaby S. Myradowyňkydan sähel öň çykdy. Onda öňden analize gelen käbir faktlara täzeçe öwüşgin bermek, ygtybarly golýazmalar esasynda ol ýa – da beýleki şygryň hak awtoryny takyklamak bar. Belli bolşy ýaly, köpden bäri bagşylaryň dilinde, ýygyndylarda – da Keminäniň adyna gelýän "Orazymyň,, barlagçynyň

yhlasy gözlegi netijesinde, faktlaryň deňeşdirilmegi esasynda Zeliliniňki diýilip takyklanmagy ynandyrjydyr. Bu ýerde “ynandyrjydyr„ diýip oturmagyň özi artykmaç, çünki, tekstologiýa barlagynyň özi dogry göçürilende, oňa şübhe bolup bilmez. Onsoň ylym tarapyndan anyklanan zada gulak gabartman, „Aý, alymlaram işini gutarypdyr, öň biriniňkini hasap edýän goşgularyny soň başga biriniň adyna geçiräýýärler“ diýlip käýarym bildirilýän okyjy närazylygynyň ylym bilen hiç hili dahyly bolup bilmez. G.Geldiýewiň kitabynyň 18-31-nji sahypalarynda bu täsin ylmy açyşyň giňişleýin hem subutly gürrüňi edilýär. 2012-nji bukja boýunça derňelýän „Orazym“ şübhe döredenok-da, barlagçylyk ukybyny, ylmy wyždanlylygyny görkezýär. Muny aýratyn ýanjap aýtmagymyzyň öz „emmasy“ bar. Biziň edebiýaty öwreniş ylmymyzyň metologik problemalary heniz işlenenok, şol sanda tekstologiýanyň gymmaty-da açylanok.Ine, şoňa görä ol ýa-da beýleki fakta anyklyk girizjek bolmak alymlara juda ýeňil düşenok, tersine, kyn bolýar.

Zeliliniň Hywada ýesirlikde bolandygy çyn. Muňa hiç kim şübhelenenok. Emma şonuň haýsy ýyllarda, näçe wagtlyk bolandygy welin oýlandyrýar. Ol hem G.Geldiýewiň şu kitabyndan soň ýüze çykdy. Alym monografiýanyň 41-70-nji sahypalar aralygynda ýesirlik döwri hakda uzakdan uzak gürrüň edýär-de:

„Ýokarky gürrüňleri jemläp aýtsak, Zeliliniň ýesirlik durmuşy 1816-njy, 1819-njy ýyllarda däl-de, 1837-nji ýyldan başlanýar. Ol 1837-nji ýylyň fewral aýynyň başlarynda Etrek-Gürgenden ugrap, mart aýynyň ortalaryna Köneürgenje baryp ýetipdir“ (70-nji sah.) diýýär.

Alymlaryň we okyjylaryň geňirgenmesi-de şundan döreýär. Ençeme ylmy işlerde bu ýesirlik möhleti 1816-1819-njy ýyllar diýlip ýazylyp gelensoň, birhili böwrüňi diňledýär. S.Myradowyň „Anyklyk gerek“ ady bilen „Sowet edebiýaty“ žurnalynyň 1984-nji ýylyň sekizinji sanynda çykan makalasy-da boýdan-başa şol senäni inkär etmekden ybaratdyr. Elbetde, bu üçünji görkezilýän sene, has dogrusy, G.Geldiýewiň birinji gezek öňe sürýän wersiýasy soň-soňlaram gyzyklanma döretse gerek. Çünki onda saldamly we birgiden ynandyryjy deliller bar. Ýöne gep onda däl-de, şol senäniň nähili öňe sürülýänliginde we S.Myradowyň ony ýüregi bilen inkär edýänliginde.

G.Geldiýew şol üçünji wersiýany öz-özünden tapanok-da, dürli çeşmeleri dykgatly öwrenip, öňe sürýär. Şonuň üçin S.Myradowyň „Awtor ol aý-da beýleki mesele barada öňki aýdylyp gelinýän pikiriň dogrulygyna şek ýetirýän ýekeje detal tapýar-da, şony çişirip ugraýar. Öz pikiriniň tersine gidýän faktlary hasaba almajak bolýar“ (119-njy sah.) diýmesi hakykatdan üzňedir.

Elbetde, taryhy çeşmelerde Magtymgulynyňam, Zeliliniňem, başga bir klassyk şahyryňam haçan doglup, haçan ýogalany, nireden nirä gideni, näme üçin gideni görkezilenok. Ony diňe birnäçe faktlaryň, goşgularyň, özem, hökman, arkaba-arka gelýän rowaýatlaryň esasynda, golýazmalaryň ýazylan döwrüne salgylanyp, ylmy çaklama hökmünde orta atmak mümkin. Klassyky edebiýatymyz hakynda aýdylanda, bu şeýledir. Şonuň üçin G.Geldiýewiň, uly tutaryk edinip, „goşgulary taryha kowman, tersine, taryhy goşgulara baglamalydyrys“ (51-nji sah) diýmeginiň hem jany ýok däl. Muny

S.Myradowyň çürt kesik inkär etjek bolmagy-da heňe gelenok (128-nji sah.).

Dogry, biziň klassyky edebiýatymyzyň ýagdaýy rus edebiýatynyňky ýaly döwürme-döwür, ýylba-ýyl, seneme-senem, aýba-aý, hatda günbe-gün kesgitli halda däl. Ony G.Geldiýewem, S.Myradowam, beýlekilerem bilýär. Aýdaly, Puşkiniň 1799-njy ýylyň 6-njy iýunynda doglup, 1837-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda ýogalanyna çenli, tas ähli wakalar berk taryhy anyklykda diýlen ýaly, belli. Emma şonda-da Puşkiniň ölüminiň wersiýalary, başga birnäçe wakalar ýüzlerçe işlerde häli-şindi dürli ýagdaýda getirilýär. Bu ylym. Gözleg dowam edýär. Ýöne biziň klassyky edebiýatymyzyň sene prinsipinde doly öwrenilmeýşi ýaly, taryhymyz hem edebiýata bähbit jähtinden şeýle takyk işlenmän gelýär. Şolary hasaba alanyňda S.Myradowyň janygyp ýazmasynda-da geň-taň zat ýok. Tersine, şeýle edilmegi gowy. Bu onuň hem az azap çekmändigini, köp çeşmeleri dörendigini görkezýär. Emma tankytçynyň G.Geldiýewiň tutuş kitabyndan ýekeje-de položitel pikiri, fakty tapman ýa-da tapmadyksyrap şol öz pikirini öňe sürüp otumagy-da makalanyň birtaraply ýazylandygyny görkezýär. Anyklygam gerek, ýöne zähmete sarpa-da gerek, gözlegiň netijelidigini aýtmagam zerur. G.Geldiýew diňe 1837-nji ýyly öňe sürenok. Ol köp zatlaryň üstüni açypdyr. „Orazymly“ meselede-de, Zeliliniň Hywa däl-de, Köneürgenje äkidilişini anyklanda-da, onuň Seýdi-hoja bilen dostlugy dogrusynda bir gurtarnykly pozisiýadan ugur alanda-da, şahyryň aradan çykan ýeriniň Gyzylarbadyň töwereklerindedigini ýazanda-da, täzelik açýar. Şu zatlary S.Myradowyň görmezlige salmagy onuň

makalasynyň äheňiniň obýektiwlikden ugur almandygyny tassyklaýar.

Magtymguly bilen Zeliliniň daýy-ýegendigine şek ýok. Emma şu ýerde-de S.Myradow meseläni gyşardýar. Ol Zelili Magtymgulynyň ýegeni däl-de, ýegenujy diýen pikirde durýar. Bu mümkin. Emma rowaýatlary diş-dyrnak bolup ýalana çykarýan tankytçynyň özi-de rowaýatlara uýup, şeýle pikire gelýär ahyryn! Onsoň G.Geldiýew işiniň 38-39-njy sahypalarynda telim gezek Zeliliniň şahyryň aýal dogany Hurmadan bolandygyny, Hurmanyň bolsa Azadynyň gyzydygyny tassyklaýan mahalynda, S.Durdyýewiň „Hurma-Magtymgulynyň dogany Zubeýdanyň gyzy“ diýen pikirini ýalana çykarmak (S.Myradow.Anyklyk gerek. „Sowet edebiýaty“ 1984, No8, 127-nji sah.) bolýarmyşynmy? S.Myradowyň pikiriçe, şeýle bolsa-da, biz beýle düşünemzok.

Rowaýatlaryň köplügi Hurma-Magtymgulynyň aýal dogany diýip gygyryp durka, G.Geldiýew oňa gol ýapman durup bilmez. Zelili hem Hurmadan bolan. Alym muny şahyryň öz babasy Azada bagyşlap ýazan „Dady, heý“ diýen goşgusy bilen subut edýär.

S.Myradow makalasynda her bir babatda G.Geldiýewi inkär etmeklige çalyşýar. Hamala, ol Zelilini ozal ylmy taýdan öwrenen S.Durdyýewiň hyzmatlaryny hasaba almaýarmyş. G.Geldiýewiň kitabynda beýle meýil ýok, tersine, ol S.Durdyýewiň ýygnan rowaýatlaryna, goşgularyna salgylanýar.

Elbetde, Döndüli meselede tankytçylaryň ikisi-de bir perdeden gopýar. Zelili Döndä öýlenip bilmändir. Emma Zeliliniň goşgularynda duşýan Meňli-hojaly mesele, awtorlaryň hersiniň aýry-aýry pozisiýada

durmaklaryna getiripdir. Eger S.Myradow „Çoh arman seniň“ diýen goşgusynyň gahrymany Meňli-hoja hany „Munis bilen Agehiniň „Firdaus-ul-ykbal“ atly eserindäki Meňlialy Kapyr bolup çykmagy mümkindir“ diýip çaklamaga birazajyk esas bar“ (S.Myradow. Zelili. 56-njy sah.) diýse, G.Geldiýew ony hakyky Zeliliniň tanan we dostlaşan Meňli-hojasy hasaplaýar.

Bu meselede S.Myradowyň delilleriniň logikasyzlygyny görkezýän şular ýaly faktlar bar:

1.S.Myradowyň ýazyşy ýaly, Meňlialy Kapyr-Muhammedrahym han bilen meslekdeş. Muny tankytçynyň salgylanýan çeşmeleri hem tassyklaýar. Meňlialy Kapyr diýilýän Meňli-hoja boljak bolsa, birnäçe sowallar anyklanmaly:

a)Meňli-hoja-Muhammedrahym han bilen meslekdeş, han raýaty bilen hereket edýän bolsa, -taryhy çeşmeler şony tassyklaýar- onda sürgün wagtynda, „gar-laýa garylyp ýörmän“, han emeldarlarynyň arasynda bolardy. Şeýle boljagyna-da şek-şübhe ýok. Zelili bolsa Meňli-hojanyň „Birnäçesi çykdy laýdan, birnäçesi gyrylyp“ diýen gyrgynçylygynda heläk bolandygyny „Çoh arman seniň“ diýen goşgusynda ýaňzydýar. Bu gapma-garşylyk nireden peýda bolýar?

b)Meňlialynyň lakamy-„kapyr“, Meňliniňki-„hoja“. Eýsem Meňli-hoja diýilýän Meňlialy kapyr bolýan bolsa, näme üçin şahyr „Meňlialy“ ýa-da „Meňli-kapyr“ diýip alaýmadyka?

Emma şahyr gös-göni „Meňli-hoja“ diýýär ahyryn.

ç)Ýene bir ýagdaý.S.Myradowyň salgylanýan çeşmesiniň maglumatyna görä, Muhammedrahym hanyň çakylygyna gökleňlerden Soltan han gelýär, ýomutlardan bolsa

Meňlialy-kapyr gelýär. Sürgün edilýän bolsa-gökleňler. Şunlukda, Meňlialy-kapyr sürgünden çetde galýar. Meňlialay-kapyryň atasy-da, özi-de sürgün edilmändir. Ýagdaý şeýle bolsa, nämä esaslanyp, „Meňli-hojany“ Meňlialy-kapyr bilen çalyşmaly? S.Myradow Meňlialy-kapyryň özlüminiň ikinji müçesine gabat gelýändigini ýazýar. Emma salgylanýan çeşmesinde Maňlialaynyň ölümine gabat gelnenok.Ine, şu ýagdaýyň özem Zeliliniň 1816-njy ýylda sürgün edilmänligine şübhe döredýär.

2.Meňli-hoja bilen Meňlialay-kapyryň-ikisiniň ýary-aýry adamlardygyny, başga-başga şahslardygyny görkezýän ýene bir ýagdaý bar.

S.Myradow „Muhammetrahym han gürgenlileri göçürjek bolanynda, ýarym haýbat, ýarym ýalbar-ýakar bilen set müň zady-ylaýta-da bol ýeri-suwy wada beripdir wadasynyň hem yzynda tapylyp bilmändir“ („Sowet edebiýaty“, 1984, No8, 126-njy sah.) diýip ýazýar. 1816-njy ýylyň gökleň göçüniň şolar ýaly häsiýetde bolandygyny „MITT“ hem belläp geçýär. Emma Zelili, S.Myradowyň we „MITT“-iň 1816-njy ýyla degişli maglumatynyň tersine, özüniň sürgünçiligini başga hili ýagdaýda: bol suwa imrinip ýa-da wadalara aldanyp däl-de, harby sütem zerarly gidendigini juda äşgär aýdýar:

Gije bardy, gündiz barmady aýyk,
Gapyllykda harap boldy halaýyk,
Iş etmedi musulmanlyga laýyk,
Saldy başlaryna gowga, Seýidi.

Şygyryň logikasy we taryhy pursat şeýle görkezýäkä, Meňli – hojanyň, meňli-kafyr bolmagy mümkin däl.

Tankytçylaryň ikisiniň hem işinde bir möhüm detal düşüp galypdyr. Olar Seýdi bilen Zeliliniň dostlugynyň metbugat tarapyndan tassyklanýan (rewolýusiýadan ozalky) undupdyrlar ýa-da bilmeýän bolara çemeli. “Ruznamaýy- Maweraýy- Bahry- Hazar” gazetiniň 1915-nji ýylyň 17-nji iýulynda çykan 55-56 sanda iki şahyryň bir obandandygy, dostlugy hakda iň ilkinji maglumat berilýär. Awtorlar şol maglumaty seljermeli ekenler.Şeýle eden bolsalar, munuň özi senelere, şahslara anyklyk girizmäge ýardam ederdi. Su faktdan soň, birinjiden-ä, S. Myradow: “Seýdi 1836-njy ýylda, hatlar-goşgular ýazylmazyndan 3-4 ýyl öň ahyryn” diýip ýazmakdan saklanardy we kitabynyň 54-nji sahypasyndaky dogry pikirini ösdürmäge mümkinçilik tapardy. Ikinjiden, G. Göldiýew bolsa Zeliliniň sürgüniliginiň möhleti, geçen ýyly baradaky pikirini berkitmäge ýene bir esas gazanardy.

Biz S. Myradowyň kitabynyň zeliliçilik ylmyny ösdürmäge düýpli goşandynyň bardygyny ykryr edýäris. Tutuşlaýyn hem şeýle, aýry-aýry faktlara ser salanda hem, tankytçy sagdyn pikirden ugur alýar. Meselem, ol Zeliliniň “Çendi byradar” diýen goşgusyndaky ýatlaýan Magtymgulusyny “Magtymguly-Pyragydyr öýtmäge entek ýeterlik delil ýok. ( S.Myradow “Zelili”, 159-njy sah.) diýende dogry pikirden ugur alýar. Ýöne goşgy şahyryň ömrüniň soňky ýyllarynda ýazylan bolsa, onda gelýän Magtymgulynyň beýik şahyryň ady dakylan şahs bolmagy

mümkin. Galybersede, Mämmet Gurbanyň kimligini anylajak bolmaly. Bu- özbaşdak mesele.

Zelili klassiki edebiýatda has realist, özän anyk realist şahyr hökmünde tanalýar. Onuň “Nyşan, Seýdi”, “Salam Seýdi”, “Meňli Hoja han seniň” diýen şygyrlarynyň wakanyň edil gidip duran pursatynda ýazylandygy şubhämiz ýok.

Tankytçylaryň ikisiniň işinde ownuk kemçilikler düşýär. G. Gölliýew kitabynda (94 sah.) “Zeliliçilik metodologiýa” diýen düýünjäni ulanýar. Bu elbetde, nädogry ýazýar. Zelilçilik ugur bolup biler, ýöne metodologiýa-ol tutuş ylmy, idealogik sistemany aňladýar.Awtorlar Zeliliniň goşgularynda ummasyz köp salgylanýarlar. Göldiýewde 300 bent, Myradowda 184 bent mysal alynýar. Bu juda köp dälmikä? Ol analiziň meýdanyny gysýar.

S. Myradow “Zelili” diýen monografiýasynda, umuman, ýapa degmeýän pikirlere hasda köp gaýtalap, meseläni juda bulaşdyrýar.Ine, şu mysallara üns bereliň:

“Zelili öz halkynyň eýranly, hywaly basyp aljylara garşy alyp barýan söwerlerinde ýolbaşçylyk etdi. Içinde janyň barka watana nädip hyzmat etmelidigini görkezdi. Aziýada, Afrikada, Latyn Amerikasynda şu günem ençeme halklar milli özbaşdaklyk üçin kolonial sütüme göreşýär. Diýmek, Zeliliniň bütin ömrüni, zehinini bagş eden işi dünýä masştabynda şu günem dowam edýär”[1].

Beýle aýagyny ýerden üzmek nämä gerek? Zelili nire, şu günki Aziýa, Afrika ýurtlarynyň kolonial şertlerde alyp barýan milli azat edijilik hereketi nire! Tankytçynyň

[1] Myradow S. Zelili.-Aşgabat: 1983.-5 s.

bu fantaziýasyna hiç kim gol ýapmasa gerek Berk esasy ýok, Zelili barada halkpähimleri hasaba alynmanýazylan bu iş hem “Asyrlaryň jümüşinde” diýen monografiýasy ýaly harsallykdan halas däl.

Muňa gerek alymlar toparynyň “Zelili” diýen makalalar ýygyndysynda örän gymmatly faktlar, çuň ylymy – tawretiki pikirler bolup, Zeliliniň 200- ýyllyk ýubileýine örän uly goşant boldy. Aýratynam G.Goldyýewiň “Gurbandurdy Zelili” diýen düýpli monografiýasy şahyryň şahsyýetini açmaklyga uly itergi berdi. Şeýle işler käbir tankydy ýa-da ylmy nätakyklyklaryň bolandygyna garamazdan, ylmy – tankyda, tankyda ylma bagly edip goýdy.

Biz hemişe, edebiýaty öwreniş ylmy bilen edebi tankydyň ýakynlygy hakynda gürrüň edenimizde, bir hakykaty unutmaly däldiris. Ol hem-ylmyň hakykata ýakynlygy. Sebäbi alym öz obýekti üçin il içine çykýar, arhiwlerde golýazmalar fondlarynda işleýär, şol obýektiň neşirlerini birin-birin gözden geçirýär. Şu nukdaýnazardan seredilende, alymyň ylma nämä getireni belli bolýar.Meselem, Zelili barada Sary Durdyýewiň kondidatlyk dissertasiýasy ýazanyny ylmy jemgyýetçilik belleýär.Ýöne şahyr barada maglumat berdi, şahyryň ozal çap edilmedik birnäce goşgularyny tapyp getirdi diýmesek, ol, gynansagam, alym hökmünde alga alar ýaly ýekejede agramlypikir ýöredip bilmedi,

Şonuň üçin hem onuň dissertasiýa işini ýubileý günlerde okyja hödürlemek mümkin bolmady.Gaýtam, ol Zelili hakynda ähli säwlik goýberen adamlardan köp bulaşyklyga ýol berdi. Hatda S.Durdyýewiň okyja kiçi makalasyda Zelili dogrusynda taýýarlanan makalalar

ýygyndysyna girmäge ýaramady. G.Geldiýew ol barada özbaşdak barada iş ýazyp S. Myradowdan ýyl ýarym oňat monografiýany berdi. S.Myradow welin, bu hakda dil ýazmaga gaýraty çatman, S. Durdyýewi "ajaýyp iş eden"[1] diýip, okyjynyn aňyny bulaşdyrdy.Şeýle bulaşyklyk S.Myradowyň işlerine ýene-de onlarça ýerde gabat gelýär.

Tankytda fakta daýanmak zerur. Sol bolmadyk ýerinde çekilen zähmet reýgan bolsa hem "Gurbandurdy Zelili" diýen kitabynda hem "Taryh . "Edebi ykballar" atly monografiýasynda hem, "Hawa anyklyk gerek" diýen makalasynda-da , şeýle faktlaryň ýüzlerçesine daýanyp, S. Myradowyň tankydy konsepsiýasy püçege çykardy. Özem S. Myradowyň, faktlardan sowlup, emosiýa bat berşi dogry bellenildi:

"Anyklyk gerek" diýen makala tankytçynyň "Zelili" /"Türkmenistan" neýaty, 1983 ýyl/ atly monografiýasyndaky öňe süren pikirine ters gelýän özge subutnamalary her jüre emosiýalar arkaly "kül-uşak" etdim hasap edip, "men aýtdym- mese3le gutardy" diýlen äheňdäki nokatlar bilen "bezelip" çykyldy. /Bu ýerde gürrüň S. Myradowyň "Anyklyk gerek" ady bilen "Sowet edebiýaty" žurnalynyň 1984-nji ýýlyň 8-nji sanynda çykan makalasy hakda barýar. –E. A/. Emosional ritorikalaryň ylymda alyp biljek galasynyň ýokdugyny bilsek-de, ýasama zatlary kä halatda halatda hakykat görnüşde görkezip bilýänligini boýun almagymyz gerek. Ylmy esassyz emosiýaly gürrüňleriň tebigaty şeýleräk bolansoň hakyky ýagdaýdan bihabar okyjy S. Myradowyň

[1] Myradow S. Zelili.-Aşgabat: 1983.-7 s.

düşündirişlerini hakykat şekilli bir duýgy bilen kabul etmegi-de juda ähtimal.

Şol sebäpden bar zatdan ileri durýan wajyp bir zadyň hatyrasyna –ylmyň hatyrasyna, adalaty öz ornunda goýmagyň hatyrasyna ýagdaýdan okyjyny habarly etmelidiris. Gürrüň Gurbandurdy Zeliliniň Hywa sürgün edilişi, ýyly we şol waka bilen galtaşykly taryhy ýagdaýlar hakda barýar.

Biz hem bu fakta anyklyk girizmek üçin şu ýerde bir zady nygtalyň. Köp alymlar, şol sanda S. Myradow, Zelili Hywa 1816 –njy ýylda sürgün edilipdir diýen pikiri öňe sürýär. Emma G. Geldiýew köp barlaglaryň netijesinde ony 187-njy ýylda diýip hasaplady. Şu piker hem dogry bolup çykdy.

Aslynda Zeliliniň dosty Seýitnazar Seýdi däl-de Seýdi-hoja. Ol Zelili bilen bir obadan hem döwürdeş diýen pikiri takyklap, öňe süren hem G. Geldiýewdir. Ol hakda işiň bäşinji babynda ýene durarys. Biz bu ýrde klassiklaryň ýubileýleri mynasybetli çykan ylmy-tankydy makalalar ýygyndylarynyň ýumagyny çözlemegi dowam etdirýäris.
Ýubileý çäreleri sebäpli has “hasylly” şahyr Keminedir. Ol barada iki sany makalalar ýygyndysy okyja ýetirildi.
Bu ýygyndylar ylym bilen tankydyň arabaglanyşygyna degişli hähili pikirleri oýarýar?

Birinji nobatda makalalaryň derňewiniň şol bir oýekte Keminä- gönükdirilendigini bellemeli. Ýygyndy-da şahyryň döredijilik dünýäsi barada alymlaryň, tankytçylaryň uzak ýyllardan bäri dowam edýän filologik gözlegleri şu günüň ylmy-tankydy oýlanmalary bilen sepleşip gidýär. Ony Kemine barada çykarylan birinji makalalar ýygyndysy görkezýär./1971/

Kitapda ýerleşdirilen dört sany makala unsüňizi çekesimiz gelýär. Olar E.Egermanyň “Türkmen edebiýaty dünýä klassiki edebiýaty bilen degşirilende”, P. Skosyrewiň “Kemine” eserini ýazmak ugrunda meniň işleýşim”, D. Nuralyýewiň “Keminäniň “Nesihatlary” iňlis dilinde”, K. Salyhyň “Satira sungatynyň ussady” diýen ýaly makalalardyr[1]. Biz köp sanly makalalaryň arasyndan bulary ýönelige saýlamadyk.

Şahyra degişli makalalara syn bermegi nazarda tutman, diňe ylym we tankyt hyzmatdaşlygyny nygtamak üçin niýetlenen şol makalalarda biz ylmyň, çeper edebiýatyň, ylaýta-da tankydyň hoşniýetli gatnaşygyny görýäris. Aýratynam E. Egerman ýaly daşary yurt edebiýatynyň spesialistiniň türkmen şahyrynyň döredijiligine ýüzlenmesi uly täzelikdir. Bu umuman, türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynyň çägini uzaklara äkidýär. Ony awtoryň özi-de soňraky barlagçylardan Ý.E. Bertels hem tassyklaýar.

Biz bu ýerde Keminäniň “Meňzär” diýen goşgusynyň gadymy grek şahyry SEmonid Amorgskiniň “Aýallar hakynda” diýen goşgusy bilen degşirilişini nazarda tutýarys. E. Egermanyň bu makalasy birinjiligine garamazdan türkmen alymlarynyň hem öz edebiýatlaryny dünýä klassikasy bilen deňeşdirmäge sebäp boldy.

Eýsem E. Egerman makalasyny name maksat bilen ýazypdyr?

Ol makalasynda özünden öňki alymlardan A.N Samoýlowiçiň, F. A Bakuliniň , Wamberiniň, Bartoldyň

---

[1] Kemine. Şahyryň ömrüne we döredijiligine degişli makalalar ýygyndysy. –Aşgabat : Ylym1971. -126, -168-170, 278-281, 360-373 s.

işlerini agzap, olaryň taryhy- lingwistik planda ýazylandygyny, sistemalaýyn däl-de bölekleýin haldalygyny dogry belleýär. Öz maksadynyň welin türkmen edebiýatynyň estetiki gymmatyny açmakdygyny nygtaýar:
“Пришло время отдать должное и их hudožestbennym krsotam, ih estetiçeskoý sennosti, neradko, poistine, porazitelnoý…
No w to wremýa /w XIX weke – E. A. / issledowaniýe ob estetiçeskom dostoinstwe turkmenskoý literatury byli newozmožny kak wsledstwie otsutswiýa sistematiçeskoý swedeniý o ýazyke I obşestwenno –ekonomiçeskoý istori naroda –odnogo iz neobhodimyh predwaritellnyh uslowiý I izuçeniýa iskustwa, suşestwuýuşego teper, blagodarýa rabotam türkologow-istorikow, lingwistow, tak I bidu toý politiki, kotoruýu sarskaýa wlasst prowodila w stranaýa Sredneý Azii”[1]

Tejribesi köp, rus, ýewropa , umuman daşary yurt edebiýatlaryny ökde bilýän Egerman aýratynam Keminäniň “Meňzär” diýen goşgusyny Semonid Amorgsiniň aýallaryň klassikasifikasiýasy hakyndaky goşgusy bilen göwnejaý degşirýär.
Soň türkmen şahyrynyň garyplyk hakyndaky şygryny hem grek şahyrlary Arhilohyň, Anakreotyň, satiriki eserlerini bolsa Geýnäniň, Lermontowyň goşgularyna deňeýär. Şeýdip, ol türkmen edebiýatyny dünýä nusgalaryna ýakynlaşdyrmaga gyzykly synanşyk edýär.
Şeýle ilkinji synanşyk köp täsin teoretiki pikirleri oýarýar.

---

[1] Egerman E. Turkmenskaýa literature w srawleniý s mirawoý klassikoý// Kemine – 200, Aşgabat : Ylym, 1971- 361-362 s.

Mälim bolşy ýaly 1940-njy ýylda Keminäniň aradan çykan /1840/ ýylynyň ýüz ýyllygy dabaraly bellenip geçilýär. Beýik Watançylyk urşy döwründe bolsa rus, ukrain hem beýleki milletleriň alymlary, edebiýat hem sungat işgärleri Aşgabat, wagtlaýyn ewakuasiýa edilýär. Egerman hem şolaryň biri bolup Keminäniň, Magtymgulynyň, Mollanepesiň şygyrlaryny dünýä poeziýasynyň nusgalary bilen deňeşdirip, olaryň parallellerini tapmaga birinji ädim ädipdir. Ony tankytçy D. Nurlyýew dogry belläp, bu ideýany ösdürmäge türkmen alymlarynyň, tankytçylarynyň arasynda ilkinji bolup, şol ugra degişli makala ýazdy we Keminäniň "Garyp", "Garyplyk" diýen şygyrlaryny şotland şahyry Robert Bensiň "Garyp hem adamdyr" atly şygry bilen deňeşdirdi:
"Türkmen klassiki poeziýasynyň käbir nusgalaryny dünýä edebiýatynynyň naýbaşy şygyrlary bilen degşirmeklige ilki synanşan E. Egermandy. Onuň "Türkmen adebiýaty dünýä klassikasy bilen degşirilende" atly gyzykly makalasy 1943-nji ýylda "Sowet edebiýaty" žurnalynyň 2-nji sanynda çap edilýär. Şondan öňem-soňam bu tema hiç kim tarapyndan gozgalmady. Hatda E. Egermanyň özem makalasynda şu ugurdan subutly zat edilmändigini dogry belläpdir. Türkmen şahyrlarynyň, ylaýta-da Magtymgulynyň Puşkine, Mollanepesiň Fete, Keminäniň Geýnä dil ujyndan deňeşdirilýändigini, emma düýpli subut edilmän galýandygyny görkezipdir[1].

Keminäniň doglan gününiň 200 ýyllygy bellenilýän günlerde /1971/ ýazylan bu makalasynda D. Nuralyýew Egermanyň pikirini ösdürýär hem Keminäniň şygryny hut

[1] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk.- Aşgabat : Türkmenistan, 1987. 12—13.s.

öz döwürdeşi Robert Bernsäniňki bilen /1759-1796/ hem-de iki şahyryň durmuşyny biri-biriniki bilen ýerlikli deňeşdirýär:

"Robert Bens öz ýurdunda näletlenen, Şotlandiýanyň lordlary tarapyndan ezýet baryny çeken we ömrüniň ahyryna ýazan eserleriniň hörüp bilmän öten şahyr. Edil şonuň ýaly-da Şotlandiýanyň garyp kwartallarynda güzeran gören şahyr. Beýle ýagdaýyň şaýady bolan adam umumyhalk hesretini suratlandyrman durup bilmezdi. Onuň şygrynyň ahyrky bendi ýle ruhda tamamlanýar:

"Bu külpetden dynar haly garybyň,
Her ýodadan iner ýoly garybyň,
Dogan bor gardaş bor ynsan barysy-
Dost –ýara döner ili garybyň"[1]

Keminäniň "Garyplykdaky" soňky bent umytlylygy ündeýär:
"Kemine diýr, geler bir gün şum ölüm
Kimsäge toý-baýram, kimsäge zulum,
Gyýylma, ynjama, sabr eýle köňlüm,
Gelipdir bir zaman, öter garyplyk."

Biz bu fakty türkmen edebiýaty öwreniş ylymda, tankydynda täze bolany üçin agzadyk. Ol iki ugur ylym we tankyt bilelişikli işlände, has köp peýda berjekligini aňladýan faktdyr. Ony tankytçy A. Myradow bilen edebiýatçy M. Gurbansähedowyň "Keminäniň obrazy çeper edebiýatda" , folklorçy hem tankytçy Ş.

---

[1] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk.- Aşgabat : Türkmenistan, 1987. 16-17 s.

Halmuhammedowyň “Kemine türkmen folklorynyň özboluşly obrazy hakynda” hakynda diýen ýaly makalalary hem oňat görkezýär.

Şahyr hakynda 1975-nji çykarylan makalalar ýygyndysy birinjiniň üstüni getirýär. Biz onda-da alymlaryň uly toparynyň makalalaryny görýäris. Mahlasy iki ýygyndy-da hem uly edebiýatçylar B.Garryýew, M. Kösäýew, A. Kekilow, S.Garryýew dagy bilen bir hatarda tankytçylardan K.Jumaýew, K.Salyh, A. Myradow, D. Nuralyýew, Ş. Halmuhammedow dagy Keminäniň ömrüni, döredijiligini öwrenmeklige önjeýli goşnt goşupdyrlar[1].

Serkerde şahyr Seýitnazar Seýdiniň 200 ýyllyk ýubileýiniň geçýän günlerinde türkmen alymlary, tankytçylary aýratyn işeňňirlik görkezdiler. Çünki ýubileýleriň yzly-yzyna geçirilmegi ylym we tankydy uly agtaryşlara çagyrdy. Biz bu döwürlerde çykan ylym we tankydy “önümi” arifmetiki hasaba almasak-da, factor manysynda ol hemmelere aýandy. Ýöne bir hakykat welin aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Haýsy ýubileý geçse geçsin, hemişe respublikada iň tejribeli alymlar, tankytçylar bu tutumdan galman, köp sanly makalalar bilen çykyş edipdirler. Şolaryň arasynda biz ýene-de B.Garryýew, S. Garryýew, Z.B Muhammedowany, A.Meredowy, G.Nazarowy hem edebiýatçy hem tankytçylardan K. Jumaýewi, Ö. Abdullaýewi, J.Allakowy, H. Tňryberdiýewi, D. Nuralyýewi, Ş. Halmuhammedowy, A. Mämmedowy, A. Garryýewi agzamaly bolýarys. Sebäbi olar bu döwürde hem ýörite

[1] Mämmetweli Kemine. Şahyr hakynda ylmy dokladlar, makalalar we habarlar. –Aşgabat. Ylym. 1975. 362 s.

ýygyndylarda hem gazet-žurnallarda , hem radio-telewideniýada ol ýa-da beýleki şahyr – ýubilýar barada örän gyzykly şol bir wagtyň özünde çylşyrymly problemalardan yzly-yzyna makalalar bilen çykyş edipdirler. Seýitnazar Seýdi barada anyk aýdylanda ilki H.Taňrygulyýew bilen K.Jumaýewiň adyny agzamagymyz hem şonuň üçündir. Bu iki tankytçynyň hersiniň Seýdi baradaky ýygyndyda iki makalasy çykypdyr. Elbetde , ol makalalar ozal metbugatda peýda bolandygyna garamazdan , filologiýa nukdaý nazaryndan täzeçe ýaňlanýar.

Eger K. Jumaýew "Seýdiniň "Goşa pudagym" dessany" , "Şahyr barada täze eser"[1] diýen makalalarynda ozl ylymda seýrek işlenen "Goşa pudagym" elegiýasyny, N. Pommanyň "Seýdi hakynda söhbet" diýen powestine ser salsa, H. Taňryberdiýewiň "Seýdi Magtymgulynyň däplerini dowam etdirijidir" , "Seýdiniň eserleriniň täze neşiri"[2] diýen makalalarynda atlaryndan mälim bolşy ýaly biri edebiýaty öwrenişiň "goja" meselesine – däbe beýlekisi tankydyň wezipesi- syn žanryna Seýdiniň 1959-njy ýüylda çykan neşirine bagyşlanypdyr.

Şunuň ýaly tankytçylarymyzdan D.Nuralyýewiň "Çeper mazmunyň ösmeginde Seýdiniň roly"[3], A.Garaýewiň "Seýdiniň poeziýasynda graždanlyk äheňleri"[4] A. Mämmedowyň "Seýdiniň liriki

---

[1] Watançy şahyr Seýdi . Makalalar ýygyndysy.- Aşgabat : Ylym, 1976. 55-56, 201-205 sahypa.

[2] Şol ýerde, 57-76 s. 174-178 s.

[3] Watançy şahyr Seýdi . Makalalar ýygyndysy.- Aşgabat : Ylym, 1976. -97-106 s.

[4] Şol ýerde, -119-123 s.

gahrymanynyň häsiýetindäki esasy alamatlar”[1] , J. Allakowyň “Watançy şahyr barada monografiýa”[2] ýaly makalalaryny hem aýratyn bellemek zerur. Diýmek bir ýygyndyda alty tankytçy çýkyş edýän bolsa onda tankydyň edebiýaty öwrenişe has içgin aralaşandygyny aýtmak bolar.

Seýdi barada makalalar ýygyndysynda köne edebiýatçy alymlaryň azlygyny, aýratynam bu ýerde rus alymlaryň azlygyny bellemek gerek. Biz bu ýygynda ahundow – Gürgendinin, G. Karpowyň, B. Garryýewiň , A. Taýymowyň, B. Jürmenegiň makalalaryny hasap etmesek, ähli edebi tankydy piker 60-80-nji ýyllaryň tankytçylarynyň gerdenine düşýär. Ol eýýäm türkmen tankydynyň problemalara ýiti aralaşandygynda başga , belli derejede ylmyň çözmedik heniz orta atmadyk, eger atsa-da, konserwatiw çemeleşmelerden çykman şol bir fakty gaýtalap, hiç täzellik girizip bilmeýändiginiň üstüni açmaga dalaş edýär. Diňe bir dalaş etmek däl, akylly-başly subut edip, bilýändigini görkezýär. Biz ony işiäşinji babynda G. Geldiýewiň, A. Bekmyradodwyň edebiýaty öwrenişe degişli kitaplarynda J. Allakowyň, D. Nuralyýewiň tankyda dahylly işlerinde görüp geçeris.

Tankytçylar, Mätäjiniň, Kerbabaýewiň ýubileýlerinde hem aktiw çykyş edip, türkmen edebiýaty öwreniş ylmy bilen aýak goşup bilýändiklerini aç-açan görkezdiler. Bu iki şahyryň, iki söz ussadynyň ýubileýlerini şu ýerde bellemegimiz ýene bir sebäbi bar. Olaryň biri tas XIX asyry aýaklasa, ýagny Mätäji 1884-nji

---

[1] Watançy şahyr Seýdi . Makalalar ýygyndysy.- Aşgabat : Ylym, 1976., 124-132 s.

[2] Şol ýerde, 164-190 s.

ýylda doglup, hamala onuň elinden çeper estafetany alan ýaly XX asyrda täze türkmen edebiýatyny esaslandyranlaryň biri boldy.

Belli bolşy ýaly, 1975-nji ýylda lirikaçy şahyr Mätäjiniň 150 ýubilecirildi. Şol uly ylmy-edebi çärelerde hem ylymdyr-tankyt el-ele berip işledi. Şonda tankytçy A. Garaýew "Mätäjiniň ussatlygy barada"[1] diýen doklad bilen çykyş etse, beýleki tankytçylardan N. Hojageldiýew "Şahyryň sarpasy"[2] , D. Nuralyýew "Duýguçyl obrazlara baý poeziýa", "Tebigat gözelliginiň aýdymçysy"[3], Ş. Halmuhammedow "Mätäjinin didaktikasy"[4], A. Mämmedow "Erkin durmuşyň mätäji"[5] ýaly makalalar bilen çykyş edip, onuň poeziýasyny giň okyjy köpçüligine ýakynlaşdyrmakda baýry edebiýatçy alymlar Z.B Muhammedow, N.Aşyrow, S. Garryýew, A. Meredow dagy bilen bilelikde önjeýli goşant goşdular. Munuň şeýledigi tankytçylaryň batyrgaý piker ýöredişinden, işlerinden publisistik äheňi köpräk ulanýandyklaryndan başga-da anyk faktlara, detallara ýüzlenýändikleri bilen aýan bolýar. Bu hili ýagdaýda öň aňymyza ornaşan käbir düşünjeler hem özgerýär, baýlaşýar. Ony A. Garaýewiň şu pikiri oňat görkezýär:

" Biz şu wagta çenli yşk oduna kalbyny örtedip, joşgunly hem ýangynly goşgulary döreden, ussatlyk bilen päk duýgyny wasp eden ýeke-täk klassik şahyr Mollanepesdir

---

[1] Annagylyç Mätäji// Şahyr hakynda ylmy dokladlar, makalalar we habarlar. –Aşgabat : Ylym, 1978 33-37 s.

[2] Şol ýerde, 204-208 s.

[3] Şol ýerde, 98-103 s.

[4] Şol ýerde, 112-119 s.

[5] Şol ýerde, 197-203 s.

öýder ýörerdik. Emma Mätäjiniň söýgi şygyrlaryny üns berip okanyňda, “Yşk mülkiniň şasynyň” yzyny basyp ýatan, käbir halatda onuň bilen bäsleşýän ikinji bir söz ussadymyzyň barddygyna guwanç bilen göz ýetirýäris.”[1]

Biz klassikleriň heniz gowşak işlenen ýerlerini , ozal orta atylmadyk meselelerini çözmekde edebi tankydyň goşandyny sözüň doly manysynda 60-80-nji ýyllarda gördük diýsek ýalňyşmarys. Emma 20-30-njy ýyllaryň tankydy welin klassiki mirasy, aýratynam beýik Magtymguly inkär edýärdi[2]. Ony tankydyň taryhyny işän A. Kekilow, R. Rejepow, K. Jumaýew ýaly alymlar öňräk tassyk etdiler.

Häzirki zaman türkmen edebiýatynyň düýbini tutujylaryň biri B. Kerbabaýewiň 90 ýyllygynda bolsa, esasan tankytçylar, ýazyjylar çykyş etdiler. Olardan K. Jumaýewiň “B. Kerbabaýew-türkmen sowet edebiýatynyň esasyny goýujydyr”, “B.Kerbabaýewiň döredijiliginde kollektiw zähmet”[3], D. Nuralyýewiň “Beýik Magtymgulydan- uly Kerbabaýewe”[4], A. Garaýewiň “B. Kerbabaýew poemaçy /”Kepän dodagyň” mysalynda/[5], J. Allakowyň “B. Kerbabaýewiň romanlarynda işçiniň obrazy”[6], Ş. Halmuhammedowyň “Azatlyk gadyryn biliň, a gyzlar !”, “B. Kerbabaýewiň döredijiliginde folklor

---

[1] Mätäji 33 s.

[2] Kekilow A, Rejepow R, Jumaýew K, Türkmenistanda tankydy pikiriň döreýşi hem ösüşi. –Aşgabat : Ylym, 1969 – 153 s.

[3] B.Kerbabaýew // Ýazyjynyň 90 ýyllyk ýubileýiniň materiallary. Aşgabat :Ylym,1987 68-75, 207-220 s.

[4] Şol ýerde, -256-264 s.

[5] Şol ýerde, 242-255 s.

[6] B.Kerbabaýew // Ýazyjynyň 90 ýyllyk ýubileýiniň materiallary. Aşgabat :Ylym,1987 147-150 s.

däpleri”[1], K. Berdiýewiň “Adam gören ýalydy”[2] diýen makalalaryny görkezmek bolar.

Ine, şeýle faktlar ylym we tankydyň biri-birine gatnaşygynyň barha berkeýändiginiň şaýadydyr.

[1] Şol ýerde, 235-241 s.
[2] Şol ýerde, 161-166 s.

# BÄŞINJI BAP

## Özgerdiş döwrüniň çeper tankydy

Dowam edýän tankydy proses 1985-nji ýylyň aprelinde döwrümiziň, jemgyýetimiziň täze bir öwrülişigi bilen ýüzbe-ýüz boldy. SSKP MK-nyň şol ýylyň edil şol aýynda geçen plenumy halkara, şonuň bilen bir ýagdaýda edebiýatymyza, sungatymyza, geçmiş ruhy mirasymyza ullakan erkinlik berdi. Ol barha kämilleşip, beýleki, SSSR-iň sostawyna giren respublikalaryň özbaşdak bolşy ýaly, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň-da erkin, garaşsyz, özygtyýarly bolmagyna alyp geldi.

Eger muny biz meseläniň syýasy-jemgyýetçilik tarapy hasaplasak, çeper edebiýatda, şol sanda tankytda örän uly özgerişlikler peýda boldy. G.Kulyýewiň “Gijigen ökünji”, R.Esenowyň “Çüýremegi”, A.Janmyradowyň “Ak ýoluň azaby”, O.Ýagmyrowyň “Duman daganda”, H.Meläýewiň “Melgun”, A.Nurmämmedowyň “Nuhuň tupany” diýen eserleri, tankytçylardan J.Allakowyň, D.Nuralyýewiň, A.Nurmämmedowyň, S.Hydyrowyň, D.Gurbanowyň täze-täze makalalary, kitaplary peýda boldy. Eýýäm 90-njy ýyllary başdan geçirýän mahalymyzda, tankyt häzirki edebi prosese üns bermegi gowşatman, köne mirasa ähmiýet bermegini öňküsinden artdyryp ugrady. Täzeçe oýlanmak, original ýollary agtarmaklyk başlady.

“Edebiýat we sungat” gazetiniň “Sowet edebiýaty” žurnalynyň redaksiýalary has batyrgaý, jedel döredýän, özem döwrebap problemalaýyn makalalary bökdemän çap edip başladylar. Bularyň daşyndan, ylym we tankydyň

soýuzyny berkidýän düýpli monografiýa işleri hem, peýda boldy. Hatda 50-nji ýyllarda, aktiwlik görkezip, soň ylma berlip giden M.Annagurdow ýaly tejribeli tankytçylaryňam täzeden işeňňirleşdi. Aýratynam beýik Magtymgulynyň töwereginiň tankyt “märekesi” artyp başlady. Ol özgerişleri görmezlik bolsa mümkin däldi. Şeýle aktiwlik edebi tankydyň tema çägini giňeltdi, ol indi diňe edebi prosese däl, neşirýat we dil meselesine hem gatnaşyp başlady. Iň gowusy, 1985-1990-njy ýyllar aralygyndaky tankyda hronikalaýyn planda nazar aýlamak möhümdir.

1986-1990-njy ýylyň “Edebiýat we sungat” gazetiniň sanlarynda täze döwrüň öwüsgüni özüni güberçekleýin görkezip başlady. Onuň sahypalarynda, ozaly bilen, görnükli tankytçy D.Nuralyýawiň “Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy” diýen makalasy peýda bolanda, respublikanyň ylmy-döredijilik jengyýetçilik dünýäsiniň nähili sarsgyn tapandygyny ýatlamak ýeterlikdir.[1] Tankytçynyň bu jedelli makalasyna respublikanyň hemme künjeginden örän köp seslenme gelip, ol bir ýyldan gowrak wagta çekipdi. Şeýle makala ýazylmalydy, onuň wagty ýetipdi. Özem örän batyrgaý, oýlanyşykly ýazylan bu makala uly şahyrlar hem, ýönekeý okyjylar hem aktiw seslenipdiler.

Dogrusyny aýtsak, tankytçy D.Nuralyýew şygyr taryhyny, onuň prosesini örän gowy bilýän alym. Onda ylmylyk we tankydy ruh gowy sazlaşmak bilen, her bir gozgalýan meseläniň ýerlikli gozgalyp oňyn çözülmegine uly ýardam edýär. Bu makala, aslyýetinde, adaty makala

---

[1] Nuralyýew D. Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy. –Edebiýat we sungat, 1986, 5s.

bolman, türkmen tankydy pikirini ýokary göteren makala boldy. Onda 1975-1985-nji ýyllaryň on ýyllyk şahyrana “hasylyna” nazar aýlandy. G.Ezizowdan soňky nesliň ösüş ýoly inçelik bilen yzarlandy. Okyjy A.Atabaýewiň, O.Annaýewiň, N.Rejebowyň, T.Sadykowyň, G.Şagulyýewanyň, A.Gurbannepesowyň, G.Geldiýewiň, A.Mämmedowyň, A.Taşowyň, B.Hapyzowanyň, B.Orazdurdyýewanyň, K.Gurbanmyradowyň we olaryň deň-duşlarynyň dünýäsine şol makalanyň üsti bilen has giňişleýin göz ýetiripdi. Tankytçy, sypaýylyk bilen şeýle diýýär:

“Biziň on ýylyň şahyrana önümine syýahatymyz tamamlanyp barýar. Bulary birlaý gözden geçireniňden soň iki sany uly sowal keserip orta çykýar:

-- Näme üçin şunça şahyr bolçulygynda şygyr gytçylyk edýär?

-- Näme üçin bular biri-birinden saýlanyp, göz görtele boz çynar ýaly belende galyberenokka? Ýogsam käsiniň kitaplary diňe türkmençe däl, rus we beýleki doganlyk halklaryň dilindede çykyp dur ahyryn?

Ozaly bilen, ýalňyz hakykaty aýdalyň – her bir ýygyndysy çap edilen awtor hakyky şahyr däldir. Ol eseriň awtory bolup biler. Emma, nätjek, her bir göwün şahyrlyk, şahyrlyk titulyndan daşlaşasy gelenok. Goý, şahyram diýeliň, emma ony, G.Ezizow aýtmyşlaýyn, “Alyhezretleri poýeziýa” götermeýär, öz çäginden iň soňunda gysyp çykarýar. Poýeziýanyň söýgüsi okyjy söýgüsi däldir. Oňa özüňi aldyrmak üçin şahsyýet bolmaly. Biziň görüp geçen şahyrlarymyzyň ençemesinde şahyrana şahsyýet ýok. Şol ýok ýerinde uly şahyr döränok. Ýönekeýje zady ýatlalyň – synlanan şahyrlaryň hemmesi on ikinji bäşýyllykda tas elli

ýaşaýar ýa-da golaýlaýar. Asyryň talabyny, poeziýanyň tehniki, detal, model, öwrüm mümkinçiliklerini, höwes mukdaryny, baky işlenip gelýän temalary ýadyňyza salyň! Onsoň poýeziýa nätmeli? Ol däpleşen oňşuklylykdan halka bir okanyňda "bolýar" diýdirýän, emme problemasyz, boş goşgudan, içi boş tutuş kitapdan, şeýle şahyrlardan el çekmeli. Original zehin bolmasa, rýadowoý ukypdan, tehniki türgenlikden, gep owadanlap, setir köpeltmekden çyn poýeziýa hiç haçan döremez"[1]

Görşümiz ýaly, tankytçy häzirki zaman türkmen poýeziýasynyň çeperçilik derejesiniň örän pesdigine gynanyp, uly zehinleriň orta çykybermeýänligine ünsüňi çekip, poýeziýany çig-çarsylykdan, halturadan goramak üçin problemalaýyn zady orta atýar. Elbetde, bu problemanyň her bir adamy heýjana saljagy düşnüklidir.

Biz D.Nuralyýewiň bu düýpli makalasyna gelen köp sanly seslenmeleri şu ýerde ýeke-ýekeden yzarlap oturmagy maksat edinemzok. Ol ýörite mesele bolup, geljekde işlenilmegine degişlidir. Diňe seslenip awtorlaryň birnäçeleriniň atlaryny tutalyň: O.Çaryýewa, O.Orazberdiýewa, K.Gurbannepesow, Ö.Mäterow, N.Muhammedow, Ç.Täçmyradow, M.Baýramgulyýew, O.Baýramow, A.Hotjyýew, H.Naparow, Ç.Welbekow, N.Hojageldiýew, J.Orunowa, G.Annageldiýew, B.Kulyýew, K.Gurbanmyradow, A.Hojanyýazow, Ş.Çarygulyýew, N.Muhammedow we başgalar.

Bu çekişme soňra Türkmenistan ýazyjylar birleşiginiň giňişleýin maslahatynda ýörite jemlendi. Şol

[1] Edebiýat we sungat, 1986, 5 sentýabr

jemlemäni ”Edebiýat we sungat” gazeti dört sahypada berdi.[1]

Mundan başga-da, A.Nurmämmedowyň “Magtymgulynyň edebi obrazyna käbir bellikler” diýen makalasy örän uly gyzyklanma[2] döretdi. Bu mesele hem wagtynda gozgalan meseleleriň biri bolupdy. A.Nurmämmedow bu düýpli pikiri şeýle delillendirip orta atýar:

“ Soňky döwür prozamyzda Magtymgulynyň edebi obrazyny döretmek maksady bilen az iş edilmedi. Şahyryň 250 ýyllyk ýubileýi döwründen ozalam ol hakda köp eser ýazyldy. Edebi tankyt olar barada öz pikirini hem aýtdy. Biz Gylyç Kulyýewiň “Magtymguly” romanyndan /Magtymguly. /Magaryf, 1983/, Wladislaw Bahrowskiniň “Şahyr” /Magaryf, 1983. Terjime edenler K.Taňrygulyýew bilen N.Baýramow/, N.Baýramowyň “Magtymgulynyň ýaşlygy” /”Örän uzaga çeken günler”, Magaryf, 1983/, A.Nurgeldiýewiň “Kenar” /”Gaplaň çagasy”, Magaryf, 1984, O.Ýagmyrowyň “Armanly köňül” /”Armanly köňül”, Türkmenistan, 1934/ powestlerinden, K.Kulyýewiň “Çagalygyň soňky güni” hekaýasyndan /”Ýalňyz adam”, Magaryf, 1984/ söz açmakçy. Bu eserleriň XVIII asyr türkmen durmuşynda ujypsyz bolsa-da, yş berendigini inkär edip bolmaz.

Gep onda däl. Tersine, biz şahyryň öz şygyrlarynyň ruhundan daşdüşen obrazlary döredip, halka ähli beýik zatlaryna gyparak göz bilen seretmegi, edebiýatyň, Magtymgulynyň mertebesini peseltmegi ündän bolaýmalyň! Elbetde, ýazyjylar şahyryň edebi

[1] Edebiýat we sungat, 1987, 15 aprel.
[2] Edebiýat we sungat, 1986, 10 oktýabr.

obrazyna ganat bitirmegi uly maksat tutunypdyrlar. Ýöne ol ýerine düşmese, bar azabyň reýgan... Ejirem okyjynyň gözüniň köküni gyryp, “aňyny” gamçylaýar. Soňra ol şol eserleri okap, şahyryň şygyrlarynyň çuňluklaryna aralaşmakdan geçen, gaýta çapraz pikirleriň, bulaşyk maglumatlaryň içinde ýol ýitirýär. Onsoň bialaç: “Ýazyjylar Magtymgulynyň obrazyny nädip döredýärlerkä?” diýip, öz-özüňe sowal berýäň. Onuň düýp sebäbine ýetmegiň müşgülligi ýok, esasy zat, şahyryň ummanyna aralaşmak...

Bu eserlerde şahyryň barça dünýägaraýşy jem bolan edebi obrazy-ha diýmäliň, diňe agzybirlik hakdaky pikirleriniň düýp-teýkaryna ýetýän şahyrana ykbaly-da ýok”[1].

Tankytçy meseläni gönümel goýýar. Sowal-sowala sepleşip, jogapsyz galýandygy makalada dogry görkezilýär.

Edil D.Nuralyýewiň “Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy” diýen makalasyna seslenilişi ýaly, A.Nurmämmedowyň bu makalasyna-da aktiw seslenilip başlandy. Oňa I.Sähetmyradow, ýazyjy G.Kulyýew, B.Hudaýnazarow, O.Çommadow we başgalaryň çykyşy mysal bolup biler. Ýöne näme üçindir Magtymguly baradaky çekişme uzaga çekmedi. Ol maksadyna-da ýetmedi, jemlenmedem. Bu hili bolanda, tankyt ejir çekýär, edebiýat ejir çekýär, özüni tankytlanýandyryn hasap edýän awtor bolsa “rahatlanýar”, öz ýanyndan “köşeşýär”. Gynansak-da, atly-abraýly ýazyjylar uly-uly edaralara baryp, dessine tankydyň öňüni aljak bolýarlar.

---

[1] Edebiýat we sungat, 1986, 10 oktýabr.

G.Kulyýew hem şeýle edip, “Edebiýat we sungatyň” redaksiýasynyň badyny alypdy.
Biz islesek-islemesek-de, üýtgedip gurmak döwründe ýene-de tankytçy D.Nuralyýewiň düýpli makalalar bilen çykyş edendigini aýtmalydyrys. Onuň “Iri prozanyň ownamagy”[1], “Biziň ylymdaky ornumyz”[2] diýen ýaly makalalary jemgyýetçilik sarsgynyny döretdi.

“Iri prozanyň ownamagynda” tankytçy türkmen romanynda sanyň artyp, hiliň has pese gaçandygyny öz wagtynda dogry belledi. Ol Ç.Aşyryň “Göreş”, T.Jumageldiýewiň “Mähek daş”, N.Baýramowyň “Sähra ýollary”, Ý.Mämmedowyň “Çynar boý alýar”, S.Öräýewiň “Oba oglany” ýaly romanlary esasynda türkmen romanynyň häzirki derejesini yzrlaýar. Özem türkmen ýazyjylarynyň roman ýazmak tejribesinde ýok bolup galan harsallyk ugry berk tankytlaýar:

“Hemmä belli hakykaty hetjikläp durmazdan, türkmen romanynyň ümzüginiň ileridigini, onuň taryha we häzirki zaman temalaryna ýüzlenmek meýliniň güýçlenendigini bir sözlemde ýaňzytmak bilen çäkleneliň. Munuň özi tematika tarapdan roman žanrynyň asgynlyk etmeýändigini tassyklaýar. Problemany tapmakda, ony orta atyp bilmekde-de biziň zehinli ýazyjylarymyz ýaýdanmaçlyk edenok...

Emma çeperçilik çözgüdi, ussatlyk, obrazlylyk, häsiýet taýyndan okyjyny kanagatlandyrmaýan, onuň aňynda ýer tutman, wagtyny “aparyp” gidýän romanlar hem ýok däl. Şolary okaýarsyň-da, roman žanrynyň taryhyna göz aýlaýarsyň, şeýle eseri ýazan ýazyjynyň

[1] Nuralyýew.D Iri prozanyň ownamagy. –Edebiýat we sungat, 1986, 5 dekabr.

döredijilik gabarasynyň hem kiçi däldigini görýärsiň-de, başyňy ýaýkaýarsyň: bu nähili beýle bolýar? Ýazyjylarymyza bir gyssanmaçlyk aralaşan ýaly. Sanyň hilden öňe geçenligi mese-mälim. Romanyň agramyny götermeýän waşalardan, häsiýeti jemgyýetçilik-sosial taýdan güýçsiz, ýöne ownuk-uşak, gündelik, köp derejede gybat-gürrüňli, "sene-menelere" gümra bolup ýören gahrymanlardan düzülen, möçberine seredeniňde, roman diýseňem şol žanryň funksiýasyny, wezipesini ödemeýän, umumy döredijilik prosesinden garalanda-da, öz ornuny, awtorynyň hususy edebi praktikasy nazarda utulanda-da, belli derejede ösüş etapyny aňlatmakdan kän bärden gaýdýan adaty küti kitaplar çykyp başlady"[1].

Awtor şeýle pikiri öňe sürýär-de, Ç.Aşyrowyň "Göreş", T.Jumageldiýewiň "Mähek daş", N.Baýramowyň "Sähra ýollary", Ý.Mämmedowyň "Çynar boý alýar", S.Öräýewiň "Oba oglany" Diýen ýaly romanlarynyň analizine geçýär. Tankytçynyň analiz usulynda örän uly seresaplylygyň barlygyny, awtorlara eserdeň garaýandygyny öňki baplarda hem belläpdik. "Iri prozanyň ownamagy" diýen makalasynda-da ol şol prinsipini saklaýar. Hemişe, haýsy bolsa-da, bir düýpli meseläni gozgaýanygy üçin, makalanyň soňunda ol diýjek bolýan zadyny dogruçyl nygtamagy unudanok:

"Sözümiziň ahyrynda bir zady aýratyn nygtamakçy bolýarys. Gep aýry-aýry romanda goýberilen kemçilikde ýa-da ondaky haýsydyr bir üstünligiň tankyt tarapyndan duýulmagynda ýa-da duýulmazlygynda däl. Mesele – bu ýerde näme üçin iri prozanyň çeper çözgütleriniň

[1] Nuralyýew.D Iri prozanyň ownamagy. –Edebiýat we sungat, 1986, 5 dekabr.

ownaýandygynda, onuň okyja az estetiki lezzet berýändiginde, zerurýete öwrülen ruhy baýlygy berip bilmeýänliginde. Biz ýazyja nähili ýazmalydygyny öwredip bilmeris, emma onuň eseriniň nä derejede gerekligini ýa-da asla gerek däldigini aýdyp bileris. Şeýle bolan halatynda tankydy bellikler awtorlaryň çetine degse-de, olaryň nähili äheňde aýdylýandygyna-da aň ýetirmek gerekmikä diýýäris. Çünki çeper tankydyň uly sungatdygyny bilmek aňsadam bolsa, şony döretmek ýa-da ona düşünmek köpümize başardanok. Ol hemişe yrsaraýan "girrik" žanr däldir. Aýratyn awtoryň "näzini" çekmäge-hä ol asla borçly däldir. Emma döredijilik prosesindäki köp ýazyjylaryň gözüni perdeläp biläýjek nogsanlyklary welin görmäge we olardan ägä bolmaga çagyrmaga borçludyr. Ine, iri prozanyň ownamak howpy baradaky aladalarymyz hem şonuň üçindir..."[1]

Tankytçy diýjek bolýan esasy pikirini sözleriň aşagyny çyzyp, nygtap-nygtap ýazýar. Beýle edilmegi aç-açan gürrüňçilige ýazyjylary, tankytçylary, ýönekeý okyjylary çagyryp, jedele girişmeklige ýol açyk diýen meýil bolup ýaňlanýar. Şonuň üçin Ş.Halmuhammedowyň "Uly gürrüňe goşulyp..." diýen seslenmesi çykdy. Ol tankytçy bilen köp meselede ylalaşsa-da, T.Jumageldiýewiň "Mähek daş" romanyna berýän bahasy bilen razylaşmaýandygyny aýdýar. Şeýle gowy hem peýdaly çekişme yzly-yzyna gidiberse, oňat bolardy welin, ol haýsydyr bir güýç bilen ýatyryldy. Edil Magtymguly baradaky çekişme ýaly ol hem ahyryna çenli alnyp barylmady.

[1] Nuralyýew.D Iri prozanyň ownamagy. –Edebiýat we sungat, 1986, 5 dekabr.

Biz özgerdiş döwrüniň tankydynda iki tankytçynyň örän aktiw işländigini, şol depginlerini olaryň dowam edýändiklerini bellemekçi bolýarys. Olar filologiýa ylymlarynyň doktorlary D.Nuralyýew bilen J.Allakowdyr. D.Nuralyýew "Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy", "Iri prozanyň ownamagy" ýaly sarsgyn döredýän makalalaryny ýazmagyny dowam etdirdi. Şol makalalarda onlarça düýpli pikirleriň orta atylandygyny aýtmak gerek. Ony Ş.Halmuhammedow ýokarky makalasynda A.Muhammedowa hem "Aýgözel döwrebap obrazdyr"[1] diýen seslenmesinde dogry belläpdirler. Tejribeli tankytçy "Biziň ylymdaky ornumyz"[2] diýen makalasynda hem ylmyň çuňlugyna tarap gidip, aç-açan gürrüň edýär. Bu ýerde ol respublikada onlarça, ýüzlerçe ylymlaryň kondidatlary bar bolsa-da, tutuş edebiýaty öwreniş ylmynyň köşigini bäş-alty adamyň çekýändigini dogry ýazýar:

"Üýtgedip gurmak, çaltlyk stradegiýasy, adam faktory jemgyýetimiziň ylmy-tehniki progresini öňe alyp barýan esasy kriteriler bolmak bilen bir hatarda, munuň özi gös-göni kadrlar syýasatynyň ösdürilmegi, kämilleşdirilmegi, olaryň işjeňliginiň, jemgyýetçilik we ylmy-tehniki hem önümçilik netijeliliginiň artdyrylmagy bilen-de üznüksiz baglanyşyklydyr. Hemme meselede yz goýan durgunlyk, arkaýynlyk, süýrenjeňlik jemgyýetçilik ylymlarynyň ähli formasyna, şol sanda edebiýaty öwreniş ylmyna, birinji nobatda doganlyk halklarda-da onuň ösüş

[1] Muhammedow A. Aýgözel döwrebap obrazdyr. Şol ýerde.
[2] Nuralyýew D. Biziň ylymdaky ornumyz. –Edebiýat we sungat, 1987, 3 aprel.

derejesine otrisatel täsir etdi. Muny türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynyň häzirki ýagdaýy has açyk görkezýär...”[1]

Meseläni kesgitli goýandan soň, D.Nuralyýew edebiýatymyzy öwreniş ylmynyň ýetmiş ýyllyk ýoluna göz aýlaýar. Awtor jany ýangynlylyk bilen ylymda dowam edýän inersiýany tankyt edýär:

“Biz köplenç haýsy obýekte ýapyşsak, ony arşa çykarjak bolup kösenýäris. Onsoň pes, ortaça, uly zehinli şahyr, ýazyjy des-deň bolýar duruberýär. Hatda, kähalatlarda ulular yza, kiçiler öňe geçibem barýar. Eger ylym, tankyt ony ýerbe-ýer goýup bilmese, haýsy güýç hötdesinden gelsin? Faktologiýa, guraksy beýan etme ýeňlip geçilmese, ylymda täze zehin hiç haçan ýüze çykmaz. Şonuň üçin türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda soňky wagtda diňe on-ýigrimi adamdan biri öňe saýlanýar. Şonuňam ylymda öz orny galýar. Akademiýanyň institutlarynyň ýa-da sektorlarynyň birinde eýelenýän orun bilen ylymdaky orunda tapawut ýer bilen gök ýalydyr”[2].

Dogrudan-da ylymda dowam edýän formal çemeleşme berk orun aldy. Näme üçin diňe ýazyjynyň döredijiligi öwrenilip, alymyň, tankytçynyň döredijilik ýoly öwrenilmeli dälmişin? Näme üçin olaryň has görnükli wekilleri okuw kitaplaryna girizilmeli dälmişin? Biziň ylmymyzda entek çözülmeli gyzykly meseleler örän kän.

Biz D.Nuralyýewiň özgerdiş döwründe ýazan uly makalalaryny, kitaplaryny bir ýerde agzamagy, olary her ýerde ýatlaman, belli bir sistemada getirmegi ýerlikli

---

[1] Edebiýat we sungat. Ýatlanan makala.

[2] Edebiýat we sungat. Ýatlanan makala.

hasaplaýanlygymyz üçin, tankytçynyň “Öweý žanr”[1], “Türkmen prozasy rus tankydynda”[2], “Tankyt onuň ykbaly”[3], “Romanlarymyzda romanlyk paýhas”[4], “Otuz ýaşlylaryň poýeziýasy”[5] ýaly makalalaryň analizini, “Şygyr bilen iki çäk”[6], “Edebiýatyň mähekdaşy”[7] diýen kitaplarynyň derňewini hem häzir geçirmek ýerliklidir. Onuň “Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe”[8] diýen makalasyny hem şu ýerde agzasymyz gelýär. Çünki bularyň hemmesi wagty ýeten meselelerdi.

Tankytçynyň “Öweý žanr” diýen makalasy türkmen edebiýatynda satira žanrynyň täleýine bagyşlanandyr. Dogrudan-da soňky 15-20 ýyllykda “Satira barmy-ýokmy?” diýen sowal ýatdan çykyberdi. Diňe bir satiraçynyň eserleriniň doly analizi beýlede dursun, tutuş satira döwrem ylym we tankyt tarapyndan unuduldy. Emma Ata Salyhdan, N.Pommadan, Ata Köpek Mergenden soň satiraçylaryň bir topary orta çykdy. Olar D.Esenow, G.Hydyrow, B.Gulow. A.Kürt, T.Jürdekow, I.Guljaýew dagydyr. Emma şularyň hiç biriniň giňişleýin döredijilik

---

[1] Nuralyýew D. Öweý žanr. Ýaş kommunist, 1989, 17 ýanwar.
[2] Nuralyýew D. Türkmen prozasy rus tankydynda. Edebiýat we sungat, 1989, 18 awgust.
[3] Nuralyýew D. Tankyt onuň ykbaly. –Edebiýat we sungat, 1988, 4 noýabr.
[4] Nuralyýew D. Romanlarymyzda romanlyk paýhas. –Edebiýat we sungat, 1989, 15 dekabr.
[5] Nuralyýew D. Şagulyýewa G. Otuz ýaşlylaryň poýeziýasy. –Ýaş kommunist, 1989, 19 sentýabr.
[6] Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk. –Aşgabat: Türkmenistan, 1987, -250s.
[7] Nuralyýew D. Edebiýatyň mähek daşy. –Aşbgabat: Türkmenistan, 1991, 155s.
[8] Nuralyýew D. Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe. –Edebiýar we sungat, 1987, 6 fewral.

analizi geçirilenok. Şol kemçiligi dogry belläp, tankytçy bu žanra baş galdyrylmagyny talap edýär.

Onuň “Türkmen prozasy rus tankydynda” diýen örän uly makalasy-da wagty ýeten problemany gozgaýar. Öň rus tankydynyň türkmen edebiýatyna garaýşy merhum tankytçy A.Myradow tarapyndan yzygiderli derňelýärdi, sistema hakynda wagtal-wagtal gazet-žurnallarda beýan edilip durulýardy. 1970-1990-njy ýyllaryň türkmen edebiýatyna rus tankydy welin işlenilmän ýatyr diýen howsala şu makalanyň esasy pikiridir. Awtor onlarça rus tankytçylarynyň işlerinde, makalalarynda türkmen ýazyjylaryna bolan garaýyşlaryny birin-birin yzarlaýar. Biz Lomidze, Osmanowa, Anninskiý, Surowsew, Abramow, Parhomenko, Alyýewa, Terakopýan, Wasýuçenko ýaly tankytçylaryň A.Tagan, T.Jumageldiýew, G.Kulyýew, G.Gurbansähedow, R.Esenow, N.Jumaýew ýaly türkmen ýazyjylarynyň eserlerini analiz edişi bilen tanyşýarys. Emma rus tankydy, köplenç, faktlary registrasiýa etmek bilen çäklenýär, olar köp derejede türkmen ýazyjylaryny öwýärler, şonuň üçin türkmen-rus tankydy pikirinde näsazlyk bar diýýän D.Nuralyýew mamladyr. Bu, esasan, şeýle hem çykypdyr. Emma mesele soňky 20-25 ýylyň edebi-tankydy pikirini jemlemekden ybaratdyr.

“Tankyt onuň ykbaly” diýen makalasynda awtor görnükli tankytçy A.Myradowyň döredijilik dünýäsine aralaşýar. Türkmen edebiýatyna 20 ýyllap kemsiz hyzmat eden A.Myradowyň tankytçylyk stili, aýratynlygy inçelik bilen açylýar. Bu özboluşlylygy D.Nuralyýew öz halypasyna uly hormat bilen etapma-etap görkezýär: hüşgärlik we döwrebaplyk, hyjuw we gaýduwsyzlyk,

operatiwlik we hoşniýetlilik, publisistik we belletristik ruh – ana, şular A.Myradowyň tankydyna mahsus alamatlardyr. Tankyt bu zehiniň ykbalydy. Türkmen tankydynyň ösmeginde ol örän uly hyzmat bitirdi.

“Romanlarymyzda romanlyk paýhas” – D.Nuralyýewiň tankytçy hökmünde kämil işidir. Şonuň üçin bu çuňňur mazmunly makaladan üç pursady bellemän geçmek mümkin däl:

“Dogrudyny aýdalyň, biziň edebiýaty öwreniş ylmymyz-a beýlede dursun, hatda pikire baý rus ylymdyr tankydydda-da romanlyk paýhas diýen düşünje täzeden ulanylyp başlandy. Bu sözüň dply manysynda epikamyzyň ýokary basgançaklaryny alamatlandyrýan çuň teoratiki düşünje bolup, ol çeperçiligi, ussatlygy, originallygy, ideýa çuňňurlygyny öz içine alýar. Ideýa hemişe-de eseriň öz mazmunyndan baý bolmaly. Ylaýta-da romanda...
Bir zada oturyp-oturyp haýran galýarsyň. Eger tematiki ugurlar bolmadyk bolsa, wakanyň nämeden başlap, nämeden gutarylmalydygy hakdaky torç edilen ýoda bolmadyk bolsa, köp sanly türkmen ýazyjysy roman ýazaýarmydy? Muňa “ha” diýmek kyn. Hany, psihologik roman ýazjak bolup görüň. Ol her bir awtoryň elinden geläýmez[1].

Bu şübhe uly tankyçy J.Allakowyň “Roman ýazmak ýeňilmikä?”[2] diýen makalasynda-da bar.

---

[1] Nuralyýew D. Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe. –Edebiýar we sungat, 1987, 6 fewral.

[2] Allakow J. Roman ýazmak ýeňilmikä?! –Edebiýat we sungat, 1988, 18 dekabr.

Romanyň sanynyň köpelýändigini, hiliniň pese gaçýandygyny iki uly tankytçyda dogry belleýär. Ine, J.Allakow şeýle ýazýar:

"Soňky döwürlerde döredilýän eserleriň sany taýyndan nägile bolar ýaly däl. Bir wagtlar roman ýaly uly göwrümli eseriň döredilmegi uly edebi waka bolardy, häzirki döwürde weli ony elujundan ýazýarlar. Şeýle bolansoň, indi roman belgisi bilen yzygiderli peýda bolýan eserler okyjylary geň galdyryp duranok. Häzirki döwürde roman ýazmaýan ýazyjylarymyz az-azdyr"[1].

Şu pikirinden soň J.Allakow N.Geldiýewiň "Sekizýabyň mukamyny", A.Kowusowyň "Başlygyny" analizlemäge geçýär. Tankytçynyň garaýşyça, bu iki roman gowşak çykypdyr. Ýöne gowşak eser diňe şu iki roman däl. Onuň sany D.Nuralyýewiň ýokarda ady agzalan makalasynda has köpdür. Ony mysal alalyň:
"Şeýlelikde, türkmen ýazyjylarynyň arasynda "hekaýa ýazýan", "powestimi tamamladym" diýýäni barha azalýar. Her kim başarsa romanly boljak. Bu nämäniň alamatyka, okyjy? Dyňzap duran zehiniňmikä ýa-da başga bir belasy barmyka?...

A.Atajanowyň "Teke gyzy Tatýana", H.Meläýewiň "Ynsan keşbi", N.Geldiýewiň "Sekizýabyň mukamy", G.Şamyýewiň "Seniň soragyňda", A.Aşyrowyň "Ata Köpek", Ö.Nepesowyň "Uzak-uzak ýyllar", A.Kowusowyň "Başlyk", M.Seýidowyň "Kesearkaç", S.Myradowyň "Saýgaklar" /birinji kitap/ ýaly temasy, meselesi taýyndan biri-birinden tapawutly romanlaryň özbaşdak kitap bolup çykanyna kän wagt geçenok. Ýöne,

[1] Allakow J. Roman ýazmak ýeňilmikä?! –Edebiýat we sungat, 1988, 18 dekabr.

dogryňy aýt, okyjy, şularyň haýsy biri seniň kalbyňy eýeledi, haýsy seniň ruhy islegiňe jogap berýär? Bir gezek okanyňdan soň, şol romanlaryň haýsyny ikinji gezek eliňe aldyň? Seniň näme jogap berjegiňi bilemok, özüm-ä şolaryň hiç birini ikinji gezek elime almadym”[1] Biz her niçik bolsa-da tankytçynyň aňyrky pikirlerini hem mysal almak bilen pikirimizi jemlemegi dogry hasaplaýarys:

“Haýsy temadan bolsa-da, çeper eserleriň ýazylmagy dowam eder. Bizi diňe bir zat biynjalyk edýär. Roman ýaly uly prozanyň baş žanrynda gahryman şahsyýet derejesine göterilse ýagşy. Henize çenli türkmen romanynda uruş we tyl temasyndan, ahlak temasyndan ýazylan romanlaryň hiç birinde şahsyýet derejesine ýeten obraz ýok. Kileň ownuk konfliktlere çolaşyp ýören gahrymana duş gelýäris. Nämedir bir zatdan göwni galan gahrymany dürli wakalaryň, konfliktleriň içinde “gaýnadyp”, şondan jemgyýetçilik nogsanlyklaryna garşy uly göreşiji ýasajak bolýarys. Bu-da hemişe şowuna bolup duranok. Şunuň şeýledigini türkmen edebiýatynda döreýän kän romanlar tassyklaýar. Roman kän. Her bir romanda aýdylýan, başy agyrdylýan mesele-de kän, olary çözjek bolup başagaý bolup ýören gahrymanlaram onlarça, ýüzlerçe. Emma... pikire welin türkmen romany juda garyp, çeperçilik taýdan özüne çekijilik tarapy pes, okyjyny heýjana salýan duýgylara baý däl. Her hili, bir hili edip, okyjynyň göwnüni awlajak bolmaklyk biziň romanlarymyzyň tas hemmesinde duşýar. Gahrymany öldürip-direldip, ýitirip-tapdyryp uruş temasyndan geň galdyryjy eser ýazyp bolmaýşy ýaly, beýleki islendik

[1] Nuralyýew D. Görkezilen makala.

temalardanam dürli ýol-ýodalar bilenem alnyp barylýan çeperçilik sepgitleri ýok. Gahrymanyň intellektual derejesi şeýle bir pes welin, ony türkmen ýazyjysynyň ýazandygyna, şol adamynyň türkmençe oýlanýandygyna şübhelenesiň gelýär. Bize bolsa haýsy temadan ýazylsa-da, ynandyryjy, milli ruhly, intellektual paýhasly, ideýasy hususy durmuşyň çäginden çykyp, jemgyýetçilik gatlaklaryny öz içine alýan, emosional täsirli türkmen gahrymanlary gerek. Romanlyk paýhasy ýaly döwrümiziň şu gün orta atýan, şeýle uly meselesi uly zehin bilen çözülmegine garaşýar”[1]

Tankytçynyň diýýän zady, orta atýan meselesi örän düýpli bolany üçin, biz onuň makalasyndan üç bölegi mysal almaly bolduk. Aslyýetinde tankydyň aýdýany ýerlikli bolup, ol ýerli-ýerden okyjy tarapyndan alnyp göterilenok. Hakykatdan-da, biziň romanymyzyň ýagdaýy öwerlik däl. Eýýäm özgerdiş döwründe telim roman çykdy. Hemmesem temasy, çözgüdi taýyndan biri-birine meňzeş. Oňa kadaly ýagdaý diýip bolanok. Şu nukdaýnazardan alnanda, D.Nuralyýewiň “Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe” diýen oýlanma makalasy hem üns berilmäge mynasyp. Ol türkmen halkynyň XVIII asyrda dörän Magtymgulysyna, XX asyrda dörän Kerbabaýewine guwanmaga haklydygyny dogry belleýär. Sebäbi olar hadysadylar[2].

Özgerdiş döwründe bu tankytçynyň iki kitaby okyjylara gowuşdy. Olary doly analiz edip oturmazdan, “Şygyr bilen ikiçägiň” /1987/ diňe poýeziýa bagyşlanan

---

[1] Nuralyýew D. Görkezilen makala.

[2] Nuralyýew D. Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe. –Edebiýat we sungat, 1987, 6 fewral.

makalalary öz içine alyp, onda altmyşa golaý şahyryň döredijiligine ser salynýandygyny nygtamak ýeterlikdir[1]. Onda okyjy Magtumgulydan tä şu günlere çenli orta çykan, poýeziýada yz galdyran şahyrlaryň döredijiligi bilen tanşyp biler. “Edebiýatyň mähek daşy”[2] bolsa diňe edebiýaty öwreniş ylmyna, tankyda degişli meseleleri gozgaýar, şol ugurdan kitaplary çykan alymlaryň, tankytçylaryň işlerine giňişleýin analiz berýär. Bu hili jemleýji işler D.Nuralyýewiň özüniň hem alym, tankytçy hökmünde nähili poýeziýada durandygyny, nähili ylmy derňew geçirişini, onuň öz stilini, öz çeperçilik sistemasyny ýüze çykarmagauly kömek edýär. Tankytçynyň dürli žanrlardan aýry-aýry kitap çykarmagy onuň pikirleriniň sistemalaşandygyny aňladýar.

Özüniň aktiwligi, çuňňurlygy, orta atýan meseleleriniň köplügi bilen tapawutlanýan professor J.Allakow, hemişe bolşy ýaly, özgerdiş döwründe hem gazet-žurnallarda düýpli makalalar ýazmagyny, yzly-yzyna kitap çap etmegini dowam etdirýär. Onuň ýazýan makalalarynyň hemmesi diňe proza hakdadyr. Döwrüň ruhuny, talabyny duýmakda, öňe sürmekde göreldelik roluny oýnaýan bu alymyň 1985-1992-nji ýyllar aralygynda çap etdiren dürli problemaly makalalarynyň özüni doly analiz edip çykmak mümkinem däl. Biz diňe esasy hasaplanýan makalalarymyzy we professoryň iki kitabyny seljermek bilen çäklenýäris.

“Gürrüň köp-de, hereket az” diýen makalasy wagtynda orta atylan aktual meseläni gozgaýar. Belli bolşy ýaly,

---

[1] Nuralyýew D. Beýik Magtymgulydan – uly Kerbabaýewe. –Edebiýat we sungat, 1987, 6 fewral.

[2] Nuralyýew D. Edebiýatyň mähek daşy. –Aşgabat: Türkmenistan, 1991.

üýtgedip guramak diýilse, ýazyjylar sosialistik jemgyýeti tankyt astyna alýan, sowet-partiýa totalitar sistemasyny aýagaldygyna ýepbekleýän eserleri ýazyp başladylar. Şolaryň peýda bolmagy gowy, emma ol hem tiz wagtdan ýoň bolup başlady. R.Esenowyň ”Çüýremek”powesti, B.Öwezowyň “Sähra durmuşy”, Ş.Taganowyň “Göwün”, B.Gulowyň “Gülüstan” diýen eserleri SSSR-däki çüýrük ýörelgeleri tankytlamaga gönükdürilendir. Ýöne biziň ýazyjylarymyz heniz hem gowuşgynsyz hereket etýärler ýa-da hemmesi bir ugra ýykgyn edip, ähli gahrymany bir ugurdan sürüp başlaýarlar. Şeýdip, gürrüň köp, hereket az eserler döräp gidip otyr:

“Biziň döwrümiz aýdyňlygy, her bir zady öz ady bilen atlandyrmagy, durmuş garşylyklaryny, negatiw hadysalary ýuwmarlaman, dogruçyl görkezmegi talap edýär”[1]

Tankytçy dogry belleýär we wagtynda biziň ýazyjylarymyzy shema düşmekden habardar edýär. Ony J.Allakow “Ak guş ýa-da gara garga. Bu edebiýata ýokuşan ýowuz keseldir” diýen örän şowly makalasynda hem orta atýan meselesini her taraply analiz edýär. Şol makaladan iki pikiri almagy makul bildik.

“Şahsyýet şulty hem durgunlyk ýyllarynda edebiýat we syýasatyň özara gatnaşygyna ýüzleý, hatda nädogry garaýyşlar az bolmady. Aýry-aýry halatlarda çendenaşa syýasylaşdyrylan hem ideologiýalaşdyrylan çeper döredijilik öz tebigatyndan , spesifikasyndan daşlaşyp, gönümel ideologik gurala öwrüldi. Bu ýagdaý çeper döredijilikde realizmiň gowşamagyna, ýöntem eserleriň

[1] Allakow J. Gürrüň köp-de, hereket az. –Sowet edebiýaty. 1987, №9, 185s.

peýda bolmagyna sebäp boldy. Elbetde, her bir çeper eser belli bir ideýa ugrundan üzňe bolmaýar. Emma ol hakyky eserlerde awtoryň öňden taýýar ideýasynyň aňladylmasy däldir”[1]

Tankytçy aşa syýasylaşdyrmanyň zyýanyny dürli çeper mysallar bilen subut edýär. Ýöne syýasata, onda-da çendenaşa syýasylaşdyrma garşy bolýan ýazyjylary zorluk bilen şol syýasata iterýärdiler. Biz ony B.Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” romanynda Eziz hanyň obrazyny döredende görüpdik.

Onsoňam, bolşewikleriň diňe “ak guş”, menşewikleriň bolsa “gara garga” ýa-da položitel obrazyň hernä gowy adam, otrisatel tipleriň bolsa diňe ýaramaz adam edilip berilmegi altmyş-ýetmiş ýylyň edebiýatynda kada öwrüldi. Bu baryp ýatan formallykdy. Şol formallyk dürli ýagdaýlarda dürlüçe ýüze çykypdy. Biz ony Beýik watançylyk urşy barada ýazylan türkmen eserleriniň köpüsinde görýäris.

Tankytçy, şeýle faktlary uzak analizländen soň, şeýle netijä gelýär:

“Elbetde, biz bu ýerde ýazyjynyň 30-njy ýyllarda, kyrkynjy ýyllaryň başlarynda ýazan eserlerini tankyt etmek, ýazyjyny günäkärlemek niýetimiz ýok. Bu hadysa şol döwrüň syýasy, edebi ýörelgesi. Syýasatyň gönümel çeper döredijilige geçirilmeginiň netijesi. Şeýle bolansoň, çeper döredijiligiň tebigatyna gelişmeýän beýle näsazlyklar şol döwrüň beýleki ýazyjy-şahyrlarynyň döredijiligine-de degişli. Dogrusy, şol gönümel, çendenaşa

[1] Allakow J. Ak guş ýa-da gara garga. Bu edebiýata ýokuşan ýowuz keseldir. –Edebiýat we sungat, 1990, 30 noýabr

syýasylaşdyrmadan şu günki günde döreýän täze eserler hem halas däl.”[1]

Ine, bu pikir has hem göwnejaý aýdylypdyr. Ony O.Ýagmyrowyň “Duman daganda”, H.Meläýewiň “Melgun”, R.Esenowyň “Çüýremek” ýaly eserlerinde hem görýäris.

J.Allakowyň “Dar düşünilen synpylyk” atly makalasynyň ruhy hem ýokarda analizlenen makalanyňky ýalydyr. Has dogrusy, onuň “Idealogiýa we edebiýat” atly makalasy “Dar düşünilen synpylykdaky” pikiri giňeldýär, dowam edýär:

“Ýurdumyzda dowam edýän üýtgedip gurmak prosesi, aýanlyga, demokratiýa giň ýol açylmagy halkymyzyň ykdysady hem-de ruhy durmuşyndaky hadysalara täzeçe seretmäge giň mümkinçilikler döretdi. Çeper döredijilikde-de dürli galyplaryň, shemalaryň, hakyky realizm bilen bir ýere sygyşmaýan ýörelgeleriň üstüni açdy. Çeper döredijilik öňden belli görkezmelere, netijelere tabyn edilen mahalynda, ol öz tebigatyndan daşlaşýar”[2]

Tankytçy Ş.Taganowyň “Gara ýylgyn”, A.Durdyýewiň “Şahan”, G.Kulyýewiň “Güljemal han” ýaly romanlarynda aşa syýasylaşdyrmak keselini ýerlikli tankyt edýär. Ol kesel edebiýaty gysdy, shema öwürdi. Bu kemçiligi J.Allakow “Galyp däl-de, realizm gerek” diýen makalasynda has doly açyp görkezýär:

“Üýtgedip gurmak, demokratiýa, aýanlyk prosesi adamlaryň aň-düşünjesinde rewolýusion häsiýetli

---

[1] Allakow J. Ak guş ýa-da gara garga. Bu edebiýata ýokuşan ýowuz keseldir. – Edebiýat we sungat, 1990, 30 noýabr.

[2] Allakow J. Ideologiýa we edebiýat. –Sowet edebiýaty, 1990, №9.

özgerişler döretdi. Ol biziň garaýyşlarymyzyň ençemesiniň durmuşa ukypsyzlygyny, çäkliligini aýan etdi. Ol çäkli hem ýöntem garaýyşlar çeper döredijilige has hem uly zyýan ýetirdi. Eserleriň ençemesi çäkli syýasy, ideologik, synpy garaýyşlaryň, wagtlaryň, ýörelgeleriň pidasy boldy”[1]

Biz ruhy, maksady biri-birine golaý üç makaladan mysal aldyk. Mesele düşnükli. Beýle shema, galyplylyk hemme ýazyjynyň, şol sanda türkmen ýazyjylarynyň hem elini-aýagyny baglady. Şeýdip, öwgüli partorglar, eserler, rus rewolsionerleri döräp gitdi. Ony ýazyjylaryň özlerem bilýärdiler, ýöne şeýtmeseler eserleri çykjak däldi. Ine, muny welin tankytçy görkezmegi unudýar.

Emma heniz özgerdiş döwründe döreýän tankyt doly ýola düşüp gidiberenok. Häzirlikçe bu meýdanyň esgeri az. Şonuň üçin ýene-de J.Allakowyň iki sany saldamly kitabyna ýüzlenmegi makul hasaplaýarys.
“Türkmen edebi tankydynyň taryhy”[2]- bu studentler üçin okuw goldanmasy bolup, entek ol uzak ýyllyk türkmen tankydynyň doly taryhy däldir. Emma, şeýledigine garamazdan, howlugylyp ýazylan bu kitap azda-kände türkmen tankydynyň döwürleýin ösüşi barada düşünje berýär.Onuň ýetmez ýerleri barada hem metbugatda adalatly, obýektiw bellikler edilipdi[3]. Biz olary gaýtalamazdan, J.Allakowyň kitabynda agzalýan tankydy

---

[1] Allakow J. Ideologiýa we edebiýat. –Sowet edebiýaty, 1990, №9.
[2] Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. –Aşgabat: Magaryf, 1988. - 303 s.
[3] Hydyrow S. Gerekli gollanma, ýöne... Sowet Türkmenistany, 1990, 14 mart. “Segseninji ýyllaryň edebi tankydy”.

etaplary, tankytçylaryň portretlerini getirmek bilen çäklenýäris.

Bu kitapda 20-80-nji ýyllaryň tankydy ýoly umumy jemleýji häsiýetde gysgaça yzarlanýar. Olaryň atlary hem döwrüne görä alnypdyr:”Ýigriminji ýyllaryň edebi tankydy”, “Otuzynjy ýyllaryň edebi tankydy”, “Beýik watançylyk urşy döwriniň edebi tankydy”, “Altmyşynjy ýyllaryň edebi tankydy”, “Ýetmişini ýyllaryň edebi tankydy”, “Segsenini ýyllaryň edebi taryhy”.

Soňra Ata Kerimow, Abdylla Myradow, Öde Abdyllaýew, Hanguly Taňryberdiýew, Nargylyç Hojageldiýew, Saýlaw Myradow ýaly tankytçylaryň ýoly yzarlanýar. Elbetde, gollanma maksady bolany üçin ol tankyt ýaly kyn žanry has düýpli işlemekde onuň ähmiýeti uludyr. Biz häzirki döwürde şeýle gollanmalara mätäçlik çekýäris.

Professor J.Allakowyň “Häzirki zaman prozasynyň problemalary we gahrymanlary” diýen uly kitaby häzirki türkmen edebi prosesine biçak gerekli kitaplygy bilen gymmatlydyr. Onda awtoryň gazet-žurnallarda ýazan makalalarynyň köpüsi ýerleşdirilipdir. Ýöne hemmesiniň proza baradadygyny öňünden bellemegi ýerlikli hasaplaýarys. Şunuň içinde tankytçynyň “Ýazyjynyň konsepsiýasy”, “Roman ýüki – iner ýüki”, “Ynam döredýän proza”, “Dört öwüşgin”, “Iki romanyň gürrüňi” ýaly saldamly makalalarynda türkmen prozasynyň gerimi, çuňlygy, dil aýratynlygy babatda göwnejaý gürrüň gozgalýar. Ol Kerbabaýewden, Derýaýewden, Kulyýewden bäri iň ýaş prozaça çenli tankyt eleginden geçirmäge başlaýar. Romanyň, powestiň, hekaýanyň ykbaly aýyl-saýyl edilýär.

Ýeri gelende, doganlyk edebiýatlara salgylanmak J.Allakowyň tankytçylyk tejribesiniň iň şowly tarapydyr.

Bu kitaby onuň beýleki işlerinden saýlaýan zat onda, "Mukaddes duýgy harlanmasyn" diýen dile degişli tankydy makalanyň ýerleşdirilmegidir. Batyrgaý ýazylan şol makaladan bir parça alýarys:

"Aýry-aýry wezipeli adamlar, aýratyn-da türkmen halkyndan ýetişen intelligensiýanyň wekilleriniň bir topary öz ene dillerinden näçe daşlaşdyklaryça, şonça-da özlerini medeniýetli , internasionalistdiris öýtdüler. Şonuň üçin diňe bir dile ýykgyn etdiler. Oňa öz orunlarynda uzak oturmagyň, wezipe basgançaklaryndan ýokary galmaklygyň, ideýa-ahlak taýdan ýokary ähtibarlylygyň nyşany hökmünde seretdiler. Milli diliň ähmiýeti barada sähelçe söz açan adamlaryň hereketlerine, sözlerine başga many bermäge, hatda olara ygtybarsyz adamlar hökmünde seretmäge çenli baryp ýetdiler"[1]

Örän batyrgaý ýazylan bu makala J.Allakowyň tankyt ýolunda ýatda galyjy häsiýete eýedir.

Özgerdiş döwrüniň tankydynda, öňki döwürlere garaňda, başgarak öwüsgin peýda boldy. Şol öwüsgini J.Allakowyň, D.Nuralyýewiň, N.Hojageldiýewiň, A.Mämmedowyň tankydy makalalarynda duýuldy. Muny has duýarlykly eden ýaşlar bolsa A.Nurmämmedow, Ý.Annagurbanow, S.Hydyrow, D.Gurbanow dagydyr.

A.Nurmämmedow bilen Ý.Annagurbanowyň "Çaň basan kitaplar"diýen haý-haýly makalasy köp okyjynyň ýadyndadyr. Ol tankyt žanrynyň şygryny giňelden makala boldy:

---

[1] Allakow J. Häzirki zaman prozasynyň problemalary we gahrymanlary. Aşgabat: Türkmenistan, 1991, -83

“Çeper edebiýatyň okyjylarynyň nägileligi, dükanlardaky geçmän ýatan kitaplaryň barha artýandygy baradaky howsala täzeden gurmak döwründe gas-da güýçlendi”[1] diýlip başlanýan makala örän uly seslenme döredipdi. Onda örän uly tiraž bilen kitaplaryny çykardýan ýazyjylardan G.Kulyýewiň, T.Jumageldiýewiň, K.Taňrygulyýewiň, A.Haýydowyň, B.Hudaýnazarowyň we beýlekileriň eserleriniň hiliniň ýaramazlygy ýerlikli tankyt edilýär.

Gowşak eseri yzly-yzyna çykardýan S.Öräýew hem D.Gurbanowyň “Iki hili harsallyk”[2], A.Mämmedowyň “Ortalyk nukdaý nazardan garalanda” diýen makalasynda giňişleýin hem subutnamaly tankytlandy. Tankyt S.Öräýewiň çeperçiligi pes ýazyjydygyny aýda-aýda gelýär. D.Gurbanow we A.Mämmedow şahyryň “Meniň duýgy dünýämde” diýen kitaby barada bir hörpden gopdular.

Batyrgaýlyk Ý.Annagurbanowyň “Saýlanmadyk “Saýlanan eserler”[3], S.Hydyrowyň “Ynsapdan adamkärçilikden ugur alsak”[4], D.Gurbanowyň “Kalbymyzy kirletmeli däl”[5], A.Nurmämmedowyň “Tokga tutan göbekler”[6] ýaly çynlakaý makalalarynda görnetin duýulýar. Bu, tankyt üçin örän belent bolmasa-da,

---

[1] Nurmämmedow A., Annagurbanow Ý. Çaň basan kitaplar. –Edebiýat we sungat, 1987, 13 mart.
[2] Gurbanow D. Iki hili harsallyk. –Edebiýat we sungat, 1989, 4 awgust.
[3] Annagurbanow Ý. Saýlanmadyk “Saýlanan eserler”. –Edebiýat we sungat, 1988, 30 sentýabr.
[4] Annagurbanow Ý. Saýlanmadyk “Saýlanan eserler”. –Edebiýat we sungat, 1988, 30 sentýabr.
[5] Gurbanow D. Kalbymyzy kirletmeli däl. –Ýaş kommunist, 1990, 24 mart.
[6] Nurmämmedow A. Tokga tutan göbekler. –Nesil, 1992, 12 mart.

onuň barlygyny, negatiw, pes hilli eserlerde barlyşyksyz göreş alyp barýanlygyny görkezýär. Biz ony aýratyn hem ýokarda ady tutulan ýaşlaryň makalalarynda görýändigimizi ýaşyryp duramzok. Gaýtam, şeýle prinspliligi goldamaly. Ol hem tankyt neslinde öňden gelýär. Aýratyn hem şeýle prinsiplilik uly tankytçylardan gaýdýardy, ýöne olar ýalňyz, aýry-aýry çykyş edýärdiler, hem seýrekdi. Soňky tankydy nesil welin çalt we biri-birine goldawly çykyş edýändikleri bilen tapawutlanýar. Ony ýene D.Gurbanowyň “Gürrüň gümürtik bolmasyn”[1], A.Nurmämmedowyň “Mizany” mizanda goýsak”[2], Ý.Annagurbanowyň “Gijigen ökünjiň” gijigen gürrüňi”[3], S.Hydyrowyň “Saýlanan eserler” kimiňkiden saýlanýar”[4] diýen ýaly makalalarynda görýäris. Bularyň hemmesine anyklyk, dogruçyllyk, analitiklik mahsusdyr. Tankydyň şeýle ýol bolen gitmegi häzirki döwrümiziň ruhuna-da örän dogry gelýär.

XX asyryň 90-njy ýylyndan, özgerýän, erkinlik döwri diýýän şu zamanamyzda baýry we orta nesil tankytçylaryň hem aýak goşmasy bizi az begendirenok. Biz onuň mysalyny 50-nji ýyllarda ady tanalan, şu günler hem aktiw işleýän M.Annagurdowyň makalalarynda, kitaplarynda görýäris. Tankytçynyň “Berdi Kerbabaýew

[1] Gurbanow D. Gürrüň gümürtik bolmasyn. –Sowet edebiýaty, 1989, №1.

[2] Nurmämmedow A. “Mizany” mizanda goýsak. –Sowet edebiýaty, 1989, №5.

[3] Annagurbanow Ý. “Gijigen ökünjiň” gijigen gürrüňi.- Sowet edebiýaty. 1989. N5

[4] Hydyrow S. “Saýlanan eserler” kimiňkiden saýlanýar? –Sowet edebiýaty, 1989, №5.

hem-de onuň “Aýgytly ädim” romany barada”[1], “Çeper eserler nähili döreýär”[2] diýen ýaly saldamly işleriniň adyny tutman geçip bilmeris. Bularyň ikisem B.Kerbabaýewiň döredijiligini ilik-düwme eden tankytçynyň paýhas eleginden geçiren işleridir. Şuny diýmek bilen biz ylym, tejribe, neşir we tankyt meselelerine ýene dolanýarys. Ol problemalar Ö.Abdyllaýewiň “Faktlara esaslansaň”[3], A.Orazowyň “Döwrüň gahrymany, döwrüň ahlagy”[4], N.Hojageldiýewiň “Taryhy şahsyýet we çeper obraz”[5] diýen ýaly makalalarynda, S.Myradowyň “Düýnki hem şu günki edebiýatymyzyň aladalary”[6], G.Geldiýewiň “Taryh. Edebi ykballar”[7] diýen kitaplarynda öz beýanyny tapdy. Munuň özi türkmen tankydynyň täsirliligini, problemalaýyn häsiýetiniň güýçlenýändigini aňladýan faktlardyr. Şeýle özgerişleriň mundan buýana has ösjekligine garaşsyz Türkmenistanyň şu günki depgini güwä geçýär.

---

[1] Annagurdow M. Berdi Kerbabaýew hem-de onuň “Aýgytly ädim” romany barada. –Sowet edebiýaty, 1987, №10.

[2] Annagurdow M. Çeper eserler nähili döreýär. –Aşgabat: Türkmenistan, 1989.

[3] Abdyllaýew Ö. Faktlara esaslansaň. –Sowet edebiýaty, 1989, №1.

[4] Orazow A. Döwrüň gahrymany, döwrüň ahlagy. –Sowet edebiýaty, 1990, №1.

[5] Hojageldiýew N. Taryhy şahsyýet we çeper obraz. –Sowet edebiýaty, 1990, №8.

[6] Myradow S. Düýnki hem şu günki edebiýatyň aladalary. –Aşgabat: Türkmenistan, 1988.

[7] Geldiýew G. Taryh. Edebi ykballar. –Aşgabat: Türkmenistan, 1990.

## NETIJE

“50-80-nji ýyllaryň türkmen edebi tankydynyň problemalary /1950-1985/ atly işiň derňewinden gelip çykýan esasy netijelere geçmezimizden öň, ozalky SSSR-iň we indi taryhyň ygtyýaryna geçen Türkmenistan Sowet Sosialistik respublikasynyň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçen düýpli özgerişligi bellemek zerurlygynyň ýüze çykandygyny nygtamakçy bolýarys.

Biz garaşsyz Türkmenistanyň eýýäm bir ýyllygyny /1991, 27-nji oktýabr/ uly dabara bilen belläp geçdik, onuň halkymyz üçin uly hyzmat bitiren Prezidenti S.A.Nyýazowyň alyp barýan içerki we daşarky syýasatyny goldaýarys we oňa hemme taraplaýyn kömek bermek bilen, türkmen halky onuň daşyna barha berk jebisleşýär. Bu ýagdaý türkmen ýurdunyň hemme sferasyna peýdaly täsirini ýetirýär. Şeýle faktory nazara almazdan, öz edebiýatymyzyň we onuň tankydynyň geçen we häzirki ýoluny ylmy anyklykda öwrenmek birtaraply bolardy. Bu nukdaý nazardan, 50-80-nji ýyllaryň türkmen edebi tankydynyň geçen etaplary, köp gyzykly hem mundan buýana öwrenilmeli materiýallary berýär. “Girişden” we “Netijeden”, “Peýdalanylan edebiýatdan” başga, işiň esasy göwresi baş bapdan ybarat bolup, olarda her bir bap öz döwrüne görä, şol wagtdaky edebi derejä laýyklykda derňelmäge synanyşyldy. Biz asla bolup geçen we edebiýatymyzda yz galdyran hiç bir fakty ýoýmaga, ýa-da barlag prosesinden aýryp taşlamaga synanyşyk etmedik. Oňa ylmyň haky-da ýok. Gaýtam, edebiýet we onuň tankydy nähili bolan bolsa, şony obýektiw açyp görkezmäge dalaş edildi.

Girişde şeýle problema çemeleşmekde nähili prinsiplerden ugur alnandygy jikme-jik beýan edildi we punktma-punkt aýratynlykda görkezildi. Galyberse-de, ozalky doganlyk, häzirki garaşsyz respublikalaryň edebi ýagdaýynyň nazara alynjakdygy nygtaldy. Zerur halatlarda rus, azerbeýjan, gyrgyz, gazak, özbek edebiýatlaryna ýüzlenildi.

Işiň "50-60-njy ýyllaryň edebi-çeperçilik sredasy we tankydyň derejesi" diýen birinji bapda janly edebi proses we oňa bolan tankydy garaýyş parallel derňeldi. Şeýle ýörelgeden gidilmegi zerurlyk bolup, edebi eserler hasaba alynmazdan, onuň tankydyny yzarlamak degişli netijäni bermeýär. Bu bizden öňki alymlaryň tankyt baradaky ýazan işlerinde hem şeýledir. Ýeri gelendigi üçin , A.Kekilowyň, R.Rejebowyň, K.Jumaýewiň "Türkmenistanda tankydy pikiriň döreýşi we ösüşi /gysgaça taryh/" /1969/, J.Allakowyň "Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Okuw gollanmasy" /1988/ ýaly işlerini agzamak bilen çäkleneliň.

Biziň ylmy-barlagymyz asla taryhy-hronologok ýa-da okuw-pedagogoik tertipde ýazylman, her döwürde türkmen tankydyna nähili wekilleriň gelendigini, olaryň näme täzelik getirendigini, haýsy problemalary gozgandygyny, nähili tankydy žanrda aktiw işländigini anyklamakdan ybaratdyr.

Edebi tankyt hemişe janly çeperçilik prosesine gözegçilik edip gelenem bolsa, onuň borji şondan ybarat bolsa-da, bu missiýany hemme etaplarda deň derejede amala aşyrmaga edebi tankydyň mümkinçiligi bolmaýar. Oňa üç zat sebäp bolýar. Brirnjiden, janly edebi prosesiň öz derejesi. Ikinjiden, jemgyýetdäki agalyk edýän

idealogiýanyň täsiri. Üçünjisi, tankytçynyň hususy taýýarlygy, edebiýata düşünişi er obýektiw we subýektiw pozisiýalardan ugur alşy. Ine, bu ýagdaý işiň hemme baplarynda munuň göz öňünde tutulmagyny talap etdi.

50-60-njy ýyllarda tankyt sehinde san we hil taýyndan, öňki 20-30-40-njy ýyllara garanda, görnetin özgerişlik boldy. Ol Ata Kerimowyň, M.Annagurdowyň atlary bolen bagly bolupdy. Dogry, bu döwürde tankydyň syn, bellik, ýazgy ýaly žanrlarynda metbugat sahypalarynda çykyş edýän alym edebiýatçylar, ýazyjylar, ýönekeý awtorlar köpdi. Ozal girişde aýdyşymyz ýaly, biz olary, umuman, agzasagam, professional tankyt nazarda tutulanda, diňe şol žanrda berlen talantlara üns berdik. Şeýle çemeleşme Ata Kerimowyň, M.Annagurdowyň döredijiligini öwrenmekde zerurdy.

Emma şol döwrüň idealogiýasy, “konfliktsizlik teorýasy” bularyň tankydyna täsir etmän durup bilmedi. Aslyýetinde bu täsir tankytdan öň ýazyjylaryň eserlerinde özüni duýdurdy. B.Kerbabaýewiň, B.Seýtäkowyň, G.Muhtarowyň, kä halatda A.Gowşudowyň hekaýalarynda, powestlerinde durmuşy gülala-güllük edilip görkezilmäge, partorglary öňki raýkom, şäherkom instruktorlaryny “perişde” edip görkezmäge synanyşyk edilýärdi. Rus milletiniň wekilleriniň türkmene durmuşa çykmagy ýa-da olardan Türkmenistana gelen adamlaryň hemmesiniň uçdan tutma gow, položitel, mydama türkmene öwredip ýören edilip görkezilmegi ähli eserlerde göze ilýärdi. Bu ýagdaýyň belli derejede 50-nji ýyllaryň atly tankytçysy Ata Kerimowyň makalasynda-da duş gelmesi hem şonuň üçindir. Tankytçynyň özi aradan çykansoň, 1957-nji ýylda çap edilen “Türkmen sowet

edebiýaty ösüş ýolunda” diýen kitapda, tankydy belliklere garanda, öwgi, köpräk syýasy reňk, rus doganlygy, kommunistik partiýany taryplamak aşa köpdi. Beýle bolmagyna garamazdan, Ata Kerimow hem, Mämmetdurdy Annagurdow hem, Annaguly Mämmetgulyýew hem, Kakaly Berdiýew hem türkmen edebiýatynyň çeperçiligi, ussatlygy üçin ellerinden gelen işleri edipdiler. Olaryň tankydynda 20-30-njy ýyllaryň tankydyndaky ýaly ýok ediji, inkär ediji, käbir derejede ýazyja antipatiýaçylyk äheň ýokdy. Bize Berdi Kerbabaýewiň “Aýgytly ädiminiň”, “Nebitdagynyň”, “Aýsoltanynyň”, “Goja nämä gaharlanýarsyň” nahili gazaply tankyda sezewar bolandygyny bilýäris. Aman Kekilowyň “Söýgi” romany-da az kötek iýmändi. Emma netijede bu ýazyjylar kämilleşdiler, tankydydam, syndan, obrazdan saýlanyp, aýratyn ýazyjyny sistemaly öwrenmeklige, uly-uly problemalary orta atmaklyga tarap ösüp gitdi. Şol sebäbe görä onuň K.Jumaýew, A.Myradow, Ö.Abdyllaýew, K.Taňryberdiýew, N.Jumaýew ýaly esgerleri hem köpelip başlady. Eýýäm altmyşynjy ýyllaryň ortalarynda, ahyrlarynda inisiatiwa A.Myradow, Ö.Abdyllaýew, N.Hojageldiýew, J.Allakow ýaly zehinleriň eline geçdi. Olaryň özbaşdak tankydy kitaplary çykyp başlady. Tankytda operatiwlik problemalylyk, bir žanry doly yzarlamaklyk peýda boldy.

“70-nji ýyllar edebi tankydyň ýokary göterilen döwrüdir” diýen ikinji bap, esasan, A.Myradowyň, Ö.Abdyllaýewiň, J.Allakowyň, H.Taňryberdiýewiň, N.Hojageldiýewiň, D.Nuralyýewiň, S.Myradowyň we beýlekileriň tankydy pikirlerini yzarlamaklyga bagyşlandy.

Ol döwürde SSKP MK-nyň “Edebi-çeper tankyt hakynda” /ýanwar, 1972/ kararynyň Soýuz möçberinde möhüm rol oýnandygyny, 70-nji ýyllarda öňki ähli respublikalarda, şol sanda Türkmenistanda-da tankydy pikiriň ösmegine, merdemsileşmegine, şygryny giňeltmegine goşant goşandygyny obýektiwleriň hatyrasyna aýtmalydyrys. Şol döwürlerde tankydy kitaplar köp çykyp başlady, yankydyň çekişme žanry janlandy. 70-nji ýyllarda A.Myradowyň, Ö.Abdyllaýewiň, D.Nuralyýewiň başlan ýa-da jemlän çekişmeleri ep-esli bardy. Olardan realizm, häzirki zaman poeziýasy, powesti, hekaýasy, romany, çeper eseriň dili, däp we täzeçillik, taryh, döwür we şahsyýet barada giden çekişmeleri ýatlamak ýeterlikdir.

Tankydyň aktiwleşmek prosesi Soýuzyň hemme ýerinde gitdi. Türkmen tankydy hem şol üzňe ösüşden üzňe bolmandy. Gaýtam, öz “hojalygyna” eýe bolmakda käbir ýagdaýlarda öňe geçdi diýsegem ýalňyşmarys.

Dogrusy, 60-70-nji ýyllaryň sepgidinde tankydyň ylmy hümmeti artdy. Sebäbi tankytçylaryň köpüsinde alymlyk derejesi bardy, professional taýýarlyk artýardy.

Bu bapda her bir professional türkmen tankytçysynyň stil, çemeleşme aýratynlygyny ýüze çykarmaklyga aýratyn üns berildi. A.Myradowdaky operatiwlik, publisistik, çeperçilik, Ö.Abdyllaýewdaky akademizm, prinsiplilik, kä halatda agras hem teoretiki äheň, J.Allakowdaky giňlik, köp faktlylyk jemleýjilik, bir žanrdan işlemeklik, S.Myradowdaky inkär edijilik, nigilist dik, detal tutup, umumy problemany unutmaklyk, özünden başga alymy, tankytçyny hasap etmezlik hem teoriýadan gowşaklyk, H.Taňryberdiýewdäki köp sözlülik,

registrleýjilik we gaýrylar şu bapda mümkingadar açylmaga synanyşyldy. Emma bu professional tankytçylarynyň türkmen tankydyny ösdürmekdäki hyzmatlary, esasan, 70-nji ýyllarda doly ýüze çykdy diýip nygtaldy.

"Türkmen edebi-çeper tankydynyň žanr we stil aýratynlyklary" diýen üçünji bapda biziň tankydymyzyň esasy wekilleri bolan A.Kerimowyň, M.Annagurdowyň, Ö.Abdyllaýewiň, J.Allakowyň, H.Taňryberdiýewiň, A.Myradowyň, D.Nuralyýewiň, A.Garaýewiň, G.Geldiýewiň, B.Ussaýewiň haýsy žanrlarda köp iş edendikleri, olaryň analizleýjilik usullary ussatlyklary yzarlandy we hersi öz ýerinde görkezildi.

Eger A.Kerimow halklar dostlugyna üns berse, köplenç, edebiýaty öwreniş tärlerine ýykgyn etse, A.Myradow tankyda bütinleý döredijilikli, erkin çemeleşdi we poeziýany, prozany, draturgiýany, çagalar edebiýatyny deňräk alyp gitdi diýsek, Ö.Abdyllaýew aglaba halatlarda prozany, onuň hem iň kyn teoretiki meselelerini açdy, uly prinsiplilik görkezdi. J.Allakow, H.Taňryberdiýew diňe proza tankydy bilen giden iş salşan bolsalar, A. Garaýew, B.Ussaýew, G.Geldiýew poeziýanyň meselelerini yzygiderli çözmek bilen meşgullandylar. D.Nuralyýew bilen N.Hojageldiýew hem poeziýa, hem proza ýykgyn etseler-de, esasan, lirikanyň çylşyrymlyklaryny ýüze çykarmakda, pikirlerini çürt-kesik beýan etmekde tapawutlwndylar. Olaryň žanrdan gaýry obýekte çemeleşmekdäki obýektiw, subýektiw pursatlary hem subut edijilik derejeleride aýdyňlaşdyryldy. Üçünji bap möçber taýdan uly bolup, onda tankytda yz goýan hemme

türkmen tankytçylarynyň professional stil aýratynlyklary aýyl-saýyl edildi.

“Türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň we çeper tankydynyň arabaglanyşgy” atly dördünji bapda alymlaryň we tankytçylaryň edebi tankydyň agyr meselelerini bileleşip çözmekde alyp barýan işleri, ylmyň tankyda, tankydyň ylma aralaşmak prosesi ýörite işlendi. Bu ugurdan A.Kekilow, B.Garryýew, Ö.Abdyllaýew, R.Alyýew ýaly ýaşuly alymlar has oňat görelde görkezipdiler, olardan başga, R.Rejebow, K.Jumaýew, A.Meredow ýaly alym edebiýatçylar has-da uly goşant goşupdylar. Bu ýörelge, Magtymgulynyň, Zeliliniň, Seýdiniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň, Kerbabaýewiň ýubileý seneleri bellenen mahalynda, has-da giň ýaýrawa eýe boldy. Soň-soňlar edebi tankyt öz täsirini ylma aç-açan ýetirip başlady. Ony S.Myradowyň, G.Geldiýewiň, A.Bekmyradowyň, Magtymgula, Zelilä degişli düýpli kitaplarynda görmek bolýar. Aslyýetinde Magtymguly ýaly çylşyrymly şahyryň döredijiligi çuň ylmy-teoratiki çemeleşme bolmasa, ýöne edebi tankyda doly we dogry çözdürmeýär. Bu, Hakykatdan hem, şeýle. Ony 60-njy ýyllarda realizm hakynda giden çekişme görkezdi. Soň bu mesele ylymda K.Jumaýew, D.Nuralyýew, has beteri-de S.Garryýew tarapyndan öwrenildi.

Edebiýaty öwreniş we tankyt M.Gurbansähedow, K.Salyh, Ş.Halmuhammedow ýaly uly edebiýatçylaryň işlerinde-de ýakyn gatnaşykda analiz, sintez arkaly ýüze çykýar. Häzirki döwürde Magtymguly barada metbugatda çykýan, ylaýta-da sufizm, din barada şahyryň garaýyşlary tankyt eleginden geçirilende, ylmyň ýakyndan kömegi zerur bolsa, häzirki zaman şahyrlarynyň döredijilik

aýratynlygyny açmakda-da ol esasy sözüni aýtmagy başarýar.

“Özgerdiş döwrüniň çeper tankydy” işiň bäşinji baby bolup, onda 1985-nji ýyldan şu güne çenli geçen aralykda edebi tankytdaky üýtgeşmeler, oňa gelen täze wekiller, garaşsyz Türkmenistandaky erkin, demokratik düzgün, onuň döredijiligine beren peýdasy derňelýär. Häzir bu proses kemala geliş, kämilleşiş prosesini başdan geçirýär. Şeýle bolmagyna garamazdan, tankydymyzda eýýäm at alan professional adamlaryň hatarynda edebi tankyda gelýän batyrgaý wekilleriň işleri, makalalary sistemalaýyn derňelýär. Uly tankytçylardan J.Allakowyň, D.Nuralyýewiň, G.Geldiýewiň, A.Garaýewiň, N.Hojageldiýewiň işleri, çykyşlary bilen bir hatarda, A.Orazow, A.Mämmedow, A.Nurmämmedow, Ý.Annagurbanow, S.Hydyrow, D.Gurbanow ýaly zehinleriň tankyda ymykly girmekleri oňat hadysadyr. Bulardaky batyrgaýlyk, erjellik okyjylary has-da begendirýär. Edebi tankydyň çekişme, interwýu žanry dowam edýär. Häzirki döwür N.Annagurdow ýaly 50-nji ýyllarda meşhurlyk gazanan goja tankytçylaryň hem geçilen ýoly tankyt tejribesi manysynda saldarlap görmäge, ýaş tankydy güýçlere sapak bermeklige getirdi. Özgerdiş döwri ýazyjyny goramak bilen, onuň kemçiliklerini-de ýüz görüjüliksiz ýazmaga, galyzdan çykmaga giň ýol açdy. Aýratyn hem, tankytda yz galdyran alymlaryň öz döredijilik ýollaryny öwrenmeklige ol ýardam etdi. Şol bir wagtyň özünde-de öňki totalitar sistemada ýoň bolan aşa syýasylaşdyrma, partokratlyga garşy göreş alnyp barylmagyna, şu günki garaşsyz Türkmenistanyň täze edebiýatyny döretmeklige uly

mümkinçilik döretdi. Biz bularyň ählisiniň aýratynlyklaryny soňky bapda görkezmäge çalyşdyk.

Özgerdiş döwri çekişme žanryny aýratyn öňe sürdi. Biz D.Nuralyýewiň "Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy", "Iri prozanyň ownamagy", A.Nurmämmedowyň "Magtymgulynyň edebi obrazyna bellikler", ýene-de A.Nurmämmedowyň "Çaň basan kitaplar" diýen makalalaryny göz öňünde tutýarys. Galyberse-de, aýratyn uly ýazyjynyň döredijiligine aralaşmakda N.HojageldiýewiňA.Atajanowyň döredijiligine, Ý.Annagurbanowyň – K.Taňrygulyýewiň döredijiligine, D.Gurbanowyň A.Atabaýewiň döredijiligine, A.Mämmedowyň we S.Hydyrowyň S.Öräýewiň döredijiligine bagyşlanan makalalaryny mysal alyp, olary analizledik. Edebi tankyt diňe edebi eserleri öwrenmek çägimden çykyp, dil, medeniýet, neşirýat meselelerine hem aralaşyp ugrady. Bu ugurda professor J.Allakow örän şowly makalalar ýazyp, türkmen diliniň öwreniliş çägini giňeltdi. Dogry, häzirki wagtda ozalky ýetmiş ýylky gazanylan üstünlikleri bütinleý inkär etmek meýli, aýratyn hem ozalky uly ýazyjylaryň hyzmatyny ýoga çykarjak bolmak, SSSR-iň dargadylandygyna duwlanyp, hemme zady püçege çykarjak bolmaklyk meýli metbugatda häli-şindi peýda bolup durýar. Bu döwürde döredilen edebi mirasymyza hem-de onuň zehinli wekillerine atanak çekjek bolmak prinsipi nädogrydyr. Şeýle ýagdaýda edebi mirasyň döredilen döwründe ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, sosial-medeni aýratynlygy her taraplaýyn çuňňur analizläp hasaba almak bilen, muňa diňe obýektiw baha bermek bilen, öňe gitmek häzirki zaman tankydynyň borjudyr.

## AWTORDAN

Ine, gadyrly okyjylar, biz türkmen edebi tankydynyň ösüş ýollarynyň soňky 50 ýyl aralygyna azda-kände syn saldyk. “Edebiýat durmuşyň aýnasydyr” diýlip, ýöne ýere aýdylmaýar. Çünki, edebiýat hemişe döwür bilen aýakdaş gidýär. Biz geçmiş edebiýatymyza syn salanymyzda, (edebi tankydymyza hem) şol döwürleriň şowlulyklaryna-da, nogsanlyklaryna-da göz ýetirip bileris. Elbetde, edebi proses hemişe adam ykballary bilen iş salyşöandygy üçin hemişe hereketde, ösüşde bolýar.

Şeýle-de bolsa, totalitar sowet düzgüni döwründe, aýratynam, geçen asyryň 50-nji ýyllarynda ýazyjy-şahyrlarymyza Magtymguly atamyzyň aýdyşy ýaly “Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň” etmäge mümkinçiligiň bolmandygyny aýtmalydyrys. Galyberse-de, sowet döwründe ähli adamlary özüne birikdirýän ynamly milli maksadyň (ideýanyň) bolmanlygy, bolyp bilmejekdigi üçin hem milli edebiýatymyz dünýä nusgalykly edebi eserleri orta getirip bilmedi. Elbetde, milli edebiýat milli çarçuwalara boglup oturmaly dälem bolsa, öz milliliginde hakyky edebiýat bolup biler. Biz munuň hut şeýledigini soňky döwür edebiýatyň Çingiz Aýtmatow, Resul Gamzatow, Abdylla Arypow, Gurbannazar Ezizow ýaly meşhur edebi şahsyýetlerimiziň döredijilik ykballarynda görýäris.

Islendik döredijilik adamsy öz döwrüne, halkynyň bagtyna, Watanynyň ykbalyna guwanan mahaly uly joşgun bilen, kalbyndan syzdyryp, ilhalar eserler dýredýär.

Şu nukdaý nazardan seredenimizde bolsa, Garaşsyzlyk döwrümiz, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Täze Galkynyşlar eýýamy milli edebiýatymyzyň, sungatymyzyň, medeniýetimiziň ösmegi üçin täze giňişlikleri açdy. Öz ykbalyna eýe bolan halkyň kalbynyň joşguny şahyrlara geçdi. Täze Galkynyşlar zamanasynyň syýasy, ykdysady, medeni ösüşlerindäki täzelikler bu gün Atamyrat Atabaýew, Täçmämmet Jürdekow, Ýazmyrat Mämmediýew, Gözel Şagulyýewa, Kaýum Taňrygulyýew...ýaly Türkmenistanyň halk ýazyjylarynyň, Nobatguly Rejebow, Gurbanýaz Daşgynow, Kömek Kulyýew, Atajan Tagan, Agageldi Allanazarow, Gurbannazar Orazgulyýew, Osman Ödäýew, Gowşutgeldi Daňatarow... ýaly öndümli işleýän ýazyjy-şahyrlarymyzyň döredijiliklerinde öz belent beýanyny tapýar.

Bu döwürde Jora Allakow, Aman Şyhnepesow, Gurbandurdy Geldiýew, Şirinjemal Geldiýewa, Ahmet Mämmedow, Gyzylgül Kyýasowa, Şirin Gurbanowa, Hemra Hudaýgulyýew...ýaly edebi tankytçylarymyz hem edebi gorumyz, şu günki edebiýatymyzyň halkymyzyň öňündäki hyzmatlary hakda ylmy-derňew işlerini alyp barýarlar.

Soňky döwür edebiýatymyzyň ýeten belentlikleri barada Garaşsyzlyk, Täze galkynyşlar zamanasynda ýetişen zehinli ýaş edebiýatçylarymyz edebi derňewleri has-da giň manyly, ýokary derejede ylymly dowam etdirerler diýip umyt edýäris.

# P E Ý D A L A N Y L A N   E D E B I Ý A T LAR

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşugynda sözlän sözi (2010-njy ýylyň 24-nji fewraly)

1. Abdyllaýew Ö. Uruşdan soňky türkmen sowet prozasynda kolhozçynyň obrazy. –Aşgabat: TDU, 1957. -144 s.

2. Abdyllaýew Ö. Edebiýatyň ösüşine göz aýlap. –Aşgabat: Türkmenistan, 1968. -260 s.

3. Abdyllaýew Ö. Talant, hyjuw, ussatlyk /Makalalar/. –Aşgabat: Türkmenistan, 1975. -144 s.

4. Abdyllaýew Ö. Türkmen prozasynda däp we täzeçilik. –Aşgabat: TDU, 1972. -385 s.

5. Abdyllaýew Ö. Döwrüň keşbi – edebiýatyň keşbi. –Aşgabat: 1980. -172 s.

6. Abdyllaýew Ö. Berkeliýew M.R.Seýidowyň “Bagtlylar” poemasy hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1953, 25 oktýabr.

7. Aborskiý A. Saryhanowyň hekaýalary. –Sowet Türkmenistany, 1945, 7 iýul.

8. Aborskiý A. “Mähri-Wepa” /A.Gowşudowyň romany hakynda/. –Sowet Türkmenistany, 1946, 18 awgust.

9. Aborskiý A. Watançy şahyr /D.Haldurdy hakynda/ -Sowet Türkmenistany, 1948, 6 ýanwar.

10. Aborskiý A. Jürmenek B. Ýokary ideýaly çeper eserler ugrunda. –Bolşewik, 1948, №5.

11. Aborskiý A. “Aşyryň ýaşlygy”. –Sowet Türkmenistany, 1952, 27 iýul.

12. Aborskiý A. “Şöhrat”. Ş.Kekilowyň rus dilindäki ýygyndysy hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1952, 13 dekabr.
13. Aborskiý A. Ýazyjynyň ýoly /A.Gowşudowyň döredijiligi hakynda/. –Sowet edebiýaty, 1953, №8.
14. Aborskiý A. Ýaş edebiýatçylara köp üns bermeli, Ýaş kommunist. 1954, 7 maý.
15. Aborskiý A. “Aýgül” /J.Ilmyradowyň poemasy hakynda/. Sowet Türkmenistany, 1954, 19 noýabr.
16. Aborskiý A. Çeper sözüň ussady /A.Gowşudow/. –Sowet Türkmenistany, 1955, 20 oktýabr.
16 b. Aborskiý A. Murgap jülgesiniň komissary /Ata Salyh/. “Sowet edebiýaty”, 1972, №1 – 2 .
17. Allakow J. Döwür we gahryman. –Aşgabat: Türkmenistan, 1971. 178 s.
18. Allakow J. Durmuş hakykaty we çeper hakykat. –Aşgabat: Türkmenistan, 1975, 214 s.
19. Allakow J. Häzirki döwür we türkmen edebiýaty /Makalalar/ Aşgabat: Türkmenistan, 1982, 208 s.
20. Allakow J. Prozamyzda döwürdeşlerimiziň ahlak keşbi /Makalalar/ . –Aşgabat: Türkmenistan, 1984, 220 s.
21. Allakow J. Zähmet we häsiýet /Makalalar/.–Aşgabat:Türkmenistan,1987,173 s.
22. Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Okuw gollanmasy. –Aşgabat: Magaryf, 1988, 304 ç.
23. Allakow J. Häzirki zaman prozasynyň problemalary we gahrymanlary. –Aşgabat: Türkmenistan, 1991, 464 s.
24. Allakow J. Iki romanyň gürrüni. Edebiýat we sungat, 1972, 21 maý.
25. Allakow J. Biziň günlerimiziň powestleri hakda bellikler. Sowet edebiýaty, 1973, №1.

26. Allakow J. Roman žanry we onuň tankydy. –Sowet edebiýaty, 1976, 2.
27. Allakow J. Gürrüň köp-de, hereket az. –Sowet edebiýaty, 1987, №9.
28. Allakow J. Roman ýazmak ýeňilmikä? Edebiýat we sungat, 1988, 18 iýul.
29. Allakow J. Ak guş ýa-da gara garga. Bu edebiýata ýokaşan ýowuz keseldir. Edebiýat we sungat, 1990, 30 noýabr.
30. Allakow J. Ideologiýa we edebiýat. –Sowet edebiýaty, 1990, №9.
31. Allakow J. Dar düşünilen synpylyk. -Edebiýat we sungat, 1991, 29 mart.
32. Allakow J. Galyp däl-de realizm gerek. –Sowet edebiýaty, 1991, №5.
33. Alyýew R. Beýik arzuw umytlar şahyry /G.Seýitliýew hakynda/ Sowet Türkmenistany, 1947, 2 fewral.
34. Alyýew R. Biziň ýazyjylarymyz talaba laýyk düýpli eserler döretmelidirler. Bolşewik, 1948, №2.
35. Alyýew R. “Lebap nagmalary” hakynda /R.Seýidowyň goşgulary/ Sowet Türkmenistany, 1949, 29 noýabr.
36. Alyýew R. Çagalar edebiýatynyň käbir meseleleri hakynda. Sowet edebiýaty, 1950, №11.
37. Alyýew R. Edebiýat taryhynyň käbir meseleleri hakynda. Sowet edebiýaty, 1948, №11-12.
38. Alyýew R. Çeper edebiýatyň ýokary idealylygy ugrunda göreşeliň. Sowet Türkmenistany, 1950, 15 awgust.
39. Alyýew R. Ýaş ýazyjylar bilen gündelik iş alyp barmaly. Sowet Türkmenistany, 1950, 18 oktýabr.

40. Alyýew R. Saýlantgy eserleri saýlap almak gerek. Nury Annagylyjyň kitabyna tankyt. Sowet edebiýaty, 1951, №10.
41. Alyýew R. Aşgabadyň ýaş ýazyjylarynyň seminary. Sowet Türkmenistany, 1952, 20 maý.
42. Alyýew R. Halk şahyry Ata Salyh we onuň "Saýlanan eserleri". Sowet edebiýaty, 1952, №5.
43. Alyýew R. Şahyr aýal-gyzlaryň döredijiligi hakynda. /T.Esenowa, O.Omarowa, D.Artykowa/ Sowet Türkmenistany, 1952, 24 dekabr.
44. Alyýew R. Halk şahyry Durdy Gylyç. Sowet edebiýaty, 1953, №2.
45. Annagurbanow Ý. Saýlanmadyk "Saýlanan eserler". Edebiýat we sungat, 1988, 30 sentýabr.
46. Annagurbanow Ý. "Gijigen ökünjiň" gijigen gürrüňi. Sowet edebiýaty, 1989, №5.
47. Annagurdow M. "Aýgytly ädim" /B.Kerbabaýewiň romany/. Sowet edebiýaty, 1951, №4.
48. Annagurdow M. "Aýsoltan" powesti hakynda. Sowet edebiýaty, 1953, №5.
49. Annagurdow M. Çeper eserler nähili döreýär. Aşgabat: Türkmenistan, 1989, 192 s.
50. Annanurow B. A.Kekilowyň "Söýgi" poýemasy hakynda. Sowet Türkmenistany, 1947, 13 iýul.
51. Ataýew K. Ösýän hem kämilleşýän žanr. Edebiýat we sungat, 1972, 11 iýun.
52. Atajanow A. Ýaş şahyryň ilkinji kitaby. Ilmyradowyň goşgylar ýygyndysy hakynda. Ýaş kommunist, 1947, 23 oktýabr.
53. Atajanow A. Dereksiz giden pullar we ýazylmaýan pýesalar hakynda. Sowet Türkmenistany, 1948, 13 maý.

54. Atajanow A. “Mugallymyň gyzy” /H.Ysmaýylowyň powesti hakynda/. Ýaş kommunist, 1948, 11 mart.
55. Atajanow A. Türkmen balykçylary hakynda ilkinji eser /N.Amanowyň we A.Kowusowyň “Balykçylar” diýen poýemasy hakynda/. Sowet Türkmenistany, 1948, 18 aprel.
56. Atajanow A. Halk şahyrynyň joşguny. Bolşewik, 1948, №1.
57. Atajanow A. Ýaş şahyr Hasymguly Gurbanow. Sowet edebiýaty, 1949, №4.
58. Atajanow A. Gowşak manyly eser. B.Pürliýewiň “Altyn toprak” diýen pýesasy hakynda. Ýaş kommunist, 1949, 30 oktýabr.
59. Atajanow A. Käbir manysyz setirler, ýerliksiz ulanylan sözler hakynda /A.Kowusowyň “Parahatçylyk köçesi” atly kitaby/. Sowet Türkmenistany, 1954, 17 aprel.
60. Atajanow A. Söz ýazyjynyň esasy ýaragydyr. A.Haýydow “Gök asman”. Sowet edebiýaty, 1955, №12.
61. Atajanow A. Zehinli şahyryň poýemalary. /Ç.Aşyrow hakda/ Sowet edebiýaty, 1955, №10.
62. Aşyrow N. Ata Gowşudowyň döreden esasy edebi obrazlary. Sowet edebiýaty, 1948, №11-12.
63. Aşyrow N. Türkmen sowet edebiýatynyň görnükli kyssaçysy. A.Durdyýew hakda. Sowet Türkmenistany, 1948, 11 maý.
64. Aşyrowa E. Beýik watançylyk urşundan soňky döwrüň edebi tankydy. /1945-1950/. Aşgabat: Golýazma, 1976, 125 s.
65. Aşyrowa E. Türkmen edebi tankydy 1950-1955-nji ýyllarda. Aşgabat: Golýazma, 1980, 138 s.

66. Aşyrowa E. 1966-1975-nji ýyllaryň edebi tankydy. Aşgabat: Golýazma, 1985, 180 s.
67. Aşyrowa E. Ata Kerimow – edebi tankytçy. –Aşgabat: Golýazma, 1986, 150 s.
68. Aşyrowa E. Saýlaw Myradow – tankytçy. –Aşgabat: Golýazma, 1989, 50 s.
69. Aşyrowa E. B.Kerbabaýewiň “Aýsoltan ” powesti edebi tankytda //-B.Kerbabaýew -90. –Aşgabat: Ylym, 1987, 112-118 s.
70. Baýjigitow K. Woprosy masterstwa kirgizskoý literaturnoý kritiki. Žanry. Analiz /1950-1960gg/ -Awt.kand. diss. –Frunze, 1983, -21 s.
71. Baýrammyradow K. Söweşjeň edebiýat ugrunda. –Aşgabat: Türkmenistan, 1970, -265 s.
72. Bekmyradow A. Göroglynyň yzlary /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1988, -144 s.
73. Bekmyradow A. Magtymgulynyň poýeziýasynda şahyrana däp hem täzeçillik gözlegleri. –Aşgabat: Ylym, 1989, -192 s.
74. Berdiýew K. Welmyradow B. Hakykat we toslama. G.Seýitliýewiň we G.Muhtarowyň “Jogapkär sekretar” diýen pýesasyna tankyt. –Sowet Türkmenistany, 1951, 13 maý.
75. Berdiýew K. Çagalar edebiýatyny hemme çäreler bilen ösdürmeli. –Sowet Türkmenistany, 1952, 2 fewral.
76. Berdiýew K. Durmuşdan yza galýan žurnal. “Sowet edebiýaty” hakda. –Sowet Türkmenistany, 1953, 11 fewral.
77. Berdiýew K. Edebiýat tankydynyň käbir meseleleri hakynda. Türkmenistan Kommunisti, 1953, №7.

78. Berdiýew K. “Biziň obamyz” poýeziýasy hakynda. Sowet edebiýaty, 1954, №3.
79. Berdiýew K. Ata Gpwşudowyň eserler ýygyndysy. Sowet edebiýaty, 1955, №11.
80. Berdiýew K. Pursat. Oçerkler, publisistika, ýol ýazgylary, makalalar. –Aşgabat: Türkmenistan, 1986, -287 s.
81. Borjakow Ş. “Soldat ýüregi” /K.Gurbannepesowyň kitaby hakynda/ Sowet edebiýaty, 1954, №6.
82. Wadeskiý B. Beki Seýtäkowyň käbir hekaýalary hakynda. “Oba hekaýalary”. Sowet edebiýaty, 1950, №6.
83. Welmyradow B. Türkmen sowet edebiýatyny täze belentlige götermeli. –Sowet Rürkmenistany, 1951, 14 awgust.
84. Welmyradow B. Bir perdeli pýesalar. –Sowet Türkmenistany, 1954, 11 aprel.
85. Welmyradow B., Saparow.Ç Aman Kekilowyň “Söýgi” poýemasy hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1951, 22 sentýabr.
86. Wladykiw G. Kowaaçuk Ýe, Suçkow B. Edebiýat tankydy hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1946, 14 iýul.
87. Garaýew A. Poýeziýamyz kämillik ýolunda /50-60-njy ýyllaryň liriki poýeziýasy barada/. –Aşgabat: Ylym, 1974, -195 s.
88. Garaýew A. Uly poýeziýamyzyň dowamy /Ýaş şahyrlaryň döredijiligi barada oýlanmalar/ -Aşgabat: Türkmenistan, 1974, -146 s.
89. Garaýew A. Pikirleriň poýeziýasy, duýgylaryň poýeziýasy /Makalalar/ -Aşgabat: Türkmenistan, 1982, -128 s.

90. Garryýew B. Häzirki zamanyň möhüm meselelerine ýüzlenmeli. Edebiýat we sungat, 1960, -25 iýun.
91. Garryýew S. Magtymguly we edebiýatda realistik tendensiýa. –Aşgabat: Ylym, 1978, -149 s.
92. Geldeýew G. Poýeziýamyzyň häzirki zaman keşbi /stil problemasy/. –Aşgabat: Türkmenistan, 1978, -145 s.
93. Geldeýew G. Kämillik ýolunda /Makalalar/. –Aşgabat: Türkmenistan, 1983, -128 s.
94. Geldeýew G. Şygryň gudraty /Makalalar/. –Aşgabat, Magaryf, 1985, -127 s.
95. Geldeýew G. Taryh. Edebi ykballar. –Aşgabat: Türkmenistan, 1990, -440 s.
96. Geldiýewa Ş. Türkmen sowet edebiýatynda powest žanrynyň döreýşi kem ösüşi. –Aşgabat: Ylym, 1985, -212 s.
97. Geldiýewa Ş. Häzirki zaman türkmen powestleri. –Aşgabat:Ylym,1989, -251 s.
98. Gurbannepesow K. M.Seýidowyň “Dostlar” poýemasy hakynda. –Ýaş kommunist, 1955, 9 ýanwar.
99. Gurbannepesow K. Edebiýat we durmuş.–Aşgabat:Türkmenistan, 1979, -220 s.
100. Gurbanow D. Iki hili harsallyk. –Edebiýat we sungat, 1989, 4 awgust.
101. Gurbanow D. Kalbyňy kirletmeli däl. –Ýaş kommunist, 1990, 24 mart.
102. Gurbanow D. Gümürtik gürrüň bolmasyn. –Sowet edebiýaty, 1989, №1.
103. Gurbansähedow G. Soldatyň sesi /Ç.Aşyrowyň “En şäherinde” diýen goşgylar ýygyndysy hakynda/ -Sowet Türkmenistany, 1945, 20 iýul.

104. Gurbansähedow G. “Öküz gödek” /H.Ysmaýylowyň powesti hakynda/. –Sowet Türkmenistany, 1945, 8 awgust.
105. Gurbansähedow G. Aýdym-saz hakynda powest /N.Saryhanow “Şükür bagşy”/. –Sowet edebiýaty, 1948, №4.
106. Gurbansähedow G. Görnükli şahyr /B.Seýtäkow/. –Sowet Türkmenistany, 1948, 26 dekabr.
107. Gurbansähedow G. Jürmenek B “Iki atanyň bir ogly”, -Sowet Türkmenistany, 1947, 8 ýanwar.
108. Gurbansähedow G. “Meniň ýaragym” /D.Haldurdynyň goşgular ýygyndysy hakynda/. –Sowet Türkmenistany, 1948, 11 fewral.
109. Gurbansähedow G. Sowet edebiýaty boýunça täze iş /”Beýik watançylyk urşy döwründe türkmen sowet edebiýaty” diýen tema boýunça kondidatlyk dissertasiýany gutaran N.Aşyrow hakynda/. –Sowet Türkmenistany, 1950, 22 awgust.
110. Gurbansähedow G. Türkmen edebiýatynyň Moskwada geçiriljek hepdeligine taýýarlyk. –Aligatoryň bloknoty, 1951, №12.
111. Gurbansähedow G. Synagyň öň ýanynda / Türkmen edebiýatynyň Moskwada geçiriljek hepdeligine taýýarlyk/. Ýaş kommunist, 1951, 28 awgust.
112. Gurbansähedow G. Meniň ideýa taýdan zyýanly “Türkmensiň” diýen goşgym hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1951, 9 oktýabr.
113. Gurbansähedow G. Türkmen sowet edebiýatynyň ýokary ideýalylygy we çeperçiligi ugrunda. –Sowet edebiýaty, 1951, №12.

114. Gurbansähedow G. Çgaglar üçin gowy kitaplar döretmeli. –Sowet Türkmenistany, 1952, 16 aprel.
115. Gurbansähedow G. Türkmen sowet edebiýatynyň ýagdaýy we wezipeleri hakynda. –Sowet edebiýaty, 1954, №9.
116. Gurbansähedow G. Ýazyjy we döwür. –Aşgabat: Türkmenistan, 1979, -264 s.
117. Gurbansähedow M. Türkmen prozasynda halk we rewolýusiýa. –Aşgabat: Türkmenistan, 1975, -133 s.
118. Gurbansähedow M. Berdi Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynda psihologizm. –Aşgabat: Ylym, 1987, -112 s.
119. Gurbansähedow M. Türkmen romanynyň kemala gelmegi. –Aşgabat: Ylym, 1990, -328 s.
120. Derwaýys gürrüňiň başy. –Edebiýat we sungat, 1972, 27 fewral.
121. Durdyýew A. "Biziň günlerimiz" /A.Haýydowyň goşgular ýygyndysy hakynda/ -Ýaş kommunist, 1952, 11 noýabr.
122. Durdyýew H. Akyl gämisi. –Aşgabat: Türkmenistan, 1987, -243 s.
123. Durmuş hakykatlaryny dogry beýan edýän powestler /H.Ysmaýylowyň powestleri/. –Sowet Türkmenistany, 1952, 3 awgust.
124. Döwrümize mynasyp eserler döredeliň. –Sowet Türkmenistany, 1952, 2 fewral.
125. Jumaýew K. M.Gorkiý we türkmen sowet prozasy. –Aşbabat: TSSR YA-nyň neşirýaty, 1957, -107 s.
126. Jumaýew K. Kerim Gurbannepesow. –Aşgabat: Ylym, 1977, -94 s.

127. Jumaýew K. Aman Kekilow. –Aşgabat: Ylym, 1982, -152 s.
128. Jumaýew K. Türkmen sowet prozasynda däp we täzeçillik. –Aşgabat: Ylym, 1967, -167 s.
129. Jumaýew K. Türkmen sowet prozasynyň döreýşi hem ösüşi. –Aşgabat: Ylym, 1986, -293 s.
130. Jumaýew K. Nuralyýew D. Türkmen edebiýatynda realizm meselesi. Edebiýat we sungat, 1973, 14 ýanwar.
131. Jumaýew K. Nuralyýew D. Atdaýew N. Sowet Gündogary edebiýatynda realizm meselesi. –Edebiýat we sungat, 1972, 1 noýabr.
132. Jumaýew N. Ýaş ýazyjynyň ilkinji kitaby /B.Gurbanow. “Duşuşyk”. Hekaýalar we oçerkler/. –Sowet edebiýaty, 1955, №7.
133. Jumaýew N. “Ýaşlaryň sesi” /Türkmenistanyň ýaş şahyrlarynyň goşgular ýygyndysy hakynda/ . –Sowet Türkmenistany, 1952, 13 sentýabr.
134. Ideýa taýdan zyýanly eser /B.Kerbabaýewiň “Atasynyň ogly” hekaýasy/. –Ýaş kommunist, 1952, 15 ýanwar.
135. Işanow K. “Ýürek depderi” /A.Mergenowyň goşgylar ýygyndysy/. –Ýaş kommunist, 1948, 16 sentýabr.
136. Işanow K. “Mugallymyň gyzy” /H.Ysmaýylowyň powesti hakynda/. –Sowet edebiýaty, 1948, №2.
137. Kekilow A. “Soldat gaýdyp geldi” /G.Gurbansähedowyň goşgular we poýemalar ýygyndysy/. –Sowet Türkmenistany, 1947, 21 sentýabr.
138. Kekilow A. Taryhy roman /B.Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” romany/. –Sowet edebiýaty, 1948, №8.

139. Kekilow A. “Alma ýene gülleýär” /A.Atajanowyň goşgular ýygyndysy/. –Sowet Türkmenistany, 1948, 11 iýul.
140. Kekilow A. “Lebap nagmalary” /R.Seýidowyň goşgular ýygyndysy/. –Sowet edebiýaty, 1949, №8.
141. Kekilow A. Birinji ädim /Ýaş şahyr D.Baýmyradowyň “Sapaly döwran” diýen goşgular ýygyndysy hakynda/. –Sowet edebiýaty, 1953, №10.
142. Kekilow A. Türkmen sowet edebiýatynda tipiklik meselesi. –Türkmenistan kommunisti, 1954, №4.
143. Kekilow A. Hakykaty dogruçyl suratlandyrmak ugrunda /J.Ilmyradowyň “Aýgül” atly poýemasy hakynda/. –Sowet edebiýaty, 1954, №5, 77-84 s.
144. Kekilow A. “Ganly sakanyň soňy” /Ç.Aşyrowyň trilogiýasynyň 3-nji kitaby hakynda/. –Sowet Türkmenistany, 1954, 21 mart.
145. Kekilow A. Eserleriň ýokary çeperçiligi ugrunda. –Sowet Türkmenistany, 1954, 12 awgust.
146. Kekilow A. Gök asman /A.Haýydowyň goşgular ýygyndysy barada/. –Sowet Türkmenistany, 1955, 1 sentýabr.
147. Kekilow A. Türkmen edebiýatyny öwrenmegiň käbir meseleleri hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1957, 16-17-18 maý.
148. Kekilow A. Magtymgulynyň edebi däpleri we biziň poýeziýamyz. –Magtymguly -225. Aşgabat 1961, 221-230 s.
149. Kekilow A. Edebi faktlara obýektiw baha bermeli. Edebiýat we sungat, 1962, 7 iýun.

150. Kekilow A. Myradow A. Ýaşlar problemasynyň töwereginde /Ýaş ýazyjylaryň Bütinsoýuz maslahatyna/. – Edebiýat we sungat, 1962, 12 sentýabr.
151. Kekilow A. Edebiýat taryhynyň käbir meseleleri. Edebiýat we sungat, 1963, 2 noýabr.
152. Kekilow A. Из истории возникновения и развития литературной критики в Туркменистане. 1920-1932. Изв. АН ТССР. СОН. 1967. №6ю 65-70 с.
153. Kekilow A. Ýokary ideýaly edebiýat ugrunda. – Edebiýat we sungat, 1969, 25 maý.
154. Kekilow A. “Söýgi” romany nähili döredi. –Sowet edebiýaty, 1969, №7, 99-114 s.
155. Kekilow A. Estetikanyň jedelli bir meselesi hakynda. –Sowet edebiýaty, 1970, №7, 90-103 s.
156. Kekilow A. Möhüm taryhy dokument. –Edebiýat we sungat, 1972, 6 fewral.
157. Kekilow A. Söz syrlary. –Aşgabat: Ylym, 1975, -297 s.
158. Kekilow A. Rejebow R., Jumaýew K. Türkmenistanda tankydy pikiriň döreýşi hem ösüşi /Gysgaça oçerk/. –Aşgabat: Ylym, 1969, -153 s.
159. Kekilow A. Edebi žanrlar we edebi metod. –Aşgabat: Ylym, 1979, -332 s.
160. Kerbabaýew B. Türkmen sowet edebiýaty. –Sowet Türkmenistany, 1946, 8 fewral.
161. Kerbabaýew B. Türkmen sowet edebiýaty we ýazyjylaryň wezipesi /Türkmenistan sowet ýazyjylary Soýuzynyň III plenumynda edep doklady/. –Sowet edebiýaty, 1950, №7, 56-73 s.
162. Kerbabaýew B. Türkmen sowet edebiýaty we ýazyjylaryň wezipeleri. TSSR sowet ýazyjylary

Soýuzynyň prawleniýetiniň başlygy ýoldaş B.Kerbabaýewiň dokladyndan. –Ýaş ýazyjylaryň respublikan maslahatynda. –Ýaş kommunist, 1947, 31 iýul.
163. Kerbabaýew B. Türkmen sowet edebiýatynyň ýagdaýy we ýazyjylaryň wezipeleri hakynda. Türkmenistanyň sowet ýazyjylary Soýuzynyň prawleniýetiniň başlygy ýoldaş B.Kerbabaýewiň dokladyndan. –Sowet Türkmenistany, 1950, 17 iýun.
164. Kerbabaýew B. Türkmen edebiýatynyň jogapkärli synagy. Türkmen edebiýatynyň Moskwada biljak on günlügine. –Sowet Türkmenistany, 1945, 5 sentýabr.
165. Kerbabaýew B. Halk öňündäki borjumyzy doly ödäliň. –Sowet Türkmenistany, 1949, 9 ýanwar.
166. Kerbabaýew B. Çagalar edebiýaty. –Sowet Türkmenistany, 1946, 9 iýun.
167. Kerbabaýew B. Edebiýat zehini joşýar. –Sowet Türkmenistany, 1947, 28 oktýabr.
168. Kerbabaýew B. Ýaş ýazyjylaryň döredijiligi hakynda. –Sowet Türkmenistany, 1947, 23 iýul.
169. Kerimow A. Türkmen sowet edebiýaty ösüş ýolunda. –Aşgabat: TDN, 1957, -146 s.
170. Kerimow A. Şahyryň döredijilik üstünligi /Ç.Aşyrowyň “Ganly saka” poýemasy hakynda/. –Türkmenistan kommunisti, 1954, №4.
171. Kerimow A. Ulugberdiýew A. –Rehmet Seýidowyň döredijiligi hakynda. –Sowet edebiýaty, 1952, №6.
172. Käkişew T. Syn sapary. Monografiýa. Kazak edebiýat synynyň tudy hakynda. –Almaty: Jazuşy, 1971, 173 s.

173. Критика в художественном тексте /сб.ст./. – Душанбе, TGU, 1990, 130 s.
174. Критика и время. Лит. крит, сб. –Лениздат. 1984. -334 с.
175. Критика и литературоведение Молдавии. – Кишинеё: Штиинца, 1988, 326 s.
176. Kemine. Şahyryň ömrüne we döredijiligine degişli makalalar ýygyndysy. –Aşgabat: Ylym, 1971, 387 s.
177. Kemine. Şahyr hakynda ylmy doklatlar, makalalar we habarlar. –Aşgabat: Ylym, 1975, -364 s.
178. Kulyýew G. Ýene-de bir gezek “Söýgi” poýemasy hakynda. –Sowet edebiýaty, 1952, №8.
179. Magtymguly 225. –Aşgabat: Ylym, 1961, 352 s.
180. Magtymguly 225. –Aşgabat: Türkmenistan, 1960, 446 s.
181. Magtymguly 250. –Aşgabat: Ylym, 1989, 375 s.
182. Mustafaýew T. Отилевое многообразие азербайджанской советской литературной критики /1960-1980гг./ Автореф.канд.дисс. –Баку. 1990. -28 с.
183. Mämmedow A. Geçmişiň hasraty, geljegiň romantikasy we real durmuş. –Sowet edebiýaty, 1976, №11.
184. Mämmedow A. Ortalyk nukdaý nazardan garalanda. –Edebiýat we sungat, 1989, 4 awgust.
185. Mämmetgulyýew A. Hakykat hakynda hekaýa. B.Seýtäkowyň “Başabaş söweş” hekaýasy. Ýaş kommunist, 1948, 22 aprel.
186. Mämmetgulyýew A. Kolhoz obasy hakynda powest. B.Seýtäkowyň “Gyzgyn günler” powesti. –Sowet edebiýaty, 1950, №2.

187. Mämmetgulyýew A. Ösüş ýolunda /A.Kowusowyň “Güneşli ülkäm” goşgular ýygyndysy/. –Sowet Türkmenistany, 1950, 27 dekabr.
188. Mämmetgulyýew A. Ýaşlara ýadygär /R.Seýidowyň goşgular ýygyndysy/. –Sowet edebiýaty, 1950, №7.
189. Myradow A. Türkmen sowet edebiýatynda hüşgärlik temasy. –Sowet edebiýaty, 1954, №5.
190. Myradow A. Ata Salyh halklaryň dostlugynyň aýdymçysydyr. –Sowet Türkmenistany, 1955, 14 sentýabr.
191. Myradow A. Rus ýazyjylary Türkmenistan hakda. –Sowet Türkmenistany, 1955, 28 awgust.
192. Myradow A. “Türkmen atlary” /A.Gowşudowyň “Türkmen atlary” hekaýasy/. –Sowet Türkmenistany, 1955, 2 awgust.
193. Myradow A. Ýaş şahyryň ilkinji ädimi. Ý.Pirgulyýew “Ilkinji ädim”. –Sowet Türkmenistany, 1955, 13 noýabr.
194. Myradow A. B.Seýtäkowyň täze powesti /”Ynjalyksyz adamlar”/. Sowet Türkmenistany, 1955, 18 dekabr.
195. Myradow A. Goşgy düzmeklige jogapkärli çemeleşmeli. Ýaş kommunist, 1957, 28 sentýabr.
196. Myradow A. Ýaş prozaçylaryň döredijiligi hakynda käbir söz. –Sowet edebiýaty, 1957, №7.
197. Myradow A. Bu barada oýlanmak gerek. Edebiýat we sungat, 1958, 13 awgust.
198. Myradow A. “Taýmaz baba” sözüni soňlaýar. –Sowet Türkmenistany, 1960, 27 mart.
199. Myradow A. Edebiýatymyz hakynda oýlanyp. Aşgabat: TDN, 1961, 136 s.
200. Myradow A. Dört duşuşyk. Edebiýat we sungat, 1971, 8 sentýabr.

201. Myradow A. Internasional öwüşginler. Edebiýat we sungat, 1973, 12 dekabr.
202. Myradow A. Hadysalar we häsiýetler. Edebiýat we sungat, 1972, 3 sentýabr.
203. Myradow A. Hoşniýetli maslahatlar /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1981, 96 s.
204. Myradow S. Edebi çekişmeler /Makalalar/.Aşgabat:Türkmenistan,1971,109 s.
205. Myradow S. Poýeziýamyzyň ädimleri /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1972, 99 s.
206. Myradow S. Taryh. Edebiýatyň taryhylygy. Aşgabat: Türkmenistan, 1977, 108 s.
207. Myradow S. Zelili. Şahyryň döredijilik dünýäsi. Aşgabat: Türkmenistan, 1983, 240 s.
208. Myradow S. Asyrlaryň jümmüşinden. Magtymguly hakynda oýlanmalar. Aşgabat: Magaryf, 1978, 255 s.
209. Myradow S. Tankydy-da gabatlap alsaň... –Sowet edebiýaty, 1973, №6.
210. Myradow S. Düýnki hem şu günki edebiýatyň aladalary. Aşgabat: Türkmenistan, 1988, 150 s.
211. Nazarow B. Формирование и становление методологический принципов узбекской советской литературной критики. Автораф.докт.дисс. Ташкент, 1983, 45 s.
212. Nuralyýew D. Türkmen powestlerinde döwür we položitel gahryman problemasy. –Sowet edebiýaty, 1973, №2.
213. Nuralyýew D. Edebi prosesiň meseleleri /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1978, 56 s.
214. Nuralyýew D. Şahsyýet we edebi proses. Aşgabat: Ylym, 1982, 140 s.

215. Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1987, 251 s.
216. Nuralyýew D. Edebiýatyň mähek daşy /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1991, 160 s.
217. Nuralyýew D. Ýetmişinji ýyllaryň powestleri. Edebiýat we sungat, 1972, 1 oktýabr.
218. Nuralyýew D. Tankyt we edebi proses. –Sowet edebiýaty, 1977, №8.
219. Nuralyýew D. Romanlarymyzyň çeperçilik derejesi. Edebiýat we sungat, 1972, 9 aprel.
220. Nuralyýew D. Hemmämiziň halypamyzdy. –Sowet edebiýaty, 1985, №2.
221. Nuralyýew D. Şahyr bolçulygynda şygyr gytçylygy. Edebiýat we sungat, 1986, 5 sentýabr.
222. Nuralyýew D. Iri prozanyň ownamagy. Edebiýat we sungat, 1986, 5 dekabr.
223. Nuralyýew D. Biziň ylymdaky ornumyz. Edebiýat we sungat, 1987, 3 aprel.
224. Nuralyýew D. Türkmen prozasy rus tankydynda. Edebiýat we sungat, 1989, 18 awgust.
225. Nuralyýew D. Romanlarymyzda romanlyk paýhas. Edebiýat we sungat, 1989, 15 dekabr.
226. Nurmämmedow A. Annagurbanow Ý. Çaň basan kitaplar. Edebiýat we sungat, 1987, 13 mart.
227. Nurmämmedow A. “Mizany” mizana goýsak. –Sowet edebiýaty, 1989, №5.
228. Orazow A. Ýetmişinji ýyllaryň türkmen powestlerinde ahlak meseleleri. Aşgabat: TDU, 1979, 97 s.
229. Orazow A. Türkmen prozasynda döwür we gahrymanyň çeperçilik konsepsiýasy. Aşgabat: Ylym, 1990, 288 s.

230. Orazow A. Edebi proses hakda oýlanmalar. Aşgabat: Ylym, 1992, 103 s.
231. Pomma N. Çeper eseriň mazmuny çuň we formasy berk bolmalydyr. Goşgy düzmegiň formalary hakynda çekişme. Sowet Türkmenistany, 1948, 4 aprel.
232. Rejebow R. Tankydy realizm hakynda. Edebiýat we sungat, 1960, 3 mart.
233. Русская советская литературная критика. 1935-1955. Храстоматия. –М.: Просвещение, 1983, 271s.
234. Salyh K. Türkmen romanynda ussatlyk problemasy. Aşgabat: Ylym, 1976, 188 s.
235. Salyh K. Türkmen sowet satirasynyň döreýşi we ösüşi. Aşbagat: Ylym, 1978, 234 s.
236. Salyh K. Çary Aşyrowyň "Ganly saka" trilogiýasynyň poýetikasy. Aşgabat: Ylym, 1980, 140 s.
237. Seýidow M. Ýaş şahyryň döredijiligi /D.Baýmyradow hakynda/. Ýaş kommunist, 1950, 26 noýabr.
238. Seýtäkow B. Uzyn setirler we hakykat /A.Çarykulyýewiň "Durmuş çeşmesi" diýen goşgylar ýygyndysy/. Sowet Türkmenistany, 1948, 4 iýul.
239. Seýtäkow B. Çäklendirmegiň garşysyna. Goşgy düzmegiň formalary hakynda çekişme. Sowet Türkmenistany, 1948, 27 mart.
240. Seýtäkow B. Ýaş şahyra käbir nesihatlar /M.Seýidow hakynda/. Ýaş kommunist, 1949, 26 maý.
241. Seýtäkow B. "Ak altynyň öwşüni" /B.Kerbabaýewiň powesti hakynda/. Bolşewik, 1950, №2.
242. SSKP MK-nyň "Edebi çeper tankyt hakynda" karary. Sowet Türkmenistany, 1972, 26 ýanwar.

243. Современная литературно-художественная критика. Актуальные проблемы. –Л.: Наука, 1975, 264 с.
244. Современная литературная критика. Вопросы теории и методологии. –М.: Наука, 1977, 272 с.
245. Современная литературный процесс и литературная критика. М.: Художественная литература, 1982, 470 с.
246. Talypzade K. Tängid wä tängidçiler. Baku:Ýazyjy, 1989, 490 s. /azerb.dil/.
247. Taňryberdiýew H. Edebiýatymyzyň gül-gunçalary. Aşgabat:TDN,1963,125 s.
248. Taňryberdiýew H. Berdi Kerbabaýew – söz ussady /romançy hökmünde/. Aşgabat: Türkmenistan, 1966, 238 s
249. Taňryberdiýew H. Prozamyzyň käbir meseleleri. Aşgabat: Türkmenistan, 1975, 195 s.
250. Taňryberdiýew H. Türkmen edebiýatynyň kerwenbaşysy /Makalalar/. Aşgabat: Türkmenistan, 1982, 320 s.
251. Türkmen edebiýatynyň taryhy.T. Aşgabat: Ylym, 1975, 480 s.
252. Türkmen edebiýatynyň taryhy.T. 2.1-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1975, 262 s.
253. Türkmen edebiýatynyň taryhy.T. 2.2-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1976, 331 s.
254. Türkmen edebiýatynyň taryhy.T.3.1-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1977, 329 s.
255. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 3 t -2-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1978, 356 s.
256. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 4 t. Aşgabat: Ylym, 1979, 308 s.

257. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 5 t 1-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1980, 284 s.
258. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 5 t 2-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1981, 327 s.
259. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 6 t 1-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1982, 320 s.
260. Türkmen edebiýatynyň taryhy. 6 t 2-nji kitap. Aşgabat: Ylym, 1984, 360 s.
261. Ussaýew B. Söweşjeň poýeziýa. Aşgabat: Türkmenistan, 1984, 126 s.
262. Halmuhammedow Ş. “Mukaddes ojagyň” başyndaky “öz tanyşlarymyz”. –Sowet edebiýaty, 1976, №8.
263. Halmuhammedow Ş. Uly gürrüňe goşulyp. Edebiýat we sungat, 1987, 13 fewral.
264. Hojageldiýew N. Edebiýatyň baş gahrymany. –Sowet edebiýaty, 1973, №12.
265. Hojageldiýew N. Dagdan inýän derýa kimin. Edebiýat we sungat, 1985, 8 fewral.
266. Hojageldiýew N. Taryhy şahsyýet we çeper obraz. –Sowet edebiýaty, 1990, №8.
267. Hudaýnazarow B. Ýaş şahyr /A.Haýydow hakynda/. Ýaş kommunist, 1950, 29 oktýabr.
268. Hydyrow S. Gerekli gollanma, ýöne... –Sowet Türkmenistany, 1990, 14 mart.
269. Hydyrow S. Ynsapdan, adamkärçilikden ugur alsak. Edebiýat we sungat, 1988, 30 sentýabr.
270. Hydyrow S. “Saýlanan eserler” kimiňkiden saýlanýar? –Sowet edebiýaty, 1989, №5.
271. Şamyradow B. Ýigriminji ýyllaryň türkmen edebiýaty. Aşgabat: Türkmenistan, 1970, 200 s.
272. Edebiýat we sungat, 1960, 10 mart.

273. Edebiýat we sungat, 1960, 24 mart.
274. Edebiýat we sungat, 1960, 31 mart.
275. Edebiýat we sungat, 1960, 7 aprel.
276. Edebiýat we sungat, 1960, 5 maý.
277. Edebiýat we sungat, 1960, 9 iýun.
278. Edebiýat we sungat, 1960, 7 iýul.
279. Edebiýat we sungat, 1962, 19 iýul.
280. Edebiýat we sungat, 1962, 2 awgust.
281. Edebiýat we sungat, 1962, 11 awgust.
282. Edebiýat we sungat, 1962, 22 sentýabr.
283. Edebiýat we sungat, 1962, 31 oktýabr.
284. Edebiýat we sungat, 1965, 9 ýanwar.
285. Edebiýat we sungat, 1965, 20 ýanwar.
286. Edebiýat we sungat, 1965, 30 ýanwar.
287. Edebiýat we sungat, 1965, 10 fewral.
288. Edebiýat we sungat, 1965, 17 fewral.
289. Edebiýat we sungat, 1965, 24 fewral.
290. Edebiýat we sungat, 1965, 31 mart.
291. Edebiýat we sungat, 1965, 19 maý.
292. Edebiýat we sungat, 1965, 14 iýul.
293. Edebiýat we sungat, 1965, 14 awgust.
295. Ýagmyrow O. Täze döwür, täze gatnaşyklar. –Sowet edebiýaty, 1976, №4.
296. Ýagmyrow O. Magtymgulynama. Aşgabat: Türkmenistanyň medeniýet hazynasy, 1992, 256 s.
297. Ýaş kommunist, 1950, 5 sentýabr.
298. Ýaş kommunist, 1951, 10 iýun.
299. Ýaş kommunist, 1972, 30 ýanwar.
300. Ýaş kommunist, 1989, 14 ýanwar.

# MAZMUNY

Giriş ..........................................................................7
BIRINJI BAP
50-60-njy ýyllaryň edebi-çeperçilik sredasy we
tankydyň derejesi....................................................27
IKINJI BAP
70-nji ýyllar edebi tankydyň ýokary
göteriliş döwrüdir....................................................110
ÜÇÜNJI BAP
Türkmen edebi-çeper tankydynyň žanr
we stil aýratynlyklary...............................................168
DÖRDÜNJI BAP
Türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň
we çeper tankydynyň arabaglanyşygy.......................271
BÄŞINJI BAP
Özgerdiş döwrüniň çeper tankydy............................306

Netijeler.......................................................................333
Peýdalanylan edebiýatlar..........................................344